**A. Rahmanow**

# TÜRKMENISTAN – HYTAÝ:
## TARYH WE HÄZIRKI DÖWÜR

**(Türkmen-hytaý gatnaşyklary gadymy döwürlerden biziň şu günki günlerimize çenli)**

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 327 (575.4)
R 18

**Rahmanow A.**
R 18 **Türkmenistan – Hytaý: taryh we häzirki döwür.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.:Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

Bu okuw gollanmasynda biziň eýýamymyzdan öňki II asyrdan XXI asyryň ikinji onýyllygynyň ikinji ýarymynyň başlaryna çenli bolan aralykda Türkmenistanyň Hytaý bilen gatnaşyklaryna hemmetaraplaýyn seredilip geçilýär, olaryň esasy döwürleriniň aýratynlyklary seljerilýär; türkmen-hytaý syýasy, ykdysady, ylmy-tehniki we medeni-ynsanperwer gatnaşyklarynyň esasy ugurlary, görnüşleri, mazmuny, täsiri we ähmiýeti giňişleýin açylyp görkezilýär. Gollanma şeýle hem talyplary beýik gündogar goňşymyz bolan Hytaýyň, hytaý halkynyň, şol sanda hytaý türkmenleriniň taryhy, medeniýeti, däp-dessurlary bilen tanyş edýär.

Okuw gollanmasy türkmen döwletleriniň halkara gatnaşyklarynyň taryhy, Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynyň we daşary syýasatynyň taryhy, Aziýa we Afrika döwletleriniň daşary syýasatynyň taryhy derslerini öwrenýän ýokary okuw mekdepleriniň talyplary, şeýle hem mugallymlar we aspirantlar üçin niýetlenýär.

TDKP № 300, 2017 KBK 66.4 (2) ýa 73

© A. Rahmanow, 2017.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Durmuş näçe öňe gitdigiçe, dünýädäki döwletleriň özara baglanyşyklylygy we özara garaşlylygy şonça-da artýar. Olaryň bähbitleriniň barha utgaşmagy we umumy bähbitleriň köpelmegi, şol bir wagtyň özünde hem olaryň düzgünleşdirilmegi üçin köpçülikleýin tagallalary talap edýän meseleleriň sanynyň artmagy – bularyň hemmesi dünýäde özara bähbitli hyzmatdaşlyga bolan meýilleri güýçlendirýär.

Özüniň bitaraplyk halkara-hukuk ýagdaýyna laýyklykda we sebitdäki, tutuş dünýädäki ýagdaýlary nazara almak bilen, Bitarap Türkmenistan ählumumy parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň hatyrasyna halkara giňişliginde yzygiderli we maksada okgunly daşary syýasy we diplomatik işi alyp barýar. Şol bir wagtyň özünde hem döwletimiz ýurdumyzyň milli bähbitlerini has doly üpjün etmek maksady bilen halkara gatnaşyklaryna hem ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn esasda gatnaşýar.

Şu jähtden, dünýäniň esasy döwletleri, şol sanda gündogarda biziň beýik goňşymyz bolup durýan Hytaý Halk Respublikasy bilen deňhukukly, özara peýdaly dostlukly gatnaşyklary yzygiderli we işjeň ösdürmek hem berkitmek Türkmenistanyň 2017–2023-nji ýyllar üçin daşary syýasy Konsepsiýasynyň esasy ugurlaryndan biri bolup durýar.

Türkmenistanyň we Hytaýyň arasyndaky deňhukuklylyk, birek-birege hormat goýmak, birek-biregiň içerki işlerine goşulmazlyk, özara düşünişmek we özara ynamy pugtalandyrmak, parahatçylyk söýüjilik, ählumumy parahatçylyk we howpsuzlyk, halklaryň we döwletleriň durmuş-ykdysady taýdan gülläp ösmek ýörelgelerine esaslanýan däp bolan dostlukly we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň esasynda iki ýurduň çäklerinde dürli taryhy eýýamlarda bolup geçen we tutuş dünýä taryhynyň gidişine özüniň esli täsirini ýetiren gadymy siwilizasiýalaryň bahasyna ýetip bolmajak mirasy ýatandyr. Bu barada Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow

2012-nji ýylyň 14-nji ýanwarynda HHR-iň Başlygynyň ýörite wekili bilen duşuşanda şeýle diýdi: «Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen, biz türkmen we hytaý halklarynyň arasyndaky dostlukly we özara hormatly gatnaşyklaryň gadymy däplerine, umumy gymmatlyklara, parahatçylyk söýüjiligiň we gumanizmiň ýörelgelerine eýerýäris».

Gadym döwürlerden başlap häzirki Türkmenistanyň Ýewropanyň we Aziýanyň, Günbataryň we Gündogaryň birleşýän ýerinde amatly geosyýasy we geostrategiki taýdan ýerleşmeginiň, şeýle hem Hytaý ülkesinden başlanyp, türkmen topragynyň hem üstünden geçen Beýik Ýüpek ýolunyň türkmen we hytaý, beýleki halklaryň arasynda gadym döwürlerden bäri işjeň syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni aragatnaşyklaryň ýola goýulmagyna we ösmegine uly ýardam edendikleri hem aýdyňdyr.

Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň iň täze taryhy Türkmenistanyň öz Garaşsyzlygyna eýe bolmagy, HHR-iň ilkinjileriň hatarynda 1991-nji ýylyň 27-nji dekabrynda Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny ykrar etmegi, 1992-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagy bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. «Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan hytaýly dostlarymyz bilen syýasatda, ykdysadyýetde, söwdada, medeni-gumanitar ulgamda hyzmatdaşlygyň uly tejribesini toplady diýip, Türkmenistanyň Prezidenti ýurdumyzyň DIM-niň HGI-niň täze jaýynyň açylyşynda eden çykyşynda aýtdy. – Bilelikde Türkmenistan–Hytaý gaz geçirijisiniň gurluşygy boýunça iri taslama durmuşa geçirildi. Ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösüşiniň ägirt uly mümkinçilikleri görünýär we biziň ýurtlarymyz olary doly ulanmaga çalyşýarlar».

Türkmenistanda Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe iki dostlukly döwletiň hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşýär, onuň geljegi uly bolan täze we täze ugurlary peýda bolýar. Şeýle hem ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ygtybarly we berk halkara-hukuk esasy döredildi we şol esas häzirki wagtda döwletara, hökümetara we edaraara derejelerinde gol çekilen 150-ä golaý resminamadan ybarat bolup durýar.

Şu günki gün Hytaý Halk Respublikasy Aziýa yklymynda we bütin dünýäde halkara gatnaşyklarda öňdebaryjy orun eýeleýän, 1,3 milliarddan gowrak ilatly (2016-njy ýyl) we ilatynyň sany boýunça dünýäde birinji ýerde durýan, kuwwatly ykdysadyýeti, ösen oba hojalygy, öňdebaryjy ylmy hem-de asyrlaryň dowamynda aýawly saklanan medeni däpleri we ruhy mirasy bolan ýurtdur. Türkmenistanyň Prezidenti 2013-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda Aşgabatda ýokary derejede geçirilen türkmen-hytaý gepleşiklerinde eden çykyşynda bu barada şeýle diýdi: «Türkmenistan üçin Hytaý ygtybarly we synagdan geçen döwletdir. Türkmenistan HHR bilen alnyp barylýan gatnaşyklara tüýs ýürekden buýsanýar hem-de ýokary baha berýär. Bu gatnaşyklar özüniň netijelidigini görkezdi we häzirki döwürde olar Ýewraziýa giňişliginde durnuklylygy we ösüşi üpjün etmegiň esasy şertleriniň biri bolup durýar».

Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2012-nji ýylyň 10-njy dekabrynda bolan giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow häzirki döwürde Türkmenistanyň sebitde durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmekde esasy orunlaryň birini eýeleýändigini, onuň dünýäde uly abraýdan peýdalanýan döwletdigini nygtamak bilen şeýle diýdi: «Biziň ýurdumyzyň güýçli depginler bilen ösýän kuwwatly ykdysadyýeti bar. Döwletimiziň ykdysadyýeti daşary ýurt maýa goýumlary üçin hem örän özüne çekiji bolmagynda galýar. Munuň şeýledigini bolsa, üstümizdäki ýylda ýurdumyzyň ösüşiniň netijeleri hem doly tassyklaýar. Şol netijeler ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň ýokary depginler bilen ösýändigini görkezýär. Milli ykdysadyýetimizi ösdürmek bilen, biz ilkibaşdan ony toplumlaýyn döwrebaplaşdyrmak, diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, tapgyrma-tapgyr bazar gatnaşyklaryna geçirmek ýoluny saýlap aldyk».

Hytaý Halk Respublikasy hem Türkmenistana onuň bilen gatnaşyklar strategiki esasda alnyp barylýan, ileri tutulýan hyzmatdaş hökmünde garaýar. Hut şonuň üçin hem, «Biz öz öňümizde ýurtlarymyzyň arasyndaky dostluk hem-de hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny täze strategik derejä çykarmaklygy wezipe edip goýduk» diýip, HHR-iň daşary işler ministri jenap Wan In 2013-nji ýylyň 19-njy iýulynda Türkmenistanyň Prezidenti bilen bolan söhbetdeşlikde aýtdy.

Türkmenistanyň we Hytaýyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň, şeýle hem halkara durmuşynyň möhüm meseleleri boýunça garaýyşlarynyň meňzeş bolmagy ýa-da gabat gelmegi iki ýurduň arasyndaky konstruktiw hyzmatdaşlygyň iň möhüm şerti bolup durýar. Daşary-syýasy maksatlaryň we wezipeleriň ýakynlygy, ählumumy ösüşiň ençeme meseleleri boýunça garaýyşlaryň meňzeşligi Türkmenistana we Hytaýa dünýä giňişliginde üstünlikli hyzmatdaşlygy ösdürmäge mümkinçilik berýär. **Häzirki wagtda türkmen halkynyň Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüni gurmak ugrunda, hytaý halkynyň bolsa özüniň beýik galkynyşynyň hatyrasyna Hytaý arzuwyny amala aşyrmak ugrunda çalyşmaklary biziň ýurtlarymyzyň milli ösüş strategiýalarynda hem örän köp umumylygyň we meňzeşligiň bardygyndan habar berýär.** Netijede, uzakmöhletleýin strategik hyzmatdaşlar hökmünde Türkmenistanyň we Hytaýyň özara gatnaşyklary diňe bir iki dostlukly ýurduň halklarynyň bähbidine gabat gelmek bilen çäklenmän, eýsem, ol dünýäde parahatçylygy, durnuklylygy we ösüşi berkitmegiň aýrylmaz şerti bolup durýar.

Türkmen we hytaý halklarynyň gatnaşyklarynyň taryhynyň asyrlaryň jümmüşine uzalyp gitmegi, häzirki döwürde halkara gatnaşyklarynyň çalt ösmegi we olarda Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň rolunyň yzygiderli ýokarlanmagy, iki dostlukly döwletiň strategiki hyzmatdaşlygynyň yzygiderli giňemegi we çuňlaşmagy türkmen diplomatlarynyň hünär taýýarlygynyň hemişe kämilleşdirilmegini talap edýär. Bu ýerde gürrüň, ozaly bilen, munuň Türkmenistanyň 2017–2023-nji ýyllar üçin daşary-syýasy Konsepsiýasynda bellenip geçilişi ýaly, ýurdumyzyň daşary-syýasy bähbitleriniň we ileri tutulýan ugurlarynyň doly üpjün edilmeginiň, ikitaraplaýyn esasda alnyp barylýan özara bähbitli hyzmatdaşlyga täze çemeleşmeleriň işe girizilmeginiň möhümligi, geljekki türkmen diplomatlarynyň türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň taryhyny gowy bilmekleri, türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň meselelеleriniň ylmy taýdan düýpli işjeň işlenilmegi barada barýar. «Türkmenistan we Hytaý gadymy hem-de baý taryhy bolan ýurtlardyr diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Aşgabatda 2013-nji ýylyň 3–4-nji sentýabrynda ýokary derejede geçirilen türkmen-hytaý gepleşiklerinde eden çykyşynda aýtdy. – Iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklar asyrlaryň jümmüşinden, «Beýik

Ýüpek ýolunyň» döwürlerinden gözbaş alyp gaýdýar. Bu bolsa Türkmenistanyň we Hytaýyň halklarynyň örän giň taryhy gatnaşyklaryny düýpli öwrenmegi talap edýär. Bu ugurda bilelikde işlemek üçin iki ýurduň alymlaryna we taryhçylaryna giň mümkinçilikler açylýar». Şu jähtden dünýä ülňülerine laýyklykda talyplara bilim bermek maksady bilen ýazylan «Türkmenistan–Hytaý: taryh we häzirki döwür» atly okuw gollanmasy geljekki türkmen diplomatlaryna türkmen-hytaý gatnaşyklary, şeýle hem Hytaý we hytaý türkmenleri barada zerur bolan bilimleriň berilmegine, olaryň hünär taýýarlygynyň has-da ýokary täsirliliginiň üpjün edilmegine saldamly ýardam etmekligi maksat edinýär.

«Türkmenistan–Hytaý: taryh we häzirki döwür» atly şu okuw gollanmasy ençeme artykmaçlyklardan peýdalanýar. Seredilýän meseläniň örän uzak döwri öz içine almagy şol artykmaçlyklaryň esasylaryndan biri bolup durýar. Şol döwür iki ýurduň özara gatnaşyklarynyň biziň eýýamymyzdan ozalky döwrüni we biziň eýýamymyzy, ýagny XXI asyryň ikinji onýyllygynyň ortalaryna çenli bolan döwri öz içine alýar hem-de bu ýagdaý Türkmenistanyň Hytaý bilen gatnaşyklaryna yzygiderlilikde we hemmetaraplaýyn seredip geçmäge, olaryň esasy döwürleriniň aýratynlyklaryny seljermäge mümkinçilik berýär. Şu okuw gollanmasy Türkmenistanyň HHR bilen aragatnaşyklarynyň we hyzmatdaşlygynyň meselelerine bagyşlanyp, biziň ýurdumyzda türkmen dilinde ýazylan ilkinji kitapdyr. Üstesine-de, gollanmanyň türkmen-hytaý gatnaşyklary boýunça hünärmen, alym-diplomat tarapyndan ýazylmagy kitabyň esasy artykmaçlyklaryndan biri bolup durýar.

«Türkmenistan–Hytaý: taryh we häzirki döwür» atly okuw gollanmasy ýazylanda ilkinji türkmen professional sinologlary – Hytaýyň medeniýet we diller uniwersitetini türkmen raýatlarynyň içinde ilkinji bolup tamamlan, Hytaýyň taryhyny, ykdysadyýetini, dilini we medeniýetini öwrenýän Jennet Rahmanowa we Aýgül Azymowa ýaly hünärmenleriň ylmy işleri ulanyldy. Aýratyn hem, J. Rahmanowanyň çap edilen we golýazma materiallary kitabyň birinji bölüminiň birinji babynda, ikinji babyň ikinji, üçünji paragraflarynda, üçünji, dördünji baplarda giňden peýdalanyldy. A. Azymowanyň halkara gatnaşyklarynda hytaý diliniň ornuna, hytaý türkmenleriniň taryhyna, häzirki

durmuşyna bagyşlap ýazan ylmy makalalary gollanmanyň ikinji, üçünji bölümlerinde öz beýanyny tapdy.

Kitabyň nazary-usuly esasyny Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we halkara gatnaşyklaryň meseleleri boýunça eden maksatnamalaýyn çykyşlary tutdy. Okuw gollanmasynyň gurluşy, şol sanda kitabyň yzynda wakalaryň seneleriniň we gysgaça sözlügiň berilmegi kitabyň materialynyň gowy özleşdirilmegi üçin zerur bolan mümkinçiligi berýär.

Awtor Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasy bilen gatnaşyklaryna bagyşlanan bu okuw gollanmasynyň diňe bir öz okuwynyň we işiniň ugry boýunça türkmen-hytaý gatnaşyklaryny öwrenýänler üçin däl, eýsem, şol gatnaşyklaryň meseleleri, hytaý halkynyň, şol sanda hytaý türkmenleriniň taryhy, durmuşy bilen gyzyklanýan giň okyjylar köpçüligi üçin hem belli derejede peýdaly bolar diýip ynam bildirýär.

TÜRKMEN – HYTAÝ GATNAŞYKLARY

I
BÖLÜM

# I BAP. TÜRKMEN – HYTAÝ GATNAŞYKLARY BIZIŇ EÝÝAMYMYZDAN ÖŇKI II ASYRDAN XX ASYRYŇ AHYRLARYNA ÇENLI BOLAN ARALYKDA

## §1. TÜRKMEN – HYTAÝ GATNAŞYKLARY GADYM WE ORTA ASYRLAR DÖWÜRLERINDE

Häzirki zaman ylmy diplomatiýanyň ilkinji kämilleşmedik başlangyçlarynyň baryp ilkidurmuş urugçylyk jemgyýetiniň döremegi, taýpalaryň ýüze çykmagy, harytlaryň ilkinji alyş-çalyş edilip başlanmagy we başga ençeme meseleleriň çözülmegi bilen baglylykda dörändigini subut edýär. Türkmen taryhçy alymlary A. Gubaýew we A. Babaýew Türkmenistanyň medeni mirasy boýunça 2000-nji ýylda Aşgabatda geçirilen halkara maslahatynda «Türkmenistanda diplomatik gatnaşyklaryň emele gelmegi we ösmegi» atly temadan çykyş etmek bilen, Türkmenistanyň çäginde harytlaryň alyş-çalşygynyň, diýmek, diplomatiýanyň hem başlangyjynyň ýokarky paleolit, ýagny daş asyrynyň gadymy döwründe bolandygyny tassyklaýarlar we şeýle ýazýarlar: «Şol wagtlar Günbatar Türkmenistanyň çäginde eýýäm ilkidurmuş adamlary ýaşapdyrlar. Çig malyň we bezegleriň alyş-çalyş edilmeginiň goňşy bolup Kaspiniň gündogar gyralarynda we Balkanyň töwereklerinde ýaşan aýry-aýry adamlaryň toparlarynyň arasynda bolup geçendigi gürrüňsizdir... Getirilýän harytlara Günorta Türkmenistanyň neolit (daş asyrynyň has soňky döwri), şeýle hem eneolit (daş asyryndan bürünç asyryna geçiş döwri – mis asyry) ýadygärliklerinde ýygy-ýygydan duş gelse bolýar. Bürünç asyry döwründe Merkezi Aziýada ilkinji şäher siwilizasiýasyny (Altyndepe) döredenleriň Elamyň, Mesopotamiýanyň we Hindistanyň siwilizasiýalary bilen ýakyn aragatnaşyklary bolupdyr. Şol aragatnaşyklaryň ýola goýulma-

gynda şol döwrüň ýadawsyz amaly-diplomatlarynyň tagallalarynyň uly ähmiýete eýe bolandygy gürrüňsizdir»[1].

Türkmenistanyň Müsür, Mesopotamiýa, Hindistan, Hytaý ýaly gadymy siwilizasiýalaryň iň uly merkezlerinden biri bolmagy bolsa biziň eýýamymyzdan ozalky III müňýyllykdan başlap Altyndepäniň, Marguşyň[2] Parfiýanyň, Gürgenjiň we türkmenleriň ata-babalarynyň beýleki döwlet birleşmeleriniň esli derejede Gündogaryň syýasy, ykdysady we medeni durmuşynyň häsiýetini, Gündogaryň we Günbataryň, Demirgazygyň we Günortanyň özara gatnaşyklarynyň derejesini kesgitlemeklerine getiripdir.

Şunlukda, iň gadymy siwilizasiýalary bolan we dünýä medeniýetiniň ösmegine uly goşant goşan Türkmenistanyň we Hytaýyň[3], has takygy, türkmenleriň ata-babalarynyň we hytaýlylaryň arasynda hem gadymda tutuwbaşdan göni aragatnaşyklaryň ýola goýlandygy we ösendigi düşnüklidir. Taryhy deliller şol özara gatnaşyklaryň öz gözbaşyny «Beýik Ýüpek ýolunda»[4] iki siwilizasiýanyň – gadymy türkmen siwilizasiýasynyň we hytaý siwilizasiýasynyň duşuşan wagtyndan alyp gaýdýandygyna şaýatlyk edýär. Şol siwilizasiýalaryň biri Parfiýa siwilizasiýasy bolupdyr. Dünýä taryhynda uly yz galdyran Beýik Parfiýa döwleti b.e. öňki 247-nji ýyldan täze eýýamyň 224-nji ýylyna çenli ýaşapdyr we ol ägirt uly çäkleri – Amyderýadan Ýewfrata çenli aralygy eýeläpdir. Onuň merkezi häzirki Aşgabatdan günbatara

---

[1]Türkmenistanyň medeni mirasy. (Gadymy çeşmeler we häzirki zamanyň mümkinçilikleri). – Aşgabat–Sankt-Peterburg, 2000, sah. 120-121.

[2]Marguş – häzirki Mary şäheri gadymy pars golýazmalarynda «Marguş» atlandyrylýar, antik döwrüniň grek–rim awtorlary Maryny «Margiana», ortaasyr Gündogar awtorlary bolsa ony Merw diýip atlandyrypdyrlar.

[3]Dünýä taryhynda iň gadymy döwletiň Müsürde (b.e. öňki IV müňýyllykda, Mesopotamiýada Wawilon şäher-döwletiniň b.e. öňki IV müňýyllygyň ahyrlarynda, Hytaýda b.e öňki II müňýyllykda, Hindistanda b.e. öňki I müňýyllykda, Gresiýada b.e. öňki VIII-VII asyrlarda, Rimde b.e. öňki VI asyrda dörändigi bellidir. Diýmek, Altyndepede şäher-döwleti Wawilonyň yz ýanynda dörän bolsa, onda Margiana döwleti gadym Hytaý döwleti bilen döwürdeşdir.

[4]Beýik Ýüpek ýoly – munuň özi Hytaýdan Orta Aziýanyň üsti bilen Günbatar Aziýa geçen we olar boýunça ýüpek matalary we beýleki harytlar daşalan söwda kerwen ýollarynyň umumy adydyr. Bu at ylmy dolanyşyga XIX asyrda nemes alymy Ferdinand fon Ritgofen tarapyndan girizilipdir.

tarap 15 kilometrlikde ýerleşýän Bagyr obasynyň golaýyndaky Nusaý galasy bolupdyr. Şol gala soňra mongollar tarapyndan ýumrulypdyr we onuň harabaçylygynyň üsti 1931-nji ýylda sowet alymlary tarapyndan açylypdyr.

Siwilizasiýalaryň ikinjisi hytaý siwilizasiýasy bolupdyr. Uzynlygy 12 müň kilometr bolan Beýik Ýüpek ýoly b.e. öňki II asyrda Hytaýdan, has takygy, Hytaýyň ilkinji paýtagty bolan Sian şäherinden (häzirki wagtda Sian Hytaýyň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýän Şensi welaýatynyň merkezi) başlanypdyr, sebäbi şol döwre çenli Hytaýyň ykdysadyýeti we medeniýeti ýokary derejä ýetipdir we ol daşary ýurtlar bilen giň aragatnaşyklary ýola goýup başlapdyr.

Türkmenistanyň çäkleriniň üsti bilen Beýik Ýüpek ýolunyň ençeme esasy şahalary geçip, olar Hytaýy Rim bilen baglanyşdyrypdyr, siwilizasiýalaryň we döwürleriň arabaglanyşygyny üpjün edipdir. XIX asyryň ajaýyp türkmen şahyry bolan Saib öz ülkesini «Dünýäniň ýedi ýolunyň çatrygy» diýip atlandyrypdyr. Gündogardan günbatara we günortadan demirgazyga tarap gidýän ýollaryň çatrygy bolmak bilen, Türkmenistan XVI asyra çenli Beýik Ýüpek ýolunyň – parahatçylyk, dürli halklaryň medeniýetleriniň, gepleşikleriniň ýolunyň esasy halkasynda möhüm rol oýnapdyr. Hut şonuň üçin hem, diňe bir yklymlaryň arasyndaky söwdada gazanan ägirt uly üstünlikleri üçin däl, eýsem, ozaly bilen, Ýewraziýa giňişliginde biri-birinden örän uzaklykda ýaşaýan halklara gepleşikler alyp barmaga döreden mümkinçilikleri üçin Ýüpek ýoly «Beýik» diýen häsiýetlendirmä eýe bolupdyr.

Şu ýerde ýene-de bir zat aýratyn bellenip geçilmäge mynasypdyr. Görnükli gündogarşynas, akademik W.W. Bartold parfiýalylaryň – türkmenleriň ata-babalarynyň (skif-saklar, massagetler, dahlar, alanlar, sarmatlar we başgalar hem türkmenleriň ata-babalary hasaplanylýar) Hytaý bilen Rim imperiýasynyň arasynda amatly araçyllyk roluny saklandyklaryny belleýär. Parfiýa döwleti Uzak Gündogaryň beýik döwleti (Hytaý), şeýle hem Günbataryň beýik döwleti (Rim imperiýasy) bilen ýakyn syýasy-diplomatik gatnaşyklary alyp baran dünýä taryhynda ilkinji döwlet bolupdyr.

XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Ýüpek ýoly diýlip atlandyrylan bu gadymy ýoluň emele gelmeginiň özi biziň eýýamymyzdan ozalky

221-nji ýylda Hytaýyň taryhynda ilkinji gezek bitewi köpmilletli merkezleşdirilen feodal döwletiniň – Sin imperiýasynyň döremegi bilen gönüden-göni baglydyr. B.e. öňki 206-njy ýylda imperator diýlip yglan edilen Lýu Ban Han nesilşalygyny esaslandyrýar we bu nesilşalygyň döwründe senetçiligiň, söwdanyň, oba hojalygynyň ösüşi ýokary derejä ýetýär, onuň daşary aragatnaşyklary hem ösüp ugraýar.

Taryhda Han nesilşalygynyň höküm eden ýyllary iki döwre bölünýär. Irki Han döwleti b. e. öňki 206-njy – b. e. 24-nji ýyllaryny, giçki Han imperiýasy bolsa 25-nji – 220-nji ýyllary öz içine alýar. Irki Han imperatory U-diniň Hytaýy dolandyran döwründe (b.e. öňki 140–87-nji ýyllar) belli hytaý diplomaty Çžan Sýan 2100 ýyl mundan ozal, has takygy, b.e. öňki 138-nji we b.e. öňki 119-njy ýyllarda parahatçylykly we dostlukly missiýa bilen Orta Aziýada iki gezek bolupdyr we Hytaý bilen Orta Aziýa ýurtlarynyň arasynda dostlukly aragatnaşyklaryň işigini açypdyr. Şunlukda, öz gözbaşyny Hytaýyň şol wagtky paýtagty bolan Çanandan alan («Çanan» türkmençe «müdimi parahatlyk» diýmekligi aňladýar–häzir Sian şäheri) we gündogardan günbatara tarap gidýän, Ýewropany Aziýa bilen baglanyşdyrýan Beýik Ýüpek ýoly peýda bolupdyr.

Hytaý çeşmeleriniň muňa şaýatlyk edişi ýaly, Merkezi Aziýada Çžan Sýan hytaý medeniýetini ýaýradypdyr, şeýle hem şol raýonlardan üzümiň, ýorunjanyň, naryň, zygyryň, künjiniň we başga medeni miweleriň we ösümlikleriň tohumyny alypdyr. Hytaýyň taryhyna giren bu diplomat şeýle hem özüniň baryp gören günbatar ýurtlary, hususan-da, baryp şol döwürde halkara gatnaşyklaryna giňden çekilen Merkezi Aziýanyň oturymly siwilizasiýalary, dürli harytlar, uzyn boýly örän owadan atlar we başga möhüm zatlar barada gaty köp maglumatlar toplapdyr.

Çžan Sýanyň gürrüňleri imperator U-dide uly gyzyklanma döredipdir we şondan soň ol aragatnaşyklary ýola goýmak maksady bilen Merkezi Aziýa täze ilçihanalary ýollapdyr. Hytaý çeşmelerine laýyklykda, Hytaýyň Parfiýa nobatdaky ilçihanasy b.e. öňki II asyryň aýaklarynda, has takygy, b.e. öňki 115-nji ýylda ugradylypdyr. Parfiýa döwletiniň patyşasy Mitridat II (b. e.ö. 124–87 ý.) ilçihanany garşylamak we ony merkeze ugratmak üçin öz döwletiniň günorta serhedine

20 müň adamdan ybarat atly goşun ýollapdyr. Ilçihananyň serhetden geçen ýeriniň köne we täze eýýamyň arasynda dörän, häzirki Türkmenabatdan daşda bolmadyk Oks ýa-da Wahş derýalarynyň (Amyderýanyň gadymy atlary) kenarynda ýerleşen Amulyň – Horasandan Hytaýa, Horezme we Hindistana tarap barýan kerwen ýollarynyň kesişýän ýerindäki oba bolan bolmagy gaty ahmal. Hytaý çeşmeleri ilçihananyň Merwe barandygyny (1937-nji ýyldan bäri Mary), onuň, belki-de, Nusaýa baran bolmagyny hem tassyklaýarlar.

Şol bir wagtyň özünde, hytaý çeşmeleri b. e. 87-nji ýylynda Parfiýanyň ilçileriniň hem gymmatly sowgatlar bilen Hytaýda bolandyklaryna şaýatlyk edýärler. Hytaý alymy, professor Hu Çženhua Parfiýanyň şasynyň b.e. 101-nji ýylynda hem Hytaýa gelendigini tassyklaýar.

Biziň muny ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, ilçihanalar soňra «Beýik Ýüpek ýoly» adyny alan iň kyn we iň uzak gadymy kerwen ýolunyň çekilmegine ýardam edipdirler. Sebäbi hytaýlylar şol ýol bilen Merwe, Ansä (hytaý çeşmelerinde Parfiýanyň ady Ansi diýlip tutulýar), gadymy rim mülklerine ýüpek, owadan matalary, mundan hem başga demir, bambukdan ýasalan, keramikadan edilen zatlary, däri, çaý, derman otlaryny, merjen daşlaryny äkidipdirler.

Hytaý çeşmelerine laýyklykda, hytaý ýüpegi baryp b.e. öňki II asyrda Merwde, Parfiýada giň ýaýrapdyr, b.e. öňki I asyrda bolsa ondan söweş baýdaklary taýýarlanypdyr. Şol döwürlerde Hytaý türkmenleriniň ata-babalary bilen söwdadan özüniň atly goşunyny güýçlendirmek we çakyşdyrmak arkaly ýerli hytaý atlarynyň hilini gowulandyrmak maksady bilen parfiýa atlaryny, şeýle hem ýarag, haly, Merwiň önümi bolan ajaýyp nah matalary, Parfiýanyň owadan matalaryny, gymmatbaha daşlary, çakyrlaryň dürli görnüşlerini, pagta, üzüm, ýorunja, gawun ýaly oba hojalyk önümlerini alypdyrlar. Bu bolsa Hytaýyň gadymy medeniýetiniň ösmegine ýardam edipdir.

Şeýle hem Hytaýdan Günbatara kagyz öndürmegiň we kitap neşir etmegiň, çoýnuň we däriniň, magnit kompasynyň we farforyň syrlary baryp ýetipdir. Merkezi Aziýadan bolsa köpri gurluşygy we pagta ýetişdirmek, halyçylyk hem-de metallary işlemek baradaky bilimler ýaýrapdyr. Mundan başga-da derman serişdelerini we lukmançylyk bilimlerini, oba hojalyk ekinlerini hem-de dürli tagamlary

taýýarlamagyň usullary alşylypdyr. Beýik Ýüpek ýolunyň açylmagy gadym dünýäde iň uly hadysa bolupdyr we ol Günbataryň we Gündogaryň medeniýetleriniň aragatnaşyklarynyň esasyny tutupdyr.

Şol döwürlerde hytaý diplomatiýasynda ýüpegiň aýratyn orun tutandygyny hem nygtap geçeliň. Hut şonuň üçin hem hytaý ilçihanalarynyň sanynyň köpeldigiçe, Hytaý bilen onuň ýakyn we uzakdaky goňşularynyň arasynda, şol sanda Orta Aziýa ýurtlary bilen gyzgalaňly söwda ösüpdir, şol ýurtlaryň bazarlary özara harytlar bilen gaty baýlaşypdyr.

Şu ýerde özara söwdanyň ösmegi bilen baglylykda parfiýa atlary baradaky gürrüňimizi dowam etsek, onda hytaý hökümdarlary tarapyndan atlaryň syratlylygynyň, owadanlygynyň olaryň peýdalylygyndan hem esli derejede ileri tutulandygyny nygtap geçeliň. Gadymy däp aty mukaddes hasaplapdyr, onuň hudaý tarapyn gelip çykanlygynyň gürrüňsiz alamatlary hökmünde oňa täsin häsiýetler beripdir. Hormatlanýan rowaýat aty suwuň gizlin güýçlerine ýakyn drakonyň, ýagny aždarhanyň garyndysy hasap edipdir. Mälim bolşy ýaly, hytaýlylar aždarhany mukaddes hasaplaýarlar.

Atlar – Günbataryň aždarhalary baradaky yrym öz gözbaşyny imperator U-diniň döwründen alyp gaýdýar. Imperator U-di öz üniň taňrylygyny müdimileşdirmek we özüne bakylygy üpjün etmek maksady bilen at tirkewiniň özüni asmana alyp gitmegini gaty arzuw edipdir. Hut şonuň üçin hem hytaýlylar ahalteke atlarynyň ata-babalaryny meşhur atlar – aždarhalar bilen deň hasap edipdirler. Han nesilşalygynyň döwründe parfiýa atlary «asman atlary», «ganatly atlar» diýlip atlandyrylypdyr.

Biziň bu aýdanlarymyza ençeme hytaý çeşmeleri, şol sanda hytaý alymy Wan Çženşanyň «Gadymy Hytaýda türkmen atlarynyň taryhy», «2100 ýylyň dowamynda Hytaýyň demirgazyk-günbatar atlarynyň nesilleriniň döremegine ahalteke atlarynyň täsiri» atly ylmy işleri, professor Wan Teguanyň «Atlaryň arassaganly ahalteke, arap nesli» atly 1996-njy ýylda Pekinde çapdan çykan kitaby aýdyň şaýatlyk edýär. Hytaý alymlarynyň tassyklamaklaryna görä, ahalteke atlary arap atlaryndan 700 ýyl öň peýda bolupdyr.

Türkmen-hytaý gatnaşyklary soňky asyrlarda has-da uly ösüşe eýe bolupdyr. Taryhdan mälim bolşy ýaly, Tan nesilşalygy döwrün-

de (618–907 ý.) feodal Hytaýyň kuwwaty gaty ýokarlanypdyr. Tan imperiýasynyň ýaşamagynyň üç ýüz ýylynyň dowamynda ýurduň ykdysadyýetinde täze üstünlikler gazanylypdyr. Umuman, Tan nesilşalygy döwründe Hytaý özüniň toplan baýlygy, territoriýasynyň göwrümi we harby kuwwaty boýunça Ýewropany yzda galdyrypdyr, 70-den gowrak ýurtlar bilen diplomatik we dostlukly gatnaşyklary ýola goýupdyr we ösdüripdir.

Şol döwürde Hytaýyň Orta Aziýa döwletleri bilen ykdysady we medeni aragatnaşyklary has-da giňäpdir. VIII asyrda Hytaýdan beýleki ýurtlara gidýän ýedi söwda ýollarynyň iň uzagy günbatar kerwen ýoly bolupdyr. Şol ýol Hytaýyň şol wagtky paýtagtyndan ýurduň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýän şäher bolan Haminiň we häzirki Sinszýanyň üsti bilen Orta Aziýa gelipdir. Şol döwürde Hytaýyň Ansi bilen işjeň söwda aragatnaşyklary barada tan şahyry Çžan Sziniň şu setirleri hem aýdyň şaýatlyk edýär: «Uzakdan gelýän sansyz jaňjagazlaryň sesleri bir-birine garyşyp gidýär. Megerem, inçe ýüpek ýüklenen düýeler Ansä ugradylar».

Tan nesilşalygy döwründe hytaý poeziýasy hem ölmez-ýitmez eserler bilen baýlaşypdyr. Sin nesilşalygynyň imperatory Kansiniň döwründe (1661–1722 ý.) düzülen «Tan poeziýasynyň antologiýasy» 900 tomdan ybarat bolupdyr. Umuman, Tan nesilşalygynyň eýýamy Hytaýyň taryhyna ýene-de bir hakyky altyn asyr hökmünde giripdir.

Hytaýyň daşary söwdasy Sun (960–1279 ý.) we Ýuan (1279–1368 ý.) nesilşalyklarynyň döwründe hem ösüpdir. Şu ýerde käbir nukdaýnazardan biz üçin has hem belli gyzyklanma döredýän Ýuan nesilşalygy barada gysgaça durup geçeliň.

Biz taryhdan XIII asyryň başynda Merkezi Aziýa düzlüklerinde Çingiz hanyň Mongol imperiýasyny esaslandyrandygy, şol imperiýanyň bolsa harby häsiýetiniň bolandygy, 1211-nji ýylyň ýazynda Çingiz hanyň özüniň 200 müň atly goşuny bilen duýdansyz Hytaýa çozandygy, birnäçe aýdan soň Hytaýyň demirgazyk-gündogar böleginiň, şeýle hem tangut patyşalygynyň (Tibet-birma toparyna degişli bolan tangutlar XIII asyrda Hytaýyň demirgazygynda Si Sýa döwletini döredipdirler) mongol basybalyjysynyň eline geçendigi, mongollaryň Hytaýa çozuşynyň 1279-njy ýyla çenli tutuş Hytaýyň boýun egdirilmegi bilen tamamlanandygy, Çingiz hanyň agtygy Hubilaý

hanyň (1216–1294) Hytaýyň paýtagtyny Pekine geçirendigi, onuň Ýuan nesilşalygyny esaslandyrandygy, Hytaýyň Ýewropa bilen aragatnaşyklarynyň ýollaryny gözländigi, Beýik Ýüpek ýoly boýunça söwdany täzeden dikeldendigi barada bilýäris.

Şol döwürde Orta Aziýadan, şol sanda häzirki Türkmenistanyň çäklerinden dürli sebäpler bilen Hytaýa köp adam, şol sanda gurluşykçylar, telekeçiler we başga kärdäki adamlar äkidilipdir ýa-da göçüp gidipdirler. Muňa, iň bolmanda, şu aşakdaky deliller hem şaýatlyk edýär: mysal üçin, 1996-njy ýylyň 27-nji noýabrynda Hytaýda iňlis dilinde çap edilýän «Çaýna Deýli» gazetinde hytaý alymy Ren Meniň Ýuan nesilşalygy döwründe Pekiniň ilkinji ýaşaýjylary barada makalasy ýerleşdirildi. Onda, hususan-da, şeýle diýilýär: «Haçanda 1271-nji ýylda mongollar tarapyndan esaslandyrylan Pekin Ýuan nesilşalygynyň ilkinji milli merkezi bolan döwründe, bu şähere ruslary, türkmenleri, parslary we mongollaryň özlerini hem goşmak bilen gaty köp adam geldi we olar şäheriň etnik han halky bilen ysnyşykly ýaşadylar». Nebsimiz agyrsa-da, awtor şol döwürde Pekine gelen we onda ýaşan türkmenleriň sany barada maglumat bermeýär. Şol bir wagtyň özünde hem, eger-de bu deliliň getirilmeginden, beýleki halklaryň, şol sanda Orta Aziýa halklarynyň wekilleriniň däl-de, hut «ruslaryň, türkmenleriň, parslaryň» ýörite bölünip alynmagyndan gelnip çykylsa, onda Hytaýyň Ýuan nesilşalygy tarapyndan dolandyrylan döwründe Pekinde ýaşan türkmenleriň sanynyň esli bolandygy barada netije çykarsa bolar.

Hytaý Halk Respublikasynyň Nankin uniwersitetiniň Aziýany öwrenmek boýunça institutynyň direktory professor Lýu Ýinşeniň türkmen taryhçysy, taryh ylymlarynyň doktory A. Rahmanow bilen bolan söhbetdeşlikde aýdan sözlerine görä, şol döwürlerde Hytaýda, hususan-da, Beýjiňde (Pekinde) ýaşan türkmenler barada esasy maglumatlar «Mongollaryň gizlin taryhy» atly mongol çeşmesinde, «Tarikhi Jahanguşa and Jami, al-Tawarikh» atly pars çeşmesinde we hytaý çeşmelerinde jemlenýär. Şu jähtden, taryhy syry bolan mysallaryň ýene-de käbirlerine ýüzleneliň.

Ýuan nesilşalygy döwründe milleti türkmen, atasynyň ady Ýalawaçi bolan bir adam Pekinde belli adamlaryň biri bolupdyr. Hytaýy Ugedeý Kaganyň, Guýuk Kaganyň we Müňke Kaganyň dolandyran

döwürlerinde ol imperiýanyň maliýe meselesi boýunça iň jogapkär adamlarynyň biri hasaplanypdyr. Ol hatda maliýe meselesi boýunça ministr wezipesinde hem işläpdir. Onuň maşgalasynyň işi barada aýratyn hem hytaý çeşmelerinde örän köp maglumatlar bar. Ýuan nesilşalygyna onuň goşunynda ofiser bolup hyzmat eden, harby general adyna eýe bolup bilen türkmenler hem bolupdyr.

Min nesilşalygy döwründe (1368–1644 ý.) Hytaý günbatara tarap gidýän kerwen ýoluna öz gözegçiligini ýitirýär. XIV asyryň ortasyna çenli mongollaryň döwleti (Çagataý ulus) ýykylýar we onuň esasynda olaryň başynda emir-feodal hökümdarlar duran aýry-aýry häkimlikler döreýärler.

Taryhçy A. Gurbanowyň tassyklamagyna görä, «XIV-XV asyrlarda deňiz söwdasy howply bolan gury ýer kerwen ýollaryndan özüne çekiji bolupdyr». Üstesine-de, Pars aýlagyndan Hytaýa deňiz ýoly esli gysga bolupdyr. Şu syýasy we ykdysady ýagdaýlaryň netijesinde XVI asyra çenli Beýik Ýüpek ýoly öz ýaşamagyny tükenikli bes edipdir. Şol bir wagtyň özünde hem onuň käbir bölekleri entäk hereket edipdir. Professor Öwez Gündogdyýewiň muny tassyklamagyna görä, Ýewropanyň, Hindistanyň we Hytaýyň arasynda deňiz ýollarynyň ösmegi we munuň netijesinde uly lomaý kerwen söwdasynyň öz ýaşamagyny bes etmegi Türkmenistanyň ykdysadyýetine hem uly zyýan ýetiripdir (Seret: «Нейтральный Туркменистан», 06.07. 2011 ý.).

Hytaýyň daşarky deňiz aragatnaşyklary barada gürrüň edilende, onda, ozaly bilen, baryp Günbatar Han nesilşalygy döwründe (b. e. öňki 206-njy – b. e. 24-nji ýyllary) hytaý gämileriniň Hindistana we Şri-Lanka çenli ýüzüp barandyklary we şol ýerlerden olaryň hytaý ýüpeginiň hasabyna syrça, hünji we başga zatlary alandyklary taryhdan mälimdir.

Eýýäm XIII asyryň ikinji ýarymynyň ortalaryna çenli Hytaý güýçli deňiz flotuna eýe bolupdyr. Mysal üçin, deliller Hubilaý hanyň 1268-nji ýylda Demirgazyk Hytaýy we Koreýany basyp alandan soň, 1274-nji ýylyň aýagynda Ýaponiýany basyp almak üçin Hytaýyň we Koreýanyň deňiz kenarlaryna mongollardan, hytaýlylardan we koreýlerden düzülen özüniň kyrk müňden hem gowrak goşunyny Ýaponiýanyň kenarlaryna eltmek üçin 900 gämiden ybarat bolan floty ýygnandygyna, 1281-nji ýylda Hubilaý han Ýaponiýa ikinji gezek çozup

girende, onuň täzeden öňküden hem köp gämi toplandygyna, onuň diňe ýitiren gämileriniň sanynyň 4 müňden az bolmandygyna şaýatlyk edýär.

Deliller şeýle hem soňky ýyllarda Hytaýyň deňiz flotunyň barha ösendiginden, onuň dünýäde iň güýçli flot ýa-da şeýle flotlaryň biri bolanlygyndan habar berýär. Bu aýdylanlary XIV asyryň başynda, has takygy, 1405–1433-nji ýyllar aralygynda Hytaýyň Min nesilşalygynyň belli admiraly Çžen Heniň uzak ýerlere 7 ekspedisiýany amala aşyrandygy hem tassyklaýar. Çžen Heniň gämileri Maldiw adalarynyň kenaryna barypdyr, Pars aýlagynyň gämi duralgalarynda, Adende, Mogadişoda (Somali), Malindide (Keniýa), Zanzibarda bolupdyr. Çžen He tarapyndan döredilen Ýuwaş umman eskadra hatda Awstraliýadan demirgazaga tarap bary-ýogy 600 kilometrlikde ýerleşýän Timor adasyna çenli baryp ýetipdir. Şunlukda, hytaý deňiz syýahatçylary bäşinji yklymy açmaga gaty ýakynlaşypdyrlar. Taryhda Çžen Heniň bu ýörişleri «Çžen Heniň Günbatar ummanlaryna syýahaty» diýlip atlandyrylýar.

Hytaý gämileriniň ýörişiniň maksady baran ýurtlaryna farfor, ýüpek we çaý satmak bolupdyr, deňiz syýahatçylaryny, şeýle hem geň haýwanlar, ösümlikler, gymmatbaha daşlar, pil süňkleri gyzyklandyrypdyr. Çžen Heniň ekspedisiýadan gaýdyp gelmegi her gezek merkezde uly gyzyklanma döredipdir. 1414-nji ýylda hytaýlylar ilkinji gezek janly žirafy görüpdirler. Ähli tapylan zatlar imperatoryň köşgüne we onuň haýwanat bagyna eltilipdir.

1424-nji ýylda meşhur flot ýolbaşçysyna hemaýat eden imperator Çendzu ýogalypdyr. Haçanda 1433-nji ýylda Çžen Hen Hytaýa gaýdyp gelende, ol täze hökümdarlaryň erki bilen ýurduň daşky dünýäden özüni üzňe tutýandygyny görüpdir. Beýleki ýurtlara syýahat etmeklik hem gadagan edilipdir we şol gadagançylygy bozan adamlara ölüm howpy abanypdyr.

Gämiler hem gyssagly ýok edilipdir, deňizçiler bolsa tussag edilipdir. Mysal üçin, 1474-nji ýylda Hytaýda 400 sany harby gämiden bary-ýogy 140-sy galypdyr. 1500-nji ýyldan başlap bolsa jonkalaryň, ýagny ýelkenli hytaý gämileriniň gurluşygy aýratyn agyr jenaýat hökmünde yglan edilipdir. Deňizde ýüzmeklik bolsa watana dönüklik etmek bilen deň jenaýatçylyk hasaplanypdyr.

Şunlukda, biziň türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň gadymy we orta asyrlar döwründäki taryhyndan getirilen delillerimiz türkmenleriň ata-babalarynyň we hytaýlylaryň geçmişde ýakyn söwda-ykdysady we medeni gatnaşyklary alyp barandyklaryna şaýatlyk edýär. Şol gatnaşyklar diňe bir halklaryň ösüşine we rowaçlygyna däl, eýsem, ruhy gymmatlyklary, bilimleri, ylmy gazanylanlary hem ýaýratmak bilen, dürli milletleriň özara düşünişmegine, dostlugyň ýola goýulmagyna we pugtalanmagyna hem ýardam edipdir.

## §2. TÜRKMEN-HYTAÝ GATNAŞYKLARY SOWETLER DÖWRÜNDE

1922-nji ýylyň 30-njy dekabrynda Sowetleriň I Bütinsoýuz gurultaýy garaşsyz milli respublikalaryň öz bähbitlerini bilelikde amala aşyrmak maksady bilen birleşmek esasynda taryhda ilkinji sosialistik umumymilli döwleti – Sowet Sosialistik Respublikalar Soýuzyny (SSSR) döredýändikleri barada Jarnamany we Şertnamany biragyzdan kabul etdi. Bu Jarnama we Şertnama laýyklykda soýuz respublikalary özleriniň çägi, raýatlygy, döwlet edaralary we hukuk ulgamy bolan özbaşdak döwletler hökmünde SSSR-iň düzümine girdiler. Orta Aziýa sowet respublikalarynyň milli-döwlet bölünişigi netijesinde Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasynyň (TSSR) döremegi bilen biziň ýurdumyz deňhukukly agza hökmünde Sowet Sosialistik Respublikalary Soýuzyna girdi, XX asyryň başlaryndan ahyryna çenli, has takygy, 1917–1991-nji ýyllarda Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasy hökmünde SSSR-iň düzüminde boldy, halkara hukugynyň subýekti hökmünde we Sowet Soýuzynyň federal gurluşyna laýyklykda, onuň daşary syýasatynyň emele gelmegine we amala aşyrylmagyna gatnaşdy.

Hytaý bilen deňhukukly, özara peýdaly gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna we ösdürilmegine SSSR-iň daşary syýasatynda hemişe uly ähmiýet berildi. Şu jähetden, Sowet Russiýasynyň we Hytaýyň arasynda diplomatik, konsul we söwda gatnaşyklaryny ýola goýmak baradaky gepleşikleriň Sowet hökümetiniň göreldesi bilen Oktýabr rewolýusiýasynyň ýeňşiniň yzysüre başlanandygyny nygtap geçmek gerek.

Hytaý bilen dostlukly gatnaşyklaryň ýola goýulmagynda Uzak Gündogar Respublikasynyň döredilmegi hem az rol oýnamady. Gepleşikler 1924-nji ýylyň 31-nji maýynda Pekinde SSSR-iň we Hytaý Respublikasynyň arasynda meseleleri tertibe salmagyň umumy ýörelgeleri hakyndaky Ylalaşyga gol çekilmegi bilen tamamlandy.

Ylalaşykda şol resminama gol çekilmeginiň yzysüre iki tarapyň arasynda kadaly diplomatik we konsullyk gatnaşyklarynyň dikeldilýändigi bellenildi. Şeýle hem deňhukuklylygyň, iki taraplaýynlygyň we adalatlylygyň esasynda we Sowet Hökümetiniň 1919–1920-nji ýyllarda eden ýüzlenmeleriniň ruhunda iki döwletiň arasynda täze konwensiýalary, şertnamalary we ylalaşyklary taýýarlamaly bolan sowet-hytaý maslahatynyň çagyrylmagy göz öňünde tutuldy. Patyşa hökümeti tarapyndan haýsy hem bolsa bir üçünji ýurt bilen baglanyşylan we Hytaýyň özbaşdak hukuklaryna ýa-da bähbitlerine galtaşýan şertnamalar, ylalaşyklar güýçsüz diýlip yglan edildi. Ylalaşykda şeýle hem taraplaryň biriniň özbaşdak hukuklaryna ýa-da bähbitlerine zeper ýetirip biljek hiç hili şertnamalary ýa-da ylalaşyklary baglaşmazlyga bolan borç öz beýanyny tapdy.

Ikinji jahan urşunyň tamamlanmagy bilen Uzak Gündogarda düýpli özgerişlikler bolup geçdi: Uzak Gündogarda urşa SSSR-iň girişmegi bilen militaristik Ýaponiýa ýeňlişe sezewar boldy, hytaý halky Hytaý Kommunistik partiýasynyň ýolbaşçylygynda köpýyllyk halk-demokratik rewolýusiýanyň netijesinde reaksion hasap eden Gomindan hökümetini agdardy. Haçanda Hytaýda 1949-njy ýylda raýatlyk urşunyň tamamlanmagyna az wagt galanda, gomindanlylar (takmynan, 2 million adam) Çan Kaý-şiniň ýolbaşçylygynda Taýwana geçýärler. SSSR hytaý halkynyň rewolýusion göreşine hemişe goldaw berdi. 1949-njy ýylyň 1-nji oktýabrynda Hytaý Halk Respublikasynyň döredilendigi jar edildi.

1950-nji ýylyň 14-nji noýabrynda Sowet Sosialistik Soýuz Respublikalarynyň we Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda Moskwada 30 ýyllyk möhlet bilen dostluk we özara kömek barada Şertnama baglaşyldy. Bu şertnama sowet we hytaý halklarynyň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny berkitdi. Taraplar agressiýanyň täzeden gaýtalanmagyna we Ýaponiýa ýa-da islendik başga döwlet tarapyndan parahatçylygyň bozulmagyna ýol bermezlik maksady bilen bilelikde

ähli zerur bolan çäreleri görmekligi özlerine borç edindiler. Taraplar şeýle hem mümkingadar gysga möhletiň içinde Ýaponiýa bilen parahatçylyk şertnamasyny baglaşmaklygy gazanmaklyk; bileleşik baglaşmazlyk we beýleki tarapyň garşysyna gönükdirilen birleşiklere gatnaşmazlyk; özara ykdysady we medeni aragatnaşyklary ösdürmek we pugtalandyrmak; dostluk we hyzmatdaşlyk ruhunda birek-birege ykdysady kömek bermek ýaly meseleler barada ylalaşdylar.

Şertnama bilen bir hatarda Hytaý Çançun demir ýoly, Port-Artur (Lýuýşun) we Dalnyý (Dalýan) barada ylalaşyklara, şeýle hem SSSR-iň hökümeti tarapyndan HHR-iň hökümetine uzakmöhletli karz pul bermek hakyndaky ylalaşyga gol çekildi.

Şertnama HHR-iň howpsuzlygynyň üpjün edilmeginde, onuň halkara pozisiýalarynyň pugtalanmagynda möhüm rol oýnady we HHR-iň uruş tarapyndan ýykylan halk hojalygyny dikeltmek, ýurduň sosialistik gurluşyga geçmegi üçin örän amatly halkara we ykdysady şertleri döretdi. SSSR Hytaýyň ykdysadyýetiniň ençeme pudaklarynyň ösmegine ýardam etdi. Hususan-da, 50-nji ýyllarda Sowet Soýuzy HHR-de 250-den gowrak uly senagat kärhanalarynyň we başga obýektleriň gurluşygyna gatnaşdy, Hytaýa 2 milliard manat ýeňillikli karz pul berdi. Şol döwürde HHR-de 10 müňden gowrak sowet hünärmenleri işledi, SSSR-iň ýokary okuw mekdeplerini 11 müňden gowrak hytaýly tamamlady.

Elbetde, sowet kömegi artykmaç gowy bolmady, sebäbi şol döwürde SSSR-de dünýäde iň gowy tehnika-da, halk hojalygyny dolandyrmak üçin kämil usullar-da bolmady. Sosializmiň stalinçilik kemçilikli nusgasy Hytaýa geçirildi. Ýöne kömek uruş sebäpli horlanan sowet halkynyň sap ýürekden beren uly, şol bir wagtyň özünde hem ýeňil bolmadyk kömegi boldy. Üstesine-de, şol döwürde Hytaýa hiç kim has düýpli kömegi teklip etmedi.

Umuman, 50-nji ýyllarda HHR-de şäherde we obada sosialistik özgerişlikler amala aşyryldy; SSSR-iň we beýleki sosialistik ýurtlaryň kömegi bilen şol döwrüň senagatynyň düýbi tutuldy. Hytaý Kommunistik Partiýasynyň 8-nji gurultaýy ýurtda sosializm gurmaklygyň baş ugruny tassyklady. Bu ugur ençeme bäşýyllyklaryň dowamynda Hytaýda SSSR we beýleki sosialistik ýurtlar bilen hyzmatdaşlykda sosializmiň esasyny gurmaklygy göz öňünde tutdy.

SSSR-iň düzümindäki özbaşdak döwletleriň biri hökmünde şol döwürde Türkmenistan SSR-i hem SSSR-iň Hytaý Halk Respublikasy bilen dürli ugurlar boýunça hyzmatdaşlygynyň ýola goýulmagyna we ösdürilmegine öz goşandyny goşdy. Mysal üçin, eýýäm 1950-nji ýyllarda TSSR-e hytaý wekiliýetleriniň ençemesi, şol sanda HHR-iň başlygynyň orunbasary, marşal Çžu Deniň ýolbaşçylygyndaky hökümet wekiliýeti, Hytaýyň Kommunistik Partiýasynyň Merkezi Komitetiniň Syýasy býurosynyň agzasy, Hytaýyň daşary işler ministriniň birinji orunbasary, HHR-iň SSSR-däki ilkinji Ilçisi Wan Szýasýan, HHR-iň Sowet Soýuzyndaky Ilçisi Çžan Wen Týan we başgalar geldiler hem-de Türkmenistan bilen tanyşdylar.

Şu ýerde 1999-njy ýylyň oktýabr aýynda Pekinde «Täze Hytaýyň diplomatiýasy bäş onýyllygyň içinde» atly albomyň çapdan çykandygyny belläp geçeliň. Şol albomda Wan Szýasýanyň (1906–1974) 1949-njy ýylyň 3-nji noýabrynda HHR-iň Başlygy Mao-Sze-dun tarapyndan gol çekilen we Hytaýyň şol wagtky Premýeri hem daşary işler ministri Çžow Enlaý tarapyndan tassyklanan öz ynanç hatyny SSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň Başlygy N.M. Şhwernige gowşurandygy barada maglumatlar boldy, onda şeýle hem onlarça möhüm taryhy resminamalaryň arasynda Wan Szýasýanyň ynanç hatynyň nusgasy ýerleşdirildi. Köpsanly delilleriň muňa şaýatlyk edişleri ýaly, hytaý wekiliýetleriniň Türkmenistana eden bu we beýleki saparlary türkmen, sowet we hytaý halklarynyň arasyndaky dostlugy we özara düşünişmegi pugtalandyrmakda, hyzmatdaşlygy ösdürmekde uly rol oýnady.

Türkmenistan SSR-i SSSR-iň HHR bilen alyp baran söwda-ykdysady, ylmy-tehniki, medeni, ylmy hyzmatdaşlygyna hem işjeň gatnaşdy.Türkmenistan Hytaýa nebit önümleri, duz, garaköli bagana ýaly harytlary ugratdy, Hytaýdan bolsa sement, çaý we halkyň köp ulanýan başga harytlaryny aldy.

Şol döwürde Türkmenistanyň Hytaý bilen medeni hyzmatdaşlygynyň görnüşleri hem baýlaşyp başlady, bu bolsa iki dostlukly ýurduň halklarynyň bir-biriniň edebiýatyna we sungatyna bolan uly özara gyzyklanmalarynyň bardygyna şaýatlyk etdi. 50-nji ýyllarda HHR-de hytaý dilinde Türkmenistanyň halk ýazyjysy Berdi Kerbabaýewiň «Ak altynly ýurtdan bolan Aýsoltan» atly powestiniň iki

gezek, «Aýgytly ädim» romanynyň bäş gezek neşir edilmegi, şeýle hem bu dostlukly ýurtda Magtymguly, Mollanepes, Kemine ýaly türkmen edebiýatynyň klassyklarynyň, beýleki türkmen edebiýatçylarynyň ençeme eserleriniň çap edilmegi ýokarda aýdylanlaryň aýdyň subutnamasy boldy.

Öz gezeginde Türkmenistanda hem türkmen diline köpsanly hytaý ýazyjylarynyň hekaýalarynyň ýygyndylary terjime edildi. Mundan hem başga, türkmen okyjylary hytaý prozaçylarynyň, şahyrlarynyň, dramaturglarynyň eserleri bilen rus dilinde çykarylan kitaplaryň üsti bilen hem tanyşdylar. Mysal üçin, «Irki hytaý goşgulary» ýygyndysy, belli hytaý ýazyjysy Lu Siniň «Ah Siniň hakyky taryhy», «Watan» ýaly eserleri, Sym Zýanyň «Taryhy ýazgylary», Mao Dun, Wan Men ýaly roman filologiýasy boýunça hytaý bilermenleriniň işleri, şahyr Go Možonyň goşgulary we başgalar türkmen okyjylary tarapyndan gyzgyn garşylandy. 1957-nji ýylda Mollanepes adyndaky Akademiki drama teatrynyň sahnasynda goýlan hytaý dramaturgy Sao Ýuýyň «Taýfun» atly oýny uly üstünlige eýe boldy (Taýfun–munuň özi Ýuwaş ummanyň günbatar böleginde bolýan güýçli tupany, harasady aňladýar).

50-nji ýyllarda HHR-de «Uzakdaky gelinlik», «Maşgalanyň abraýy», «Aýratyn tabşyryk», «Murgap oazisi» we başga türkmen çeper we dokumental kinolary hem uly gyzyklanma bilen garşylandy. Şol bir wagtyň özünde diňe bir 1959-njy ýylda Türkmenistanyň kinoteatrlarynda HHR-iň 40-a golaý kinofilmleri görkezildi.

Şol döwürde türkmen we hytaý alymlarynyň arasynda hem hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Ylmyň ugry boýunça aragatnaşyklar, aýratyn hem, fiziko-tehniki, oba hojalyk, biologiýa ylymlarynyň çäklerinde işjeň boldy. Mysal üçin, 50-nji ýyllarda Türkmenistanyň alymlary Hytaýyň çöllükleriniň we ýarym çöllükleriniň fiziko-geografiki aýratynlyklaryny öwrenmeklige, olary oýlanyşykly peýdalanmak boýunça amaly çäreleriň işlenip taýýarlanylmagyna gönüden-göni gatnaşdylar. Türkmen alymlarynyň kömegi bilen 1957-nji ýylda çägeleri berkitmek, tokaýlaşdyrmak we olary oba hojalyk taýdan özleşdirmek boýunça Hytaýda «Şapataw» atly tejribe stansiýasy döredildi.

Ýene-de bir mysala ýüzleneliň. 1959-njy ýylda seleksiýa, ýagny ösümlikleriň hilini ýokarlandyrmak we olardan täze hili çykarmak

boýunça belli bilermen, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi I.K. Maksimenko Hytaýa tohumçylyk we gowaçany seleksiýa etmek boýunça ylmy-barlag işlerini guramakda kömek etdi. Mundan hem başga, türkmen alymy hytaý tarapyna Hytaýda tohumçylygyň döwlet ulgamynyň taslamasyny işläp düzmeklige ýardam etdi. Türkmen alymynyň bu işi ýokary baha mynasyp boldy. Zähmetde görkezen edermenligi we täze Hytaýy gurmak işine eden ýardamy üçin, 1960-njy ýylda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň alymlarynyň ençemesi HHR-iň hökümet sylaglaryna mynasyp boldular.

Ýöne 1950-nji ýyllaryň aýagyndan başlap SSSR-iň we Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklar ýaramazlaşyp başlady. Agzalalyklar hojalyk we gaýry meseleleriň giden toplumy boýunça döredi we olar ýuwaş-ýuwaşdan çuňlaşdy, soňra bolsa şol agzalalyklar açyk duşmançylykly häsiýete eýe boldular. Belli rus diplomaty we taryhçysy E.P. Bažanowyň tassyklamagyna görä, SSSR-iň we HHR-iň arasyndaky agzalalyk ençeme meselelerde, esasan hem, häzirki eýýama baha bermekde, ABŞ-a bolan çemeleşmede, halkara kommunistik hereketiň çäklerindäki özara gatnaşyklarda, halkara giňişliginde dawaly ýagdaýlara bolan çemeleşmede, sosialistik gurluşyň we ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň meselelerinde jemlendi. Netijede, syýasy gatnaşyklaryň derejesi gaty peseldi, söwda-ykdysady, medeni, ylmy, sport boýunça alyş-çalyşlaryň göwrümi hem birden azalyp başlady. Mysal üçin, 1962-nji ýylda 1959-njy ýyl bilen deňeşdirilende sowet-hytaý ykdysady hyzmatdaşlygynyň göwrümi 5%-e çenli peseldi, 1959-njy ýyl bilen deňeşdirilende 1965-nji ýylda bolsa ol 100 esseden hem gowrak pese gaçdy. Umuman, iki döwletiň arasynda aragatnaşyklaryň kesilmegi sowet we hytaý halklary üçin gaty gymmata düşdi, şeýle hem ol Aziýa-Ýuwaş umman sebitindäki, tutuş dünýädäki ýagdaýa özüniň oňaýsyz täsirini ýetirdi.

1976-njy ýylyň sentýabrynda Hytaýyň KP-niň esasy düýbüni tutujysy Mao Sze-dun (1893–1976) aradan çykdy. Şol ýyl 1966-njy ýyldan başlap Mao-Sze-dunyň ýolbaşçylygynda Hytaýda ýaýbaňlanan we on ýylyň dowamynda ýurtda tertipsizligi döreden «medeni rewolýusiýa» hem tamamlandy. Şol bir wagtyň özünde Hytaýda

düýpli özgertmeler başlandy. 1978-nji ýylyň dekabrynda bolup geçen Hytaý Kommunistik Partiýasynyň Merkezi Komitetiniň 11-nji çagyrylyşynyň 3-nji plenumy Hytaý Halk Respublikasy döredilenden soň, partiýanyň we döwletiň taryhynda uly ähmiýeti bolan beýik özgerişi alamatlandyrdy, sosializmiň ösmeginde täze sahypany açdy. Plenumdan soň HKP-niň ikinji nesliniň ýolbaşçylygy emele geldi we onuň merkezinde özgertmeler we açyklyk syýasatynyň, şeýle hem Hytaýy sosialistik kämilleşdirmegiň Baş arhitektory Den Sýaopin (1904–1997) boldy.

Den Sýaopiniň ýolbaşçylygynda ýurduň ykdysady ösüşiniň ägirt uly strategiýasy işlenip düzüldi. Şol strategiýa laýyklykda XX asyryň aýagyna çenli ýurtda jemi milli önümi 4 esse artdyrmak we ilatyň orta gurplulygyny üpjün etmek maksat edinildi, 80-nji ýyllaryň başyndan XXI asyryň ortasyna çenli ýurduň ykdysadyýetiniň mümkin bolan üçbasgançakly ösüşiniň konsepsiýasy öňe sürüldi. Şol bir wagtda syýasy ulgamyň özgerdilmezliginiň ykdysady ulgamy özgertmeklige we önümçilik güýçleriniň ösmegine päsgel berjekdigi aýratyn nygtalyp geçildi.

Den Sýaopin özgertmeler we açyklyk syýasatyny Hytaýyň esasy döwlet syýasaty hasap etdi. Ol açyk daşary syýasat alyp barmazdan we daşky dünýäniň ýardamy bolmasa, Hytaýyň hiç wagt garyplykdan we yzagalaklykdan çykyp bilmejekdigini, öz halkyna gurply ýaşaýşy üpjün edip bilmejekdigini ençeme gezek nygtady. Hytaýyň ösüşi tutuş daşky dünýä bilen baglanyşykly edildi. Şol bir wagtyň özünde hem olarda iň kuwwatly tehnologiýalaryň we maliýe gorlarynyň bardygy sebäpli, ýurdy kämilleşdirmek meselelerinde hyzmatdaşlygyň esasy ugrunyň Günbatar ýurtlary bolup durýandygy bellenildi. Umuman, Den Sýaopin adam siwilizasiýasynyň ähli oňaýly gazananlarynyň batyrgaý peýdalanylmagy, daşky dünýä bilen aragatnaşyklaryň hemme taraplaýyn giňeldilmegi ugrunda çykyş etdi. Ol daşarky söwdany işjeň ösdürmekligi, daşary ýurt serişdeleri, öňdebaryjy tehnologiýalary we dolandyryş tejribäni çekmekligi, daşary ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmekligi, talyplaryň uly toparlaryny daşary ýurtlara okuwa ugratmaklygy örän zerur hasap etdi. Hususan-da, eýýäm 1978-nji ýylyň dekabrynda Hytaýyň KP MK-sy tarapyndan kabul edilen kararda Hytaýyň daşky dünýä işigi giňden açýandygy, onuň

daşary ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy hemme taraplaýyn işjeňleşdirmäge taýýardygy nygtaldy.

80-nji ýyllarda, has takygy, 1982-nji ýylda HHR-iň daşary--syýasy ugrunyň üýtgedilip gurulmagy netijesinde sowet-hytaý gatnaşyklarynda hem oňaýly öňe gidişlikler bolup başlady we bu ýagdaý SSSR-iň we HHR-iň arasyndaky söwda-ykdysady we beýleki aragatnaşyklaryň gowulanmagyna ýardam etdi. Soňky wakalaryň görkezişi ýaly, iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklardaky öwrülişik wagtyň geçmegi bilen şol gatnaşyklary hil taýdan täze sepgitlere çykardy. 1982-nji ýyldan başlap hytaý ýolbaşçylary SSSR bilen gatnaşyklary gowulandyrmaklyga has ýokary gyzyklanma bildirip başladylar. Olar «gatnaşyklaryň ýuwaş-ýuwaşdan kadalaşmagyna we hoşniýetli goňşuçylyk aragatnaşyklarynyň berkarar edilmegine ynam bildirdiler», «şu maksadyň amala aşyrylmagy üçin bilelikdäki tagallalaryň edilmegini» teklip etdiler.

Şol döwürden başlap SSSR-iň HHR bilen gatnaşyklarynyň ösmegine TSSR-iň goşandy hem artyp başlady. Mysal üçin, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň prezidenti A. Babaýewiň Hytaýyň Ylymlar akademiýasynyň çagyrmagy boýunça Hytaýa bolan sapary (1987 ý.) sowet we hytaý çöli öwrenijileriň arasynda 25 ýyldan hem gowrak çeken arakesmeden soň, hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna ýardam etdi. Saparyň dowamynda gol çekilen Ähtnamanyň çäklerinde Çölleriň gorlaryny oýlanyşykly özleşdirmegiň ekologiki esaslary we çölleşme ýagdaýlaryna garşy göreş» atly tema boýunça bilelikdäki barlag işleri geçirilip başlandy. Ozaly bilen, türkmen usulynyň esasynda «Hytaýyň arid territoriýalarynyň çölleşmeginiň Kartasy» düzüldi.

Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasynyň käbir etraplary we welaýatlary bilen işjeň aragatnaşyklary hem dürli taraplaýyn bolup başlady. Şu jähtden, SSSR-iň Hytaý bilen gatnaşyklarynyň ösmegine Türkmenistanyň Hytaýyň Sinszýan Uýgur Awtonom Raýony (SUAR) we Gansu welaýaty bilen serhetýaka aragatnaşyklary ýola goýmak boýunça çäreler barada Türkmenistan SSR-niň hökümetiniň 1988-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda kabul eden 317/22 belgili karary belli derejede itergi berdi. Bu resminama wekiliýetleriň alyş-çalşygyny, şol sanda häkimiýetiň ýokary edaralarynyň ugry boýunça hem

alyş-çalşygy, SUAR-yň we Gansu welaýatynyň halk häkimiýetleriniň daşary aragatnaşyklar müdirlikleri bilen TSSR-iň Daşary işler ministrliginiň gönüden-göni aragatnaşyklary ýola goýmagyny, söwda-ykdysady we medeni gatnaşyklaryň ýola goýulmagyny göz öňünde tutdy.

Bu hökümet kararynyň durmuşa geçirilmegi ikitaraplaýyn aragatnaşyklarda käbir hil we san taýdan özgermeleriň bolup geçmegine, şol sanda serhetýaka söwdanyň yzygiderli ösmegine getirdi. Mysal üçin, 1986-njy ýyl bilen deňeşdirilende 1989-njy ýylda Türkmen alyjylar birleşiginiň we SUAR-yň firmalarynyň arasyndaky söwda alyş-çalşygynyň göwrümi iki esseden hem artdy.

Wekiliýetleriň alyş-çalşygy hem yzygiderli häsiýete eýe boldy. Ylmy-tehniki hyzmatdaşlygy ösdürmekde 1988-nji ýylyň noýabrynda HHR-iň SUAR-nyň wekiliýetiniň Türkmenistana bolan sapary möhüm ädim boldy. SUAR-yň ylym we tehnika boýunça komitetiniň başlygynyň orunbasary Çžan Ýue Çžiniň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiniň saparynyň dowamynda bu çäkde hyzmatdaşlyk baradaky Protokola gol çekildi. Şol resminama laýyklykda geologiýa-gözleýiş işi, seýsmologiýa, ýagny ýer gabygynyň yranmalaryny öwrenmek, maldarçylyk, Gün energiýasyndan peýdalanmak, pagtaçylyk, çöli özleşdirmek ýaly ugurlar boýunça aragatnaşyklar ýola goýlup başlandy.

Türkmenistanyň Gansu welaýaty bilen hem göni aragatnaşyklary ösdi. Hususan-da, 1991-nji ýylda Aşgabat bilen Gansu welaýatynyň administratiw merkezi bolan Lançžowyň arasynda dostlukly aragatnaşyklaryň ýola goýulmagy hakyndaky Şertnama gol çekilmegi türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynda täze halka boldy.

Şunlukda, özbaşdak milli döwlet, SSR Soýuzynyň bir bölegi hökmünde Türkmenistan SSR-i 70 ýyldan hem gowrak wagtyň dowamynda Sowet döwletiniň daşary-syýasy ugrunyň emele gelmegine we ösmegine, şol sanda Hytaý, ozaly bilen, Hytaý Halk Respublikasy bilen aragatnaşyklaryň we hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna we ösdürilmegine gatnaşdy. TSSR-iň HHR bilen syýasy, söwda-ykdysady we medeni gatnaşyklary 50-nji ýyllaryň başlaryndan ösüp başlady. Söwda-ykdysady aragatnaşyklaryň ösmeginde serhedüsti söwdanyň, ylmy-tehniki kömegiň roly ýokarlandy. Medeni aragatnaşyklar özara kinofilmleriň görkezilme-

gi, çeper eserleriň terjime edilmegi we çap edilmegi, iki ýurduň teatrlarynyň sahnalarynda türkmen we hytaý dramaturglarynyň oýunlarynyň goýulmagy ýaly hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerinde ýüze çykdy we ol biziň medeniýetlerimiziň ýakynlaşmagyna, halklarymyzyň, ýurtlarymyzyň arasynda özara düşünişmegiň we dostlugyň berkemegine ýardam etdi. 60-70-nji ýyllarda SSSR-iň we HHR-iň arasyndaky hyzmatdaşlygyň käbir sebäplere görä togtadylandygyna seretmezden, soňky ýyllar olar täzeden çuňlaşyp we kämilleşip başlady.

Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň Sowet Soýuzynyň daşary syýasatynyň, şol sanda onuň Hytaý babatdaky syýasatynyň amala aşyrylmagyna doly bahaly gatnaşyp bilmändigini nygtap geçmek gerek. Muňa SSSR-iň daşary syýasatynyň esasynyň soýuz edaralary tarapyndan işlenip düzülmegi, şol syýasatda uzak döwrüň dowamynda merkeziň we soýuz respublikalaryň ygtyýarlyklarynyň we borçlarynyň aýdyň kesgitlenilmezligi, soýuz respublikalaryň DIM-niň, şol sanda TSSR-iň daşary syýasy edarasynyň köp meselesiniň, ozaly bilen bolsa guramaçylyk häsiýetli meseleleriniň Soýuz tarapyndan yzygiderli çözülmän gelinmegi ýaly ýagdaýlar päsgel berdi.

1990-njy ýylyň ortasyndan başlap Soýuzyň düzümindäki sowet respublikalary özleriniň döwlet özbaşdaklyklary barada Jarnama kabul edip başladylar. Mysal üçin, 1990-njy ýylyň iýunynda Russiýa Federasiýasy, iýulynda Belarus, Ukraina döwlet özygtyýarlylygyny jar etdiler. 1990-njy ýylyň 22-nji awgustynda Türkmenistan SSR-niň Ýokary Sowetinde Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy hakynda Jarnama kabul edildi. Bu möhüm taryhy resminamada SSSR-iň düzüminde duranTürkmenistan SSR-i özüniň döwlet özygtyýarlylygyny isleýändigini açyk äşgär etdi.

1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Türkmenistan SSR Ýokary Sowetiniň nobatdan daşary mejlisi bolup geçdi we onda Türkmenistanyň Garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakyndaky konstitusion kanun kabul edildi. Kanun kabul edilen pursadyndan güýje girdi. 20 sany möhüm maddadan ybarat bolan bu Kanunyň birinji maddasy Türkmenistan SSR-niň çägini öz içine alýan garaşsyz demokratik döwleti—Türkmenistany jar etdi.

# II BAP. TÜRKMEN-HYTAÝ GATNAŞYKLARY TÜRKMENISTAN ÖZ GARAŞSYZLYGYNA EÝE BOLANDAN SOŇKY DÖWÜRDE

## §1. GARAŞSYZ, BITARAP TÜRKMENISTAN BILEN HYTAÝ HALK RESPUBLIKASYNYŇ ARASYNDA DIPLOMATIK GATNAŞYKLARYŇ ÝOLA GOÝULMAGY

Öz Garaşsyzlygyna eýe bolmak bilen, Türkmenistan beýleki döwletler bilen hemmetaraplaýyn gatnaşyklary gönüden-göni ýola goýmaklyga we ösdürmeklige, dürli ýurtlaryň we yklymlaryň siwilizasiýalarynyň altyn sepini birleşdiriji möhüm halkanyň roluny oýnamaklyga mümkinçilik aldy. Türkmenistanyň we onuň beýik Aziýa goňşusynyň – Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklar – dostlugyň we hyzmatdaşlygyň iň ysnyşykly gatnaşyklary ýola goýuldy.

Eýsem, diplomatik gatnaşyklar diýip biz nämä düşünýäris? Diplomatik gatnaşyklar – munuň özi iki döwletiň arasynda işiň ähli çäklerinde meýletin ýola goýulýan we diplomatik wekilleri we wekilhanalary alyşmaga hukuk berýän resmi gatnaşyklardyr. Başgaça aýdanymyzda, diplomatik gatnaşyklar – munuň özi halkara hukugynyň kadalaryna we halkara gatnaşyklaryň tejribesine laýyklykda, döwletleriň arasynda resmi gatnaşyklary saklamagyň esasy görnüşidir. Diplomatik gatnaşyklar döwletleriň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň ösmegine, halkara parahatçylygyň we howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň pugtalanmagyna ýardam etmelidir.

Diplomatik gatnaşyklar hakyndaky 1961-nji ýylyň Wena konwensiýasyna laýyklykda, döwletleriň arasynda diplomatik gatnaşyklar özara ylalaşyk esasynda ýola goýulýar. Diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynda ilkinji ädim bir döwlet tarapyndan ol ýa-da başga döwletiň we onuň hökümetiniň de-ýurede (resmi taýdan) ýa-da de-faktoda (ýüzleý) ykrar edilmegidir. Döwletiň de-faktoda ykrar edilmegi doly häsiýete eýe däldir. Başgaça aýdylanda, ykrar etmegiň şu görnüşi ulanylanda, belli döwlet bilen beýleki döwletler diplomatik gatnaşyklary ýola goýmaýarlar-da, diňe onuň bilen işjeň gatnaşyklary

3. Sargyt № 2202

ösdürýärler. Häzirki zaman halkara tejribesinde de-fakto örän seýrek ulanylýar.

Döwletiň de-ýurede ykrar edilmegi onuň bilen resmileşdirilen resmi diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagyny, özara ylalaşyk boýunça diplomatik wekilhanalaryň açylmagyny, syýasy, söwda-ykdysady we beýleki ugurlar boýunça aragatnaşyklaryň ösdürilmegini aňladýar.

Taryhdan mälim bolşy ýaly, 1917-nji ýylyň oktýabrynda döredilen Sowet döwletini Günbataryň iri döwletleri uzak wagtyň dowamynda ykrar etmediler. 1924-nji ýyla çenli şol döwletler SSSR-iň diňe ýaşaýandygyny, başgaça aýdylanda, ony diňe de-faktoda ykrar etdiler we onuň bilen kadaly diplomatik gatnaşyklary ýola goýmadylar. Diňe 1924-nji ýylyň fewralyndan başlap şol döwletler Sowet Soýuzyny doly ykrar edip, onuň bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýup başladylar.

Diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagy gönüden-göni gyzyklanýan döwletleriň wekilleriniň arasyndaky gepleşikleriň netijesinde ýa-da üçünji döwletleriň diplomatik wekilleriniň üsti bilen bolup geçýär we ol dürli resminamalar görnüşinde taýýarlanylýar. Başgaça aýtsak, häzirlikçe döwletleriň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagy bilen bagly hemmeler tarapyndan ykrar edilen ýeke--täk düzgün ýokdur. Şonuň üçin diplomatik gatnaşyklar dürli ýollar bilen, hususan-da, döwletleriň, hökümetleriň baştutanlary, daşary işler ministrleri ýa-da ýörite ygtyýarlyk berlen adamlar tarapyndan notalar we telegrammalar ýa-da hatlar alyşmak, ylalaşyklara gol çekmek ýa-da bilelikde kommýunike çap etmek arkaly ýola goýlup bilner. Diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagy bilen taraplar diplomatik wekilhanalaryň derejesi, ylalaşygyň güýje girýän güni, ony çap etmegiň möhleti we tertibi barada ylalaşýarlar. Umuman, iki döwletiň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagy – munuň özi halkara hukugynyň iki subýektiniň özara gatnaşyklarynyň özbaşdak we deňhukukly häsiýetini tassyklaýan hereketdir.

Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynda ulanylan resminama barada aýdanymyzda, onda şeýle gatnaşyklar bilelikdäki kommýunikeniň kabul edilmegi bilen ýola goýuldy. Geliň, HHR-iň hökümeti tarapyn-

dan täze özbaşdak Türkmen döwletiniň ykrar edilişine we Türkmenistan bilen HHR-iň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýluşyna gysgaça seredip geçeliň.

1991-nji ýylyň dekabr aýynyň ahyrynda Hytaý Halk Respublikasynyň we Türkmenistanyň daşary işler ministrleriniň arasynda hat alşygy bolup geçdi we bu hadysa türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň ösüşinde täze döwrüň nyşany boldy. Hytaýyň Döwlet geňeşiniň başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Szýan Siçeniň Türkmenistanyň Daşary işler ministrine 1991-nji ýylyň 27-nji dekabrynda ýollan hatynda Hytaý Hökümetiniň Türkmenistany garaşsyz we özbaşdak döwlet hökmünde ykrar etmek barada karar kabul edendigi habar berildi. Hatda şeýle hem Hytaý Hökümetiniň Türkmenistan bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmaga isleginiň bardygy aýdyldy. Onda, hususan-da, şeýle diýilýärdi: «Türkmenistanyň garaşsyzlygy mynasybetli Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan, Size, Siziň Alyjenabyňyza we Siziň üstüňiz bilen Türkmenistanyň Hökümetine özümiň gutlaglarymy ýollaýaryn. Şu ýagdaýdan peýdalanmak bilen, Size, Siziň Alyjenabyňyz, Hytaý Hökümetiniň Türkmenistanyň Hökümetini ykrar etmek boýunça karar kabul edendigini we siziň ýurduňyz bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak boýunça gepleşikleri alyp barmaga taýýardygyny habar bermäge merhemet ediň.

Hytaý Hökümeti parahatçylykly ýaşaşmagyň bäş ýörelgeleriniň esasynda Siziň döwletiňiz bilen dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny mundan buýana hem saklamaga we ösdürmäge özüniň taýýardygyny mälim edýär.

Goý, Hytaýyň we Türkmenistanyň halklarynyň arasyndaky däbe öwrülen dostluk has-da çuňlaşsyn».

Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň jogabynda Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetine onuň özbaşdak Türkmenistany ykrar edendigi we iki ýurduň arasynda diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak boýunça gepleşiklere başlamaga taýýardygy üçin hoşallyk bildirildi.

Türkmenistanyň we Hytaýyň arasynda diplomatik gatnaşyklary, şeýle hem iki ýurduň arasynda syýasy, söwda-ykdysady aragatnaşyklary ýola goýmakda 1992-nji ýylyň ýanwar aýynda Hytaýyň daşary

söwda we daşary-ykdysady aragatnaşyklary ministri Li Lansiniň we şol ýurduň daşary işler ministriniň birinji orunbasary Týan Szýan Peýiň ýolbaşçylygynda Aşgabatda bolan wekiliýet uly rol oýnady. 1992--nji ýylyň 5-6-njy ýanwarynda Türkmenistanyň hökümetiniň jaýynyň kiçi zalynda bolup geçen gepleşikleriň gidişinde hytaý wekiliýetiniň baştutany Li Lansin Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistan bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak, şeýle hem onda öz ilçihanasyny we söwda wekilhanasyny açmak maksadynyň bardygyny aýtdy.

Şunlukda, gepleşikleriň netijeleri boýunça Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak boýunça bilelikdäki Kommýunikä, Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak barada bilelikdäki Kommýunikäniň ýanyna Memoranduma, şeýle hem Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk baradaky ilkinji Ylalaşyga (1992-nji ýylyň 6-njy ýanwary) gol çekildi.

Şol taryhy resminamalaryň ähmiýetiniň örän uludygy sebäpli, bilelikdäki Kommýunikeniň (şeýle hem Memorandumyň) doly tekstlerini getireliň. Olarda, hususan-da, şeýle diýilýär:

## TÜRKMENISTAN BILEN HYTAÝ HALK RESPUBLIKASYNYŇ ARASYNDA DIPLOMATIK GATNAŞYKLARY ÝOLA GOÝMAK BARADA BILELIKDÄKI KOMMÝUNIKE

Iki ýurduň halklarynyň bähbitlerine we arzuw-isleglerine laýyklykda, Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümeti 1992-nji ýylyň 6-njy ýanwaryndan iki döwletiň arasynda ilçileriň derejesinde diplomatik gatnaşyklary ýola goýmaklygy karar etdiler.

Iki ýurduň Hökümetleri iki ýurduň arasynda özbaşdaklyk we territorial bitewülik, birek-biregiň üstüne çozmazlyk, birek-biregiň içki işlerine gatyşmazlyk, raýdaşlyk we özara bähbitlilik, şeýle hem parahatçylykly ýaşaýşyň ýörelgeleriniň esasynda dostlugy we hyzmatdaşlygy ösdürmeklige ylalaşdylar.

Taraplar Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň Hytaýyň ýeke-täk kanuny Hökümetidigini, Taýwanyň Hytaý Halk Respublikasynyň territoriýasynyň aýrylmaz bölegidigini tassyklaýarlar.

Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümeti Hytaý Halk Respublikasy bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýan döwletleriň Taýwan bilen haýsy-da bolsa bir görnüşde resmi aragatnaşyklar saklamagynyň garşysyna çykyş edýär. Türkmenistanyň Hökümeti Hytaý Halk Respublikasynyň bu pozisiýasyny goldaýar.

Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümeti Türkmenistanyň Hökümetiniň milli garaşsyzlygyny we ykdysady ösüşlerini goramak baradaky tagallalaryny goldaýar.

Iki ýurduň Hökümetleri raýdaşlyk we özara bähbitlilik esasynda birdir hem-de halkara tejribesine laýyklykda beýleki tarapyň diplomatik wekilleriniň öz borçlaryny ýerine ýetirmegi üçin zerur kömekleri bermäge taýyndyr.

*Aşgabat şäheri, 1992-nji ýylyň 6-njy ýanwary.*

## TÜRKMENISTAN BILEN HYTAÝ HALK RESPUBLIKASYNYŇ ARASYNDA DIPLOMATIK GATNAŞYKLARY ÝOLA GOÝMAK BARADA BILELIKDÄKI KOMMÝUNIKÄ MEMORANDUM

Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak barada bilelikdäki Kommýunike hersi iki ekzemplýarda türkmen, hytaý we rus dillerinde düzüldi, tekstleriň üçüsiniň hem birmeňzeş güýji bardyr. Türkmençe we hytaýça tekstler rusça tekst bilen meňzeşdir.

*Aşgabat şäheri, 1992-nji ýylyň 6-njy ýanwary.*

Şunlukda, iki ýurduň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagy biziň döwletlerimiziň ösüşiniň taryhynda aýratyn ähmiýete eýe boldy. Kommýunikede özbaşdaklygy we territorial bitewüligi özara hormatlamak, birek-biregiň üstüne çozmazlyk, birek-biregiň

içerki işlerine gatyşmazlyk, deňhukuklylyk we özara bähbitlilik, parahatçylykly ýaşaşmak ýaly iki döwletiň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmekligiň ýörelgeleri bellenildi. Taraplar HHR-iň Hökümetiniň Hytaýyň ýeke-täk kanuny Hökümetidigini, Taýwanyň bolsa HHR-iň territoriýasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýandygyny tassykladylar.

HHR-iň Hökümeti HHR bilen diplomatik gatnaşyklary bolan döwletleriň Taýwan bilen haýsy-da bir görnüşde resmi aragatnaşyklar saklamagynyň garşysyna çykyş edýär. Kommýunikede Türkmenistanyň Hökümeti HHR-iň bu pozisiýasyny goldady. Öz gezeginde, HHR-iň Hökümeti Türkmenistanyň Hökümetiniň milli garaşsyzlygy goramaklyga we ykdysady ösüşe gönükdirilen tagallalaryny goldady.

1992-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda gol çekilen söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk hakyndaky Ylalaşyk barada aýdanymyzda, onda bu möhüm resminama deňhukuklylyk we özara peýda, birek-birege has amatly şertleri döretmek we ş.m. esasynda iki döwletiň arasynda uzakmöhletleýin we durnukly söwda-ykdysady gatnaşyklaryň ösdürilmegini göz öňünde tutdy.

Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagy bilen, Türkmenistanyň HHR--däki ilkinji Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisiniň 1995-nji ýylyň 31-nji maýynda Hytaýyň döwlet baştutanyna özüniň ynanç hatyny gowşurmagy şol bir wagtyň özünde HHR-de Türkmenistanyň ilçihanasynyň açylandygynyň, Hytaý bilen köptaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmäge biziň hökümetimiziň berýän uly ähmiýetiniň nyşany boldy. Döwletimiziň HHR babatdaky syýasatynyň esasynda ilçihana tarapyndan ýurdumyzyň Hytaýdaky bähbitleriniň toplumynyň kesgitlenilmegi oňa öz diplomatik işini bu dostlukly ýurt bilen hemmetaraplaýyn gatnaşyklary giňeltmäge we çuňlaşdyrmaga tabyn etmäge mümkinçilik berdi.

Eýýäm 1992-nji ýylda Türkmenistanyň we HHR-iň arasynda hyzmatdaşlyk barada esasy syýasy resminamalaryň kabul edilmegi türkmen-hytaý gatnaşyklaryny hil taýdan täze derejä çykarmak üçin ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň saldamly şertnama-hukuk esasynyň döredilmegine ýardam etdi.

## §2. TÜRKMENISTANYŇ WE HYTAÝ HALK RESPUBLIKASYNYŇ ARASYNDAKY SYÝASY GATNAŞYKLAR

Türkmen döwletiniň halkara syýasatynyň esasy maksatlarynyň amala aşyrylmagynda syýasy gatnaşyklaryň roly uludyr. Bitarap Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklar ilkinji gezek türkmen-hytaý kommýunikesinde (1992-nji ýylyň 6-njy ýanwary) berkidilen hakyky demokratik ýörelgelere esaslanýar.

HHR bilen hemmetaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek Türkmenistanyň üýtgewsiz garaýşy bolup durýar. Sebäbi Türkmenistan üçin Hytaý diňe bir uly dünýä döwleti bolman, şeýle hem ol biziň ýurdumyzyň goňşusydyr. Türkmenistan Hytaý bilen gatnaşyklarynyň ösmegine uly ähmiýet berýär.

Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlanyndan bäri olaryň arasynda syýasy we gaýry gatnaşyklaryň yzygiderli ösdürilmegi şol gatnaşyklary deňhukukly strategik hyzmatdaşlygyň derejesine çykarmaga mümkinçilik berdi. Muňa ençeme oňaýly ýagdaýlar we ozaly bilen bolsa olaryň arasyndaky özara gatnaşyklarda hyzmatdaşlyga oňaýsyz täsir edip biljek syýasy meseleleriň bolmazlygy ýardam etdi.

Türkmenistan HHR bilen hyzmatdaşlyga täze köppolýusly dünýä düzgünini emele getirmekligiň möhüm ýagdaýy hökmünde seredýär we Hytaý bilen sebitleýin hem-de ählumumy meseleleriň barha giň toplumy boýunça hyzmatdaşlyk etmäge gyzyklanýar. Olaryň arasyndaky özara hereket aziýa giňişliginde durnuklylygyň örän giň meýdanyny döredýär.

Iki ýurduň arasynda ýokary derejede saparlaryň ýygy-ýygydan alşylyp durulmagy Türkmenistanyň we HHR-iň özara dostlukly gatnaşyklarynyň taryhyna täze sahypa ýazdy. Şol saparlaryň aýratyn uly ähmiýeti bardyr, sebäbi gazanylýan ylalaşyklar hyzmatdaşlygyň mehanizmlerini üstünlikli herekete getirmek üçin ulgamdörediji esas bolup hyzmat edýärler. Şol mehanizmlerden bolsa aragatnaşyklaryň ösmegi we anyk taslamalaryň durmuşa geçirilmegi bagly bolup durýar.

Mysal üçin, 1992-nji ýylyň 19–23-nji noýabrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Hytaýa amala aşyran ilkinji resmi sapary türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň meseleleri, sebitleýin, halkara meseleler boýunça garaýyşlary ýakynlaşdyrmakda, özara düşünişmäni pugtalandyrmak işinde ilkinji edilen möhüm ädimleriň biri boldy. Dostlukly we işjeň ýagdaýynda bolup geçen şol gepleşikleriň gidişinde özara bähbitli meseleler boýunça giňişleýin pikir alyşmalar bolup geçdi. Iki ýurduň baştutanlarynyň ähli möhüm syýasy meseleler boýunça çemeleşmeleriniň we garaýyşlarynyň, umuman, doly laýyk gelýändigi bellenip geçildi.

Saparyň dowamynda möhüm syýasy döwletara resminama – türkmen-hytaý kommýunikesine gol çekilip, onda uzakmöhletleýin we durnukly döwletara gatnaşyklarynyň özara hormat, birek-biregiň içerki işlerine gatyşmazlyk, deňhukuklylyk we özara peýda, parahatçylykly ýaşaşmak ýörelgeleriniň esasynda guruljakdygy nygtalyp geçildi. Taraplar munuň iki ýurduň halklarynyň bähbitlerine laýyk gelýändigini, Aziýada we tutuş dünýäde parahatçylygyň we durnuklylygyň saklanylmagyna we pugtalanmagyna ýardam edýändigini bellediler.

Bilelikdäki kommýunikede şeýle hem syýasy, ykdysady, söwda, ylym we tehnika, bilim, maglumat, medeni we başga çäklerde hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek barada ylalaşygyň gazanylandygy aýdyldy. Şeýle hem maýa goýumlaryny höweslendirmek we özara goramak, saglygy goraýyş we lukmançylyk ylmy, medeni hyzmatdaşlyk, gulluk, şeýle hem toparlaýyn syýahatçylyk saparlarynyň wizasyz düzgüni, howa gatnawyny ýola goýmak baradaky ähtnama ýaly ençeme hökümetara ylalaşyklara gol çekildi. Bularyň hemmesi türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň goşmaça esasyny düzdi we gadymy Ýüpek ýoluny täzeden dikeltmekligiň ilkinji ädimlerine ýol açdy.

1994-nji ýylyň 20–22-nji aprelinde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýa-da başgaça aýdanymyzda, ýurdumyzyň Hökümetiniň Başlygynyň çagyrmagy boýunça HHR-iň Döwlet Geňeşiniň Başlygy Li Pen resmi sapar bilen Türkmenistanda boldy. Sapar Hytaýyň we Türkmenistanyň arasyndaky gatnaşyklaryň ýokary derejesini, döwlet ösüşiniň meseleleri boýunça garaýyşlaryň ýakyndygyny tassyklady. Saparyň netijesinde Hytaý tarapyndan Türkmenistana 50 million ýuan

möçberinde döwlet karz puluny bermek hakyndaky ylalaşyk, Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasynyň we halkara söwda ýardam etmek boýunça Hytaý komitetiniň arasynda hyzmatdaşlyk hakyndaky ylalaşyga, iki ýurduň daşary-syýasy edaralarynyň arasynda maslahatlaşmalar hakyndaky protokola gol çekildi. Türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň ösmegine goşan şahsy goşandy üçin hytaý hökümetiniň baştutany Li Pene Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň «Hormatly akademik» ady dakyldy.

Türkmenistanyň we Hytaýyň arasyndaky döwletara gatnaşyklaryň möhüm wakalarynyň hataryna Hytaýyň KP MK-nyň Syýasy býurosynyň Hemişelik komitetiniň agzasy Hu Szintaonyň 1995-nji ýylyň 25–27-nji oktýabry aralygynda Türkmenistana eden resmi saparyny hem goşmak bolar. Şu ýerde ýokary derejeli hytaý resmisiniň Türkmenistana sapary bilen baglylykda ýurdumyzyň Pekindäki ilçihanasynyň uly taýýarlyk işlerini alyp barandygyny nygtap geçmek gerek. Ilçihananyň arhiw materiallarynyň hem muňa şaýatlyk edişi ýaly, 1995-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda Hytaýyň KP MK-nyň halkara bölüminiň müdiriniň orunbasary Daý Bingonyň teklibi boýunça onuň we Türkmenistanyň Hytaýdaky ilçisiniň arasynda duşuşyk bolup geçdi. Duşuşygyň gidişinde Daý Bingo türkmen ilçisine HHR--iň ýokary partiýa-döwlet ýolbaşçylaryndan biri bolan Hu Szintaonyň ýakyn wagtlarda Türkmenistana sapar etmek niýetiniň bardygyny habar berdi we bu habary ilçiniň öz hökümetine ýetirmegini sorady.

Saparyň başlanjak güni ýakynlaşýardy we 16-njy oktýabrda Türkmenistanyň ilçisi Hu Szintaonyň çagyrmagy bilen onuň bilen söhbetdeş boldy. Hu Szintao 1942-nji ýylda Hytaýyň Anhoý welaýatynda eneden doglupdyr. 1992-nji ýylda ol HHR-iň KP MK-nyň Syýasy býurosynyň Hemişelik Komitetiniň agzalygyna saýlanýar. 1993-nji ýyldan başlap bolsa Hu Szintao şol bir wagtyň özünde Hytaýyň KP MK-nyň ýanyndaky partiýa mekdebiniň direktorynyň wezipesini ýerine ýetirýär. 1992-nji ýylda Hu Szintao HHR-iň Başlygynyň orunbasarynyň wezipesine saýlanýar.

Söhbetdeşligiň gidişinde Hu Szintao soňky wagtda dünýäde örän uly özgerişlikleriň bolup geçendigini, Türkmenistanyň we Hytaýyň umumy tagallalarynyň netijesinde iki ýurduň dostlukly gatnaşyklarynyň wagtyň synaglaryna döz gelendiklerini we täze ösüşe eýe

bolandyklaryny belledi. Soňra Hu Szintao şol gatnaşyklaryň hemişe giňelýändiklerini we çuňlaşýandyklaryny, Türkmenistan bilen durnukly gatnaşyklarynyň ösmegine Hytaýyň uly ähmiýet berýändigini ýene-de bir gezek nygtamak bilen, özüniň ýakyn wagtda Türkmenistana etjek saparynyň maksadynyň özara düşünişmäni çuňlaşdyrmak, dostlugy ösdürmek we hyzmatdaşlyga ýardam etmek bolup durýandygy barada aýtdy. Öz tarapyndan Türkmenistanyň ilçisi bu sapara türkmen döwletiniň uly ähmiýet berýändigini we onuň iki ýurduň özara gatnaşyklarynda gürrüňsiz möhüm waka boljakdygyny belledi, şeýle hem ol HHR-iň Başlygynyň orunbasaryna üstünlikli sapary arzuw etdi.

Söhbetdeşlikden soň ilçiniň Aşgabada ýollan hatynda hytaý tarapyndan alnan habaryň jikme-jik mazmuny beýan edildi, şeýle hem sapar bilen bagly käbir teklipler öňe sürüldi.

Öz saparynyň dowamynda HHR-iň Başlygynyň orunbasary Hu Szintao Türkmenistanyň Prezidenti bilen gepleşikler geçirdi, oňa HHR-iň Başlygynyň Hatyny gowşurdy, Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 4 ýyllygy mynasybetli guralan dabaralara gatnaşdy. Hu Szintaonyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň agzalary pudak edaralarynda boldular, öz türkmen kärdeşleri bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Hu Szintaonyň Türkmenistana sapary üstünlikli geçdi. 1995-nji ýylyň 14-nji noýabrynda HKP MK-dan Türkmenistanyň ilçisine gelip gowşan hat hem muňa aýdyň şaýatlyk etdi. Hatda Hytaýyň ýokary partiýa-döwlet ýolbaşçylygy hytaý ýolbaşçysynyň Türkmenistana saparynyň örän gowy guralandygy üçin Türkmenistanyň ýolbaşçylygyna özüniň uly minnetdarlygyny bildirdi. Onda şeýle hem «Bu sapar iki döwletiň ýolbaşçylarynyň arasyndaky özara düşünişmäni has hem ýokary derejä göterdi, dürli çäklerde türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň ösüşine goşmaça itergi berdi» diýlip aýdyldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Hytaýa eden ilkinji saparyndan soň dört ýyldan gowrak wagtyň geçmegi bilen we bu beýik dostlukly ýurt bilen Türkmenistanyň gatnaşyklarynyň durnukly, işjeň häsiýetini saklamak hem-de has-da ösdürmek üçin ýurdumyzyň Baştutanynyň Hytaýa nobatdaky saparyny guramaklygyň zerurlygy ýüze çykdy. Şu maksat bilen 1997-nji ýylyň başynda Türkmenistanyň Hytaýdaky ilçisi tarapyndan Aşgabada ýollanan hatda sapar bilen bagly pikirler, tek-

lipler öňe sürüldi, şol sanda ilçihananyň pikiriçe saparyň gidişinde gol çekilmegi möhüm hasap edilýän resminamalaryň sanawy ýollandy.

Şunlukda, HHR-iň Başlygy Szýan Szeminiň çagyrmagy boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň Hytaýa sapary 1998-nji ýylyň 30-njy awgustynda başlandy. Aşgabatdan uçan «Boing-757» ýörite uçary ýedi sagatdan ýerli wagt bilen sagat 17-de Pekiniň «Şoudu» atly aeroportunyň günorta duralgasynda gondy. Bu uçardan biraz öňräk «Şoudu» aeroporty bortunda resmi däl wekiliýetiň agzalary – ministrlikleriň, pudak edaralarynyň, KHBS-iň ýolbaşçylary we başgalar bolan Türkmenistandan gelen başga bir uçary hem kabul edipdi. Hytaý protokoly boýunça aeroportda Prezidenti we 10 adamdan ybarat bolan resmi wekiliýeti (wekiliýet Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 8 sany orunbasaryndan, Türkmenistanyň Hytaýdaky ilçisinden we mejlisiň başlygynyň orunbasaryndan ybarat boldy) HHR-iň DIM-niň orunbasary Çžan Deguan, Hytaýyň Türkmenistandaky ilçisi Gun Lefu garşyladylar. Aeroportdan Prezident özi üçin taýýarlanylan «Dýaoýuýtaý» atly döwlet rezidensiýasyna gitdi.

Ertesi Pekin wagty bilen sagat 9-da Pekiniň merkezi meýdançasy bolan Týananmen meýdançasynda HHR-iň Halk wekilleriniň Ählihytaý ýygnaklary öýüniň (HWÄÝ) gündogar girelgesiniň öňünde Türkmenistanyň Prezidentini garşylamagyň resmi dabarasy bolup geçdi. Ol harby orkestr tarapyndan iki ýurduň Döwlet senalarynyň ýerine ýetirilmegi bilen başlandy. Salýut hökmünde 21 gezek top oky atyldy.Türkmenistanyň Prezidenti we HHR-iň Başlygy Hytaýyň Halk azat edijilik goşunlarynyň üç görnüşinden düzülen hormat garawulynyň öňünden geçdiler. Şondan soň HWÄÝ öýüniň gündogar zalynda ýokary derejedäki türkmen-hytaý gepleşikleri başlandy. Dostluk we özara ynam ýagdaýynda geçen şol gepleşikleriň gidişinde türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň, halkara syýasatynyň möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Soňra HWÄÝ öýüniň «Hebeý» zalynda Türkmenistanyň we Hytaýyň ýolbaşçylary bilelikdäki türkmen-hytaý Jarnamasyna gol çekdiler. Onda taraplar iki ýurduň arasynda deňhukuklylyk we adalatlylyk ýörelgeleriniň esasynda dostlugyň we hyzmatdaşlygyň uzakmöhletleýin we durnukly gatnaşyklaryny ösdürmeklige özleriniň töwekgeldiklerini bildirdiler. Şonda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk boýunça ýene-de 7 sany resminama gol çekildi.

Günüň ikinji ýarymynda Türkmenistanyň döwlet Baştutanynyň HHR-iň Döwlet Geňeşiniň premýeriniň orunbasary Li Lansin bilen duşuşygy, agşam HWÄÝ öýüniň uly zalynda türkmen wekiliýetiniň baştutanynyň hormatyna HHR-iň Başlygynyň adyndan kabul edişlik boldy. Kabul edişlik wagtynda üflenip çalynýan saz gurallaryndan ybarat harby orkestr 12 sany türkmen we hytaý aýdym-sazlaryndan ybarat konsert maksatnamasy bilen çykyş etdi.

1-nji sentýabrda Hytaý halk uniwersitetinde Türkmenistanyň Prezidentine hormatly professor diplomynyň gowşurylyş dabarasy boldy. Şol gün wekiliýet Guandun welaýatynyň Şençžen şäherine uçdy. Eýýäm 90-njy ýyllarda Hytaýyň iň meşhur ýörite ykdysady zolaklaryndan (ÝYZ) birine öwrülen we onda ýurtda alnyp barylýan özgertmeleriň mehanizmi üstünlikli işlenip taýýarlanylan şäher bilen tanyşmak wekiliýetde uly täsir galdyrdy.

2-nji sentýabrda türkmen wekiliýeti awtomaşynlarda Gonkonga ugrady we şol ýerde şäheriň işewür toparlarynyň wekilleri, Gonkong hökümetiniň baştutany Tung Çi Hwa bilen duşuşdy. Türkmen wekiliýetiniň ýolbaşçysynyň hormatyna Gonkongyň administrasiýasy nahar berişlik gurady.

Türkmenistanyň döwlet-hökümet wekiliýeti ýurduň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýän Şensi welaýatynyň merkezi Siýan şäherine hem baryp gördi. Gadymy Siýan şäheri Hytaýyň ilkinji merkezi bolupdy we ol şeýle hem Beýik Ýüpek ýolunyň gözbaşynda durupdy. Siýanda wekiliýet Sin nesilşalygyny esaslandyryjy imperator Sinşihuanyň atly goşunlarynyň heýkelleriniň muzeýine baryp gördi, Şensi welaýatynyň başlygynyň orunbasary Szýa Çžiban bilen duşuşdy.

Hytaýa bolan saparynyň tamamlanmagy bilen, 4-nji sentýabrda ir sagat 11-de Türkmenistanyň Prezidenti Siandan watanyna ugrady. Uçaryň basgançagynyň ýanynda ony Şensi welaýatynyň başlygynyň orunbasary Çžao Desýuan, Siýanyň meri Fen Sýuýçu we Türkmenistanyň Hytaýdaky ilçisi ugratdy.

Şunlukda, Türkmenistanyň Prezidentiniň Hytaýa bolan döwlet sapary üstünlikli tamamlandy. XXI asyrda iki döwletiň dostlukly özara hyzmatdaşlyk gatnaşyklary üçin bu saparyň ähmiýeti uly boldy.

Ýokary, iň ýokary derejedäki saparlary guramak we olary üstünlikli geçirmek her bir ilçihana üçin hemişe uly jogapkärçiligi aňladýar.

Türkmenistanyň Hytaýdaky ilçihanasynyň arhiw materiallarynyň muňa şaýatlyk edişi ýaly, Türkmenistanyň Prezidentiniň 90-njy ýyllaryň aýagynda Hytaýa eden sapary biziň bu ýurtdaky ilçihanamyzyň işiniň aňrybaş netijeliligini görkezdi. Muňa netijeli hyzmatdaşlygyň hatyrasyna Türkmenistanyň ilçisi tarapyndan ilçihanada Hytaýyň DIM-niň Günorta Ýewropa we Merkezi Aziýa (GÝ we MA), protokol, habar departamentleriniň ýolbaşçylary üçin guralan kabul edişlikde GÝ we MA departamentiniň baş direktory, ilçi Çžao Sidiniň aýdan sözleri hem aýdyň şaýatlyk etdi. «Şu sapary özüniň guramaçylygy we netijeliligi boýunça aýratyn üstünlikli geçirilen ýokary derejedäki saparlaryň hataryna goşmak bolar» diýip, hytaý diplomaty aýtdy. – Men şeýle hem bu üstünlige Türkmenistanyň ilçisiniň alyp baran maksada okgunly işjeň diplomatik-guramaçylyk işiniň ýetiren uly ýardamyny bellemelidirin».

1999-njy ýylyň 3-5-nji iýuny aralygynda HHR-iň Döwlet Geňeşiniň premýeriniň orunbasary Sýan Siçeniň Türkmenistana bolan resmi saparynyň gidişinde Türkmenistanyň we Hytaýyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ähli ugurlar boýunça mundan buýana hem işjeňleşdirmäge taýýardyklary tassyklanyldy. Gepleşiklerde ykdysady çäkde özara hereketiň ileri tutulýan ugurlarynyň nebit-gaz toplumy, dokma senagaty, kommunikasiýa, gurluşyk we ş.m. bolup durýandygy bellenildi.

Taraplar şeýle hem 1999-njy ýylyň güýzünde söwda ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki komissiýanyň birinji mejlisini geçirmek, Aşgabadyň we Pekiniň arasynda uçar gatnawyny açmak, bilim, ylym, medeniýet, saglygy goraýyş çäginde aragatnaşyklary mundan buýana hem ösdürmek babatda ylalaşdylar. Şol bir wagtyň özünde hytaý tarapy Türkmenistana 5 million ýuan (604 müň amerikan dollary) möçberinde mugt kömek bermek baradaky Hytaý hökümetiniň kararyny, şeýle hem ýakyn ýyllarda türkmen talyplary üçin stipendiýalaryň sanynyň köpeldiljekdigini, teklip edilýän hünärleriň hem sanynyň artdyryljakdygyny mälim etdi.

Hytaýyň we Türkmenistanyň ikitaraplaýyn gatnaşyklarynyň ösmeginde HHR-iň Başlygy Szýan Szeminiň 2000-nji ýylyň 5–7-nji iýuly aralygynda Türkmenistana eden ilkinji sapary möhüm ähmiýete eýe boldy. Gepleşikleriň netijesinde Türkmenistanyň we Hytaýyň Baş-

tutanlary iki ýurduň hyzmatdaşlygyna hil taýdan täze häsiýet berjek bilelikdäki Jarnama, nebit we gaz ulgamy çägindäki hyzmatdaşlygyň esasy ýörelgeleri we özara düşünişme hakyndaky Türkmenistanyň hökümeti we Hytaýyň milli nebit-gaz korporasiýasynyň arasyndaky ylalaşyga, HHR-iň Türkmenistana 100 million möçberde ýeňillikli karz pul bermek hakyndaky çarçuwaly ylalaşyga gol çekdiler.

Türkmen-hytaý hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak işine goşan uly goşandy üçin Türkmenistanyň Prezidenti HHR-iň Başlygyna «Akdaş» atly ahalteke atyny sowgat berdi. Öz gezeginde, Hytaýyň döwlet Baştutany Türkmenistanyň Prezidentine hytaý dilinde Pekinde çap edilen Magtymgulynyň goşgular ýygyndysyny sowgat etdi. «Örän zehinli Pyragynyň eserlerine, edil onuň watanynda bolşy ýaly, Hytaýda hem ýokary baha berilýär» diýip ol aýtdy.

Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky dostlukly hyzmatdaşlyk gatnaşyklary ýyl-ýyldan giňeldi we çuňlaşdy. Şu jähtden, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylyň 17–18-nji iýulynda HHR-e bolan ilkinji saparynyň netijeleriniň türkmen-hytaý gatnaşyklaryny hil taýdan täze derejä çykarandygyny belläp geçmek gerek. Saparyň jemleri boýunça iki ýurduň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmek we pugtalandyrmak hakyndaky bilelikdäki Jarnama, başga-da birnäçe resminama gol çekildi.

2007-nji ýylyň 3–4-nji noýabrynda Hytaýyň Döwlet Geňeşiniň Premýeri Wen Szýabao Aşgabatda iş saparynda boldy. Bu saparyň netijesinde hem wajyp ikitaraplaýyn resminamalaryň ençemesine gol çekildi.

2008-nji ýylyň 7–9-njy awgusty aralygynda Türkmenistanyň Prezidenti Pekin şäherinde XXIX Olimpiýa oýunlarynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy. Bu çäräniň çäklerinde Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow şeýle hem Hytaýda sapar bilen boldy we HHR-iň Başlygy, ýurduň beýleki resmi we işewür adamlary bilen duşuşdy. Geçirilen duşuşyklaryň netijesinde özara bähbitli birnäçe wajyp resminamalara gol çekildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Hytaýa eden soňky saparynyň yzysüre, ýagny 2008-nji ýylyň 28–29-njy awgustynda HHR-iň şol wagtky Başlygy Hu Szintao Türkmenistana resmi sapar etdi. Gepleşikleriň barşynda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ugurlary we geljegi

barada, şeýle hem özara gyzyklanma döredýän sebit we global meseleler boýunça pikir alşyldy. Gepleşikleriň netijesi boýunça bilelikdäki Beýannama, başga-da birnäçe möhüm resminamalara gol çekildi. HHR-iň Başlygy Hu Szintao «Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy» ordeni gowşuryldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 30-njy apreli – 2-nji maýy aralygynda HHR-e bolan döwlet sapary hem hakyky dostluk, özara düşünişmek we ynanyşmak däplerine esaslanýan türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň taryhynda möhüm waka boldy. Döwlet saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň Prezidenti Şanhaý şäherinde geçen «EKSPO-2010» Bütindünýä sergisinde Türkmenistanyň sergi pawilýonynyň açylyşyna gatnaşdy, ençeme daşary ýurt kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşdy. Şanhaýda geçen ýokary derejedäki türkmen-hytaý gepleşikleri iki ýurduň arasyndaky däbe öwrülen dostluk gatnaşyklaryny has-da ösdürmek ýolunda nobatdaky ädim boldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 22–25-nji noýabrynda HHR-e amala aşyran döwlet sapary hem iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan buýana hem berkitmekde uly rol oýnady. Saparyň dowamynda Türkmenistanyň Prezidenti HHR-iň Başlygy bilen ýokary derejedäki gepleşikleri geçirdi, şeýle hem HHR-iň HWÄÝ öýüniň Hemişelik Komitetiniň Başlygy, HHR-iň Döwlet Geňeşiniň Premýeri bilen duşuşdy. Döwlet saparynyň netijeleri boýunça türkmen-hytaý dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny hemmetaraplaýyn çuňlaşdyrmak hakyndaky bilelikdäki Jarnama, dürli çäklerde hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça ýene-de 13 sany möhüm resminama gol çekildi.

2013-nji ýylyň 3–4-nji sentýabrynda Hytaý Halk Respublikasynyňyň Başlygy Si Szinpiniň Türkmenistana eden ilkinji döwlet sapary türkmen-hytaý gatnaşyklaryny hemmetaraplaýyn pugtalandyrmagyň we ösdürmegiň ýolunda nobatdaky möhüm ädim boldy. Duşuşygyň barşynda Türkmenistanyň we HHR-iň Baştutanlary ozal gazanylan ikitaraplaýyn ylalaşyklary amala aşyrmagyň barşyny ara alyp maslahatlaşyp, ýakyn we uzakmöhletleýin geljek üçin türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlaryny kesgitlediler. Şeýle hem hyzmatdaşlygy ähli ugurlarda, şol sanda söwda-ykdysady, oba hojalyk, himiýa, gurluşyk materiallary senagaty, ulag we telekommunikasiýalar, elektro-

energetika, saglygy goraýyş, medeni-gumanitar ulgamlary boýunça giňeltmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygy bellenildi.

Ýangyç-energetika toplumy türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Şu jähetden, Türkmenistan–Hytaý yklymüsti gaz geçirijisiniň gurluşygynyň üstünlikli amala aşyrylmagynyň möhüm waka bolandygy bellenip geçildi. Bu gaz geçiriji Türkmenistan üçin hem, Hytaý üçin hem energetika pudagynda uzak möhletli, strategik taýdan hyzmatdaşlyk etmegiň giň mümkinçiliklerini açdy, iki ýurduň arasynda bozulmaz dostlugyň we hyzmatdaşlygyň aýdyň nyşanyna öwrüldi.

Türkmenistanyň we Hytaýyň hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem sebitde durnuklylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmak bolup durýar. Şu jähetden, gepleşikleriň dowamynda parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmak meselelerine möhüm ähmiýet berildi. Türkmenistan we HHR bu maksatlara ýetmek, ählumumy ösüşiň möhüm meselelerini çözmek, halkara gatnaşyklarynda parahatçylygy söýüjilik, deňhukuklylyk we adalatlylyk ýörelgelerini ykrar etmek boýunça ikitaraplaýyn gatnaşyklarda, şeýle hem abraýly halkara hem-de sebit guramalarynyň we düzümleriniň, ilkinji nobatda bolsa BMG-niň çäklerinde mundan beýläk-de ysnyşykly hereket etmek barada ylalaşdylar.

Hytaý tarapy Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna hem-de onuň bitaraplyga esaslanýan daşary syýasy ugruna hormat bilen garaýandygyny nygtady. Öz gezegindeTürkmenistan hem özüniň hytaýly hyzmatdaşlary üçin möhüm meselelere garaýşyny hemişe anyk we aýdyň beýan edip gelýändigini belledi. Şu jähetden, gepleşiklerde Türkmenistan HHR-iň ýurdy birleşdirmek boýunça edýän tagallalaryny goldap, onuň Hökümetiniň bütin Hytaýa wekilçilik edýän ýeke-täk kanuny hökümet bolup durýandygyny ýene-de bir gezek tassyklady.

Gepleşikleriň dowamynda taraplar şeýle hem Merkezi Aziýada we Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde ynanyşmak we özara düşünişmek ýagdaýynyň döredilmegine aýratyn üns berdiler. Başga sözler bilen aýdylanda, şu meselede hem iki ýurduň garaýyşlary ýakyn ýa-da gabat geldi. Türkmenistan hem, Hytaý hem sebitde berk howpsuzlyk ulgamynyň döredilmegi ugrunda çykyş edýär, şeýle howpsuzlyk ulgamy ähli ýagdaýlarda bähbitleriň deň derejede göz öňünde tutulmagyna we

ýüze çykýan meseleleriň syýasy-diplomatik usullar arkaly çözülmegine esaslanýar. Şunuň bilen baglylykda, energetika pudagynda giň halkara we sebit hyzmatdaşlygyny iş ýüzünde amala aşyrmagyň möhümdigi hem-de häzirki döwürde wajyp meseledigi bellenildi. XXI asyryň ägirt uly taslamasy bolan Türkmenistan–Hytaý transmilli gaz geçirijisiniň üstünlikli ulanylmagy munuň aýdyň mysaly hökmünde görkezildi.

Ikitaraplaýyn gepleşikleriň jemleri boýunça dürli ugurlarda iki ýurduň hyzmatdaşlygyny kesgitleýän 10-dan hem gowrak möhüm resminamalara gol çekildi we şol resminamalaryň durmuşa geçirilmegi ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy täze derejä çykarar. Şeýle hem iki döwletiň ýolbaşçylary tarapyndan bilelikdäki Jarnama gol çekilmegi sebitde we dünýäde ýagdaýyň islendik üýtgemelerine garamazdan, mundan beýläk türkmen-hytaý gatnaşyklaryny ösdürmegiň Türkmenistanyň we Hytaýyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup galjakdygyny aňlatdy.



**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow we HHR-iň Başlygy Si Szinpin (Aşgabat, 2013-nji ýylyň 3-nji sentýabry)**

4. Sargyt № 2202

Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2014-nji ýylyň 11–13-nji maýynda HHR-e amala aşyran döwlet sapary iki ýurduň we halkyň arasyndaky däp bolan dostluk gatnaşyklaryny hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ýakynlaşdyrmak ýolunda täze möhüm ädimi alamatlandyrdy. Ýokary derejede geçirilen türkmen-hytaý gepleşikleriniň netijesinde geljege niýetlenen yzygiderli ösüşler üçin ägirt uly meýilnamalary göz öňünde tutan ikitaraplaýyn resminamalaryň uly toplumyna, şol sanda Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk hakynda Şertnama, Türkmenistanyň we HHR-iň arasynda strategik hyzmatdaşlygy ösdürmek we çuňlaşdyrmak hakynda bilelikdäki Jarnama, Türkmenistanyň we Hytaýyň arasynda «Strategik hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň 2014–2018-nji ýyllar üçin ösüş Meýilnamasyny» kabul etmek hakynda Beýannama gol çekildi.



**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň HHR-e döwlet sapary (Pekin, 2014-nji ýylyň 12-nji maýy)**

Ýokary we iň ýokary derejelerdäki syýasy gatnaşyklar bilen bir hatarda iki ýurduň milli baýramçylyklary, möhüm resminamalara gol çekilmeginiň ýyllyklary, täze ýyl, täze wezipelere bellenmek we ş.m. mynasybetli hatlaryň we gutlaglaryň özara alşylmagy hem däbe öwrüldi. Ýas bilen bagly ýagdaýlarda gynanç bildiriş telegrammalar

ugradyldy. Bularyň hemmesi türkmen-hytaý gepleşikleriniň yzygiderliligini we netijeliligini üpjün edýär.

Mysal üçin, HHR-iň Başlygy Hu Szintaonyň Hytaý bilen Türkmenistanyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 20 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa ýollan gutlagynda, hususan-da, şeýle diýildi: «Geçen 20 ýylyň dowamynda türkmen-hytaý dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklary yzygiderli ösdürilýär, Hytaý bilen Türkmenistanyň arasynda ýygjam syýasy gatnaşyklar ýola goýulýar, özara düşünişmek pugtalanýar, söwda-ykdysady... we beýleki pudaklarda hyzmatdaşlyk giňeldilýär. Hytaý bilen Türkmenistanyň arasyndaky hyzmatdaşlyk biziň ýurtlarymyz we halklarymyz üçin özara bähbitlidir...

Hytaý hökümeti Türkmenistan bilen gatnaşyklara aýratyn uly ähmiýet berýär we Türkmenistany öz hoşniýetli dogany, ýakyn dosty we ygtybarly hyzmatdaşy hasaplaýar. Hytaý tarapy uzakmöhletleýin we durnukly türkmen-hytaý dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny, energetika pudagynda hyzmatdaşlygy giňeltmegi ileri tutulýan ugur hökmünde saýlap aldy. HHR mundan beýläk hem Siziň ýurduňyzyň saýlap alan ýolunda Türkmenistanyň hökümetiniň we türkmen halkynyň ýurduň özbaşdaklygyny we Garaşsyzlygyny üpjün etmek, milli ykdysadyýeti ösdürmek hem-de Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk syýasatyny amala aşyrmak boýunça alyp barýan giň möçberli işlerini goldar. Hytaý tarapy diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 20 ýyllygy mynasybetli, şu pursatdan peýdalanyp, türkmen-hytaý dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ysnyşykly hem-de oňyn ösdürmekde ähli mümkinçiliklerden peýdalanmaga özüniň taýýardygyny tassyklaýar».

Dürli ministrlikleriň we pudak edaralarynyň ýolbaşçylarynyň, parlament wekiliýetleriniň derejesinde alyş-çalyş edilmegi türkmen-hytaý syýasy gatnaşyklarynyň möhüm ugurlary bolup durýar we hyzmatdaşlygyň bu görnüşi özara düşünişmegiň pugtalanmagyna, hyzmatdaşlygyň täze çäkleriniň ýüze çykmagyna ýardam edýär. Mysal üçin, baryp 90-njy ýyllaryň ortasynda Türkmenistanyň rus dilinde çykýan «Нейтральный Туркменистан» gazetiniň baş redaktory B. Gapurowyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň HHR-e bolan sapary

Türkmenistanyň we Hytaýyň habar agentlikleriniň, ýagny «Türkmen döwlet habarlarynyň» (häzir Türkmen döwlet habarlar agentligi) we «Sinhuanyň» arasyndaky gatnaşyklaryň işjeňleşmegine köp derejede ýardam etdi. Gepleşikleriň gidişinde «Sinhua» agentliginiň ýolbaşçylygy türkmen tarapyna «Sinhuanyň» habar maglumatlaryny kabul etmek üçin tehniki enjamy bermäge taýýardygyny mälim etdi, şeýle hem Türkmenistanyň öz hususy materiallaryny «Sinhua» bermeginiň ýollary ylalaşyldy. Duşuşygyň netijesi habar ulgamynda iki ýurduň hyzmatdaşlygynyň täze derejä çykýandygyny aňlatdy.

Iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklar harby ugur boýunça hem ýola goýlup başlandy. Mysal üçin, 1998-nji ýylyň sentýabrynda HHR--iň Goranmak ministri Çi Haotýanyň çagyrmagy boýunça Türkmenistanyň goranmak ministriniň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Pekine resmi sapar etdi. Wekiliýet Hytaýda goşun gurluşygynyň tejribesi bilen tanyşdy, harby çäkde Türkmenistanyň Hytaý bilen hyzmatdaşlygynyň ýollaryny kesgitledi. Öz gezeginde, 2000-nji ýylyň iýulynda HHR--iň Lançžow harby okrugynyň serkerdebaşysy, general-leýtenant Li Sanýuanyň ýolbaşçylygyndaky Hytaýyň Halk Azat Ediş Goşunynyň wekiliýeti Türkmenistanda dostlukly jogap saparynda boldy.

XXI asyryň birinji onýyllygynyň ikinji ýarymyndan başlap döwlet edaralarynyň ugry boýunça ikitaraplaýyn gatnaşyklar has-da ösdi. Diňe bir soňky 2-3 ýylyň içinde şeýle wekiliýetleriň ençemesi, şol sanda HHR-iň Döwlet Geňeşiniň agzasy, jemgyýetçilik howpsuzlygy ministri Men Szýançžunyň, Hytaýyň kosmos ylmy we tehnikasy korporasiýasynyň ýolbaşçysy Ma Sinzunyň, HHR-iň ösüş we reformalar boýunça Döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasary, energetika boýunça Döwlet müdirliginiň başlygy U. Sinsýunyň, Hytaýyň Daşary işler ministrliginiň daşary syýasat maslahat beriş geňeşiniň jenap Lýu Guçanyň ýolbaşçylygyndaky we başga wekiliýetler Türkmenistanda boldular. Hususan-da, 2012-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Türkmenistanyň DIM-nde «Bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasy: parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslary» atly Halkara maslahatyna gatnaşmak üçin Aşgabada gelen HHR-iň Daşary işler ministriniň orunbasary Çen Gopiniň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň agzalary bilen duşuşyk bolup geçdi. Pikir alyşmalaryň çäklerinde özara hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem ösdürmekligiň geljegine degişli meseleleriň giň toplumy-

na seredildi. Şol sanda HHR-iň hökümetiniň döwletara gatnaşyklary pugtalandyrmaga örän uly üns berýändigi we Türkmenistan tarapyndan alnyp barylýan parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty doly goldaýandygy bellenildi.

Türkmenistanyň we HHR-iň kanunçykaryjy edaralarynyň arasynda hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan ýola goýuldy. Soňky ýyllarda iki ýurduň parlamentleriniň arasyndaky netijeli aragatnaşyklar has-da ösdi. Muňa parlament wekiliýetleriniň yzygiderli duşuşyklary we saparlary, şeýle hem Türkmenistanyň Mejlisiniň we HHR-iň HWÄÝ-niň parlamentara dostluk toparynyň döredilmegi mysal bolup biler. Olaryň işi türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň depginli ösüşiniň kanunçylyk esasyny kämilleşdirmäge ýardam edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2014-nji ýylyň 11–13-nji maýyndaky HHR-e eden döwlet saparynyň gidişinde iki ýurduň ýolbaşçylary tarapyndan parlamentara hereketleriň işjeňleşdirilmeginiň zerurdygy aýratyn nygtalyp geçildi. Garaşsyz Türkmenistan üçin bu zerurlygyň onuň Hytaýyň döwlet gurluşy barada toplan tejribesiniň aýratyn peýdaly bolup durýandygy, şeýle hem soňky wagtda gol çekilen ikitaraplaýyn resminamalarda kesgitlenen wezipeleriň kanunçylyk taýdan üpjün edilmegi boýunça iki ýurduň parlament agzalarynyň öňünde durýan uly işler bilen baglydygy düşnüklidir.

Türkmenistanyň we HHR-iň arasyndaky hyzmatdaşlyk barha täze görnüşler bilen hem baýlaşýar. Bu ýerde, ozaly bilen, gürrüň iki ýurduň kosmos giňişligini parahatçylykly maksatlar üçin öwrenmek we peýdalanmak boýunça hyzmatdaşlyk etmäge girişýändikleri, has takygy, 2014-nji ýylda Türkmenistanyň hem-de HHR-iň milli kosmos müdirlikleriniň arasynda älem giňişligini barlamak we peýdalanmak hakynda degişli Ylalaşygy işläp taýýarlamak barada barýar.

Hytaýyň aerokosmos ylmy we senagat korporasiýasy «CASIC» barada gysgaça aýdanymyzda, bu korporasiýanyň kuwwatly ylmy-barlag we önümçilik binýadynyň bardygyny belläp geçeliň. Onuň düzümine kärhanalaryň we guramalaryň onlarçasy, ylmy akademiýalar, ylmy-barlag institutlary we zawodlar goşulýar, şeýle hem olarda 130 müň adam işleýär. Korporasiýa aerokosmos ylmy we senagaty bilen meşgul bolýar, dürli radioelektron enjamlary, raketa we

telekommunikasiýa ulgamlaryny, şeýle hem aerokosmos önümlerini – kosmos enjamlaryny işledýän mobil we stasionar desgalary hem-de beýlekileri işläp taýýarlaýar we öndürýär.

2014-nji ýylyň güýzünde Ýeri uzak aralykdan barlamaga niýetlenen türkmen emeli hemrasyny älem giňişligine çykarmak boýunça geçirilen işler tamamlandy.

Bu wezipe 2015-nji ýylyň 28-nji aprelinde Kaneweral burnundaky kosmodromdan (Florida ştaty, ABŞ) Türkmenistanyň «TürkmenÄlem 52 ° E» ilkinji aragatnaşyk hemrasynyň uçurylmagy bilen amala aşyryldy. Bu taslamany amala aşyrmakda, şol sanda hünärmenleri taýýarlamakda biziň ýurdumyza Hytaýyň aerokosmos ylmy we senagat korporasiýasy uly ýardam etdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň nygtap geçişi ýaly, «Amala aşyrylýan bu işler bize dünýä ylmynyň we tehnikasynyň gazananlaryny ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan has-da ösdürmek üçin ulanmaga mümkinçilik berer».

2014-nji ýyldan başlap Türkmenistanyň we Hytaýyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklar iki ýurduň sebitleriniň we şäherleriniň derejesinde hem ýola goýlup we işjeňleşip başlady. Hususan-da, şol ýyl söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk hakynda Türkmenistanyň Ahal welaýatynyň häkimligi bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Şensi welaýatynyň halk hökümetiniň arasynda Ylalaşyk; söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk hakynda Türkmenistanyň Lebap welaýatynyň häkimligi bilen HHR-iň Şandun welaýatynyň halk hökümetiniň arasynda Ylalaşyk; Mary şäheriniň (Türkmenistan) we Sian şäheriniň (HHR) arasynda doganlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak barada Mary şäheriniň häkimligi bilen Sian şäheriniň munisipalitetiniň arasynda Ylalaşyk; Türkmenabat şäheriniň (Türkmenistan) we Žiçžao şäheriniň (HHR) arasynda doganlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak barada Türkmenabat şäheriniň häkimligi bilen Žiçžao şäheriniň munisipalitetiniň arasynda Ylalaşyk ýaly resminamalar kabul edildi. Munuň bolsa ykdysadyýetde, senagatda, ulag we syýahatçylyk ulgamlarynda özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam etjekdigi, iki ýurduň halklarynyň taryhyny, özboluşly medeniýetini, däp-dessurlaryny has gowy bilmäge mümkinçilik berjekdigi düşnüklidir.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan başlap Türkmenistanyň we Hytaýyň Daşary işler ministrlikleriniň arasynda

hem gatnaşyklar ösüp başlady. Mysal üçin, 1995-nji ýylda iki ýurduň ministrlikleriniň arasynda Pekinde geňeşmeler bolup geçdi we olar özara pikir alyşmaklyga, hyzmatdaşlygyň anyk meselelerini çözmeklige, şol sanda BMG-niň BA-nyň mejlisleriniň gün tertibine çykarylýan meseleleri hem ara alyp maslahatlaşmaga mümkinçilik berdi. Geňeşmeler şeýle hem bu syýasy çäräniň diňe bir daşary işler ministrlikleriň işgärleriniň dürli derejelerinde geçirilmekliginiň möhümligini däl, eýsem, olaryň syýasy aragatnaşyklaryň yzygiderliligini üpjün etmäge hem ukyplydygyny görkezdi.

Syýasy geňeşmeler syýasy, ykdysady we medeni-gumanitar çäklerde kabul edilen kararlaryň we gazanylan ylalaşyklaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegine ýardam etmäge borçludyrlar. Sebäbi geňeşmeler diňe bir özara gepleşikler bolman, eýsem, olar dünýädäki we sebitdäki ýagdaý boýunça döwletleriň we beýleki gatnaşýan taraplaryň umumy garaýyşlarynyň we çemeleşmeleriniň yzygiderli işlenilmek ýagdaýydyr. Geňeşmeleriň çäklerinde, şeýle hem halkara we sebitleýin guramalaryň derejesinde amala aşyrylýan bilelikdäki hereketlere ser salynýar.

Netijeli we giň halkara hyzmatdaşlygy mundan buýana hem giňeltmek jähtinden, syýasy geňeşmeler işjeň, gyzyklanylýan gepleşikleriň ösmegine, ileri tutulýan ugurlarda bar bolan aragatnaşyklaryň pugtalanmagyna ýardam edýärler.

Soňky ýyllarda halkara hyzmatdaşlygyň netijeli görnüşi bolan syýasy geňeşmeleriň geçirilmegi yzygiderli häsiýete eýe boldy. Mysal üçin, Türkmenistanyň we Hytaýyň arasynda 2011-nji ýylyň 10-njy awgustynda Aşgabatda bolan syýasy geňeşmelerde HHR-iň Daşary işler ministri Ýan Szeçi iki ýurduň arasynda ikitaraplaýyn özara hereketiň, halkara institutlaryň, ozaly bilen bolsa BMG-niň çäklerinde ahli meseleler boýunça hyzmatdaşlygyň we ynamyň ýokary derejesine ýetildi diýip aýtdy. Türkmenistanyň we Hytaýyň döwlet ýolbaşçylarynyň arasyndaky dostlukly we ynamly gatnaşyklar ýola goýlan döwletara aragatnaşyklaryň ösmeginiň möhüm kepili bolup durýar. Iki ýurduň ýolbaşçylarynyň erkleri bilen türkmen-hytaý gatnaşyklary hyzmatdaşlygyň ähli ugurlary boýunça özara düşünişmegiň we dostlugyň aýdyň mysalyny görkezmek bilen strategiki we uzakmöhletleýin häsiýete eýe boldular.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň durmuşa geçirilmegine partiýa we jemgyýetçilik guramalary hem öz goşantlaryny goşýarlar. Şu maksat bilen Türkmenistanyň Demokratik partiýasy (DP) ýurdumyzyň garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan başlap Hytaýyň Kommunistik partiýasy bilen işjeň aragatnaşyklary ösdürýär. Mysal üçin, diňe bir 1994–2001-nji ýyllarda Türkmenistanyň DP-si we Hytaýyň KP-si bäş sany wekiliýet alyşdylar we munuň özi olara içerki partiýa meseleleri boýunça tejribe alyşmaga mümkinçilik berdi.

Syýasy ulgamyň möhüm halkalary hökmünde jemgyýetçilik guramalar jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň bähbitlerini we isleg-arzuwlaryny aňladýar, şunuň bilen döwletiň içerki we daşary syýasatynyň emele gelmegine we durmuşa geçirilmegine ýardam edýärler. Mälim bolşy ýaly, döwletde tutuş halkyň bähbitleri jemlenýär. Jemgyýetçilik guramalaryň halkara işine gatnaşmagynyň derejesi ol ýa-da başga ýurtda demokratiýanyň ösüşiniň derejesini şöhlelendirýär. Mysal üçin, Kärdeşler arkalaşygynyň ugry boýunça Türkmenistanyň we Hytaýyň arasyndaky gatnaşyklar 1990-njy ýyllaryň ikinji ýarymyndan ýola goýlup başlandy.

Şunlukda, Türkmenistanyň we Hytaýyň arasyndaky syýasy ugur boýunça ýokary we iň ýokary derejelerde alnyp barlan döwletara gepleşikler 2010-njy ýyllaryň ikinji ýarymyndan başlap has-da işjeň we netijeli häsiýete eýe boldular. Dürli görnüşlerde ösýän bu hyzmatdaşlyk iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň tutuş toplumyna badalga berýär, döwlet gurluşygy, syýasy, ykdysady we durmuş çäklerinde tejribe alyşmaga ýardam edýär, özara ynamyň we dostlugyň pugtalanmagyny, iki ýurduň daşary-syýasy gatnaşyklarynyň mundan beýläk hem ösmegini üpjün edýär.

Halkara gatnaşyklaryň, şol sanda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň tejribesinde halk köpçüliginiň diplomatiýasynyň pugta orun tutmagy häzirki zaman dünýäsiniň täzelenmeginiň häsiýetli alamatlaryndan biri bolup hyzmat edýär, halkara durmuşynyň barha demokratiýalaşmaga tarap ösýän meýli barada şaýatlyk edýär. Halk köpçüliginiň diplomatiýasy dürli ýurtlaryň we yklymlaryň adamlarynyň özara gatnaşyklary üçin goşmaça mümkinçilikleri açýar. Munsuz bolsa halkara gatnaşyklarynda ynamy pugtalandyrmak asla mümkin däldir.

# III BAP. TÜRKMENISTANYŇ WE HYTAÝ HALK RESPUBLIKASYNYŇ SÖWDA-YKDYSADY WE YLMY-TEHNIKI HYZMATDAŞLYGY

## §1. SÖWDA-YKDYSADY GATNAŞYKLARYŇ ÝOLA GOÝULMAGY WE ÖSMEGI

Umumydünýä ykdysady aragatnaşyklar – munuň özi obýektiw zerurlyk, jemgyýetçilik ösüşiniň möhüm şerti bolup durýar. «Tutuş adamzadyň özara garaşlylygy», «dünýä gatnaşyklaryny ösdürmegiň zerurlygy» baradaky pikirler ençeme wagt mundan ozal aýdylyp geçilipdir. Ylmy-tehniki rewolýusiýanyň hemme zady öz içine alýan häsiýeti bilen şertlendirilen jemgyýetiň öndüriji güýçleriniň ösmegi, halkara zähmet bölünişigi, hojalyk durmuşynyň internasionallaşmagy, ýagny milli we dünýä hojalygynyň özara gatnaşygynyň we özara garaşlylygynyň ösmegi – bularyň hemmesi döwletleriň hojalyk taýdan özara garaşlylygyny güýçlendirýär, halkara ykdysady we ylmy-tehniki hyzmatdaşlygynyň täze derejesini talap edýär.

Dünýä hojalyk aragatnaşyklarynyň barha ysnyşykly ösýän özara gatnaşygyny we özara garaşlylygyny nazarda tutmak bilen, Türkmenistan dünýäniň ähli ýurtlary, şeýle hem iri halkara guramalary bilen hemme taraplaýyn gatnaşyklary ýola goýmak we ösdürmek, halkara zähmet bölünişigine giňişleýin we çuňňur gatnaşmak, dünýä hojalyk ulgamyna goşulmaklyga gönükdirilen ugry alyp barýar. Hojalyk gatnaşyklarynyň ösmegi hyzmatdaşlyk edýän ýurtlara diňe bir maddy taýdan peýda getirmän, eýsem, olary has ýakynlaşdyrýar, özara ynamy pugtalandyrýar we olaryň halkara giňişligindäki özara hereketlerine ýardam edýär. Hut şonuň üçin hem Türkmenistanyň halk hojalygynyň dünýä ykdysadyýetine goşulmagy ýurdumyzyň öz hususy ykdysadyýetini kämilleşdirmek, beýleki halklar bilen bilelikde adamzadyň ýaşaýşynyň maddy binýadyny gurmak, onuň ählumumy meselelerini çözmek üçin zerurdyr.

Türkmen döwletiniň daşary ýurtlar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary ýola goýmak we ösdürmek boýunça syýasaty Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasy bilen aragatnaşyklarynda hem

turuwbaşdan öz beýanyny tapdy. Türkmenistanyň we Hytaýyň arasynda gol çekilen hökümetara ylalaşyklar eýýäm 1992-nji ýylyň aýagyna çenli söwda-ykdysady gatnaşyklaryň hem pugta hukuk esasyny tutdular. Hususan-da, 1992-nji ýylyň 21-nji noýabrynda kabul edilen Türkmen-hytaý kommýunikesinde «Taraplar özara peýdaly, deňagramly, uzakmöhletli we durnukly esasda söwda-ykdysady aragatnaşyklaryň ösmegine aýratyn üns bererler we ony üpjün etmek üçin çäreleri görerler» diýlip aýdyldy.

Iki ýurduň özara syýasy hereketiniň ýokary derejesiniň, ösen şertnama-hukuk esasynyň we ykdysadyýetleriniň üstüniň özara doldurylmagynyň ýokary bolmagy netijesinde Türkmenistanyň we HHR-iň söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy hemişe yzygiderli ösmek bilen boldy.

Ozaly bilen, ikitaraplaýyn söwda birsyhly ösüşe eýe boldy. «Hytaý Halk Respublikasynyň gümrük edarasynyň habar maglumatlary» atly žurnalyň delillerine salgylansak, onda 1994-nji ýylda Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky söwdanyň göwrümi 11 million amerikan dollaryna golaý bolan bolsa, onda 1999-njy ýylda ol, takmynan, 19 million dollar boldy. Şol ýyl Türkmenistan Hytaýa 5 million 190 müň dollarlyk harydy eksport etdi, ýurduň durmuş-ykdysady zerurlyklary üçin bolsa Hytaýdan umumy bahasy 13 million 550 müň dollarlyk haryt aldy.

Türkmenistanyň we HHR-iň arasyndaky söwda 1997-nji ýylyň 1-nji iýulyndan Sýanganyň, ýagny Gonkongyň onuň ýörite administratiw etraby hökmünde HHR-iň ýurisdiksiýasyna geçmegi bilen has ýokary depginde ösdi. Türkmenistanyň döwlet statistika komitetiniň delillerine görä, 1996-njy ýylda Türkmenistanyň we Sýanganyň arasynda söwda alyş-çalşygynyň göwrümi 133 million amerikan dollaryna barabar boldy. Şol 1996-njy ýylda Türkmenistan Sýangana 104 million dollarlyk harydy (pagta) eksport etdi, Sýangandan bolsa 29 million amerikan dollarlyk haryt aldy.

1992–2000-nji ýyllarda türkmen-hytaý söwda gatnaşyklarynyň ösmegine Hytaýyň Türkmenistana ýeňillikli şertlerde 280 million hytaý ýuany möçberinde beren hökümet pul karzy (şol döwürde ABŞ-nyň 1 dollary 8 hytaý ýuanyna deň boldy), şeýle hem 10 milli-

on ýuan möçberinde yzyna gaýtarmazdan beren kömegi hem ýardam etdi. Şol serişdeler Hytaýdan ilatyň köp ulanýan harytlaryny satyn almaga sarp edildi.

Umuman, şol döwürde Türkmenistanyň Hytaýa eksporty, esasan, nebit önümleri, pagta, pile, ýüň, himiýa önümleri, gaýyş senagaty üçin çig mal ýaly harytlardan ybarat boldy. Şol bir wagtyň özünde Türkmenistan Hytaýdan nebit, lukmançylyk enjamlaryny, ilatyň köp ulanýan harytlaryny satyn aldy.

XXI asyryň birinji onýyllygynyň ikinji ýarymynyň ortalaryndan başlap Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky ikitaraplaýyn söwda güýçli depginler bilen ösüp başlady. Mysal üçin, 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 2009-njy ýylda iki ýurduň arasyndaky söwda dolanyşygy 40 essä golaý artdy we onuň göwrümi 1,5 milliard amerikan dollaryna golaý boldy. Şu görkeziji boýunça Hytaý Türkmenistanyň daşary söwdasynyň umumy göwrüminde dördünji orna eýe boldy. 2009-njy ýyl bilen deňeşdirilende 2010-njy ýylda Türkmenistanyň we Hytaýyň arasyndaky söwda dolanyşygy 57% artdy. Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň eksporty 67 esse artdy, importy bolsa 42% kemeldi. Umuman, 2007–2013-nji ýyllarda Türkmenistanyň we Hytaýyň arasyndaky haryt dolanyşygy 20 esse artdy hem-de 2013-nji ýylyň netijeleri boýunça bu görkeziji ABŞ-nyň 10 milliard dollaryna golaý boldy. Munuň özi türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň tutuş taryhynda iň ýokary görkezijidir.

Haryt dolanyşygy boýunça 2014-nji ýylda Hytaý Türkmenistanyň daşary söwda hazmatdaşlarynyň arasynda birinji orny eýeledi. Bilermenler Türkmenistanyň we Hytaýyň barha artýan ykdysady mümkinçiliklerinden gelip çykmak we iki ýurduň özara gyzyklanma bildirilýän ugurlaryny göz öňünde tutmak bilen, Türkmenistanda we HHR-de ýakyn bäş ýylyň dowamynda ikitaraplaýyn söwda dolanyşygynyň möçberini ABŞ-nyň 20 milliard dollaryna ýetirmek üçin ähli şertleriň bardygyny bellediler.

Häzirki wagtda Türkmenistandan Hytaýa eksport edilýän önümleriň esasylary tebigy gaz, nebit önümleri, organiki däl himiýa önümleri, pagta süýümi, matalar, nah ýüplük, taýýar dokma önümleri, buýan köküniň toşaby, deri çig mallary we deri, ýüň, duz, kükürt, sement we

şuňa meňzeş harytlar boldy. Türkmenistanyň Hytaýa eksporty tebigy gazy hasaba almazdan, esasan, oba hojalygynyň önümleri bilen häsiýetlendirildi. Şonuň üçin hem soňky ýyllarda Türkmenistanyň Hytaý bilen söwda dolanyşygynyň ýokary depginler bilen ösmegini Türkmenistanda gaz, nebit we himiýa senagatlarynyň çalt ösmegi we munuň daşary ýurtlara, ozaly bilen bolsa Hytaýa tebigy gazy, nebiti, himiýa önümlerini köp mukdarda ugratmaga mümkinçilik berendigi bilen düşündirse bolar.

HHR-den Türkmenistana ugradylýan harytlaryň düzümi ýurdumyzyň durmuş-ykdysady wezipeleri bilen kesgitlenildi we şunlukda, şol harytlaryň sanawynda tehnologiki enjamlar, gara metal önümleri, elektrik maşynlary we enjamlary, ulag serişdeleri, lokomotiwler, ýolagçy wagonlar, ýük wagonlar we beýleki demir ýol tehnikalary, dürli görnüşli gurallar we optiki enjamlar, mebel, alýumin we plastmassa önümleri we beýlekiler möhüm orun eýelediler. Umuman, Türkmenistanyň Hytaýdan alýan harytlarynyň düzüminde, esasan, önümçilik-tehniki ugurly harytlar – metal sozujy önümler, abzallar, ulag serişdeleri we ş.m. agdyklyk etdi. Hususan-da, hytaý lokomotiwleri 2015–2017-nji ýyllarda Türkmenistanyň demir ýol magistrallarynyň umumy ulag kuwwatynyň 90 göterimini üpjün etdiler.

2014-nji ýylda Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky ilçihanasynyň ýanynda Türkmenistanyň söwda wekilliginiň döredilendigini we işläp başlandygyny hem belläp geçeliň. Bu söwda wekilliginiň ýurdumyzyň daşary söwda we daşary ykdysady işiniň beýleki görnüşleriniň ösmegine, daşary bazarlara çykmaga hukuk alan ýurdumyzyň daşary söwda we beýleki hojalyk guramalaryna daşary söwda ylalaşyklaryny baglaşmaga we amala aşyrmaga ýardam bermek, şeýle guramalaryň işine gözegçilik etmek, daşary söwda, şeýle hem söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk meseleleri boýunça Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň ýerine ýetirilişine syn etmek, bolýan ýurdunda umumy ykdysady şertleri we söwda ýagdaýlaryny öwrenmek, Türkmenistanda ykdysadyýetiň we söwdanyň ösüşi barada habar ýaýratmak hem-de başga şuňa meňzeş işler bilen meşgul bolmak bilen, ýurdumyzyň HHR bilen

söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň ösmegine oňaýly täsir etjekdigi aýdyňdyr.

Türkmenistanyň geljekde Bütindünýä söwda guramasyna goşulmagy bilen hem söwda-ykdysady ulgamdaky özara peýdaly halkara, şol sanda HHR bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek aýratyn ähmiýete eýe bolup durýar. Häzirki wagtda halkara gatnaşyklarynyň işjeň ýagdaýda ösdürilmegi netijesinde söwda tutuş ykdysady ulgamyň özgerdilmegine öz täsirini ýetirip, ony işiň täze şertlerine uýgunlaşdyrýar, bäsdeşlige ukyply we oňat hilli önümi öndürmekde, bazara degişli döwrebap çemeleşmeleri ulanmakda önümçilik pudaklaryny höweslendirýär. Türkmenistanyň halkara söwda ulgamyna goşulmagy bolsa bazary ösdürmek we kemala getirmek boýunça bütin dünýädäki ýagdaýlara uýgunlaşmaga barha köp derejede ýardam berer.

Şunlukda, Türkmenistanyň Garaşsyzlygy ýyllarynda, esasan hem, XXI asyryň birinji onýyllygynyň aýagyndan başlap, Türkmenistanyň we HHR-iň ykdysady kuwwatlarynyň barha ösmegi bilen, iki ýurduň arasyndaky söwda dolanyşygy güýçli depginler bilen ösdi we şol ýagdaý biziň ýurtlarymyzyň ykdysadyýetleriniň ösmegine yzygiderli ýardam etdi we edýär. Düýpli ykdysady özgeriş, dolandyrylýan bazar ykdysadyýetine geçiş hökmünde häsiýetlendirilýän häzirki iň täze taryhy döwürde bu çäkdäki hyzmatdaşlyk ylmy-tehniki we ykdysady ösüşi güýçli çaltlandyryjynyň roluny oýnamaga, halkyň maddy we medeni derejesiniň ýokarlanmagyna, özara ynamyň pugtalanmagyna ýardam etmäge borçludyr. Şol bir wagtyň özünde hem uzakmöhletleýin geljekde iki ýurduň özara gatnaşyklarynyň sazlaşykly ösmeginiň söwda-ykdysady hyzmatdaşlykda özara üstüni ýetirmek mümkinçiligini durmuşa geçirmekde tagallalar etmekligi, bilelikdäki tagallalar bilen ikitaraplaýyn haryt dolanyşygyny artdyrmaklygy we giňeltmegi, birek-birege iberilýän harytlaryň (hyzmatlaryň) görnüşlerini köpeltmegi, Türkmenistanyň we HHR-iň işewür guramalarynyň wekilleriniň arasynda göni işjeň gatnaşyklaryň ýola goýulmagyny we ş.m. talap edýändigi düşnüklidir.

## §2. ÖNÜMÇILIK WE YLMY-TEHNIKI ARAGATNAŞYKLAR

Milli serhetleri ýeňip geçýän, «ýapyk jemgyýetleriň eýýamyny» tamamlaýan ylmy-tehniki rewolýusiýa (YTR) biziň zamanamyzyň esasy hereketlendiriji güýji bolup durýar. YTR diňe bir daşary söwdanyň däl, eýsem, daşary-ykdysady işiň beýleki görnüşleriniň hem işjeňleşdirilmegini talap edýär. Şu jähtden, şu günki gün önümçilik we ylmy-tehniki gatnaşyklaryň halkara gatnaşyklarynyň has güýçli ösýän ugurlarynyň biri bolmagy düşnüklidir. Şol bir wagtyň özünde halkara ykdysady gatnaşyklar ýurtlaryň diňe bir ylmy-tehniki we hojalyk ösüşine däl, eýsem, ýurtlaryň we sebitleriň birleşmegini talap edýän umumydünýä meselelerini çözmeklige ýardam edýär. YTR--iň şertlerinde dünýä ösüşiniň aýratynlygy şundan ybaratdyr.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň daşary ýurtlar bilen önümçilik we ylmy-tehniki hyzmatdaşlygynda dürli ugurlar we görnüşler peýda boldy we olar, esasan hem, soňky ýyllarda uly ösüşe eýe boldular. Bellemeli zat, ol hem, ozaly bilen, Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasy bilen gatnaşyklarynda hyzmatdaşlygyň bu ugrunda ýüze çykdy.

Arhiw materiallary 90-njy ýyllaryň birinji ýarymyndan başlap türkmen-hytaý ykdysady hyzmatdaşlygynda, ozaly bilen, ýeňil, gurluşyk senagatynda, halkyň köp sarp edýän önümlerini öndürmekde bilelikdäki kärhanalary döretmek ýaly halkara hyzmatdaşlygyň täze görnüşleriniň gerim alyp başlandygyny görkezdi. Mysal üçin, 1994-nji ýylda Aşgabatda ilkinji bilelikdäki türkmen-hytaý obýekti – «Aziýa» myhmanhanasy hereket edip başlady, 1995-nji ýylda bolsa bu ýerde syrçaly gap-çanak çykarmak boýunça «Aşlan» atly ikinji bilelikdäki kärhana ulanylmaga berildi.

Deliller şeýle hem ykdysady aragatnaşyklaryň hyzmatdaşlygyň başga görnüşleriniň hasabyna hem giňäp başlandyklaryny görkezdiler. Mysal üçin, 90-njy ýyllaryň başynda BMG-niň Aziýa we Ýuwaş ummany ýurtlary üçin Ykdysady we Durmuş Komissiýasy (AÝUÝY-DK) Aziýa sebitini ysnyşykly durmuş-ykdysady bileleşige öwürmek baradaky pikiriň bir bölegi hökmünde Aziýa gara ýoluny we Transaziýa demir ýol ulgamyny ösdürmäge girişipdi. 1992-nji ýylyň 15-nji

aprelinde Türkmenistanyň BMG AÝUÝYDK-a girmegi bilen ýurdumyzyň hökümeti ýerüsti ulagyň aziýa infrastrukturasyny ösdürmek boýunça Komissiýanyň taslamasyny goldaýandygyny äşgär etdi we Tejen – Sarahs – Maşat demir ýolunyň gurluşygyna girişdi. 1996-njy ýylyň maýynda uzynlygy 320 *km* bolan ( Tejen – Sarahs – 120 *km*, Maşat – Sarahs –200 *km*) türkmen-eýran demir ýolunyň ulanylmaga berilmegi Transaziýa demir ýol magistralyny emele getirdi, Aziýa bilen Ýewropany birleşdirdi, iş ýüzünde gadymy Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmäge mümkinçilik berdi.

Gadymy Ýüpek ýolunyň täzeden dikeldilmegi jähtinden şeýle mysala ýüzlenilmegi hem ýerlikli bolsa gerek: 1997-nji ýylyň ahyrynda Transaziýa–Ýewropa süýümli-optika aragatnaşyk ugrunyň türkmen böleginiň gurluşygy tamamlandy. Şanhaýdan (HHR) Frankfurta (Germaniýa) çenli 14 döwletiň territoriýasyndan geçen bu liniýanyň ulanylmaga berilmegi sebitiň telekommunikasiýa ulgamyny mundan beýläk-de kämilleşdirmekde möhüm ähmiýete eýe boldy.

Hojalyk aragatnaşyklarynyň ösmegine hytaý wekiliýetleriniň Türkmenistana saparlary hem ýardam etdi. Mysal üçin, 1998–2000-nji ýyllarda Aşgabada, husasan-da, Hytaýyň Daşary söwda we daşary ykdysady gatnaşyklary ministriniň orunbasarlary Çen Sinhuanyň, Çžan Sýanyň ýolbaşçylygyndaky hökümet wekiliýetleri işewür saparlar etdiler. Bu saparlaryň çäklerinde ýüpekçilik boýunça hyzmatdaşlygyň gidişi, Türkmenistana nebitgaz abzallaryny (Hytaýyň karz pulunyň hasabyna), aragatnaşyk we kommunikasiýa ulgamy üçin tehnologiýalary satmak we başga meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan energetika döwletidir. Şoňa görä-de biziň ýurdumyz energetika howpsuzlygynyň meseleleri boýunça giň halkara gatnaşyklaryny ýola goýmak ugrunda çykyş edýär, iri daşary-syýasy başlangyçlary yzygiderli öňe sürýär. Mysal üçin, 2008-nji we 2013-nji ýyllarda Türkmenistanyň göreldesi bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» atly iki rezolýusiýa kabul edildi. Şol rezolýusiýalaryň esasynda 2014-nji ýylyň 10–11-nji dekabrynda Aşgabatda esasy wezipesi energetika çäginde ählumumy hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy üçin ähli meseleleri öz içine

alýan halkara-hukuk resminamany, has takygy, BMG-niň konwensiýasynyň taslamasyny taýýarlamak bolup durýan halkara ekspert toparynyň ilkinji duşuşygy bolup geçdi.

Bu aýdylanlar, elbetde, Türkmenistanyň öz energiýa serişdeleriniň iberilmegini diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek boýunça iş ýüzünde anyk ädimler ädýändiginden we muňa energiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň esasy ugurlarynyň biri hökmünde garaýandygyndan habar berýär. Biziň ýurdumyzyň HHR bilen bu ugurdaky hyzmatdaşlygy hem muňa doly şaýatlyk edýär.

1941–1945-nji ýyllardaky uruşdan soň dünýäde 13 sany ykdysady subýekt onlarça ýyllaryň dowamynda ösüşiň ýokary depginlerine eýe boldular, üstesine-de, olaryň hemmesine açyklyk syýasatyny alyp barmak mahsus boldy. Hytaý soňky 40 ýyla golaý wagtyň içinde ýurtda amala aşyrylan hemmetaraplaýyn we çuňňur reformalar we daşky dünýä açyklyk netijesinde çalt ykdysady ösüşe eýe boldy. Mysal üçin, 2010-njy ýylda Hytaýyň içerki umumy önüminiň göwrümi 5,88 trillion amerikan dollaryna barabar boldy. Netijede, Hytaý dünýäniň ikinji ykdysady döwletine öwrüldi. 2012-nji ýylda Hytaýda daşary ýurt maýasy bilen 760 müň kärhana işledi, ýurduň ykdysadyýetine goýlan daşary ýurt göni maýalaryň göwrümi 1,3 trillion amerikan dollaryna barabar boldy.

Halkyň durmuş derejesi hem yzygiderli ýokarlandy. Hytaýda jan başyna düşýän girdejiniň paýy dünýä orta ösüşi bilen deňeşdirilende 2005-nji ýylda 24,9 göterimden 2010-njy ýyla çenli 46,8 göterim ýokarlandy. Şol bir wagtyň özünde, islendik başga ýurtda bolşy ýaly, Hytaýda hem ykdysadyýetiň ösmegi energiýa serişdeleriniň sarp edilişini artdyrmazdan mümkin bolmady.

Häzirki wagtda Hytaý dünýäde energiýa serişdelerini iň köp sarp edýän we şol bir wagtyň özünde hem olary öndürýän ýurtdur. Mysal üçin, 2010-njy ýylda Hytaýda 3,2 milliard tonna kömür çykaryldy, munuň özi dünýä boýunça öndürilýän kömrüň 45%-ne deň boldy. Şeýle hem şol ýyl HHR-de 200 million tonna barabar çig nebit, 94 milliard kubometr tebigy gaz çykaryldy. Şol bir wagtyň özünde arassa energiýa diýlip atlandyrylýan nebit, gaz, gidro we atom energiýasy ýurduň energiýa deňagramlylygynda bary-ýogy 30%, kömür bolsa 70%-e golaýyny tutdy.

Hytaýda şemal we Gün energiýasy, şeýle hem nebitiň ýerini tutup biljek energiýa pudaklarynda işler netijeli alnyp barylýar. 2011-nji ýylyň başyna çenli Hytaýyň umumy şemal generator kuwwatlylygy 41 million KWt-dan geçdi. Bu dostlukly ýurtda energiýanyň şu görnüşiniň ösdürilmeginiň geljegi uludyr, sebäbi onda gury ýerde ýel kuwwatlarynyň 2,3 milliard KWt-lygy, deňizde bolsa 200 million KWt kuwwatlyklar bardyr. Gün energiýasyny ulanmak we olar bilen ugurdaş pudaklar okgunly ösdürilýär. 2011-nji ýylda Hytaýda kuwwatlylygy 500 million KWt bolan täze Gün elektrik stansiýalar guruldy.

Şu günki günde, aýratyn hem, ykdysadyýetiň globallaşmagy ýokary depginler bilen öňe gidýär. Bu ýagdaýyň çuňlaşmagy we habar bilen üpjünçiligiň hem-de ýokary depginde ylmy-tehniki ösüşiň öňe gitmegi, döwletleriň barha özara baglanyşykda we özara garaşlylykda bolmaklary, olaryň bähbitleriniň utgaşmagy we umumy bähbitleriň köpelmegi dünýäde özara peýdaly hyzmatdaşlyga bolan ymtylmanyň güýçlenmegine alyp barýar. Hytaý köp ýurtlar bilen energetika pudagyndaky hyzmatdaşlygy ösdürýär. Mysal üçin, 2010-njy ýylda HHR dünýäniň, takmynan, 40-a golaý ýurdundan 200 million tonna barabar nebiti import etdi, gazyň importy 40 milliard kubmetr boldy. Ýöne Hytaý bu görkezijiler boýunça dünýäniň energetika söwdasynda öz paýyny ujypsyz hasap edýär we ähli hyzmatdaşlary bilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine gyzyklanma bildirýär.

Şu jähtden, XX asyryň 90-njy ýyllarynda HHR-iň energiýa serişdelerine bolan isleginiň artyp başlamagy bilen, bu ugur boýunça hyzmatdaşlyk Türkmenistan bilen Hytaýyň ykdysady gatnaşyklarynyň esasy halkasyna öwrülip, özara hereketiň çäkleri bolsa yzygiderli giňelip başlady. Mysal üçin, 90-njy ýylyň ikinji ýarymynda bu ugur boýunça hyzmatdaşlyk hytaý hünärmenleriniň geologiýa barlag we nebit-gaz ojaklaryny özleşdirmek, nebit skwažinalaryny, ýagny guýularyny täzeden dikeltmek işlerine gatnaşmagy ýaly görnüşlerde ýüze çykdy.

Şol döwürde Hytaýyň, şeýle hem käbir beýleki ýurtlaryň kompaniýalarynyň türkmen energiýa serişdelerini dünýä bazaryna çykarmak boýunça taýýarlyk işine gatnaşmaklary hem gerim alyp başlady. Mysal üçin, 1995-nji ýylyň 22-nji awgustynda Pekinde Hytaý milli

nebitgaz korporasiýasynyň (HMNGK), «Misubisi» (Ýaponiýa) we «Eksson» (ABŞ) kompaniýalarynyň wekilleri tarapyndan Türkmenistandan Uzak Gündogara tarap gaz geçirijiniň gurluşygynyň toplumlaýyn öwrenilmegi barada üçtaraplaýyn ylalaşyga gol çekilmegi bu işiň esli derejede işjeňleşmegine ýardam etdi. Bu resminama gol çekiliş dabarasynda çykyş etmek bilen, Türkmenistanyň HHR-däki ilkinji ilçisi, hususan-da, «Türkmenistanyň örän ýokary energiýa resurslar kuwwatyna esaslanýan bu iri taslamanyň durmuşa geçirilen ýagdaýynda onuň Uzak Gündogarda energiýany köp sarp edýän döwletleri ekologiýa taýdan arassa ýangyç bilen üpjün etmäge, energiýa üpjünçiliginiň çeşmelerini artdyrmaga möhüm goşant goşjakdygyny, Ýüpek ýoluny başga görnüşlerde täzeden dikeltmek boýunça maksatnamanyň amaly netijeleriniň biri boljakdygyny» belledi. 1998-nji ýylyň oktýabrynda barlaglaryň hasabatyna we gaz geçirijini gurmaklygyň ilkinji tehnika ykdysady esaslandyrylmasyna (TYE) seredildi we bilelikdäki barlaglara has çuňňur häsiýet bermek maksady bilen ylalaşygyň möhletini uzaltmak barada karar kabul edildi.

Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň we Hytaýyň energetika boýunça hyzmatdaşlygyny mundan buýana hem giňeltmek baradaky özara gyzyklanmalary barha täze resminamalarda öz beýanyny tapyp başlady. Mysal üçin, iki ýurduň arasynda 2000-nji ýylda gol çekilen bilelikdäki Jarnamada, hususan-da, şeýle diýildi: «Taraplar energetika boýunça iki ýurduň özara peýdaly hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga möhüm ähmiýet berýärler. Hytaý tarapy Türkmenistanyň nebitini we gazyny barlag etmek, çykarmak we satmak boýunça öz ýurdunyň kärhanalaryna işjeň ýardam bermäge taýýardyr. Taraplar «günbatardan gündogara gaz geçirmek baradaky taslamanyň durmuşa geçirilmeginiň gidişine laýyklykda, Hytaýyň territoriýasy boýunça Türkmenistandan Hytaýa gaz geçirijini gurmaklygyň TYE-sini amala aşyrmak barada ylalaşdylar».

XXI asyryň birinji onýyllygynyň ikinji ýarymyndan başlap Türkmenistanyň we Hytaýyň arasyndaky energetika hyzmatdaşlygy okgunly ösdi we bu ugurda oňyn netijeler gazanyldy. Muňa 2006-njy ýylda Türkmenistanyň we Hytaýyň arasynda ylalaşyklaryň uly toplumyna, şol sanda Türkmenistan–Hytaý gaz geçirijisini gurmak we Türkmenistandan HHR-e tebigy gaz ibermek barada Baş ylalaşyga

gol çekilmegi uly ýardam etdi. Bu ylalaşygyň üstünlikli ýerine ýetirilmegi 2009-njy ýylyň dekabr aýynyň ortasynda uzynlygy 7 müň kilometr bolan, dört döwletiň territoriýasynyň üstünden geçýän, 30 ýylyň dowamynda HHR-e her ýyl türkmen tebigy gazynyň 40 milliard kubmetrine çenlisiniň iberilmegini üpjün etjek, dünýäniň iň iri gaz geçirijisi bolan Türkmenistan–Hytaý gaz geçirijisiniň işe girizilmegini üpjün etdi.

Bu transkontinental gaz geçiriji, hakykatdan hem, strategiki ähmiýetli taslama boldy. XXI asyryň gurluşygy diýlip atlandyrylan gadymy Beýik Ýüpek ýolunyň täzeden dikeldilmegi bilen deňeşdirilen bu Transaziýa ýangyç geçirijisi, «Business Central Asia» (New Delhi) atly hepdelik žurnalyň 2013-nji ýylyň oktýabr aýynda çykan 3 sanynda ýazylyşy ýaly, eýýäm 2013-nji ýylyň başlaryna çenli Hytaýda 400 milliondan gowrak adamy ekologiki arassa ýangyç bilen üpjün etdi. Hytaýyň resmi çeşmeleri 2016-njy ýylda Pekiniň ýaşaýjylary tarapyndan sarp edilen tebigy gazynyň üçden biriniň türkmen gazydygyny habar berdiler. Sosial-ykdysady bähbitlerinden hem başga bu gaz geçirijiniň diňe bir Merkezi Aziýada däl, eýsem, tutuş yklymda parahatçylygyň, dostlugyň we uzak möhletli hyzmatdaşlygyň hakyky köprüsi bolup durýandygy düşnüklidir.

Türkmenistan–Hytaý gaz geçirijisiniň işläp başlan ilkinji ýyllaryndan bu geçirijiniň üsti bilen her ýylda Hytaýa akdyrylan türkmen tebigy gazynyň möçberi barha köpeldi. 2016-njy ýyla çenli Türkmenistan – Hytaý gaz geçirijisiniň üç şahasy guruldy we olaryň kuwwaty ýylda 55 milliard kub metr gazy geçirmäge mümkinçilik berer. Geljekde bu gaz geçirijiniň dördünji şahasynyň ulanylmaga berilmegi Hytaýa iberilýän «mawy ýangyjyň» möçberlerini ylalaşylan derejä – ýylda 65 milliard kub metre ýetirer.

Şunlukda, Türkmenistan we Hytaý energetika pudagynda hyzmatdaşlyk üçin tebigy artykmaçlyklara we ägirt uly mümkinçiliklere eýe bolup durýarlar. Şu jähtden, olar mundan buýana hem deňhukuklylyk, özara bähbitlilik, hyzmatdaşlyk we ikitaraplaýyn bähbitli ýörelgeler arkaly gaz geçirijileri gurmak we gaz satmak boýunça bilelikdäki işi ösdürmäge, gözleg, gazyp almak, uglewodorod, himiýa senagaty we durmuş ulgamlarynda köpugurly hyzmatdaşlygy giňeltmäge, şeýlelik bilen, energetika boýunça uzakmöhletli, durnukly we

ynamly strategik hyzmatdaşlygy ösdürmäge taýýardyklaryny tassyklaýarlar. Türkmenistan bilen HHR-iň arasyndaky strategik hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek we çuňlaşdyrmak hakynda 2014-nji ýylyň 12-nji maýynda kabul edilen Bilelikdäki Jarnamada «Taraplar deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine goldanyp, energetika babatda uzakmöhletli we durnukly hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmäge taýýardyr» diýlip aýdyldy.

Globallaşmagyň häzirki zaman şertlerinde amatly ulag gatnawynyň ýola goýulmagy, ulag ugurlarynyň döredilmegi hem barha uly ähmiýete eýe bolýar. Bu mesele dünýä ykdysadyýetiniň esasy şertine öwrülýär. Şonuň üçin hem XXI asyryň ählumumy ulag strategiýasy – munuň özi döwletleriň we sebitleriň goşulmak, geografiýa we infrastruktura mümkinçilikleriniň, tehniki we tehnologiki kuwwatlyklarynyň birleşdirilmeginiň strategiýasy bolup durýar.

Muny, biziň ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, Türkmenistan halkara ulag gatnawlarynyň strategik taýdan möhüm çatrygynda ýerleşýär. Şonuň üçin hem onuň ulag ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen özüniň konsepsiýasyny işläp taýýarlamagy we ozaly bilen, Merkezi Aziýany häzirki döwrüň ählumumy ösüşiniň aýrylmaz we örän möhüm bölegi hökmünde göz öňünde tutmagy düşnüklidir.

«Türkmenistany 2011–2030-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» laýyklykda, biziň ýurdumyz Ýewropanyň, Aziýa-Ýuwaş ummany we Günorta Aziýa ykdysady ulgamlarynyň özara birleşmeginiň yklymüsti ykdysady köprüsi hökmünde çykyş edýär. Ýokarda ady tutulan uzakmöhletleýin maksatnamanyň ileri tutulýan ugry ykdysadyýetiň we ilatyň ulag hyzmatlaryna bolan isleglerini doly möçberde üpjün etmäge ukyply bolan ulag-aragatnaşyk toplumyny okgunly ösdürmekdir. Şu jähtden, maksatnamada Türkmenistanyň dünýä ulag ulgamyna yzygiderli goşulmagy, Gündogar-Günbatar we Demirgazyk-Günorta ugurlarda birleşdiriji gatnaw ýollary bolup durýan esasy ýollaryň ugrunda milli infrastrukturany mundan beýläk-de giňeltmegi onuň esasy wezipesi bolup durýar.

2014-nji ýylyň 19-njy dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisi Türkmenistanyň daşary-syýasy başlangy-

jynyň esasynda «Durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň orny» atly rezolýusiýany kabul etdi. BMG-niň 66 sany agza döwletiniň awtordaşlygynda kabul edilen, ulag ulgamy boýunça ählumumy hyzmatdaşlygy döretmek hakyndaky teklibi resmi taýdan berkiden bu ilkinji resminama Türkmenistanyň dünýä aragatnaşyk giňişliginde möhüm ýurda öwrülmegine köp derejede ýardam edýär, şeýle hem bu ugur boýunça onuň Hytaý bilen hyzmatdaşlygyň bilelikdäki maksatnamasyny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek üçin giň mümkinçilikleri döredýär. Mysal üçin, iri taslamalar barada aýtmanymyzda hem, Ýewropa Bileleşigi we Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň iň iri daşary söwda hyzmatdaşy bolmak bilen, Hytaýyň, ozaly bilen, Gündogar-Günbatar ugry boýunça eksport-import operasiýalary amala aşyranda Türkmenistanyň ulag-kommunikasiýa mümkinçiliklerinden täsirli peýdalanyp biljekdigi aýdyňdyr. Şu ýerde şeýle hem iri ykdysady taslamalaryň başlanylmagynyň ýurdumyzyň daşary syýasatynda parahatçylygyň we hyzmatdaşlygyň filosofiýasyny beýan edýändigini, sebitde we onuň çäginden daşarda döwletara gatnaşyklarynyň häsiýetine we mazmunyna hem oňyn täsir edýändigini, oýlanyşykly ýörelgeler – köptaraplaýyn bähbitleriň, gyzyklanmalaryň deňagramlylygy, dürli nukdaýnazarlaryň laýyklygy arkaly bilelikdäki tagallalar ulgamyny gözlemekde anyk esas döredýändigini nygtap geçmek hem maksadalaýykdyr.

Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky hyzmatdaşlyk diňe bir energetika, ulag-aragatnaşyk pudaklary bilen çäklenmeýär. Iki taraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan buýana hem giňeltmek we çuňlaşdyrmak üçin gurluşykda, himiýa senagatynda, dokma senagatynda, derman senagatynda, aragatnaşyk, telekommunikasiýalar we ýokary tehnologiýalar ulgamlarynda, oba hojalygynda, syýahatçylykda we ähmiýeti möhüm bolan beýleki pudaklarda hem uly mümkinçilikler bardyr. Bu mümkinçilikleriň durmuşa geçirilmegine diňe bir 2014-nji ýylda gol çekilen ikitaraplaýyn hökümetara we edaraara ylalaşyklar (Tebigy gaz babatda durnukly hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak barada Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Ylalaşyk; «Türkmenistan–Hytaý» gaz geçirijisini howpsuz we durnukly ulanmak hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Ylalaşyk;

Tehniki-ykdysady hyzmatdaşlyk hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Ylalaşyk; Ulaglar babatda hyzmatdaşlyk etmegiň esasy ýörelgeleri barada Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Ulaglar ministrliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Hytaý Halk Respublikasynyň Oba hojalyk ministrligi bilen Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň arasynda oba hojalygy babatda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama; «Türkmen atlary» Döwlet birleşigi bilen Hytaýyň atçylyk assosiasiýasynyň arasynda atçylyk babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Çarçuwaly Ylalaşyk; Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky bilen Hytaýyň eksport-import bankynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyk we beýlekiler) hem gönükdirilendir.

Türkmen-hytaý ykdysady gatnaşyklarynyň çäklerinde Türkmenistan 2011-nji ýylda Hytaýyň aýratyn administratiw raýony bolan Sýangan (Gonkong) bilen hem gatnaşyklary ýola goýdy. Has takygy, şol ýylyň noýabr aýynda Türkmenistanyň senagatçylar we telekeçiler Birleşiginiň, ýurdumyzyň Söwda senagat palatasynyň we Gonkongyň degişli biznes assosiasiýalarynyň arasynda göni aragatnaşyklar ýola goýuldy hem-de Aşgabatda ýa-da Gonkongda ikitaraplaýyn biznes-forum geçirmeklik karar edildi.

Hytaý kompaniýalary biziň ýurdumyzda nebit-gaz toplumyndaky, ulag we telekommunikasiýa çäklerindäki, tekstil senagatyndaky, saglygy goramakdaky we başga çäklerdäki taslamalaryň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşýarlar. Mysal üçin, 2011-nji ýylda Türkmenistanda hytaý kompaniýalarynyň gatnaşmagynda umumy bahasy 4 milliard 438 million amerikan dollaryna we 2 milliard 328 million hytaý ýuanyna barabar bolan maýa goýum taslamalarynyň 66-sy hasaba alyndy, hytaý maýa goýumlarynyň gatnaşmagynda döredilen kärhanalaryň 37-si işledi. Muny Türkmenistanyň Prezidentiniň aýratyn belläp geçişi ýaly, «ygtybarly, sazlaşykly we täsirli işlemek bilen, hytaý hyzmatdaşlarymyz bilelikdäki işde özlerini iň gowy tarapdan häsiýetlendirdiler».

Halkara ýarmarkalar we sergiler ykdysadyýetde, ylymda, tehnikada gazanylan üstünlikleri görkezmegiň täsirli görnüşi, özara peý-

daly hyzmatdaşlygy ösdürmegiň serişdesi bolup çykyş edýärler. Şonuň üçin hem Türkmenistan halkara sergiler edarasynyň agzasy bolmak bilen, dünýäniň dürli ýurtlarynda geçirilýän «Expo» sergilerine işjeň gatnaşýar. Mysal üçin, 2010-njy ýylda Türkmenistan HHR-iň Şanhaý şäherinde geçirilen «Expo-2010» atly Bütindünýä sergisine gatnaşdy. Bu sergide Türkmenistanyň sergi ekspozisiýasynyň pawilýony 1.000 inedördül metrden köpräk meýdany tutdy. Ýurdumyzyň şeýle uly uniwersal foruma ilkinji gezek gatnaşmagy oňa halkara bileleşigine öz gazananlaryny we üstünliklerini giňden görkezmäge, şol bir wagtyň özünde hem dürli çäklerdäki öňdebaryjy dünýä tejribesi bilen tanyşmaga, daşary ýurt hyzmatdaşlary bilen özara hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge mümkinçilik berdi. Sergide Bütindünýä Şanhaý sergisine gatnaşan ähli ýurtlaryň wekilleriniň (192) çagyrylmagynda Türkmenistanyň Milli gününiň geçirilmegi möhüm waka boldy.

Ýene-de bir mysal. 2014-nji ýylyň 15-16-njy noýabrynda Türkmenistanyň wekilçilikli topary Pekinde (HHR) geçirilen IV halkara maýa goýum we maliýe sergisine gatnaşdy. Türkmenistanyň şunuň ýaly wekilçilikli foruma gatnaşmagy milli ykdysadyýetimiziň ýeten derejesini, ýurdumyzyň maýa goýum ýagdaýyny görkezdi, hytaýly hyzmatdaşlary giň möçberli milli maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegine işjeň çekmäge mümkinçilik berdi.

Serginiň çäklerinde şeýle hem türkmen-hytaý ykdysady forumy geçirildi. Onda söwda-ykdysady, ýangyç-energetika, aragatnaşyk, azyk senagaty, gurluşyk ýaly ugurlar boýunça döwletara gatnaşyklaryny giňeltmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Elbetde, şeýle çäreleriň halkara ykdysady gatnaşyklary pugtalandyrmakda möhüm ähmiýeti bardyr we dünýäniň ykdysady, durmuş, ylmy-tehniki we medeni taýdan ösmegine ägirt uly goşant goşýar.

Türkmenistan diňe bir daşary ýurtlarda geçirilýän halkara ýarmarkalara we sergilere işjeň gatnaşman, eýsem, soňky ýyllarda onuň özi hem halkara sergileriniň geçirilýän ýurduna öwrüldi. Mysal üçin, 2014-nji ýylyň maý aýynda Aşgabatda köpsanly daşary ýurtly myhmanlaryň gatnaşmagynda türkmen halysynyň baýramy giňden bellenip geçildi. «Türkmen halysy biziň günsaýyn ösýän ata Watanymyzyň gözellik nusgasydyr» atly halkara sergi hem-de halyşynaslaryň bütindünýä jemgyýetiniň XIV mejlisi bu baýramçylyga gabatlanyp

geçirilen çäreleriň iň ähmiýetlisi boldy. Foruma gatnaşan dünýäniň 12 ýurdunyň, şol sanda HHR-iň wekilleri halyçylyk sungatynyň gazanan üstünlikleri, türkmen halyçylarynyň köpugurly täsin ussatlygy bilen tanyşdylar.

Ýene-de bir mysal. 2014-nji ýylyň noýabrynda Aşgabatda «Türkmenistanyň nebiti we gazy–2014» atly halkara sergi we «Türkmenistanyň nebitgaz senagatynda halkara hyzmatdaşlyk: ösüşiň täze belentlikleri, mümkinçilikler we geljege nazar» atly halkara maslahat bolup geçdi. Bu nebitgaz forumyna dünýäniň 50-ä golaý ýurdundan 600-e golaý wekiller, şol sanda HHR-iň dürli sebitlerinden gelen köpsanly kompaniýalar gatnaşdylar.

«Biziň kompaniýamyza degişli bolan aýna süýümli turbalar zawody Ýançžow şäherinde ýerleşýär – diýip, «Sinýang technolojy» kompaniýasynyň menejeri A Ýao aýtdy. – Bu zawodyň önümleriniň – ýokary we pes basyşly aýna süýümli turbageçirijileriň türkmen bazarynda-da mynasyp orun aljakdygyna, türkmenistanly hyzmatdaşlarymyz bilen has-da ýakyn aragatnaşygyň ýola goýuljakdygyna ynanýarys. Şeýle halkara forumlar munuň üçin örän amatly mümkinçilikleri döredýär». «Biziň kompaniýamyz nebit senagaty üçin gurallary we desgalary toplumlaýyn taýýarlamak, burawlamak, nebit çykarmak üçin desgalaryň taslamasyny düzmek we gurmak bilen meşgullanýar hem-de birnäçe inženerçilik hyzmatlaryny hödürleýär – diýip, ýokarda ady agzalan, halkara sergä we halkara maslahatyna gatnaşyjy, «Shengli Oilfild Shengji Petroleum Equipment» kompaniýasynyň menejeri Ma Kuiçen (Hytaý) aýtdy. – Halkara forumda olara bildirilen gyzyklanmalar uly boldy».

Türkmenistanda geçirilýän halkara sergiler, maslahatlar, milli ykdysadyýetimiziň kuwwatynyň ýokarlanmagy, dürli ugurlar, şol sanda söwda-ykdysady, ylmy-tehniki pudaklarda, innowasion tehnologiýalar ulgamy boýunça daşary ýurtlar bilen gatnaşyklary giňeltmek üçin oňaýly şertleri döredýärler.

Umuman, sergiler halkara gatnaşyklaryň möhüm ugry bolmak bilen, özara peýdaly söwda-ykdysady gatnaşyklary, syýahatçylygy ösdürmek babatda netijeli hyzmatdaşlygyň pugtalanmagyny şertlendirýär. 2014-nji ýylyň dekabrynda Türkmenistana Halkara sergiler edarasynyň altyn medalynyň gowşurylmagy bolsa biziň ýurdumyzyň sergileri guramakda netijeli iş alyp barýandygynyň subutnamasy boldy.

Soňky ýyllarda Türkmenistanyň we HHR-iň arasynda hyzmatdaşlygyň köpugurly görnüşleriniň emele gelmegi we konstruktiw ikitaraplaýyn gepleşikleriň ösmegi 2008-nji ýylyň awgustynda hyzmatdaşlyk boýunça Türkmen-Hytaý komitetiniň döredilmegine getirdi we bu komitet gysga wagtyň içinde ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösmeginiň hakyky guralyna öwrüldi.

Mysal üçin, 2010-njy ýylyň noýabrynda hyzmatdaşlyk boýunça Türkmen-Hytaý komitetiniň ilkinji mejlisi boldy we onuň işiniň gün tertibine özara hereketiň möhüm meseleleriniň ençemesi goşuldy. Şeýle hem özara peýdaly ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň ösmegine täze itergi bermek maksady bilen söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça kiçi komitet döredildi we onuň gün tertibinde ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy mundan buýana hem ösdürmegiň meselelerine seredildi. Howpsuzlyk, energetika hyzmatdaşlygy we beýleki ugurlar boýunça döredilen kiçi komitetler hem öz işlerini täsirli amala aşyrýarlar.

Şu ýerde söwda-ykdysady çäkde türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň uly mümkinçilikleriniň bardygyny ýene bir gezek nygtap geçeliň. Hut şu jähtden 2016-njy ýylyň aýaklaryndan başlap, iki tarap hem ykdysady çäkde hyzmatdaşlygy giňeltmek maksady bilen Ýörite maksatnamany işläp taýýarlamagy işjeň ara alyp maslahatlaşýarlar. Munuň özi uzak möhletli hyzmatdaşlygyň täze strategiki maksatnamasy bolar we ol ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň derejesini we hilini mundan buýana hem ýokarlandyrmaga geljege gönükdiriler.

Ylmy-tehnologik hyzmatdaşlyk hem ykdysady çäkde hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça bu Ýörite maksatnamanyň iň möhüm ugurlaryndan biri, şeýle hem Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda geljekki hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Hytaý ýolbaşçylarynyň nygtap geçişleri ýaly, Hytaý esli ylmy-tehnologiki kuwwata we halkara hyzmatdaşlygyň baý tejribesine eýe bolup durýar hem-de ol türkmen tarapy bilen bilelikde ylmy-tehnologiki çäkde hyzmatdaşlygy işjeň pygtalandyrmaga ymtylýar. Iki tarap hem eýýäm ýakyn wagtda ilkinji türkmen-hytaý ylmy innowasion forum geçirmek, düýpli ylymlarda hyzmatdaşlyga ýardam etjek bilelikdäki işiň anyk meýilnamasyny düzmekligi ylalaşdylar.

Şunlukda, Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda, aýratyn hem, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe türkmen-hytaý söwda-ykdysady, ylmy-tehniki gatnaşyklary yzygiderli ösdi. Iki ýurduň hökümetleriniň arasynda gatnaşyklaryň täze ugurlary ýola goýuldy, ministrlikleriň we pudak edaralarynyň, iri we orta derejedäki döwlet hem-de hususy kompaniýalaryň arasynda netijeli hazmatdaşlyk etmek üçin amatly şertler döredildi. Şol bir wagtyň özünde dostlugyň we hyzmatdaşlygyň taryhy ýoly bolan Beýik Ýüpek ýoluny täze mazmunda dikeltmek boýunça Türkmenistanyň, «Ýüpek ýolunyň ykdysady zolagyny gurmak» boýunça HHR-iň başlangyçlarynyň durmuşa geçirilmeginiň hyzmatdaşlyk etmegiň nusgasynyň işlenip taýýarlanylmagyny, hyzmatdaşlygyň anyk taslamalarynyň durmuşa geçirilmegini, iki ýurduň maliýe düzümleriniň hyzmatdaşlygynyň berkidilmegini, oba hojalyk tehnologiýalary we tehnikasy, dürli oba hojalyk ekinleriniň seleksiýasy we ş.m. babatda hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdirmegi talap edýändigi düşnüklidir. Şonuň üçin hem «Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda strategik hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň 2014–2018-nji ýyllar üçin ösüş meýilnamasynyň» doly durmuşa geçirilmegi ikitaraplaýyn özara peýdaly söwda-ykdysady, ylmy-tehniki hyzmatdaşlygy ösdürer, bu bolsa öz gezeginde ähli ugurlar, şol sanda onda iri syýasy we hojalyk gurluşlar emele gelýän, şeýle hem güýçli depginler bilen ösýän Aziýa-ýuwaş umman ugry boýunça ähli syýasy-diplomatik işi mundan beýläk hem işjeňleşdirmegi höweslendirer.

# IV BAP. TÜRKMEN-HYTAÝ GATNAŞYKLARYNDA MEDENI-YNSANPERWER HYZMATDAŞLYGYŇ ORNY

## §1. MEDENI HYZMATDAŞLYGYŇ PUGTALANMAGY WE ÖSMEGI

Islendik ýurduň daşary syýasatynyň, onuň beýleki ýurtlar bilen gatnaşyklarynyň durnukly bolmaklary üçin, şol gatnaşyklaryň diňe bir syýasy, söwda-ykdysady babatda däl, eýsem, medeni-gumanitar çäklerde hem birsydyrgyn ösdürilmegi zerurdyr. Sebäbi halka-

ra gatnaşyklarynyň daýanýan bu üç sütüniniň islendiginiň «gurlup gutarylmazlygy» belli syýasy ýagdaýda tutuş gurluşy çaýkamaga ukyplydyr.

Hut şonuň üçin hem Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynyň umumy ulgamynda bilim, ylym, medeniýet, syýahatçylyk, sport çäklerindäki hyzmatdaşlyk möhüm orun tutýar. Gumanitar çäkdäki aragatnaşyklar halklaryň arasynda özara ynam we düşünişmek ýagdaýyny döretmegiň, halklaryň we ýurtlaryň arasynda dostlugy çuňlaşdyrmagyň täsirli serişdesi, halklaryň ruhy taýdan özara baýlaşmagynyň kanaly bolup durýar. Şunlukda, syýasy, ykdysady, ylmy-tehniki, ekologiýa çäklerindäki hyzmatdaşlyk bilen bir hatarda, Türkmenistan medeni-gumanitar ugry boýunça aragatnaşyklara hem halkara howpsuzlygynyň hemme zady öz içine alýan ulgamynyň deňhukukly bölegi hökmünde seredýär.

Türkmenistanyň halkara medeni hyzmatdaşlyga gatnaşmagynyň meselelerine seretmek bilen, ozaly bilen, biziň ýurdumyzyň medeniýetiniň dünýä medeniýetiniň aýrylmaz bölegi bolup durýandygyny belläp geçeliň. Özüniň döremegi we ösmegi bilen ol özünde türkmen halkynyň medeni taýdan ýokary göterilişini, milli özboluşlylygyny saklamak we ösdürmek üçin obýektiw mümkinçilikleri döreden ýurdumyzyň syýasatyna borçludyr. Milli esasda döremek we ösmek, dünýä sungatynyň öňde baryjy däp-dessurlaryna daýanmak bilen, Türkmenistanyň medeniýetiniň iň ýokary gazananlary bütindünýä ykrar edilmä mynasyp boldular, tutuş adamzadyň medeni ösüşine özleriniň aýratyn goşandyny goşdular.

Türkmen we hytaý halklary dünýä siwilizasiýasynyň hazynasyny baýlaşdyran gadymy, baý we özboluşly medeniýetleriň mirasdarlary bolup durýarlar. Şu jähtden, häzirki zaman dünýäsinde biziň ata-babalarymyzyň ruhy dünýäsine, şeýle hem türkmen we hytaý halklarynyň bir-biriniň medeniýetine we sungatyna bolan gyzyklanma örän ýokarydyr. Şonuň üçin hem olar özleriniň kökleri asyrlara uzalyp gidýän aragatnaşyklaryny işjeň ösdürýärler, pugtalandyrýarlar. Türkmenistan we Hytaý bilim, ylym, edebiýat, sungat we başga çäklerde hyzmatdaşlygyň uly mümkinçiliklerine eýe bolup durýarlar we şol ugurlar boýunça özara hereketi giňeltmäge aýratyn gyzyklanma bildirýärler.

Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagy bilen medeni gatnaşyklar hem resmi goldawa eýe boldular we iki ýurduň arasynda baglanyşylan şertnamalar we ylalaşyklar milli medeniýetleriň özara baýlaşmagyna, olaryň internasional esaslarynyň ösmegine gönükdirildi. Mysal üçin, eýýäm 1992-nji ýylyň noýabrynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda medeni hyzmatdaşlyk hakynda Ylalaşyk, Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda saglygy goraýyş we lukmançylyk ylmy babatda hyzmatdaşlyk hakynda Ylalaşyk, Türkmenistanyň Hökümeti bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda toparlaýyn syýahatçylaryň saparlarynyň wizasyz düzgüni hakynda Ylalaşyk ýaly resminamalara gol çekilmegi bilen bilim, ylym, saglygy goraýyş we lukmançylyk ylmy, toparlaýyn syýahatçylyk, bedenterbiýe we sport çäklerindäki alyş-çalyşlar şertnama esasa eýe boldy. Soňky ýyllarda, hususan-da, diňe bir 2014-nji ýylda iki ýurduň arasynda medeni hyzmatdaşlyk babatda gol çekilen köpsanly ylalaşyklar – Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi bilen HHR-iň Medeniýet ministrliginiň arasynda medeniýet babatda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek hakynda Çarçuwaly Ylalaşyk, medeni hyzmatdaşlyk hakynda Türkmenistanyň birnäçe welaýatlarynyň häkimlikleri bilen HHR-iň welaýatlarynyň halk hökümetleriniň arasyndaky ylalaşyklar, «Türkmen atlary» Döwlet birleşigi bilen Hytaýyň atçylyk assosiasiýasynyň arasynda atçylyk babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Çarçuwaly Ylalaşyk we başgalar türkmen we hytaý halklarynyň medeni-gumanitar hyzmatdaşlygynyň şertnama-hukuk esasynyň has hem pugtalanmagyna ýardam etdiler.

Türkmenistanyň HHR bilen medeni aragatnaşyklary XX asyryň 90-njy ýyllarynda we XXI asyryň başlarynda, esasan hem, bilim, saglygy goraýyş ulgamlarynda wekiliýetler, döredijilik toparlary we syýahatçylary alyşmak, iki ýurduň halklaryny bir-biriniň durmuşy bilen köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen tanyşdyrmak ýaly görnüşlerde ýüze çykdy. Özara aragatnaşyklaryň ösüşindäki bu ilkinji ädimler şondan soňky medeni özara gatnaşyklaryň täze esasyny tutdular. Mysal üçin, 1994-nji ýylda Hytaýyň paýtagty Pekinde iki ýurduň kinokompaniýalarynyň ýardam bermeginde we çykdajylary

maliýeleşdirmeginde guralan Türkmenistanyň kinofilmleriniň ilkinji festiwaly bolup geçdi. Festiwal goňşy ýurduň kinosöýüjilerine türkmen kinorežissýorlarynyň ençeme eserleri bilen tanyşmaga mümkinçilik berdi.

Soňky ýyllarda iki dostlukly ýurduň medeni aragatnaşyklarynda käbir täze görnüşler ýüze çykyp başlady. 1996–1997-nji ýyllarda Türkmenistanyň hökümetiniň çagyrmagy boýunça biziň ýurdumyzda HHR-iň halk aýdym we tans ansamblynyň we Sinszýan-Uýgur Awtonom Raýonynyň sungat ussatlarynyň gastrollary bolup geçdi. Hytaý medeniýetiniň wekilleri Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 5-6 ýyllyklaryna bagyşlanyp geçirilen medeni çärelere gatnaşdylar we türkmen jemgyýetçiligini hytaý halkynyň sungaty bilen tanyşdyrdylar.

Öz gezeginde, 1998-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň çeper döredijilik toparlarynyň Hytaýa bolan sapary biziň ýurdumyzyň we Hytaýyň medeni durmuşynda möhüm waka boldy. Bu sapar Türkmenistanyň Prezidentiniň HHR-e bolan resmi saparynyň çäklerinde guraldy. Türkmenistanyň sungat ussatlary Pekiniň, SUAR-yň merkezi, Urumçynyň, Turfanyň jemgyýetçiliginiň öňünde çykyş etdiler we ol türkmen artistleriniň ýerine ýetirijilik ussatlygyna ýokary baha berdi.

XXI asyryň birinji onýyllygynyň ikinji ýarymyndan başlap Türkmenistanyň Hytaý bilen medeni aragatnaşyklarynda hil taýdan täze döwür başlandy. Türkmen döwletiniň ylmy we medeni hyzmatdaşlygyň görnüşlerini halklaryň ösen intellektual mümkinçiliklerine, döwrüň talaplaryna laýyk getirmek boýunça täze ugry medeni-gumanitar hyzmatdaşlygynda hem özara gatnaşyklaryň barha çuňlaşmagyna we giňelmegine alyp geldi. Netijede, hyzmatdaşlyk ruhy durmuşyň ähli ugurlaryny diýen ýaly öz içine aldy we ol dürli görnüşlerde amala aşyrylyp başlandy.

Iki ýurduň medeni hyzmatdaşlygynda milli medeniýetleriň günleri möhüm orun tutdy. Hyzmatdaşlygyň bu görnüşi özüniň aýratyn özüne çekijiligi bilen tapawutlanýar, sebäbi olara iri döredijilik toparlary we ýerine ýetirijiler, milli medeniýetiň ähli ugurlarynyň wekilleri gatnaşýarlar hem-de olarda edebiýatda, saz we şekillendiriş sungatynda, umuman, sungatyň ähli görnüşleriniň gazananlary has wekilçilik-

li derejede görkezilýär. Medeniýet günleri iri jemgyýetçilik-syýasy waka öwrülýärler.

Türkmenistanda medeni hyzmatdaşlygyň bu görnüşi XX asyryň 60-njy ýyllarynyň başynda ýüze çykdy we täsirli görnüş hökmünde ol ýurdumyzyň garaşsyzlygy ýyllarynda giň gerim aldy. Mysal üçin, Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň we HHR-iň Medeniýet ministrliginiň arasyndaky hyzmatdaşlyk boýunça 2012–2014-nji ýyllar üçin Meýilnamasynda, hususan-da, Türkmenistanyň medeniýet günleriniň HHR-de, HHR-iň medeniýet günleriniň bolsa Türkmenistanda geçirilmegi göz öňünde tutuldy.

Şunuň bilen baglylykda, 2013-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanda Hytaý Halk Respublikasynyň medeniýet günleri geçirildi. Bu möhüm medeni-syýasy waka bilen baglylykda Türkmenistanyň zähmetkeşlerini hytaý halkynyň özboluşly ajaýyp medeniýeti bilen tanyşdyrmak üçin düzüminde belli ýerine ýetirijiler, aýdym-saz ussatlary we balet sungatynyň wekilleri, Hytaýyň gadymy el işleriniň ussatlary bolan topar Aşgabada geldi.

Mukamlar köşgüniň we «Türkmenistan» kinokonsert merkeziniň sahnalarynda hytaýly artistleriň aýdym-sazly çykyşlary giňden ýaýbaňlandyryldy we olar tomaşaçylarda uly täsir galdyrdy. Iki ýurduň estrada artistleriniň, meşhur ýerine ýetirijileriniň, folklor we tans toparlarynyň bilelikdäki konserti dabaraly çäräniň jemlemesine öwrüldi. Umuman, Türkmenistanda HHR-iň medeniýet günleri türkmenistanlylara dostlukly ýurduň halkynyň özboluşly medeniýeti, köp asyrlyk däpleri we häzirki ýeten derejesi barada giňişleýin düşünje almaga mümkinçilik berdi, türkmen we hytaý halklarynyň dostlukly aragatnaşyklaryny pugtalandyrmakda möhüm waka boldy.

2014-nji ýylyň sentýabrynda Pekinde (Hytaý) Türkmenistanyň medeniýetiniň günleri geçirildi we bu uly çäre türkmen we hytaý halklarynyň dostlukly aragatnaşyklaryny pugtalandyrmakda möhüm waka boldy. Medeniýet günleriniň çäklerinde şäheriň ýaşaýjylary we myhmanlary türkmen halkynyň döredijilik däpleri we mirasy, ýurduň häzirki döwürdäki sungaty bilen içgin tanyşmaga mümkinçilik aldylar. Pekinde ýerleşýän Týan Szýao atly teatrda – belli konsert merkezinde Türkmenistanyň medeniýet günleriniň açylyş dabarasynyň bolmagy, şeýle hem bu ýerde Türkmenistanyň medeniýet we

sungat ussatlarynyň gala-konsertiniň bolmagy, Hytaý aýallarynyň we çagalarynyň Muzeýinde Türkmenistanyň şekillendiriş we dekoratiw-amaly sungatynyň sergisiniň işlemegi, HHR-iň medeniýet ministrliginde türkmen wekiliýetiniň kabul edilmegi – bularyň hemmesi diňe bir iki ýurduň halklarynyň birek-biregi has ýakyndan tanamagyna, olaryň dostlaşmagyna we ysnyşmagyna däl, eýsem, «Türkmenistanyň medeniýet ministrliginiň we HHR-iň medeniýet ministrliginiň arasynda medeniýet boýunça hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem ösdürmek hakyndaky Çarçuwaly ylalaşygy» durmuşa geçirmek bilen bagly meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagyna ýardam etdi.

Türkmenistanda daşary ýurtlaryň, şol sanda Hytaýyň medeniýetiniň görnükli wekilleriniň ýadygärlik we ýubileý seneleri hem giňden bellenip geçilýär. Şeýle çäreler türkmen halkynyň hytaý halkynyň milli däp-dessurlaryna, medeniýetine bolan hormatyny aňladýar, şol bir wagtyň özünde hem olar hytaý halkynyň edebiýaty we sungaty bilen ýurdumyzyň raýatlarynyň has çuňňur tanyşmaklaryna ýardam edýär, olara iri medeniýet işgärleriniň döredijiliginiň taryhy roluna düşünmäge kömek edýär. Şol bir wagtyň özünde daşary ýurtlarda, şeýle hem Hytaýda Türkmenistanyň görnükli medeniýet işgärleriniň ýubileýleri bellenildi, olaryň wekilleri biziň ýurdumyzda geçirilen dabaralara gatnaşdylar.

Mysal üçin, Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen 2014-nji ýyl türkmen halkynyň beýik akyldar şahyry, türkmen edebiýatynyň düýbüni tutujy Magtymguly Pyragynyň 290 ýyllygy diýlip yglan edildi we bu sene diňe bir türkmenler däl, eýsem, halkara jemgyýetçiligi tarapyndan hem uly baýramçylyk hökmünde bellenip geçildi. Onlarça ýurtlardan, şol sanda Hytaýdan gelen myhmanlar Magtymguly Pyragynyň poeziýasyna özleriniň haýran galýandyklaryny bildirdiler, tutuş adamzat üçin onuň döredijiliginiň müdimilik ähmiýetini bellediler.

Gündogaryň beýik şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygy mynasybetli çäreler HHR-de hem geçirildi. Mysal üçin, Pekinde we Urumçyda ýokary derejede baýramçylyk çäreleri geçirilip, olara düzüminde alymlar, şahyrlar, žurnalistler, sungat işgärleri bolan, Türkmenistandan baran uly döredijilik wekiliýet gatnaşdy. Şu ýerde Hytaýyň milletler boýunça Merkezi uniwersitetiniň

we Sinszýan uniwersitetiniň alymlary tarapyndan türkmen we hytaý dilinde Magtymgulynyň 45 eserinden ybarat bolan goşgular ýygyndysynyň milletler boýunça Merkezi uniwersitetiniň neşirýaty tarapyndan neşir edilendigini hem aýratyn belläp geçmek gerek. Umuman, Magtymgulynyň doglan gününiň 290 ýyllygy mynasybetli Hytaýda geçirilen çäreler hytaý jemgyýetçiliginiň barha köp böleginiň beýik Magtymgulynyň döredijiligi bilen tanyş bolmagyna, iki ýurduň medeniýetleriniň ýakynlaşmagyna köp derejede ýardam etdi.

Şu ýerde Magtymguly Pyragynyň Hytaý bilen bagly käbir oý-pikirlerine deglip geçilmegi hem maksadalaýyk bolsa gerek. Hususan-da, taryhy çeşmelerde türkmeniň beýik şahyrynyň Hytaýa barandygy barada maglumat bolmasa-da, onuň şahyrana döredijiliginde «Çyn-Maçyn, Rum (ýagny, Türkiýe), Horezmi ýördüm ykbal agtaryp...» diýen ýaly setirlere duş gelinýär. Galyberse-de, Magtymguly Hytaýda bolmadyk hem bolsa, onuň eserlerinde, hususan-da, «Göwün istär, gezsem Çyn-Maçyn», ýaly setirlerinde onuň bu ýurda bolan höwesi aýdyň görünýär.

Hytaý dünýä adamzat medeniýetini kagyz, ýüpek, çaý, kompas, däri ýaly ägirt uly gymmatlyklar bilen baýlaşdyrdy. Türkmenler hem dünýä medeniýetine türkmen halysy, ahalteke bedewi ýaly bahasyna ýetip bolmajak ençeme gymmatlyklary peşgeş berdi. Şu jähtden, 2014-nji ýylyň maýynda HHR-de geçirilen Ahalteke bedewiniň baýramçylygy bilen baglylykda şol ýylyň 12-nji maýynda Pekinde halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň göçme mejlisiniň geçirilmegi iki ýurduň arasynda medeni-gumanitar hyzmatdaşlygyň yzygiderli ýagdaýda üstünlikli ösdürilýändiginiň subutnamasy boldy.

Bu wekilçilikli forumyň öňüsyrasynda, ýagny 2014-nji ýylyň aprel aýynda Pekinde «Ahalteke bedewi – parahatçylygyň ilçisi» diýen şygar bilen dabaranyň geçirilendigini hem ýatlap geçmek gerek. Bu dabaranyň maksady Hytaýda we tutuş dünýäde meşhur bedewleriň tohumlarynyň şan-şöhratyny wagyz etmek we ahalteke atçylygynyň ösüşine ýardam bermek boldy. Bu dabara ýüzlerçe adamlar, şol sanda dürli döwletleriň diplomatlary, medeniýet işgärleri gatnaşdylar, meşhur aktýor we režissýor – dünýä kinosynyň ýyldyzy Jeki Çan onuň hormatly myhmany boldy.

Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň göçme mejlisi barada giňräk durup geçsek, onda ol, hakykatdan hem, taryhy waka boldy. Sebäbi bu assosiasiýa dürli ýurtlaryň arassa ahalteke atlaryny köpeltmek, bu bedewleriň tohumlaryny we ajaýyp häsiýetlerini kämilleşdirmek boýunça ýöriteleşdirilen atçylyk kärhanalarynyň gyzyklanma bildirip gepleşik geçirýän ýerine öwrüldi.

Şol gün Taýmýao seýilgäh toplumynda «Ahalteke bedewleriniň agşamy» hem geçirildi. Agşamda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň çykyşy köpsanly märekede uly täsir galdyrdy. At üstündäki oýunlaryň ussatlyk bilen ýerine ýetirilmegi tomaşaçylara behişdi bedewleriň kämil gözelligine syn etmäge mümkinçilik berdi.

Şeýle hem 13-nji maýda Pekin şäheriniň Fenşan etrabynda ahalteke atçylygyna bagyşlanyp uly seýilgähiň düýbüni tutmak dabarasy boldy. Ägirt uly atçylyk toplumy seýilgähi doly we hemmetaraplaýyn düzümden ybarat bolup, ol 540 gektara golaý meýdany eýeleýär, onuň taslamasyny bolsa 2018-nji ýyla çenli amala aşyrmak göz öňünde tutulypdyr.

Türkmen-hytaý medeni-gumanitar gatnaşyklarynyň tejribesi şeýle hem biziň häzirki ýokary tehnologiýalar we aragatnaşyk innowasiýalar zamanamyzda gadymy Ýüpek ýolunyň ähmiýetiniň peselmän, eýsem, ykdysady, ruhy ösüşe, dürli halklaryň arasynda dostluk we özara düşünişmek köprüsiniň gurulmagyna onuň täsiriniň barha artýandygyny, halkara parahatçylygynyň, howpsuzlygynyň we durnuklylygyň pugtalanmagyna özüniň saldamly goşandyny goşýandygyny hem görkezýär. Şu jähtden 2011-nji ýylyň maýynda Aşgabatda BMG-niň bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynyň Ýüpek ýoluny Bütindünýä mirasynyň sanawyna teklip etmek baradaky Utgaşdyryjy geňeşiň duşuşygynyň geçirilmegi, diňe bir Türkmenistanyň Utgaşdyryjy geňeşiň garamagyna Gadymy Dehistan (Maşat-Misserian), Durun, Änew, Abiwerd, Kaka, Sarahs, Daşrabat (Daňdanakan) Göbeklidepe, Uly Kişman, Amul ýaly 25 sany özboluşly gadymy ýadygärlikleri hödürlemegi, ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasy sanawyna girizilen ýagdaýynda gadymy Ýüpek ýolunyň Bütindünýä medeni mirasynyň desgasy hökmünde ykrar edilen adamzadyň ilkinji transmilli medeni-taryhy ýadygärligi boljakdygy hem aýratyn bellenip geçilmäge mynasypdyr.

6. Sargyt № 2202

Şunlukda, Türkmenistanyň we Hytaýyň arasyndaky medeni-gumanitar aragatnaşyklar Türkmenistanyň garaşsyzlygy ýyllarynda, aýratyn hem, soňky döwürde gyşarnyksyz giňedi, olar türkmen we hytaý wekiliýetleriniň iki ýurtda geçirilýän dürli halkara medeni çärelerine, forumlara, festiwallara, ylmy-amaly maslahatlara, seminarlara, syýahatçylyk sergilerine, sport ýaryşlaryna gatnaşmak, medeni köpçülik çärelerini ýokary halkara derejede guramak babatda tejribe alyşmak ýaly işiň täze görnüşleri bilen baýlaşdy. Aragatnaşyklaryň gidişinde umumadamzat ähmiýetli iki ýurduň milli medeniýetleriniň özara bir-birine aralaşmagy we baýlaşmagy, medeni gymmatlyklaryň ýaýramagy bolup geçdi. Bu bolsa ähli taraplaýyn ösen şahsyýetiň emele gelmegine, onuň döredijilik işjeňliginiň artmagyna, halklaryň arasynda özara düşünişmäniň pugtalanmagyna ýardam edýär.

## §2. BILIM WE YLYM ÇÄKLERINDE HYZMATDAŞLYGYŇ ÇUŇLAŞMAGY

Bilim ösüşe, parahatçylygyň pugtalanmagyna we adamyň esasy hukuklarynyň hormatlanylmagyna ägirt uly goşant goşýar. Bilim şeýle hem jemgyýetiň we adamzadyň geljegine düýpli täsir edýär. Başga sözler bilen aýdylanda, bilim her bir döwletiň hemmetaraplaýyn ösmegini üpjün edýän esasy kesgitleýji ugur bolup durýar, sebäbi ol ýurduň beýik geljegi üçin giň möçberli maksatnamalary üstünlikli ýerine ýetirmekde berk binýat bolup durýar. Şu jähtden, döwletimiziň Bitarap Türkmenistany ösüşiň täze belentliklerine ýetirmekde bilim ulgamymy düýpli özgertmegi we güýçli depginler bilen ösdürmegi öz öňünde maksat edip goýmagy ýöne ýerden däldir.

Şu jähtden, Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynda özara hormaty emele getirmäge we ýaş nesli parahatçylyk we hyzmatdaşlyk ruhunda terbiýelemäge borçly bolan bilim, ýörite orta we ýokary bilim ugry boýunça hyzmatdaşlyk esli orun tutýar.

Bilim ulgamy Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň medeni-gumanitar hyzmatdaşlygynyň hem turuwbaşdan ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Şu ýerde iki ýurduň arasynda medeni aragatnaşyklar barada gol çekilen hökümetara ylalaşyklaryň esasyn-

da eýýäm 90-njy ýyllaryň ortalarynda dürli ugurlar, ozaly bilen bolsa bilim ugry boýunça birnäçe edaraara resminamalara gol çekilendigini we şol resminamalaryň medeni hyzmatdaşlygynyň käbir çäklerini yzygiderli esasa goýmaga mümkinçilik berendigini nygtap geçeliň. Netijede, aragatnaşyklar has durnukly, görnüşleri we many-mazmuny boýunça has baý häsiýete eýe boldular. Mysal üçin, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň we Hytaýyň Bilim ministrliginiň arasynda 1995–1997-nji ýyllar üçin bilim ugry boýunça 1995-nji ýylda gol çekilen ylalaşyk bu çäkde ikitaraplaýyn gatnaşyklarynyň pugta esasyny tutdy. Türkmenistan tarapy üçin şu kitabyň awtory tarapyndan gol goýlan şol resminama türkmen-hytaý medeni gatnaşyklarynyň çäginde gol çekilen ilkinji edaraara resminama boldy we ol talyplaryň, mugallymlaryň, şol sanda ýokary bilim ulgamynda işleýän adamlaryň wekiliýetleriniň alşylmagyna ýardam etmekligi göz öňünde tutmak we hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin gowy mümkinçilikleri döretmek bilen, iki ýurduň hyzmatdaşlygynyň iş ýüzünde ýola goýulmagyna we ösmegine oňaýly täsir etdi. Bu barada iň bolmanda şu aşakdaky delillerimiz hem aýdyň şaýatlyk edýär: 1999-njy ýylyň 1-nji sentýabrynda halkara hukugy, halkara gatnaşyklary, hytaý lukmançylygy we başga hünärler boýunça Hytaýyň ýokary okuw mekdeplerinde Türkmenistanly ýaşlaryň 12-si okady. Şol 1999-njy ýylda Hytaýyň ýokary okuw mekdeplerini türkmen hünärmenleriniň birinji topary tamamlady.



**Hytaý Halk Respublikasynyň ýokary okuw mekdebini ilkinji tamamlan türkmen hünärmeni (1999)**

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň HHR bilen aragatnaşyklary bilim ugry boýunça hem san we hil taýdan ösüşe, uzak möhletleýin, strategik häsiýete eýe boldy hem-de olar has-da baý görnüşlerde amala aşyryldy.

Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlykda wekiliýetleriň alşylmagy uly rol oýnaýar. Soňky ýyllarda okuw işini guramaklygyň we kämilleşdirmekligiň meseleleri bilen tanyşmak maksady bilen türkmen wekiliýetleriniň ençemesi HHR-de boldular. Öz gezeginde Hytaýdan gelen wekiliýetler hem Türkmenistanda bilim ulgamynyň tejribesi bilen tanyşdylar. Bularyň hemmesi biziň ýurtlarymyzyň arasynda hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna we ösdürilmegine, bilimleriň çuňlaşmagyna oňaýly ýardam edýär.

Soňky ýyllarda Türkmenistanyň we HHR-iň arasyndaky hyzmatdaşlygyň strategik häsiýete eýe bolmagy bilen ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde hytaý diliniň we edebiýatynyň okadylyşynyň, şeýle hem bu dili peýdalanmagyň gerimi barha giňeýär. Mysal üçin, 1994-nji ýyldan bäri Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen döwlet dünýä dilleri institutynda (TDDDI) hytaý dili boýunça hünärmenleriň taýýarlanylmagy, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde hem hytaý dili hünäriniň açylmagy, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda halkara gatnaşyklary boýunça geljekki hünärmenlere hytaý diliniň öwredilmegi, galyberse-de, ýurdumyzyň «Türkmenistan» teleýaýlymynyň gepleşikleriniň dünýä boýunça 7 dilde ýaýlyma berilmegi we olaryň arasynda hytaý diliniň hem bolmagy muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Şol bir wagtyň özünde deliller türkmen dilini öwrenmäge bolan gyzyklanmanyň hem Hytaýyň milletler boýunça Merkezi uniwersitetinde, dostlukly ýurduň beýleki ýokary okuw mekdeplerinde hem artýandygyna şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň we Hytaýyň orta we ýokary okuw mekdepleriniň arasyndaky hyzmatdaşlykda dil boýunça tejribelikleriň ornunyň ýokarlanmagyny hem iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň, takmynan, ähli ugurlar boýunça barha çuňlaşýandygy we giňelýändigi bilen düşündirse bolar. Mysal üçin, soňky bäş ýylyň dowamynda (2010–2014 ý.) şu maksat bilen ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň, takmynan, 20-ä golaýy, şeýle hem talyplaryň ençeme topary Hytaýda boldular. Öz gezeginde hytaýly magaryf işgärleriniň Türkmenistanda önümçilik, dil tejribeligini geçmegi hem indi adaty hadysa öwrüldi. Mysal üçin, 1997–1999-njy ýyllarda HHR-iň

Pekinde ýerleşýän milletler boýunça Merkezi uniwersitetiniň türkologiýa fakultetiniň mugallymy L. Minawar Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde iki ýylyň dowamynda tejribelik geçdi we ol şol döwürde türkmen dilini öwrendi, salyr milletiniň taryhy we medeniýeti boýunça doktorlyk dissertasiýasy üçin material toplady. Tejribäniň görkezişi ýaly, hyzmatdaşlygyň bu görnüşi türkmen we hytaý talyplaryna, mugallymlara degişlilikde olaryň türkmen, hytaý dilleri boýunça bilimleriniň kämilleşmegine, türkmen we hytaý halklarynyň taryhlaryny we medeniýetlerini has çuňňur öwrenmeklerine, umuman, olaryň akyl ýetiriş çäginiň giňelmegine, medeniýetiniň ýokarlanmagyna ýardam edýär.

Türkmenistanyň mekdeplerinde mekdep okuwçylarynyň, talyplaryň hünär dilini kämil ele almaklary üçin dürli netijeli usullar, serişdeler ulanylýar, dilleri öwrenilýän ýurtlaryň medeniýeti, sungaty, olaryň halklarynyň däp-dessurlary, ruhy gymmatlyklary bilen baglanyşykly bäsleşikler, dabaralar, baýramlar geçirilýär. 2014-nji ýylyň dekabr aýynda TDDD institutynyň uly mugallymy A. Azymowanyň göreldesi bilen geçirilen dil baýramçylygynda hytaý dili hünäriniň talyplary öz başarnyklaryny görkezdiler. Bu baýramçylyk talyplaryň dil öwrenmäge bolan ukyplaryny, zehinini aýdyň ýüze çykardy. Olaryň hytaý dilinde aýdan aýdymlary, okan goşgulary, görkezen degişme sahnalary, folklor çykyşlary, hytaý diliniň grammatikasy, ýazuwy boýunça ýerine ýetiren ýumuşlary, türkmen dilinden hytaý diline eden terjimeleri, Magtymguly Pyragynyň goşgularynyň ençemesiniň hytaý dilinde ýatdan okalmagy köplerde uly gyzyklanma döretdi.



**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen döwlet dünýä dilleri institutynda hytaý dili sapagy**

Soňky ýyllarda HHR-iň Türkmenistanyň milli hünärmenlerini taýýarlamak işine goşan goşandy ýyl-ýyldan barha saldamly boldy. Mysal üçin, 2010–2015-nji ýyllarda türkmen

talyplarynyň ýüzlerçesi Pekiniň ylym we tehnologiýa uniwersiteti, Pekiniň nebit uniwersiteti, Şanhaýyň Tongži uniwersiteti, Huažongyň ylym we tehnologiýa uniwersiteti we mugallymçylyk uniwersiteti, Guançžow şäheriniň Nanfang lukmançylyk uniwersiteti, Wuhan şäherinde ýerleşen ylym we tehnika uniwersiteti, Huažong pedagogiki uniwersiteti ýaly Hytaýyň ýokary okuw mekdeplerini tamamladylar. Diňe bir 2016–2017--nji okuw ýylynda türkmen talyplarynyň 2000-den gowragy Hytaýyň onlarça iri we abraýly ylym-bilim merkezlerinde bilim aldylar, elektronika, lukmançylyk, arhitektura, syýahatçylyk we başga hünärleri öwrendiler.

Wekiliýetleri, okuw we ylmy işiň tejribesini, döwürleýin neşirleri alyşmak maksady bilen 2013-nji ýylda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň we Pekin uniwersitetiniň (HHR) arasynda hyzmatdaşlyk hakynda ähtnama gol çekilendigini hem nygtap geçmek gerek. Geljekde bu iki uniwersitetiň gönüden-göni aragatnaşygynyň bilimler bilen özara baýlaşmak işine, Türkmenistanyň we Hytaýyň halklarynyň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň ösmegine barha saldamly goşant goşjakdygy aýdyňdyr.

Ýurdumyzyň halkara, şol sanda Hytaý bilen medeni-gumanitar, hususan-da, bilim ulgamy boýunça hyzmatdaşlygy barada gürrüň etmek bilen, soňky wagtda onuň has täze görnüşler bilen baýlaşýandygyny hem belläp geçmek gerek. Şol görnüşleriň täsirlilerinden biri hem ýurdumyzda indi birnäçe ýyl bäri geçirilýän we oňa dünýäniň çar künjeginden myhmanlar gelýän «Bilim, sport we syýahatçylyk Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe» atly halkara sergisidir we ylmy maslahatydyr. Mysal üçin, 2013-nji ýylyň noýabrynda geçirilen şeýle foruma dünýäniň 30-a golaý ýurdundan, şol sanda HHR--den gelen alymlar, professor-mugallymlar, hünärmenler gatnaşdylar. Sergi, şeýle hem umumy mejlislerde we bölümçelerde geçirilen ylmy maslahat dürli ugurlarda tejribe alyşmaga, hyzmatdaşlygy ösdürmäge giň mümkinçilik berdi. «Biz bu köpugurly halkara hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de ösdürmäge aýratyn üns bereris» diýlip, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 10-njy noýabrynda «Bilim we sport Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe» atly halkara sergisine we ylmy maslahatyna gatnaşyjyla-

ra ýollan ýüzlenmesinde aýdyldy. – Bu halkara sergisine we ylmy maslahatyna iri halkara bilim we sport guramalarynyň, öňdebaryjy ylym-bilim merkezleriniň wekilleriniň gatnaşmagy hem halkara bileleşiginiň Türkmenistana gyzyklanmasynyň barha artýandygyny aýdyň görkezýär».

Hytaý halkynyň lukmançylykdaky däpleri, köp asyrlyk tejribesi we şu ugurda gazanan üstünlikleri hem uly gyzyklanma döredýär. Şu jähtden, Türkmenistanyň we HHR-iň arasynda saglygy goraýyş ulgamynda hem işjeň hyzmatdaşlyk ýola goýuldy we ol dürli görnüşler bilen baýlaşýar. Mysal üçin, Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti (TDLU) bilen Pekiniň adaty hytaý lukmançylygy uniwersitetiniň (PAHLU) arasynda hyzmatdaşlyk 2014-nji ýylyň noýabrynda, PAHLU-nyň rektory Su Anlongyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň TDLU-a sapar bilen gelen wagtynda ýola goýuldy.

PAHLU 1956-njy ýylda esaslandyrylypdyr. Ol Hytaýyň lukmançylyk ulgamynda ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlaýan, şeýle hem öňüni alyş, agyr hem-de bejermesi kyn keselleri bejermek ulgamynda ylmy-barlag işleri bilen meşgullanýan ýurduň ýöriteleşdirilen ýokary okuw mekdepleriniň iň gowularynyň biri hasaplanýar. Bu ýokary okuw mekdebinde okuwlar hytaý lukmançylygy, farmasewtika, derman serişdelerini çykarmak ýaly hünärler boýunça alnyp barylýar.

Ýeri gelende aýtsak, 2014-nji ýylyň maý aýynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň HHR-e bolan resmi saparynyň çäklerinde Pekiniň adaty hytaý lukmançylygy uniwersitetine barypdy we şol ýerde türkmen döwletiniň Baştutanyna «Pekiniň adaty hytaý lukmançylygy uniwersitetiniň Hormatly professory» diýen ady dakmak dabarasy geçirilipdi. Öz çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti ysnyşykly ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň, hususan-da, Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň we Pekiniňiň adaty hytaý lukmançylygy uniwersitetiniň arasynda şeýle hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine çagyrypdy, öňdebaryjy ylmy usulyýetler we tejribeler alyşmagyň örän peýdaly boljakdygyny, munuň özüniň biziň talyplarymyza we ýaş alymlarymyza öz hünär ussatlyklaryny görnetin artdyrmaga ýardam etjekdigini nygtapdy.

TDLU-nyň we PAHLU-nyň arasynda hyzmatdaşlygyň meseleleriniň ara alnyp maslahatlaşylmagynyň gidişinde PAHLU-nyň rektory Su Anlong hytaý wekiliýetiniň uly isleginiň Türkmenistanda birnäçe wezipeleri alyp barjak hytaý lukmançylygynyň merkezini döretmek bolup durýandygyny belledi. Şeýle hem ol öz ýolbaşçylyk edýän uniwersitetiniň her ýyl okuwa 30 sany türkmen talybyny kabul etmäge taýýardygyny mälim etdi.

Türkmenistanyň we Hytaýyň bu iki lukmançylyk uniwersitetleriniň arasyndaky hyzmatdaşlygynyň şeýle hem türkmen we hytaý halklarynyň, ozaly bilen bolsa ýaş nesilleriniň arasyndaky dostlugyň we özara düşünişmegiň mundan beýläk hem pugtalanmagyna ýardam etjekdigi hem aýdyňdyr.

Ylym medeniýetiň iň möhüm bölegi we adamzadyň döredijilik zehininiň iň ýokary ýüze çykmalaryndan biri bolup durýar. Ylmyň gazananlary umumadamzat ähmiýete eýedir. Şol bir wagtyň özünde hem öz tebigaty boýunça internasional ylym we jemgyýetçilik ösüşiniň logikasy halkara ylmy aragatnaşyklarynyň hemme taraplaýyn giňeldilmegini talap edýär, sebäbi bu ugur boýunça alnyp barylýan hyzmatdaşlyk täze pikirleriň we ylmy ugurlaryň döremegini höweslendirýär, anyk netijeler berýär. Halkara ylmy aragatnaşyklaryň halkara gatnaşyklaryny adamkärçilikleşdirmekde hem möhüm ähmiýeti bardyr: olar ylym dünýäsinde özara düşünişmek, hoşniýetlilik ýagdaýyny döredýärler, ýer siwilizasiýanyň geljegi üçin dürli ýurtlaryň alymlarynda jogapkärçilik duýgularynyň ösmegine ýardam edýärler, sebäbi bilim öz-özünden ähli belalaryň gaýtargysy däldir. Ahlak aňyndan daşarda bilim erbet işiň çeşmesidir.

Türkmenistanyň garaşsyzlyk ýyllary, esasan hem, soňky ýyllarda, ýurdumyzyň HHR bilen ylmy hyzmatdaşlygy hem esli işjeňleşdi, has ýokary derejä galyp, düzgünli häsiýete eýe bolup başlady. Muňa bolsa ýurdumyzyň ylmynyň ýüzüni we ylmy-tehniki ösüşi kesgitleýän bilimleriň dürli pudaklarynda türkmen alymlarynyň esli gazananlary, iki ýurduň tebigat-howa we başga şertleriniň meňzeşligi we ýakynlygy, tutuş halkara birleşiginiň tagallalary bilen global meseleleri çözmekligiň zerurlygy şertlendirilen ençeme ugurlar boýunça halkara hyzmatdaşlygyň umumy işjeňleşmegi ýardam etdi.

Türkmen we hytaý alymlarynyň arasynda özara işçi saparlarynyň guralmagy olaryň aragatnaşyklarynyň we tejribe alyşmaklarynyň netijeli ugruna öwrüldi. Seredilýän döwrüň içinde ylmy-barlag institutlaryň işi, işewür aragatnaşyklary ýola goýmagyň mümkinçilikleri bilen tanyşmak, ylmy habar alyşmak, ylmy işleri ýerine ýetirmek üçin zerur bolan materiallary toplamak we ş.m. maksady bilen Türkmenistana hytaý alymlarynyň onlarçasy, ençeme wekiliýetleri geldiler. Hytaý hünärmenleriniň saparlary iki tarap üçin hem gürrüňsiz peýdaly boldy. Mysal üçin, 2012-nji ýylyň sentýabr aýynda halkara barlaglar boýunça Şanhaý akademiýasynyň ylmy komitetiniň (HBŞA) başlygy Ýuý Sintýanyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Türkmenistanda boldy. Halkara barlaglar boýunça Şanhaý akademiýasy tutuş Günorta-Gündogar Aziýada esasy ylmy merkezleriň biri bolup durýar we ol dünýäde iň öňde barýan barlag merkezleriniň birinji onlugyna girýär. Şeýle hem bu Akademiýa ýurduň daşary syýasatynyň meseleleri boýunça Hytaý hökümetine maslahatlar berýän HHR-iň esasy ylmy-barlag merkezleriniň biri bolup durýar. HBŞA-nyň düzümine halkara strategiýalar, ählumumy dolandyryş, ykdysadyýetleri seljeriş, daşary syýasat, aýratyn ykdysady zolaklar, habar boýunça 6 sany institut, şeýle hem Ýer togalagynyň dürli sebitlerindäki halkara meseleleri öwrenmek boýunça 11 sany barlag merkezi girýär. Akademiýa ýurduň içinde 100-den gowrak, daşary ýurtlaryň 30-syndan gowragynyň abraýly uniwersitetleri we ylmy-barlag edaralary bilen akademiki alyşmalar edýär we hyzmatdaşlygy alyp barýar, dürli tejribelikleri, seminarlary, maslahatlary maliýeleşdirýär we ş.m.

Düzüminde HBŞA-nyň ylmy işgärleri we alym hünärmenleri bolan wekiliýetiň agzalary Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde, bu ministrligiň Halkara gatnaşyklary institutynda boldular. Duşuşyklarda türkmen we hytaý alymlary tarapyndan ylmy barlaglary alyp barmakda gazanylan üstünlikler barada habar alşyldy, TDIM-iň Halkara gatnaşyklary instituty bilen HBŞA-nyň arasynda ikitaraplaýyn ylmy aragatnaşyklary ýola goýmak we ösdürmek meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Häzirki wagtda kosmos äleminiň bimöçber mümkinçiliklerini özleşdirmekligiň we ony giňden peýdalanmaklygyň Türkmenistanyň hem döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýan-

dygy mälimdir. Şu jähtden, biziň ýurdumyz kosmosy özleşdirmek we ony giňden peýdalanmak maksady bilen bu ugur boýunça halkara hyzmatdaşlygy hem ýola goýýar we ösdürýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Milli kosmos agentliginiň (MKA) we Hytaýyň kosmos ylmy we tehnikasy korporasiýasynyň (HKYTK) arasynda şeýle hyzmatdaşlyk 2012-nji ýylyň 8-nji awgustynda hytaý hünärmenleriniň wekiliýetiniň Türkmenistanda bolan wagty ýola goýuldy. «Taraplar kosmonawtika babatda hyzmatdaşlygy işjeň ösdürmäge, Türkmenistanyň we HHR-iň milli kosmos müdirlikleriniň arasynda kosmos giňişligini parahatçylykly barlamak we peýdalanmak hakyndaky Ylalaşyga gol çekilmegine ýardam bermäge, türkmen-hytaý kosmos hyzmatdaşlygynyň usulyny döretmek boýunça meseläni ara alyp maslahatlaşmaga taýýardyr» diýlip, 2014-nji ýylyň 12-nji maýynda Türkmenistan bilen HHR-iň arasynda strategik hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek we çuňlaşdyrmak hakynda bilelikdäki Jarnamada aýdylýar.–Taraplar Ýeri uzak aralykdan barlamagyň hemralary, aragatnaşyk hemralary, kosmos abzallaryny uçurmaga hyzmat etmek, hünärmenleri taýýarlamak, şeýle hem Ýeri uzak aralykdan barlamagyň hemrasy boýunça hyzmatdaşlygyň ýol kartasyny işläp taýýarlamak, Ýeri uzak aralykdan barlamagyň türkmen hemrasy uçurylýança, Ýeri uzak aralykdan barlamagyň hytaý hemralarynyň maglumatlaryny ýeňillikli nyrh boýunça almakda türkmen tarapyna amatly şertleri döretmek we bilelikdäki tagallalar bilen ikitaraplaýyn kosmos hyzmatdaşlygynda iş ýüzünde ösüş gazanmak ýaly ugurlarda hyzmatdaşlyk etmäge bilelikde ýardam bererler».

Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda lukmançylyk ylmyny ösdürmek boýunça hem netijeli gatnaşyklar ýola goýuldy we ösdürilýär. Şu jähtden, ozaly bilen, 2011-nji ýylda Pekinde hytaý dilinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri», «Türkmenistan – melhemler mekany» atly kitaplarynyň çap edilmeginiň millionlarça hytaý jemgyýetçiligini türkmen halkynyň diňe bir baý medeni mirasy bilen tanyşdyrmaga mümkinçilik bermän, eýsem, olaryň türkmen we hytaý halklarynyň arasyndaky netijeli medeni, ylmy, has takygy, lukmançylyk boýunça gatnaşyklary hem mundan beýläk-de pugtalandyrmaga hyzmat edendigi düşnüklidir.

Türkmenistanyň Hytaý bilen ylmy hyzmatdaşlygynda iki ýurduň alymlarynyň Türkmenistanda, şeýle hem Hytaýda geçirilýän ylmy sessiýalara, maslahatlara, kongreslere gatnaşmaklary uly orun tutdy. Şu maksat bilen soňky ýyllarda ençeme türkmen alymlary Hytaýda boldular we olar dostlukly ýurduň dürli şäherlerinde bolup geçen ylmy forumlaryň işine gatnaşdylar. Ençeme halatlarda olar dokladlar bilen çykyş etdiler we olaryň çykyşlary, adatça, uly gyzyklanma döretdi, elbetde, ylmy aragatnaşyklaryň ýola goýulmagyna, ösmegine hem ýardam etdi.

XXI asyryň birinji onýyllygynyň ikinji ýarymyndan başlap Türkmenistan (Aşgabat, Türkmenbaşy (Awaza) şäherleri) möhüm halkara forumlaryň geçirilýän ýerine öwrüldi, bu bolsa ýurtda ylma berilýän uly ähmiýetden habar berdi. Şunuň bilen baglylykda, eýýäm 1998-nji ýylyň aprelinde Aşgabatda ahalteke atlary boýunça halkara kongresiniň bolup geçendigini belläp geçeliň. Bu ylmy forumda hytaý alymlary Wan Teguannyň we Wan Çženşanyň «Gadymy Hytaýda türkmen atlarynyň taryhy», «2100 ýylyň dowamynda Hytaýyň demirgazyk-günbatar atlarynyň nesilleriniň döremegine ahalteke atlarynyň täsiri», «Atlaryň arassa ganly ahalteke, arap nesli» ýaly ylmy materiallary foruma gatnaşyjylarda uly gyzyklanma döretdi.

Häzirki zaman şertlerinde Beýik Ýüpek ýolunyň täze hilde dikeldilmeginiň we munda diplomatiýanyň rolunyň örän gyzykly we diýseň möhüm tema bolup durýandygy düşnüklidir. Bu meselä çuňňur seredilmeginiň özüniň hem sebitiň ýurtlarynyň, şol sanda Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynda taryh we geosyýasy taýdan öňünden kesgitlenen ileri tutulýan ugurlardygy hem aýdyňdyr. Şu jähtden, 2013-nji ýylyň 14–16-njy marty aralygynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň döredilmeginiň 5 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilen «Beýik Ýüpek ýolunyň ugrundaky diplomatiýa: taryhdan geljege»» atly maslahat hem halkara ähmiýetli uly ylmy çäreleriň biri boldy. Bu ylmy maslahata onlarça ýurtlardan alymlar, diplomatlar, syýasatşynaslar gatnaşdylar. Umumy mejlisden başga 4 bölümçede geçirilen mejlislerde «Beýik Ýüpek ýolunyň sebitinde hyzmatdaşlygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde diplomatiýanyň ähmiýeti», «Beýik Ýüpek ýolunyň häzirki zaman şertlerinde täzeden dikeldilmegi», «Beýik Ýüpek ýoly

we söwda-ykdysady gatnaşyklar», «Beýik Ýüpek ýoly we Ýewraziýa yklymynda medeniýetleriň we siwilizasiýalaryň özara baýlaşmagy» ýaly temalar ara alnyp maslahatlaşyldy. «Men bu maslahatda özümiň Ýüpek ýolunyň gaýtadan dikeldilmeginde Türkmenistanyň taryhy roluna bagyşlap eden çykyşymda dostlukly ýurduň bu ugur boýunça daşary-syýasy ugrunyň many-mazmunyny açyp görkezmäge synanyşdym – diýip, HHR-iň Türkmenistandaky ozalky ilçisi In Sun Lin aýtdy. – Şu ýerde men Hytaý döwletiniň Baştutanynyň «Ýüpek ýolunyň ykdysady zolagyny» gurmak baradaky pikiriniň Türkmenistanda eýýäm Ýüpek ýoluny dikeltmekde täze hilde, häzirki zaman transmilli awtomobil, demir ýol, gaz geçirijiler, şeýle hem medeni-gumanitar alyşmalar görnüşinde alnyp barylýan işler bilen gabat gelýändigini aýtmalydyryn».

Umuman, taryhyň dowamynda döwletleri, milletleri we sebitleri baglanyşdyran Beýik Ýüpek ýolunyň häzirki şertlerde gaýtadan dikeldilmeginiň ylmy esaslaryny we mümkinçiliklerini seljermekde, dürli ugurlar boýunça halkara gatnaşyklary täze sepgitlere ýetirmekde bu halkara ylmy maslahatyň ähmiýeti uly boldy.

TDIM-iň Halkara gatnaşyklary institutynda 2013-nji ýylyň 11-nji dekabrynda geçirilen «Türkmenistanyň bitaraplygy: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň Strategiýasy» atly halkara maslahat hem özüniň sereden meselesiniň örän möhümligi bilen tapawutlandy. Maslahata abraýly halkara guramalaryň we gurluşlaryň, şol sanda BMG-niň, Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň ýokary wezipeli wekilleri, ýurduň ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň, Türkmenistanda akkreditirlenen daşary ýurt döwletleriniň diplomatik missiýalarynyň ýolbaşçylary, ýurduň diplomatik korpusynyň wekilleri gatnaşdylar.

Maslahatyň gidişinde türkmen bitaraplygynyň ählumumy goşulyşma ýagdaýlara ýetirýän köptaraplaýyn täsirine hakyky we hemme taraplaýyn baha berildi, Türkmenistanyň daşary-syýasy, parahatçylyk döredijі başlangyçlary bilen baglylykda umumy meseleleriň çözgüdine täze çemeleşmeler öňe sürüldi. Şeýle hem forumda okalan dokladlarda Türkmenistanyň daşary-syýasy ugrunyň esasy döwürleri we netijeleri häsiýetlendirildi.

Halkara ähmiýeti bolan şeýle çäreler olara gatnaşýan ähli taraplar üçin peýdaly bolup durýar, sebäbi olar dürli ýurtlaryň alymlary we hünärmenleri üçin giň şahsy aragatnaşyklaryň mümkinçiligini döredýär, olaryň barlaglarynyň netijeleri bilen ýerinde tanyşmaklyga, gyzyklandyrýan meseleler boýunça zerur bolan habary almaklyga, ýola goýlan hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga we taraplar üçin gyzyklanma döredýän çäklerde täze özara hyzmatdaşlygy ýola goýmaklyga ýardam edýär.

Ylmy guramaklyk çäginde hem aragatnaşyklar giňelýär. Türkmen we hytaý alymlarynyň özara saparlary ylmyň we tehnikanyň möhüm pudaklarynyň ýagdaýy we ösüş meýilleri, ylmy-tehniki işe ýolbaşçylyk etmekligiň tejribesi barada habaryň alşylmagyna, ylmy hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerini we usullaryny ýüze çykarmaklyga ýardam edýärler.

Şunlukda, biziň ýurdumyzda bilimi we ylmy ösdürmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry bolup durýar. Bu syýasatyň esasy maksady bolsa okatmaklygyň ýokary ülňülerini girizmekdir, amaly ähmiýeti bolan düýpli we ylmy barlaglary goldamakdyr, höweslendirmekdir, ähli ylmy we bilim edaralaryny kompýuter bilen üpjün etmekdir, kommunikasiýa tehnologiýalary ösdürmekdir, ylym we bilim babatda halkara gazananlaryny alyşmakdyr, daşary ýurtlaryň esasy okuw mekdepleri bilen giň hyzmatdaşlygy alyp barmakdyr. Soňky jähtlerden Türkmenistanyň HHR bilen bilim we ylym ugurlary boýunça hyzmatdaşlygy soňky ýyllarda yzygiderli ösüşe eýe boldy, bu bolsa, öz gezeginde, okuw, ylmy-barlag işiniň, şol sanda halkara hyzmatdaşlygyny kämilleşdirmegiň zerurlygy bilen şertlendirildi.

## §3. EDEBIÝAT WE SUNGAT ÇÄKLERINDÄKI HYZMATDAŞLYK

Edebiýat beýleki ýurtlaryň we halklaryň durmuşy barada bilim almagyň çeşmesidir, dürli eýýamlaryň özara aragatnaşyklaryny, dostluk däplerini pugtalandyrmagyň serişdesidir we olar halklaryň bir-birine bolan ynamyna, olaryň oýlanmalarynyň birligine esaslanýarlar. Şonuň üçin hem Gündogaryň gadymy filosoflarynyň edebiýata «ýaşamagy öwredýän ylym» hökmünde seretmekleri ýöne ýerden däldir.

Edebiýatyň we sungatyň ugry boýunça amala aşyrylýan halkara aragatnaşyklarynda türkmen edebiýaty esli rol oýnaýar. Ol XXI asyryň oňaýly özgerişliklerini şöhlelendirýär, biziň halkymyzy onuň içki dünýäsiniň ähli baýlygynda suratlandyrýar, parahatçylygyň we ösüşiň goraýjysy bolup çykyş edýär. Türkmen ýazyjylarynyň häzirki zaman dünýäsiniň ynjalyksyzlyklaryndan, halkyň durmuşyndan özlerini üzňe tutmazlyklarynda türkmen sungatynyň ahlak güýji jemlenendir. Şeýle hem türkmen edebiýatyna ýokary çeperçilik, durmuş meselelerini, gurşap alýan töweregi gowy bilmek, hakykylyk, ahlaklylyk we adamkärçilik ýaly sypatlar mahsusdyr. Munda bolsa türkmen edebiýatynyň halkara ähmiýeti jemlenendir.

Şol bir wagtyň özünde hem hakyky gymmatlyklaryň ileri tutulýan ugurlaryndan, durmuş ösüşine ygrarlylykdan gelip çykmak bilen, türkmen edebiýaty dünýäniň çeper tejribesinden ähli peýdaly, halkyň hakyky bähbitlerine hyzmat edýän zatlary özüne kabul edip alýar, umumadamzat gymmatlyklaryny saklamagyň we ösdürmegiň, has paýhasly we adamkärçilikli dünýäniň, özara baýlaşmagyň hatyrasyna hyzmatdaşlyga çagyrýar.

Şunlukda, türkmen halky tarapyndan asyrlaryň dowamynda döredilen ähli gymmatlyklary öz içine almak, türkmen diliniň we halk poeziýa döredijiliginiň iň gowy däplerinde we görnüşlerinde eýermek, dünýä klassyk edebiýatynyň oňaýly täsiri bilen türkmen edebiýaty uly üstünliklere eýe boldy we onuň iň gowy nusgalary dünýä giňişligine çykdy.

Ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, Hytaýda türkmen ýazyjylarynyň eserleriniň neşir edilmegi XX asyryň 40-njy ýyllarynyň aýagynda we 50-nji ýyllaryň başynda başlanypdy. Şol döwürde bu dostlukly ýurtda türkmeniň ruhy sütünleriniň, türkmen klassyklary Magtymgulynyň, Mollanepesiň, Keminäniň, şeýle hem belli türkmen ýazyjysy B. Kerbabaýewiň ençeme eserleri çap edilipdi. Türkmen ýazyjylarynyň eserleri bilen hytaý jemgyýetçiligini tanyşdyrmak boýunça iş Hytaýda soňky ýyllarda hem alnyp baryldy.

Halkymyzyň şöhratly taryhyny we baý medeni mirasyny düýpli öwrenmekligiň, ony aýawly saklamaklygyň hem-de bütin dünýäde giňden wagyz etmekligiň döwlet syýasatymyzyň möhüm ugurlarynyň

biri bolup durýandygy mälimdir. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň HHR-däki ilçihanasy ýurdumyzyň we Hytaýyň arasynda medeni alyş-çalyşlary ösdürmek üçin degerli çäreleriň işlenip taýýarlanylmagyna, medeni hyzmatdaşlygyň ösmegine, hytaý jemgyýetçiliginiň arasynda ýurdumyzyň medeni durmuşy barada habarlary, türkmen halkynyň medeni mirasyny ýaýratmak boýunça hem esli işler etdi. Hususan-da, 2000-nji ýylyň fewral aýynda Pekiniň «Halk edebiýaty» neşirýatynda beýik akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň hytaý dilinde goşgular ýygyndysynyň çap edilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr.

Edebiýat aragatnaşyklary – munuň özi ikitaraplaýyn işdir ýa-da ýagdaýdyr. Şonuň üçin türkmen halky beýleki halklaryň, şol sanda hytaý halkynyň ruhy medeniýeti bilen hem hemişe gyzyklanyp gelýär.

Türkmen we hytaý okyjylarynyň iki ýurduň ýazyjylarynyň döredijiligi bilen özara tanyşmaklary barada gürrüň etmek bilen, käbir möhüm ýagdaýlary nygtap geçmek maksadalaýykdyr. Bu ýerde gürrüň, ozaly bilen, sowet döwründe halklaryň milletler arasyndaky aragatnaşygynyň möhüm ýagdaýy hökmünde rus diliniň uly rol oýnandygy barada barýar. Şol döwürde dünýäde rus dilini bilýän adamlaryň sany esli artypdy. Rus diliniň kömegi bilen türkmen edebiýatynyň ähmiýetli hadysalary daşary ýurtlaryň okyjylarynyň giň toparyna, şol sanda hytaý okyjylaryna hem elýeterli bolupdy. Türkmenistanyň raýatlary üçin rus dili şol döwürde olaryň ikinji ene dili hasaplanypdy we bu dili bilmeklik olara daşary ýurtlaryň, şol sanda hytaý ýazyjylarynyň, şahyrlarynyň, dramaturglarynyň rus dilinde çap edilen eserlerini okamaga mümkinçilik berýärdi. Şunlukda, rus diliniň kömegi bilen halklaryň milli medeni gymmatlyklary umumadamzat emlägine öwrülipdi. Bu ýagdaý belli derejede häzir hem dowam edýär.

Indiki ýagdaý, ol hem soňky ýyllarda dünýäde HHR-iň syýasy, ykdysady we gaýry agramyna laýyklykda hytaý diliniň rolunyň ýokarlanmagydyr. Mälim bolşy ýaly, häzirki wagtda hytaý dili BMG--niň 6 sany resmi we işçi dilleriniň biridir. Şeýle hem iňlis dili bilen deňeşdirilende, 1992-nji ýylda iki esse adam mandarin (hytaý) dilinde ýa-da başgaça aýdanymyzda, dünýä ilatynyň 15,2% we ýene-de 3,6% hytaý diliniň beýleki şiwelerinde gepledi. Galyberse-de, diňe

bir 2012-nji ýylda dünýäniň 100-den gowrak ýurdunyň 2600 ýokary okuw mekdeplerinde hytaý dili sapagynyň okadylmagy hem hytaý diliniň rolunyň ýokarlanýandygyndan habar berdi.

Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň we HHR-iň arasyndaky gatnaşyklaryň uzak möhletleýin, strategik häsiýete eýe bolmagy hem Türkmenistanda hem-de Hytaýda iki dostlukly halkyň dilleriniň, medeniýetiniň, taryhynyň has çuňňur özara öwrenilmegine bolan gyzyklanmanyň artmagyna getirdi. Netijede, eýýäm şu günki günde ýaş türkmen raýatlarynyň barha köpüsi hytaý dilini düýpli öwrenýärler we bu oňaýly ýagdaý olara hytaý ýazyjy-şahyrlarynyň eserlerini asyl nusgada okamaga, şol sanda hytaý edebiýaty we sungaty bilen giňden tanyşmaga, umuman, hytaý medeniýetini çuňňur öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Umumadamzat medeniýetiniň emele gelmeginde we ösmeginde, jemgyýetiň agzalarynyň dünýägaraýşyny, ahlak keşbini we ruhy talaplaryny kanagatlandyrmakda sungat möhüm rol oýnaýar. Bu çäkde milli medeniýetleriň hyzmatdaşlygy we özara täsiri aýratyn köptaraply bolýar, sebäbi olar ruhy döredijiligiň köp çäklerini öz içine alýarlar. Munuň hem üstesine, özara gatnaşyklaryň gidişinde hyzmatdaşlygyň däp bolan görnüşlerinden başga-da, milli medeniýetleriň ýakynlaşmagyna, olaryň baýlaşmagyna alyp barýan hil taýdan täze görnüşler peýda bolýar we ösýär. Elbetde, bu çäkde Türkmenistanyň Hytaý bilen hyzmatdaşlygynyň göwrümi hem dürli wagtlarda birmeňzeş bolmady. Çeper gymmatlyklaryň alşylmagy XXI asyryň birinji onýyllygynyň ikinji ýarymyndan başlap esli ýokarlandy.

Türkmen we hytaý halklarynyň medeni durmuşynyň özara baýlaşmagyna olarda ol ýa-da başga halkyň durmuşy, onuň däp-dessurlary öz beýanyny tapýan amaly-haşam sungatynyň sergileriniň alşylmagy hem ýardam edýär. Mysal üçin, 2011-nji ýylyň noýabrynyň üçünji ongünlüginiň başynda Pekinde, Hytaýyň milli muzeýinde Türkmenistanyň amaly-haşam sungatynyň sergisi işledi. 120 inedördül metr ýaýbaňlandyrylan serginiň bölümlerinde «Türkmenhaly» Döwlet paýdarlar korporasiýasy, Türkmenistanyň Baş milli we Şekillendiriş sungaty muzeýleri, şeýle hem «Türkmen atlary» Döwlet birleşigi, Türkmen döwlet neşirýat gullugy öz önümlerini görkezdiler.

Halk amaly-haşam sungatynyň gymmatlyklary, gadymy milli lybaslarymyz, bezeg şaý-sepleri we umumydünýä medeniýetiniň baý hazynasyna bahasyna ýetip bolmajak goşant goşan hem-de milletiň buýsanjy bolup durýan bütin dünýäde meşhurlyk gazanan türkmen halylary sergä gaýtalanmajak milli öwüşgin çaýdy. Sergide nusgawy görnüşde arassa ýüňden we ýüpekden dokalan halylaryň 100-e golaýy görkezildi. Özüniň görnüşi we göwrüminiň özboluşlylygy, inçe nagyşlary, reňkli gaşjagazlary bilen haýran galdyran gadymy kümüş şaý-sepleri hem muzeýe gelýänlerde aýratyn gyzyklanma döretdi. Türkmenistanyň Şekillendiriş sungaty muzeýiniň hazynasyndan getirilen 20-den gowrak surat eserleri hem çeperçilik sergisiniň has köp adamly ýerine öwrüldi. Umuman, Hytaýyň paýtagtynyň Türkmenistanyň milli sungaty bilen tanyşmagy paýtagtyň jemgyýetçilik durmuşynda möhüm waka boldy, iki ýurduň gumanitar hyzmatdaşlygynyň ösüşine uly itergi berdi.

Ruhy durmuşy halkara derejesine çykarmakda teatr oýunlary hem möhüm rol oýnaýar. Mysal üçin, 2014-nji ýylyň noýabrynda Türkmenistanyň Baş teatrlarynyň işgärleriniň uly topary hormatly myhman hökmünde Şanhaý şäherinde her ýyl geçirilýän teatr boýunça talyp festiwalyna gatnaşdylar. Olar drama we komediýa oýunlaryny, operalary sahnada goýmaklygyň hytaý ýörelgeleri bilen tanyşdylar, ençeme oýunlara tomaşa etdiler, maslahatlara gatnaşdylar. Bu sapar Garaşsyzlyk ýyllarynda iki ýurduň teatr işgärleriniň arasynda döredijilik aragatnaşyklarynyň ýola goýulmagyna ýardam etdi.

Türkmenistanyň Hytaý bilen medeni aragatnaşyklarynda iki ýurduň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň (KHBS) arasynda ýola goýlan hyzmatdaşlyk hem esli orun tutýar. Bu ugur boýunça hyzmatdaşlyk medeni aragatnaşyklary çuňlaşdyrmakda, medeni gymmatlyklary özara ýaýratmakda uly mümkinçiliklere eýe bolup durýar, bu bolsa öz gezeginde, adamlaryň ruhy bütewüliginiň, halklaryň özara düşünişmeginiň we dostlugynyň pugtalanmagyna ýardam edýär.

Şunlukda, Türkmenistanyň HHR bilen edebiýat we sungat boýunça hyzmatdaşlygyna gerimlilik, görnüşleriniň köpdürlüligi mahsusdyr. Aragatnaşyklaryň ösüşiniň gidişinde milli medeniýetleriň özara ýakynlaşmagyna we baýlaşmagyna bolan ugur öz beýanyny

7. Sargyt № 2202

tapýar. HHR bilen aragatnaşyklary ösdürmek, olaryň döredijilik we jemgyýetçilik-syýasy täsirliligini ýokarlandyrmak bilen, Bitarap Türkmenistan özüniň tutuş halkara medeni-gumanitar hyzmatdaşlygyny çuňlaşdyrýar we giňeldýär.

## § 4. SPORT WE SYÝAHATÇYLYK BOÝUNÇA HYZMATDAŞLYGYŇ GIŇELMEGI

Ynsanyň bagtyýarlygynyň sakasy saglykdyr. Hut şonuň üçin hem sporty ösdürmek boýunça hyzmatdaşlyk halkara gatnaşyklarynyň wajyp ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu ýörelgeden ugur alyp, Türkmenistan özüniň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan sport boýunça hyzmatdaşlyga hem uly ähmiýet berip başlady. Mysal üçin, Türkmenistanyň bedenterbiýe we sport boýunça Komitetiniň we Hytaý Halk Respublikasynyň bedenterbiýe we sport boýunça Döwlet komitetiniň arasynda bedenterbiýe we sport babatda hyzmatdaşlyk hakyndaky 1995-nji ýylda gol çekilen Ylalaşyga laýyklykda, iki ýurduň sport komandalary alşylyp başlandy. Hususan-da, 1997–1998-nji ýyllarda Türkmenistanyň we Hytaýyň milli futbol komandalarynyň arasynda dünýä çempionatynyň soňky tapgyryna çykmak boýunça saýlap alyş çäreleriniň çäklerinde iki duşuşygyň bolup geçmegi, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň kubogy ugrunda «Henen» atly hytaý futbol komandasynyň 4-nji halkara ýaryşyna gatnaşmagy möhüm waka boldy.

Esasan hem, XXI asyryň birinji onýyllygynyň ikinji ýarymyndan başlap Türkmenistanda sporty we bedenterbiýäni ösdürmek boýunça işler uly gerim alyp başlady. Ýurdumyzyň raýatlaryny, ilkinji nobatda bolsa ösüp gelýän ýaş nesilleri köpçülikleýin sporta we bedenterbiýä giňden çekmek, halkara derejesinde geçirilýän ýaryşlarda ussatlyk bilen çykyş etjek sport ussatlaryny we türgenleri taýýarlamak döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň birine öwrüldi. Şunlukda, soňky ýyllarda ýurdumyzyň diňe bir paýtagtynda däl, eýsem, welaýatlarynda hem halkymyzyň saglygyny berkitmäge, beden taýdan berk, ruhy taýdan kämil nesli kemala getirmäge ýardam berýän häzirki zaman sport desgalary we toplumlary guruldy, bedenterbiýe we sport edaralarynyň hem-de guramalarynyň ýörite ulgamy döredildi.

Netijede, Türkmenistanda bedenterbiýäniň we sportuň ösüşiniň ýetilen derejesi ýurdumyzda gysga wagtyň içinde ençeme ýokary derejeli türgenleriň taýýarlanylmagyna ýardam etdi we olar Türkmenistanda, şeýle hem daşary ýurtlarda geçirilen halkara duşuşyklara gatnaşyp, barha köp baýrakly orunlary eýeläp başladylar, sebit we dünýä rekordlaryny goýdular.

Şunlukda, soňky ýyllarda halkara sport giňişliginde Türkmenistanyň abraýy barha ýokarlandy. Muňa şu aşakdaky deliller hem aýdyň şaýatlyk edýär: 2014-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda bolup geçen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde ýurdumyzyň şol ýylyň 9 aýyndaky ösüşiniň jemleri jemlendi, sportda gazanylan üstünlikler hem bellenilip geçildi. Şol döwürde türkmen türgenleri halkara derejesindäki, şol sanda dünýä we Aziýa çempionatlarynyň, Bütindünýä ýetginjekler olimpiadasynyň, Aziýa oýunlarynyň we beýlekileriň 117--sine gatnaşyp, jemi 267 medala eýe boldular, şol sanda olaryň 82-si altyn, 96-sy kümüş, 89-sy bolsa bürünç medallar boldy. 2014-nji ýylda eýe bolnan medallaryň sanynyň 2013-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende esli artandygyny hem belläp geçmek gerek. Munuň özi, ozaly bilen, Türkmenistanda sportuň ýokary netijeli ugurlaryny ösdürmäge uly ünsüň berilýändiginden, sportuň maddy-tehniki bazasynyň yzygiderli gowulaşýanlygyndan, türgenleriň ussatlyklarynyň ýokarlanýandygyndan habar berdi.

Deliller şeýle hem 2014-nji ýylyň soňky aýlarynda türkmen türgenleriniň halkara derejesindäki iri ýaryşlarda, şol sanda ýurdumyzda geçirilen bäsleşiklerdäki çykyşlarynyň aýratyn hem netijeli bolandygyny görkezdi. Muňa diňe bir noýabr aýynda türkmen türgenleriniň altyn, kümüş we bürünç medallaryň 100-e golaýyny gazanyp bilendikleri hem şaýatlyk edýär. Mysal üçin, noýabr aýynda Ýaponiýanyň Narita şäherinde dünýäniň 80-den gowrak ýurdundan bolan türgenleriň gatnaşmagynda geçirilen sport we söweş sambosy boýunça dünýä çempionatynda türkmenistanly türgenler «ýaragsyz goranyş» usulynda kümüş we bürünç medallara mynasyp boldular.

Şol aýda türkmen küştçüleri hem halkara ýaryşlarynda üstünlik gazandylar. Olar ýaryşlaryň şol bir wagtyň özünde birnäçesinde tapawutlanmagy başardylar. Olaryň biri Nýu-Deli (Hindistan) şäherin-

de 14,16 we 18 ýaşa çenli oglanlaryň we gyzlaryň arasynda geçirilen Aziýa çempionaty boldy. Şonda türgenlerimiz blis-ýaryşda bir altyn we bir kümüş medaly gazandylar. Türkmenistanyň küştçüleri uly üstünlikleri noýabryň üçünji onýyllygynda Moskwada geçirilen halkara ýaryşda hem gazandylar. Şonda sportuň bu görnüşinde türkmen ussatlary medallaryň 4-sine – altyn, kümüş we iki sany bürünç medallara eýe bolmagy başardylar.

2014-nji ýylyň 21–23-nji noýabrynda Taýlandyň Phuket adasynda IV Aziýa kenarýaka oýunlary geçirildi we onda türkmen türgenleri sportuň sambo, woleýbol, basketbol, gandbol, göreş, erkin göreş, taý boksy ýaly görnüşleri boýunça çykyş edip, medallaryň 11-sine – 1 altyn, 3 kümüş we 7 sany bürünç medala mynasyp boldular. Topara ilkinji ýeňşi – altyn medaly sambo boýunça 52 kilograma çenli agramda çykyş eden, halkara derejeli sport ussady Gülbadam Babamyradowa getirdi. Bu samboçy türgen dürli derejeli beýleki iri halkara ýaryşlarynda hem köpsanly baýraklary eýeledi. Ol 2012-nji ýylda dünýä çempiony boldy we 2013-nji ýylda Kazanda geçirilen Bütindünýä uniwersiadada kümüş medala eýe boldy. Şol talyplar ýaryşlarynda Gülbadam guşakly göreş boýunça hem altyn medala mynasyp boldy. 2014-nji ýylyň sentýabr aýynda, XVII Aziýa oýunlarynda bolsa bu türgen gyz dzýudo boýunça ikinji orny eýeledi.

Türkmenistanlylaryň 2014-nji ýylyň noýabrynyň üçünji ongünlüginde guşakly göreş boýunça 12-nji dünýä çempionatynda we türkmen milli göreşi boýunça 1-nji dünýä çempionatynda gazanan üstünlikleri has-da buýsandyryjy boldy. Şonda ýurdumyz medallaryň 45-sine mynasyp bolup (şolaryň 16-sy altyn, 14-si kümüş we 15-si bürünç medaly boldy), umumytoparlaýyn çykyşlarda birinji orny eýeledi.

Soňky ýyllarda halkara sport ýaryşlarynda sportuň belli-belli görnüşleri boýunça türkmen türgenleriniň wekilleriniň ýaryşlaryň ýeňijilerini sylaglamak dabarasyna gatnaşýan düzüme goşulmaklary hem sport boýunça Türkmenistanyň halkara abraýynyň ýokarlanýandygynyň nyşany bolup durýar. Hususan-da, IV Aziýa kenarýaka oýunlarynda bu hormatly wezipäni Türkmenistanyň at gazanan tälimçisi, söweş sungaty boýunça milli federasiýasynyň başlygy Ata Adaýew ýerine ýetirdi.

Türkmenistanyň sport federasiýalarynyň taryhy olaryň gysga wagtyň içinde diňe bir zehinli türgenleri taýýarlamak boýunça däl, eýsem, iri halkara ýaryşlaryny geçirmekde hem esli oňaýly tejribe toplandyklaryndan habar berýär. Munuň aýdyň mysaly hökmünde Türkmenistanyň söweş sungaty boýunça milli federasiýasynyň guran we Aşgabatda ençeme gezek geçirilen Merkezi Aziýanyň sport we söweş sambosy boýunça çempionatyny görkezse bolar. Bu uly sport ýaryşyna sportuň bu görnüşi boýunça sebitiň iň tejribeli türgenleri gatnaşdylar.

Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanda iri sport ýaryşlarynyň geçirilmegi üçin zerur bolan şertleriň döredilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Häzirki wagtda Aşgabatda Orta Aziýa sebitinde deňi-taýy bolmadyk uly sport toplumynyň – bahasy ABŞ-nyň 5 milliard dollary bolan Olimpiýa şäherçesiniň gurluşygynyň tamamlanmagy munuň aýdyň mysalydyr. Mälim bolşy ýaly, 2010-njy ýylda Aziýanyň Olimpiýa Geňeşi 2017-nji ýylda Merkezi Aziýa sebitinde ilkinji gezek Aşgabat şäherinde Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryny geçirmek barada çözgit kabul edipdi. 2014-nji ýylyň 28--nji noýabrynda Aşgabatda Okeaniýa ýurtlarynyň Aziada – 2017-ä gatnaşmagy baradaky Ähtnama hem gol çekiliş dabarasy bolupdy. Bu resminama laýyklykda, Aziýanyň Olimpiýa Geňeşiniň agzalary bolup durýan milli Olimpiýa komitetleriniň 45-sinden başga-da, 2017--nji ýylda Aziýa oýunlaryna ilkinji gezek Okeaniýa ýurtlarynyň milli Olimpiýa komitetleriniň 17-siniň gatnaşmagy ylalaşylypdy.

Bu uly sport çäresiniň geçirilmeginiň netijeli hyzmatdaşlygy giňeltmäge, ýurdumyzda sportuň dürli görnüşlerini, şol sanda olimpiýa oýunlaryny wagyz etmäge, ýurdumyzyň türgenleriniň täze sport belentlikleri eýelemäge bolan höwesini artdyrmaga, Türkmenistanyň halkara sport abraýyny ýokary götermäge ýardam etjekdigi düşnüklidir. Galyberse-de, Türkmenistanyň teklibi boýunça 2017-nji ýylda Türkmenistanda geçiriljek V Aziýa oýunlarynyň sanawyna atçylyk sportunyň päsgelçiliklerden böküp geçmek (konkur) görnüşiniň hem goşulmagy ahalteke bedewleriniň atçylyk sportunda şöhratly ýoluny mynasyp dowam etmäge we sportuň bu görnüşi boýunça ýokary ukybyny doly açyp görkezmäge mümkinçilik berer.

Garaşsyzlyk ýyllary Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasy bilen sport boýunça hyzmatdaşlygy hem san we hil taýdan täze derejä galdy. Bu hyzmatdaşlyk köpçülikleýin sport boýunça gazanylan üstünlikler bilen tanyşmak, sport we bedenterbiýe işiniň usullaryny öwrenmek maksady bilen wekiliýetleriň özara alşylmagy arkaly, Türkmenistanda, Hytaýda we beýleki ýurtlarda geçirilen sport ýaryşlary wagtynda amala aşyryldy. Şol bir wagtyň özünde dünýä sportunyň derejesinde türgenleri taýýarlamak, iri sport bäsleşiklerini geçirmek ýaly meseleler boýunça hytaý tejribesini öwrenmek ýurdumyzyň sport federasiýalary üçin uly ähmiýete eýe boldy. Hususan-da, 2017--nji ýylda Türkmenistanda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň geçirilmegi bilen baglylykda meýletin ýardamçylary taýýarlamak zerurlygynyň ýüze çykandygyny, Türkmenistanyň meýletin ýardamçylary taýýarlamagyň halkara tejribesini öwrenmek maksady bilen Hytaýa hem 30-a golaý ýaş meýletin ýardamçylardan düzülen wekiliýeti ugradandygyny, onuň bolsa 2014-nji ýylyň awgustynda dostlukly ýurduň Nankin şäherinde geçirilen II tomusky Ýetginjekler Olimpiýa oýunlaryna gatnaşandyklaryny nygtap geçeliň.

Şunlukda, Türkmenistanyň Garaşsyzlygy, aýratyn hem, bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň sport guramalarynyň halkara, şol sanda Hytaýyň degişli guramalary bilen aragatnaşyklarynyň gerimi we göwrümi barha artdy, halkara giňişliginde türkmen sportunyň, umuman, Türkmenistanyň abraýynyň ýokarlanmagyna olaryň goşandy günsaýyn saldamly boldy. Bu bolsa öz gezeginde Türkmenistanyň halkara medeni aragatnaşyklarynyň dürli görnüşleriniň arasynda sport boýunça hyzmatdaşlygyň hem barha görnükli orun tutmagyna getirdi.

Syýahatçylyk medeni-gumanitar hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlaryndan biridir we ol halklary bir-biriniň durmuşy we tejribesi bilen özara tanyşdyrmaga, olaryň arasyndaky gatnaşyklarda ynam we özara düşünişmek ruhuny pugtalandyrmaga hyzmat edýär. Halkara syýahatçylygynyň ähmiýeti şeýle hem onuň esli ykdysady wezipeleri ýerine ýetirýändigi bilen kesgitlenilýär. Syýahatçylygyň ösüşi we onuň barha ýokarlanýan ykdysady peýdalylygy barada şu aşakdaky deliller hem aýdyň şaýatlyk edýär: häzirki wagtda içerki syýahat-

çylygy hem goşmak bilen, syýahatçylyk senagatynda 100 milliondan hem gowrak adam işleýär. Syýahatçylyga hyzmat edýän pudaklary döretmek bilen, syýahatçylyk ykdysadyýetiň dürli taraplarynyň ösmegine ýardam edýär. Mysal üçin, Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň (BSG) maglumatlaryna görä, 2012-nji ýylda dünýäniň jemi içerki önüminiň 9%-i, her bir 12 sany iş ornunyň 1-si, hyzmatlaryň dünýä eksportunyň 30%-i hem-de harytlaryň we hyzmatlaryň eksportunyň umumy mukdarynyň 6%-i dünýä syýahatçylygynyň paýyna düşüpdir.

Syýahatçylyk pul girdejisiniň hem düýpli çeşmesidir, mysal üçin, baryp 1950–1980-nji ýyllar aralygynda dünýäde halkara syýahatçylyk boýunça hyzmatdaşlykdan gelen pul girdejisi 45 esseden hem köpräk artdy we ol 1980-nji ýyla çenli 93,3 milliard dollar boldy. 1989-njy ýylda halkara syýahatçylykdan gelen pul girdejisi 195 milliard dollardan geçdi.

Soňky ýyllarda syýahatçylyk has-da ösdi: BSG-niň maglumatlaryna laýyklykda 1950–2008-nji ýyllarda dünýäde syýahatçylaryň sany 25 milliondan 924 million adama çenli artdy. BSG-niň geçiren barlaglary 2030-njy ýyla çenli bu sanyň 1,8 milliarda barabar boljakdygyny görkezdi. 2012-nji ýylda bolsa bu görkeziji 1 milliarddan geçdi. Halkara syýahatçylygynyň ähmiýetiniň barha artmagy dünýäniň ençeme ýurtlarynda bu mesele boýunça ýörite döwlet edaralarynyň, milli jemgyýetçilik guramalarynyň döremegine getirdi.

Syýahatçylygyň çäginde halkara hyzmatdaşlygynyň taryhy 1925--nji ýylda Gaagada resmi syýahatçylyk assosiasiýalarynyň Halkara kongresiniň döredilmegi bilen başlandy. 1934-nji ýylda kongres syýahatçylygy ýaýratmak boýunça resmi guramalaryň Halkara birleşigine öwrüldi. 1970-nji ýylda Meksikada Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň Düzgünnamasyna gol çekildi we ol 1974-nji ýylda öz güýjüne girdi. 1975-nji ýylda Birleşik Bütindünýä syýahatçylyk guramasyna öwrüldi. 2003-nji ýylyň 22-nji dekabryndan bäri BSG BMG--niň ýöriteleşdirilen edarasydyr. 2005-nji ýylda bolsa bu gurama öz abbrewiaturasyny, ýagny özüniň ýazuwda ulanýan şertli gysgaltmalaryny – UN WTO tassyklady.

Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň Düzgünnamasynyň 3-nji maddasyna laýyklykda, bu guramanyň esasy maksady «ykdysady

ösüşe, halkara özara düşünişmeklige, parahatçylyga, gülläp ösmeklige, jynsyna, diline we dinine seretmezden, ähli adamlar üçin adam hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň hemmeler tarapyndan hormatlanylmagyna we berjaý edilmegine goşant goşmak maksady bilen syýahatçylygyň ösmegine ýardam etmek bolup durýar».

Syýahatçylyk pudagynyň aýratynlygynyň hasaba alynmagy bilen BSG-de agzalygyň hakyky, assosirlenen we goşulan ýaly üç görnüşi göz öňüne tutulandyr. BSG-niň hakyky agzalary diňe özbaşdak döwletlerdir. Daşary aragatnaşyklar babatda ygtyýarlyklary bolmadyk territoriýa, ýagny çäk, guramanyň işine daşary aragatnaşyklara wekilçilik edýän döwletleriň hökümetleriniň razylygy bilen assosirlenen agza hökmünde gatnaşýar. Goşulan agza bolup halkara hökümetara we hökümete degişli däl, şeýle hem söwda guramasy ýa-da öz işini syýahatçylyk çäginde amala aşyrýan we BSG-ä girmek üçin onuň ştab-jaýynyň ýerleşýän ýurdunyň razylygyny alan assosiasiýa bolup biler. Şunlukda, BSG-niň işine hususy sektoryň kärhanalarynyň 300-e golaýy gatnaşýar.

BSG-niň ýokary edarasy Baş Assambleýadyr we ol has möhüm meseleler boýunça kararlary kabul edýär hem-de iki ýyldan bir gezek çagyrylýar. Ýylda bir gezek mejlis geçirýän 6 sany sebitleýin komissiýalar BA-nyň kömekçi edaralarydyr.

Ýerine ýetiriji geňeş özüniň wezipesiniň ähmiýeti boýunça Guramanyň ikinji edarasydyr we ol kabul edilen maksatnamanyň we býujetiň ýerine ýetirilmegine jogap berýär. Ýerine ýetiriji geňeşiň düzümine häzirki wagtda 30-dan gowrak agza girýär. Geňeşiň agzalary Guramanyň her bäş agzasyna bir agza hasaby bilen saýlanýar. BSG-niň ştab-jaýyny özünde ýerleşdirýän ýurt hökmünde Ispaniýanyň ýerine ýetiriji geňeşde hemişelik agzalygy bardyr.

Sekretariata Baş sekretar ýolbaşçylyk edýär. Sekretariat guramanyň gündelik tehniki we administratiw işini amala aşyrýar.

2014-nji ýylda 155-den gowrak döwlet Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň agzasy boldy. BSG-niň ştab-jaýy Madrid şäherinde (Ispaniýa) ýerleşýär. 1979-njy ýyldan bäri BSG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan döredilen Syýahatçylygyň Bütindünýä güni her ýylyň 27-nji sentýabrynda bellenip geçilýär.

Türkmenistan syýahatçylyga dostlukly gatnaşyklary ýola goýmagyň we ösdürmegiň, halklaryň arasynda ynamy pugtalandyrma-

gyň, syýasy ýagdaýy gowulandyrmagyň möhüm serişdesi hökmünde seredýär. Şonuň üçin hem 1993-nji ýylyň 4-nji sentýabrynda biziň ýurdumyz Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň agzasy boldy. Şu 20 ýyldan hem gowrak geçen wagtyň içinde Türkmenistan bilen BSG-niň arasynda dürli ugurlar boýunça aragatnaşyklar ýola goýuldy we ösdürilýär.

Aýratyn hem, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanda syýahatçylyk hil taýdan täze derejä galyp başlady. Muňa, ozaly bilen, ýurtda bu pudagy esasy utgaşdyryjy we oňa jogapkär edara hökmünde Syýahatçylyk baradaky döwlet komitetiniň döredilmegi uly ýardam etdi. Netijede, Türkmenistanda syýahatçylygy ösdürmegiň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagynyň we höweslendirilmeginiň düýbünden täze ulgamy döredilip başlandy.

«Türkmenistanda 2012–2016-njy ýyllarda syýahatçylygy ösdürmegiň maksatnamasynda» bu ulgam boýunça durmuşa geçirilýän işjeň döwlet syýasaty öz beýanyny tapdy. Maksatnamanyň kabul edilmegi bilen ýurdumyzyň syýahatçylyk ulgamyny toplumlaýyn ösdürmek boýunça strategiýanyň täze tapgyry durmuşa geçirilip başlandy. Onda döwletimiz bu pudagy ösdürmek, oňa kiçi we orta telekeçiligi çekmek üçin hukuk hem-de ykdysady mehanizmleriň döredilmegini özünde jemleýän jogapkärçiligi öz üstüne aldy.

Syýahatçylygyň ugurlarynyň gerimini we onuň görnüşini giňeltmek, pudagyň maddy-enjamlaýyn binýadyny ösdürmek, hödürlenýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak, pudak üçin ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak we maglumat-mahabat işini güýçlendirmek arkaly içerki we daşarky bazarlarda ýurdumyzyň syýahatçylygynyň öňe gitmegini gazanmak bu meselede ýaýbaňlandyrylan işleriň esasy ugurlary boldy.

Türkmenistanyň syýahatçylygy ösdürmek boýunça strategiýasynyň esaslary barada gürrüň edilende, ozaly bilen, türkmen halkynyň myhmansöýerliginiň we hoşniýetliliginiň baý däp-dessurlarynyň gadymy döwürlerden bäri biziň ýurdumyzyň çäklerinden daşarda hem tanalýandygynyň we şol däp-dessurlaryň häzirki wagtda hem dünýäniň syýahatçylyk ulgamynda-da täze häsiýete eýe bolýandygynyň nygtalyp geçilmegi möhümdir. Şeýle hem Türkmenistanyň

tebigy-dynç alyş we taryhy-medeni mümkinçilikleri ülkämiziň syýahatçylyk pudagynyň ösüşiniň möhüm ugurlarydyr we olar ýurdumyzyň syýahatçylyk ulgamynyň halkara derejede ýokarlanmagyny, onuň dünýä syýahatçylyk bazarynda barha derwaýys orny eýelemegini üpjün edýär.

Parfiýa şalarynyň mekany bolan Köne Nusaý, orta asyr Gündogarynyň ajaýyp alymlarynyň (Biruny, Abu Aly Ibn-Sina we beýlekiler) ady bilen bagly bolan Köneürgenç dünýäniň jahankeşdeleriniň ýygy-ýygydan syýahat edýän künjegine öwrüldi. Gündogarda antik medeniýetiniň iri ojaklaryndan biri bolan Gadymy Merw köpleriň ünsüni özüne çekýär. Bu künjekdäki ýadygärlikleriň iň gadymylarynyň biri 2500 ýyldan gowrak ýaşy bolan Erkgaladyr. Şeýle hem Soltan Sanjaryň aramgähi Türkmenistanyň taryhynyň özboluşly nyşany bolup durýar.

Bathyzyň gaýtalanmajak giňişlikleri, Repetegiň owazly çäge alaňlary, Köýtendagyň ertekä kybapdaş künjekleri, Hazaryň «guş bazary» – bularyň hemmesi türkmen tebigatynyň janly kitabynyň ajaýyp sahypalarydyr.

Häzirki döwürde Hazaryň kenarynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny döretmeklige aýratyn üns berilýär. Hazaryň ekologiýa taýdan arassa türkmen kenarynda hyzmatlaryň we amatlyklaryň häzirki zaman derejesini özünde jemleýän, talapkär syýahatçylaryň şypahana hyzmatlary boýunça ähli isleglerini kanagatlandyrmaga ukyply, halkara derejeli şypahana-dynç alyş merkezi kemala gelýär. Türkmenbaşy şäherinde täze halkara aeroportunyň gurulmagy, şol şäherde halkara deňiz portunyň kämilleşdirilmegi, Hazar deňzi boýunça syýahatçylyk ýol meýilnamalarynyň uly geljegi ýurtda syýahatçylyk pudagyna has hem uly itergi berýär. «Bu gün parahatçylygyň, ählumumy howpsuzlygyň hem-de durnukly ösüşiň hatyrasyna dünýä döwletleri, iri halkara guramalar bilen özara bähbitli we köpugurly hyzmatdaşlygy, dostlukly gatnaşyklary barha giňeldýändigimiz ýurdumyzda halkara syýahatçylygyň ösmegine oňaýly täsir edýär – diýip, Türkmenistanyň döwlet Baştutany 2013-nji ýylyň 11-nji noýabrynda özüniň «Bilim, sport we syýahatçylyk Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe» atly halkara sergä we ylmy maslahata gatnaşyjylara ýollan ýüzlemmesinde aýtdy. – Dünýä syýahatçylygynyň we jahankeşdeligiň

özboluşly merkezine öwrülýän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny döretmegimiz biziň innowasiýa ösüşleri nazara almak bilen öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak, medeni özboluşlylygymyzy gorap saklamak arkaly, dünýä ölçeglerine laýyk gelýän, ykdysadyýetiň ýokary girdejili häzirki zaman milli syýahatçylyk ulgamyny döretmäge gönükdirilen möhüm ädimlerimizdir».

Türkmenistanda syýahatçylygy ösdürmek boýunça Maksatnamada bu ugur boýunça halkara hyzmatdaşlygynyň giňeldilmegine, Türkmenistanyň Bütindünýä syýahatçylyk guramasy bilen gatnaşyklarynyň işjeňleşmegine hem uly ähmiýet berilýär. Netijede, soňky wagtda ýurdumyzda syýahatçylyga bagyşlanan halkara maslahatlaryň ýygy-ýygydan geçirilmegi, şeýle hem onuň daşary ýurtlarda guralýan iri halkara forumlara işjeň gatnaşmagy köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ösmegine, dünýäde toplanan iň oňat tejribäniň öwrenilmegine esli derejede ýardam edýär. Hususan-da, 2013-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň taryhynda ilkinji gezek Türkmenistanyň Halkara syýahatçylyk kongresiniň geçirilmegi halkara syýahatçylygy ösdürmekde ähli nukdaýnazardan möhüm ähmiýete eýe boldy.

2013-nji ýylyň ýanwarynda Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň Baş sekretary Taleb Rifainiň Türkmenistana sapary hem Maksatnamada göz öňünde tutulan wezipeleriniň yzygiderli ýerine ýetirilýändiginiň subutnamasy boldy: saparyň barşynda geçirilen duşuşyklar we gepleşikler ýakyn ýyllarda Türkmenistanyň we Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň bilelikde hereket etmeginiň ilkinji Maksatnamasynyň taýýarlanylmagyna badalga berdi.

Şeýlelikde, häzirki wagtda Türkmenistan bütin dünýä öz syýahatçylyk keşbini täzeden açyp görkezýär. Muňa 2014-nji ýylda ýurdumyzyň syýahatçylyk kärhanalarynyň iş tejribesinde ýerli we daşary ýurtly jahankeşdeler üçin niýetlenen syýahatçylyk ugurlarynyň 150-den gowragynyň hereket edendigi, ýurdumyzyň syýahatçylyk kärhanalarynyň daşary ýurtlaryň syýahatçylyk kärhanalarynyň onlarçasy bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmaklary we ösdürmekleri hem şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň syýahatçylyk kärhanalarynyň hytaý hyzmatdaşlary bilen işewür gatnaşyklary hem barha ösýär. Mysal üçin, «China Komfort Travel», ýagny «Rahat we ýokary hilli hytaý gezelenji»

atly hytaý syýahatçylyk kompaniýasy 1994-nji ýyldan bäri Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyk edýär, syýahatçylygyň dürli görnüşlerini guraýar. Bu kompaniýanyň hyzmatlary syýahatçylary ugratmak, olary garşy almak, syýahatçylar üçin uçarlara, otla bilet, myhmanhanada öňünden ýer gepleşip goýmak bilen çäklenmän, eýsem, olar her bir adamyň islegine görä syýahatçylygy gurap bermekligi hem öz içine alýar. «China komfort travel» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Li Go Şeniň tassyklamagyna görä, bu kompaniýa Türkmenistan bilen syýahatçylyk babatda hyzmatdaşlyk eden 20 ýylynyň içinde uly abraýa, ygtybarlylyga, hyzmatlara we bäsdeş bahalara eýe bolupdyr.

HHR syýahatçylygy ösdürmek boýunça netijeli tejribe toplan ýurtlaryň biridir. Mysal üçin, 2013–2017-nji ýyllarda Hytaý syýahatçy hökmünde daşary ýurtlara özüniň 400 milliona golaý raýatyny ýollady. Şu jähetden, syýahatçylyk ulgamynda Türkmenistanyň halkara tejribäni, şol sanda HHR-iň tejribesini öwrenmek boýunça belli işleri alyp barýandygy düşnüklidir. Mysal üçin, soňky ýyllarda Türkmenistanyň HHR-de bolan wekiliýetleriniň agzalary Hytaýyň ençeme şäherleriniň ajaýyp ýerlerine, olaryň käbirleri bolsa Şençžen şäherindäki «Dünýä açylýan penjire» atly tematiki seýilgähe baryp gördüler. Şol ýerde 500 müň inedördül metre golaý meýdanda tutuş dünýä görkezilipdir. Bu tejribe soňra türkmen hünärmenleri tarapyndan hem öwrenildi we onuň Türkmenistanda dörediljek şeýle tematik seýilgähde öz beýanyny tapmagy meýilleşdirildi.

Beýik Ýüpek ýolunyň täsin taryhy tejribesiniň Türkmenistany we HHR-i syýahatçylyk jähtden baglanyşdyrýandygy hem düşnüklidir. Başgaça aýdanymyzda, häzirki wagtda şol tejribe täze many-mazmuna eýe bolýar, syýahatçylyk taslamalarynda hem öz beýanyny tapýar. Bularyň hemmesi Türkmenistanyň geljegi uly täze ugur hökmünde syýahatçylygy işjeň ösdürýändiginden, özüni täze halkara syýahatçylyk merkezi hökmünde ykrar etdirýändiginden habar berýär.

Şunlukda, biziň şu günki günlerimizde medeni ölçegi bolmadyk ýekeje-de ählumumy, umumydünýä meselesi ýokdur. Medeni we onuň bilen bagly ahlak we beýleki ýagdaýlary hasaba almazdan, şeýle meseleleriň çözgüdini tapmak asla mümkin däldir. Hut şonuň üçin hem Türkmenistanyň HHR bilen medeni-gumanitar çäkdäki hyzmatdaşlygy soňky döwürde, aýratyn hem, täze asyryň birinji onýyllygynyň

ikinji ýarymyndan başlap bilimde, ylymda, edebiýatda we sungatda, sportda we syýahatçylykda, umuman, medeni-gumanitar ulgamynda özüniň beýanyny tapdy, täze gerimlere, işjeňlige, has baý many-mazmuna, täze ösüşe eýe boldy we bolýar. Medeni-ynsanperwer çäkdäki aragatnaşyklar özara düşünişmäge we hoşniýetli goňşuçylyga, medeniýetleriň özara baýlaşmagyna, halkara gatnaşyklaryň medeniýetiniň ýokarlanmagyna, syýasy ýagdaýyň gowulaşmagyna oňaýly täsir edýär. Hut şonuň üçin hem Türkmenistan hem, Hytaý hem iki ýurduň arasynda medeni-gumanitar gatnaşyklary geljekde hem giňeltmekligi we çuňlaşdyrmaklygy maksat edinýärler.

# II BÖLÜM



Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynda işläp, şol ýurtlarda öz Watanyňa, halkyňa, Prezidentiňe mynasyp wekilçilik etmek üçin ilçi, umuman, islendik diplomat, ozaly bilen, öz ýurduny, döwletiniň syýasatyny düýpli bilmelidir, şeýle hem şol syýasaty aýdyň düşündirmegi başarmalydyr. Beýleki tarapdan, diplomat özüniň akkreditirlenen ýurduny, onuň taryhyny, içerki we daşary syýasatyny, onuň däp-dessurlaryny, halkynyň dilini gowy bilmelidir, şeýle hem sebitde, tutuş dünýäde bolup geçýän ýagdaýlara gowy düşünmelidir. Sebäbi diplomat tarapyndan onuň bolýan ýurdy baradaky maglumatyň ýüzleý özleşdirilmegi şol ýurduň syýasatyna diplomatyň öz habar-seljeriş işinde hem ýalňyş häsiýetnama bermegine alyp barar.

Häzirki wagtda habar işi islendik döwletiň diplomatik gullugynyň işiniň esasy bolup durýar we munuň özi diplomatik habaryň aýratyn hilli habar bolup durýandygy bilen düşündirilýär. Şeýle habaryň diňe bir ýokary gymmaty bolman, eýsem, ol uly jogapkärçilik bilen hem baglydyr. Diplomatik wekilhanalardan Merkeze ýollanýan diplomatik habar döwlet derejesinde syýasy kararlary kabul etmek üçin esas bolup hyzmat edip biler. Hut şonuň üçin hem maglumat-seljeriş işini hemme taraplaýyn talabalaýyk ýola goýmaklygyň zerurlygy barada durup geçmek bilen, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň 2012-nji ýylyň 10-njy dekabrynda ýurdumyzyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda şeýle diýdi: «Biziň alyp barýan daşary syýasatymyz we diplomatiýamyz işjeň häsiýete eýe bolmalydyr..., zerur halatlarda biz öňdengörüjilik bilen hereket etmelidiris, biz bolup geçýän wakalardan hemişe habarly bolmalydyrys, olary seljermelidiris, şol seljermeleriň netijeleri bolsa döwlet derejesinde çözgütleri kabul etmek üçin esas bolmalydyr».

Diplomatik gullukda habar toplamaklygyň gözbaşy açyk çeşmelerdir. Eýsem, açyk çeşmeler diýip biz nämä düşünýäris? Sözüň giň manysynda kanuny taýdan habar berip bilýän ähli serişdeler we adamlar seljerme işi üçin açyk çeşmeler bolup durýarlar. Il arasynda aýdylyşy ýaly, durmuşa gowy akyl ýetirmek, şol sanda bolýan ýurduňy gowy özleşdirmek üçin şol ýurduň gündelik metbugatyny, şol ýurt barada dürli kitaplary köp okamaly, sungat eserleri we ş.m. bilen içgin tanyş bolmaly. Bu, hakykatdan hem, şeýle. Şol bir wagtyň özünde habar nukdaýnazaryndan, diplomatik işgärleriň bolýan ýurdunda dürli köpçülikleýin çärelere gatnaşmaklary has hem peýdaly bolup biler, sebäbi köpçülikleýin leksiýalar, metbugat maslahatlary, brifingler, «tegelek stollar», diplomatlaryň bolýan ýurtlary boýunça gezelençleri we ş.m. diplomata bolunýan ýurt, onuň häzirki zaman dünýäsinde tutýan orny barada «janly habary» almaga we toplamaga mümkinçilik berýärler.

Umuman, bolýan ýurdunyň merkezinden çykmazdan, diplomata şol ýurt barada köp zat bilmek mümkin bolmaýar. Hut şonuň üçin hem diplomatyň bolýan ýurdunyň Daşary işler ministrliginiň protokol Departamenti daşary ýurt diplomatlaryny ýurtda bolup geçýän möhüm

wakalar, özgerişlikler barada ýerinde, has içgin habardar etmek üçin köp tagallalar edýär. Hususan-da, bu departament ýurtda akkreditlenen daşary ýurtlaryň diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylaryna ol ýa-da başga welaýata iş gezelençleriniň guralýandygy baradaky habary wagtal-wagtal ýollap durýar we şol çagyryşlar diplomatik korpusyň agzalary tarapyndan gyzyklanma bilen kabul edilýär. Şäherlere, welaýatlara baryp görmek ýaly köpsanly çagyryşlaryň ilçilere gönüden-göni bolýan ýurdunyň ýerli guramalarynyň ýolbaşçylaryndan gelip gowuşýan halatlary hem az bolmaýar.

Şu kitabyň awtoryna hem öz wagtynda Türkmenistanyň Adatdan Daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi hökmünde ençeme ýurtlarda, şol sanda Hytaý Halk Respublikasynda hem Türkmen halkyna, döwletine wekilçilik etmek, şol ýurtlaryň dürli künjeklerine iş sapary bilen baryp görmek miýesser bolupdy. Elbetde, şol işçi gezelençler ilçä şol ýurtlaryň, halklarynyň durmuşyna has gowy düşünmäge, şeýle hem özüniň diplomatik işini üstünlikli dowam etdirmäge, has takygy, Türkmenistanyň şol ýurtlar bilen hyzmatdaşlygyny giňeltmek we çuňlaşdyrmak maksady bilen täze netijeli çäkleri gözlemek üçin täze güýçleriň çeşmesi we ruhlandyryjysy bolup hyzmat edipdiler.

Kitabyň ikinji bölüminde awtoryň öz wagtynda Hytaý Halk Respublikasy boýunça eden işçi gezelençleriniň dowamynda ýa-da netijesinde taýýarlan köpsanly seljerme materiallaryndan we ýol ýazgylaryndan käbirleri ýerleşdirildi we olar zähmetsöýer hytaý halkynyň durmuşynyň dürli taraplary, özboluşly siwilizasiýaly uly ýurt, ýüpegiň we çaýyň, farforuň we lagyň, beýik akyldarlaryň we däp-dessurlaryň ýurdy bolan Hytaý bilen türkmen okyjylaryny mümkin boldugyça has içgin tanyşdyrmaklygy maksat edinýär. Şol bir wagtyň özünde bölümde ýerleşdirilen käbir materiallaryň diplomatik habar resminamalaryny taýýarlamakda nusgalyk ähmiýeti bardyr.

## PEKIN BILEN TANYŞLYK

90-njy ýyllaryň birinji ýarymynda ilkinji gezek Hytaý Halk Respublikasyna gulluk borjum sebäpli baranymda, meniň Hytaý bilen tanyşlygym hut onuň merkezi Pekinden başlapdy we bu şäher

mende ençeme nukdaýnazardan diýseň çuňňur täsir galdyrypdy. Bir gezek meniň diplomatiýa boýunça kärdeşim, onun bilen XX asyryň 70–80-nji ýyllarynda öňki SSSR-iň Daşary işler ministrliginiň ulgamynda bile işlän gowy tanşym, 90-njy ýyllarda bolsa Russiýa Federasiýasynyň HHR-däki ilçisi bolan Igor Rogaçýow özara söhbetdeşlikde şeýle diýipdi: «Entek XX asyryň 60-njy ýyllarynda hem Pekin dar köçeleriň gapdalyndan gidýän tükeniksiz diwarlary, esasan hem, hytaý usulynda salnan bir gatly jaýlary bilen orta asyr şäherine meňzeýärdi». Şol döwürden bary-ýogy 25-30 ýyldan soň men özboluşly medeniýetli, uly häzirki zaman şäherini gördüm. Meniň pikirimçe, bu şäherde ýurduň milli aýratynlygy Şanhaý, Týansin, hatda onda köneden saklanyp galan zatlar has köp bolan Hubeý welaýatynyň administratiw merkezi bolan Uhandan hem esli köp saklanypdyr.

Pekin Demirgazyk hytaý tekizliginiň demirgazyk böleginde ýerleşýär. Demirgazykdan we günbatardan şäher daglar bilen gurşalan, günorta-gündogar tarapda bolsa Sary deňziniň Bohaý aýlagyna çenli uzalyp gidýän tekizlik ýerleşýär. Nesilşalyklar bir-biriniň yzyndan çalyşsa-da, Pekin merkez bolmagynda galypdyr. Mysal üçin, eýýäm Günbatar Çžowin (b.e. öňki XI asyr – 770 ý.) ýurdy dolandyran zamanynda ol şäher bolupdyr we Szi atlandyrylypdyr. Uruşýan patyşalyklaryň döwründe (b.e. öňki 451–211 ý.) ol Ýan patyşalygynyň merkezi bolupdyr. X asyryň başyna çenli Zýao nesilşalygynyň ikinji merkezi bolupdyr we ol Ýanszin diýlip atlandyrylypdyr. 1115-nji ýyldan 1911-nji ýyla çenli Pekin şol döwürde bir-birini çalşan Szin, Ýuan, Min we Szin nesilşalyklarynyň merkezi bolupdyr.

Ýuan nesilşalygy döwründe (1271–1368) bu şäher Dadu (Beýik merkez) atlandyrylypdyr. Özüniň häzirki adyny ol 1420-nji ýylda, haçanda merkez Nankinden şu ýere göçürilende alypdyr (Günorta merkez). Gomindan hökümeti şähere Beýpin «Demirgazyk asudalygy» adyny gaýtaryp beripdir (1927 ý.), sebäbi Min nesilşalygynyň başky döwründe ol şeýle atlandyrylypdyr. 1949-njy ýylyň 21-nji sentýabrynda Beýpin Beýszin (Pekin) adyny alypdyr we ol «Demirgazyk merkez» diýmekligi aňladýar.

1999-njy ýylda 11 million adam ýaşan Pekinde meniň gözüme ilen ilkinji zat, ol hem giň köçeler, köp gatly beýik jaýlar – döwlet edaralary, myhmanhanalar, ýaşaýyş jaýlary, banklar, örän baý haryt-

lary bolan dükanlar we ş.m. boldy. Bularyň hemmesi gelşiklilik bilen gadymy köşkler, gaty uly baglar we seýilgähler, suwda gögerýän owadan gülli ösümlik bolan lotosly howuzlary, mermerden ýasalan köprüler we äpet uly dürli reňkli arkalar bilen utgaşýardy.

Şäheriň köçelerinde dürli kysymly maşynlar, ýollaryň ýörite zolaklarynda bolsa welosiped sürüjiler barýardylar. Welosipedçileriň gaty köplügi şäher ulagynyň arasynda onuň esasy orunlardan birini eýeleýändigine şaýatlyk edýärdi.

Pekinde meni diýseň geň galdyran zatlaryň biri hem taksileriň gaty köplügi boldy: olaryň içinde dürli reňkli adaty ýeňil maşynlaram, kiçi awtobuslaram bardy, olaryň ýol bahalary bolsa maşynlaryň böwründe ýa-da onuň maňlaý aýnasynda uly sanlar bilen ýazylgydy. Awtomobiliň klasy näçe ýokary bolsa, onuň ýol bahasy hem ýokarydy. Köne Pekin boýunça gezelenji welorekşede, ýagny iki tigirli welosipedde hem etse bolýardy.

Pekiniň kwartallarynyň, ýagny bir-birini kesip geçýän köçeli şäher bölekleriniň arassalygy we tertibi hem şäheriň myhmanlarynyň ünsüni özüne çekýärdi. Şäher häkimiýetleriniň wekilleriniň aýdyşy ýaly, baryp 1982-nji ýylda sosialistik ruhy medeniýeti gurmaklygyň uzak möhletli maksatnamasynyň çäklerinde ýurtda ençeme jemgyýetçilik guramalaryň başlangyjy bilen kompaniýa giň gerim alypdyr. Şol kompaniýa «U szýan, sy meý», ýagny «bäş höweslendirme we dört gözellik» atlandyrylypdyr. Başga sözler bilen aýdylanda, bu deňleme «ruhuň, diliň, özüňi alyp barmaklygyň we daşky gurşawyň gözelligi üçin» özüňi medeniýetli alyp barmaklyk, sypaýyçylyk, gigiýena, tertip we ahlak kadalary üçin göreşi aňladýar.

Şu jähtden köçelerde, jemgyýetçilik ýerlerinde «Tüýkürmeli däl», «Hapalamaly däl» ýaly ýazgyly bildirişler asylypdyr. Hapa üçin her ädimde dürli görnüşli gapyrjaklar goýlupdyr. Köçeler her gün bambuk sübsesi bilen syrylýardy. Ýörite nobatçylar we köçe süpürijiler arassaçylygyň berjaý edilişine seredýärdiler. Gyzykly tejribe. Köçä taşlandyny ýa-da hatda kükürt çöpüni zyňan adamlar jerimä sezewar edilýärler.Tüýkülik üçin hem jerime salynýardy.

Resmi maglumatlara görä, 1995-nji ýylda Hytaýda, takmynan, 300 million adam çilim çekipdir we şol döwürde olara garşy göreş hem giňden ýaýbaňlandyrylypdyr. Öňler çilim çekýänler, umuman,

ähli ýerde, hatda dükanlarda hem çekýär ekenler. Hytaý şäherleriniň köçelerinde jemgyýetçilik hajathanalar köp. Munuň özi şähere gelýänler üçin ynjalykly bolýar. Olar hemmeler üçin elýeterli, şol bir wagtyň özünde hem soňky wagtda «medeniýetleşen ýerlerde» tölegli hajathanalar ýüze çykyp başlapdyr.

Pekinde şeýle hem ünsüňi çekýän ajaýyp ýerler az däl. Şolaryň arasynda, ozaly bilen, «Gadagan edilen şäheri» aňladýan «Guguny», ýagny öňki imperator köşgüni, «Týananmen» meýdanyny («Asman asudalygynyň köşk derwezeleri») belläp geçeliň. Käbir sebäplere görä Gugun barada aýratyn durup geçeliň we bu tanyşlygy Gadymy Hytaýyň arhitekturasynyň giňden belli ýadygärliklerinden biri bolan Asman Ybadathanasyndan – Týantandan başlalyň.

Min nesilşalygy döwründe (1368–1644) gurlan bu ybadathana Pekiniň merkezinden günorta tarapda ýerleşýär. Ybadathananyň ähli ymaratlary bilen tanyşmak birnäçe gün alardy, şonuň üçin hem biz, esasan, ýadygärlikleriň daşyna seretmek we çägi boýunça gezelenç etmek bilen çäklenmegi karar etdik.

Geçmişde imperatorlar hasyl üçin amatly howa diläp doga okapdyrlar. Asman Ybadathanasy hem hut şol maksatlar üçin salnypdyr. Onuň gurulmagy imperator Yunle bilen hem baglanyşdyrylýar. Özüniň çeperçilik gymmatlyklary boýunça ybadathananyň salynmagy dört topara bölünýär. Tutuş ansamblyň has owadan ymaraty Baý hasylyň Ybadathanasy (Sinýantan) bolup durýar. 1420-nji ýyldan başlap şu ýere köne hytaý senenamasynyň ilkinji aýynda imperator gelipdir we gowy hasyl barada Allatagalladan dileg edipdir. Ybadathana esasy girilýän ýer hytaý gurluşyklarynyň däbi boýunça günortadan edilmän, eýsem günbatardan açylypdyr. Şunlukda, imperator «gara» işikden giripdir, bu bolsa onuň asman hökümdarynyň öňünde boýun egýändiginden habar beripdir.

Arhitekturanyň we tebigatyň görnüşiniň doly sazlaşygy hem diýseň geň galdyrýar. Sinýantanyň özi diwar bilen gurşalan. Munuň özi ak mermerden edilen üç basgançakly esasda ýokary galýan üç gatly agaçdan edilen seýrek jaý bolup durýar. Üçekleri sary çerepisa materially we jaýlarynyň diwarlary gyzyl bolan Gugun köşgüniň reňklerinden tapawutlylykda, bu ýerde mawy reňk agdyklyk edýär,

bu bolsa köşkleriň gümmezleriniň Asmana uzalyp gidýändigini aňladýar.

Şu ýerde biziň ünsümizi özüne aýratyn çeken bir zat, ol hem 1530-njy ýylda gurlan gyzykly diwar boldy. Bu diwar Asman belentligi (Huansýunýoý) ybadathanasynyň daşyny gurşaýar. Bişen kerpiçden salnan we syrçaly çerepisa bilen örtülen bu diwar sesi yzyna gaýtarýar. Eger bir adam telefon trubkasyna gepleýşi ýaly diwara ýuwaşja geplese, onda diwaryň garşy tarapynyň soňunda başga bir adam onuň sözlerini gaty aýdyň, üstesine-de, esli güýçlendirilen görnüşde eşidip bilýär.

Bu ýer ýene-de bir täsinlik bilen meşhur: gürrüň birnäçe gezek gaýtalanýan ýaň barada barýar. «Asmanyň Altaryna» (Huansýu), ýagny ybadathananyň gündogar töründäki bölegine girilýän ýerdäki daş plitasynyň üstüne aýagyny basan adama ýaň eşidilýär, beýleki plita aýagyny goýan adama bolsa iki ýaň, üçünjä – üç ýaň eşidilýär. Käbir adamlar bu akustika, ýagny ses täsinliklerine ybadathanany döredenleriň fiziki kanunlary gowy bilmekleriniň netijesi diýýärler.

Ybadathananyň çäginiň köp bölegini örän owadan seýilgäh-park tutýar. Onda bolsa hemişe gök bolup oturan tuýa agaçlary kän. Käbir agaçlaryň ýaşy 400 ýyldan aňry geçýär.

Pekinde, şeýle hem onuň töwereginde synlar ýaly başga-da geň-enaýy zatlar kän. Bularyň hemmesi maňa Pekin, onuň gadymy we häzirki zaman taryhy, medeniýeti barada has doly düşünje almaga kömek etdi.

«Geçmişi bilmek – munuň özi şol bir wagtyň özünde hem häzirki döwre akyl ýetirmekdir» diýip, söhbetdeşligimiziň birinde meniň ylym boýunça hytaýly kärdeşim, Hytaýyň milletler boýunça Merkezi uniwersitetiniň professory Hu Çzenhua aýtdy. Hytaýlylaryň şu günki medeniýetinde olaryň öňden gelýän zatlary gaty köp. Şonuň üçin hem haçanda ruhy mirasy öwrenmek barada gürrüň gidýän bolsa, onda bu ýerde esasy göz öňünde tutulan zat, ol hem häzirki medeniýeti goşmaça baýlaşdyrmakdyr.

Geçmişiň medeniýetini özleşdirmek, hiç bir halatda onuň häzirki döwür bilen çalşylmagyny aňlatmaýar. Mirasy öwrenmek – munuň özi şeýle hem seçip almak ýagdaýydyr. Hemme zat kabul ederlikli däldir, şeýle hem hemme zat deň bahaly däldir. Diňe bir biziň häzirki

döwrümiziň däl, eýsem, geljekki asyrlarda ýaşajak nesillerimiziň bähbitleri üçin ýitirilen zatlardan olaryň iň gowularyny saýlap almak zerurdyr. Professoryň bu sözleri bilen ylalaşmazlyk kyn bolardy.

Hytaý okaýan ýurt. Ýurduň, şol sanda Pekiniň ruhy durmuşynda gazetdir žurnallar, kitaplar aýratyn rol oýnaýar we olar gaty köp san bilen çykarylýar. Men hem şäheriň kitap dükanlaryna ýygy-ýygydan barýardym. Olarda gadymy we häzirki zaman hytaý we daşary ýurt kitaplarynyň islendigi diýen ýaly bardy. Meni, ozaly bilen, taryhyň, filosofiýanyň, syýasatyň, ykdysadyýetiň meseleleri boýunça edebiýat gyzyklandyrýardy. Pekinde, şeýle hem Watana gaýdyp baranymdan soň, Aşgabatda peýdalanmak maksady bilen, men şol kitaplardan ýeterlik satyn almaklyga çalyşýardym.

Soňra men mümkinçilik bolan ýagdaýynda HHR-iň welaýatlaryna iş sapary bilen gidip başladym, bu bolsa maňa ýerli hökümetler bilen doslukly aragatnaşyklary ýola goýmaga we olary çuňlaşdyrmaga, hytaý jemgyýetçiligini Türkmenistan bilen has doly tanyş etmeklige mümkinçilik berdi.

## «GADAGAN EDILEN ŞÄHERIŇ» GYSGAÇA TARYHY

«Peýkamly ok sanjylan nyşana». Hytaý iýeroglifi bolan «Çžunyň» (orta) nusgasy şeýledir. Çzungo – ortalykda duran döwlet. Imperator Sin Sihuan b. e. öňki 221-nji ýylda Huanheniň basseýninde bir-birine duşmançylykda bolan ýedi knýazlygy birleşdireninden we göçüp-gonup ýören taýpalaryň çozuşlaryndan goranmak üçin Beýik diwary guranyndan soň, hytaýlylar öz ýurduny şeýle atlandyryp başlapdyrlar.

Eger Hytaý Asmanyň merkezi, Pekin bolsa Hytaýyň merkezi bolýan bolsa, onda Hytaýyň merkeziniň merkezi imperator köşgi bolmaly. 1420-nji ýylda ol hut şeýle hem bolupdyr. Has takygy, ol Min nesilşalygy döwründe 1406-njy ýylda gurlup başlanypdyr we gurluşyk 14 ýyl dowam edipdir. Gugunyň göwrümi gündogardan günbatara tarap 760 metr, günortadan demirgazyga tarap 960 metr, meýdany 150 müň inedördül metr bolup, onda 9 müňden gowrak jaý ýerleşipdir.

«Gugun» Min we Sin nesilşalyklarynyň 24 imperatorlarynyň öýi, şeýle hem Sin nesilşalygynyň soňky imperatory bolan Pu I (1912 ý.) üçin türme bolupdyr. Şol döwürler Gugunyň ýaşaýjylarynyň we ýönekeý adamlaryň arasynda ägirt uly diwar salnypdyr. Şol diwaryň beýikligi 10 metr, diwaryň iki gatdan ybarat derwezeleri bolupdyr, diwaryň daşyndan giňligi 52 metr bolan kanal çekilipdir. Bu şäher şäheriň içindäki şäher bolmak bilen, oňa her bir ýagdaýda garamaýaklar goýberilmändir. Şäheriň gyralarynda esgerler, hyzmatkärler we çinownikler üçin jaýlar bolupdyr.

1925-nji ýylda Gugun milli muzeý boldy we ol Hytaýda iň uly arhitektura – çeper muzeýdir. Onda 900 müňden gowrak eksponat saklanylýar. Gugun Asman imperiýasynyň saklanyp galan arhitektura ansambllarynyň iň ulusydyr we iň bütewüsidir.

Gugunyň esasy derwezeleri Taýhemen («Ýokary sazlaşygyň derwezesi») diýlip atlandyrylýar. Olaryň arasynda giň howly bar. Onuň demirgazyk tarapynda beýikligi 8 metr bolan uly esasda Taýhedýan («Ýokary sazlaşygyň pawilýony»), Çžunhedýan («Doly sazlaşygyň pawilýony») we Baohedýan («Sazlaşygy saklamagyň pawilýony») ýerleşýär. Bu üç pawilýon imperator köşgüniň daşky iň möhüm arhitektura toplumy bolup durýar. Olar döwlet we köşk dabaralarynyň geçirilmegi üçin niýetlenipdir.

Taýhedýan pawilýonynda resmi köşk kabul edişlikler geçirilipdir. Ol Gugunyň iň uly ymaraty hasaplanýar. Onuň meýdany 2300 inedördül metr bolup, pawilýonyň üçegini, şol sanda imperatoryň tagtyny 86 sany agaç sütüni saklaýar. Tagtyň öňünde üstünligiň we şowlulygyň nyşany bolan bürünçden edilen durnalaryň şekilleri, ysly çöpler ýakylýan enjam, tagtyň nyşany bolan uly, misden edilen üç aýakly gazanlar goýlupdyr.

Taýhedýan pawilýonynyň girelgesini imperatoryň häkimiýetiniň güýjüni görkezýän gazaply ýolbarslar goraýarlar.

Pawilýonyň öňündäki giň meýdançada uzak ýaşamaklygyň nyşany hökmünde agzyny ýokaryk galdyryp duran bürünçden edilen uly pyşdyl goýlupdyr. Şol ýerde şeýle hem uzyn aýakly durnanyň bürünçden edilen şekili ýerleşdirilipdir we ol derejeleriň basgançaklary boýunça üstünlikli öňe gitmegi aňladýar.

Min we Sin nesilşalyklary döwründe Täze ýylyň, imperatoryň doglan gününiň we onuň tagta çykan gününiň öňüsyrasynda her ýyl dabaraly çäreler geçirilipdir. Bu ýerde iň möhüm hökümet permanlary jar edilipdir. Jar edilmegi bilen permanlar derwezeleriň minarasyndan agaç feniksiniň, ýagny semenderiň çüňküne berkidilen, aždarhanyň suratlary bilen bezelen ýörite gapda aşak goýberilipdir we olar dabaralar ministrligine ugradylypdyr. Şol ýerden bolsa permanlaryň nusgalary tutuş ýurt boýunça ýaýradylypdyr.

Çžunhedýan pawilýony imperatoryň dabaralardan öň dynç alýan ýeri bolupdyr. Şu ýerde şeýle hem imperator Täze ýylyň öňüsyrasynda banket gurupdyr we oňa tabyn kinýazlar çagyrylypdyr.

HHR döredilenden soň Halk hökümeti Gugun köşgüni döwlet tarapyndan goralýan iň möhüm medeni ýadygärlikleriň sanawyna goşdy.

Reňkli nagyşlar bilen bezelen ägirt uly arkalar, liliýalar we lotoslar bilen örtülen emeli köller we howuzlar, mermerden edilen köprüler, daşdan salnan ägirt uly gümmezler, açyk reňkler bilen gül basylan diwarlar, aždarhalar we feniksler bilen bezelen sütünler özleriniň owadanlygy bilen haýran edýärler.

Köşgüň jaýlarynyň 80 göterimi syýahatçylar üçin ýene-de birnäçe ýyldan açylar. Şonda köşk bilen her ýylda 78 million adam tanşar. «Gadagan edilen şäheriň» doly dikeldilmegi 2020-nji ýyllaryň başyna meýilleşdirilipdir.

## ÜÇ BEÝIK TAGLYMAT

Aziýa özüniň örän köpdürlüligi bilen häsiýetlendirilýär. Aziýa ýurtlary biri-birinden territoriýasynyň möçberi, gurplulygynyň derejesi we döwlet kuwwatynyň ölçegi bilen tapawutlanýarlar, olarda birmeňzeş bolmadyk taryhy-medeni däpler we sosial gurluş bardyr. Aziýadan başga hiç bir yklymyň özünde dini düşünjeleriň dürlüligi bilen magtanyp bilmejekdigi hem Aziýa mahsus aýratynlyklaryň biridir.

Bu yklymda buddizm, daosizm, induizm, yslam, iudaizm, sikkizm, hristianlyk we ş.m. dinler giň ýaýrandyr. Şol bir wagtyň özünde

hem din şahsy ynamlaryň meselesidir we ol häzirki zaman dünýäsinde döwletiň ne syýasy, ne-de geosyýasy ähmiýetini kesgitleýär. Şu jähtden, şu ýerde men öz syn etmelerimiň esasynda Hytaýdaky käbir dinleriň ýa-da taglymatlaryň ýurduň raýatlarynyň ruhy dünýäsine ýetirýän täsiri barada gysgaça durup geçmekçi.

Hytaýlylar özleriniň ruhy dünýäsiniň konfusianlyk, daosizm we buddizm ýaly esasy dinleriň ýa-da taglymatlaryň täsiri bilen emele gelendigini tassyklaýarlar. Gadymda ylmyň, filosofiýanyň we diniň arasynda anyk çäk bolmandyr, şonuň üçin hem şolar ruhy medeniýetiň degişli şahalaryny aňladýarlar diýip aýtsa bolar.

Umuman, konfusianlyk–bu din däl-de, eýsem, etika atlandyrylýan ylymdyr, sebäbi onuň esasy maksady adamyň ahlak taýdan özüni kämilleşdirmegidir. Konfusianlyk ol dünýä bilen özüni baglamaýar. Gadymy hytaý akyldarlary, konfusianlygy esaslandyryjy, b.e. öňki 551–479-njy ýyllarda ýaşap geçen Konfusiý (Kun-sýu): «Siz näme üçin hiç wagt bize ol dünýädäki ýaşaýyş barada hiç zat aýtmaýarsyňyz?» diýip, öz okuwçylarynyň beren soragyna: «Häzirlikçe adamlaryň şu dünýäde bir-birine dogry gatnaşygy öwrenip bilmedik ýagdaýynda, ol dünýä barada oýlanmagyň manysy bolmasa gerek» diýip jogap beripdir.

Konfusianlyk, daosizm we buddizm hytaý milli häsiýetiniň esasy, hytaýlylaryň dünýägaraýşynyň etikasynyň we ahlagynyň gözbaşlary hökmünde haýsy-da bolsa bir anyk hakykat tarapyndan döredilendir. Mysal üçin, Konfusiý taryhy sahnada uruşýan patyşalyklaryň zamanynda peýda boldy. Onuň taglymaty halkda parahatçylyga we tertibe bolan uly islegi oýarypdyr. Jemgyýeti we döwleti dolandyrmagyň, ýokary we aşaky gatlakdakylaryň özara gatnaşyklarynyň meselesi, etikanyň meselesi – bularyň ählisi konfusian taglymatynyň esasyny tutupdyr.

«Patyşa (hökümdar) patyşa bolmaly, raýat bolsa raýat bolmaly. Kaka kaka bolmaly, ogul – ogul bolmaly». Konfusiniň «Oýlanmalar we sözler» atly kitabyndan getirilen bu esasy jümle irki feodalizm eýýamynda uly öňde baryjy seslenmä eýe bolupdyr. Hakykatda bu jümle her kimiň öz ýagdaýyna laýyklykda özüni alyp barmalydygyny aňladýar: raýatlaryň wepalylygyna diňe adalatly hökümdar bil baglap biler, ogul hormatyna – diňe gowy kaka. Hiç kimiň öz borjuny äsger-

män bilmejekdigi, hiç kimiň öz borjuny ýatdan çykaryp bilmejekdigi baradaky pikir eden-etdilige garşy batyrgaý çykyş bolupdyr.

Konfusiý ahlak, şeýle hem kanun esasynda dolandyrmak baradaky pikirleri öňe sürýär. Ol özüniň tassyklan etiki kadalarynyň kanunlardan ýokarda durýandygy barada aýdýar. Konfusiý şeýle hem mejbur edilýän bir pikirliligiň garşysyna çykyş edýär. Bu barada onuň şeýle jümlesi bardyr: «Dürli pikirliligi ýazgarmak weýran edijiliklidir».

«Bütin ömrüňe bir söze goldanyp bolarmy?» diýip, Konfusiden sorapdyrlar. Ol: «Bolar, şol söz iki taraplylykdyr. Özüňe arzuw etmeýän zadyňy özgeler babatda hem etme» diýip jogap beripdir.

«Oýlanmalar we sözler» atly Konfusiniň kitabyndan alnan şeýle setirler hem gyzyklydyr. «Okamak we her sagat ony ulanmak – eýsem, munuň özi gyzykly dälmi!». «Okamak we oýlanmazlyk – peýdasyz zatdyr, oýlanmak we okamazlyk – munuň özi howpludyr». «Adamlar seni tananoklar diýip biynjalyk bolma, sen adamlary bilmeýändigiň üçin birahatlan».

Ýene-de bir örän möhüm jümle. Konfusiden sorapdyrlar: ««Döwletiň gülläp ösmegi üçin oňa näme gerek?». Ol munuň üçin üç zadyň gerekdigini aýdýar: «Halkyň ýeterlik iýmitiniň, goşunyň ýeterlik ýaragynyň, häkimiýetiň bolsa ýeterlik halk ynamynyň bolmagy zerurdyr. Eger-de olardan haýsy-da bolsa birini gurban etmeklik zerurlygy ýüze çyksa, onda ilkinji nobatda ýarag, soňra bolsa iýmit gurban edilmelidir. Sebäbi eger halkyň häkimiýetlere ynamy bolmasa, onda döwlet ýykylar».

Han nesilşalygy döwründen başlap konfusianlyk 2000 ýyldan hem gowrak wagtyň dowamynda gadymdan gelýän hytaý medeniýetiniň esasy, häkimiýetler tarapyndan resmi döwlet ideologiýasy hasap edilipdir. Döwlet wezipesine bäsleşikde esasy ölçeg bolup klassyky konfusian tekstlerini bilmek bolupdyr.

Eger konfusianlyk döwleti we jemgyýeti dolandyrmak baradaky ylym bolsa, onda daosizm – munuň özi, ozaly bilen, gadymy hytaý filosofiýasynyň esasy ugurlarynyň biridir, sebäbi hut daosizmde müdimi filosofiýa meseleleri has köpdür. Daosizmiň döremegini imperator Sin Sihuanyň zalymçylykly eden-etdiliklerine jogap diýip hasap edip bolar.

Bu taglymaty esaslandyryjy Lao-szy ( b. e. öňki VI asyr) «dao» (ýol) sözi bilen ähli zatlaryň ýüze çykmagynyň, ösüşiniň we ýok bolmagynyň tebigy gidişini, şeýle hem adamyň tebigatyna we dünýäniň kanunlaryna laýyk gelýän özüni alyp barşyny baglaýar. Daosizm – diňe bir zalymçylykly eden-etdiligi däl, eýsem, ahlak nesihatlary hem ýazgarýar. Munuň özi häkimiýetleriň zulumyndan, däp-dessurlaryň azaplaryndan dynmaklyga, halky ilkidurmuş ýönekeýligine we habarsyzlyga getirmeklige bolan çagyryş bolup durýar. Lao-szy özüňi alyp barmagyň esasy ýörelgesini «U weý», ýagny hiç zat etmezlik diýip atlandyrýar. Munuň özi dolandyrman dolandyrmaklyga, mejbur etmelerden gaça durmaklyga, artykmaç tagallalar etmezlige bolan başarnygy aňladýar.

Lao-szy hereketleriň we özgerişleriň kanunlaryny beýan eden ilkinji hytaý filosofydyr. Ol dünýäni bir-birine öwrülýän gapma-garşylyklaryň birligi hökmünde düşündirýär. Gapma-garşylyklaryň özara öwrülmegi ähli hilleriň deň bahalydygyny aňladýar. Hristianlykdan tapawutlylykda, bu ýerde ýagşylyk we ýamanlyk, bilimlilik we nadanlyk bir-birine garşy goýulmaýar. Eger konfusianlyk jemgyýetiň ýokary gatlaklarynyň ahlak taýdan ýol görkezijisi bolup hyzmat eden bolsa, onda daosizm aşaky gatlaklaryň dünýägaraýşyny şöhlelendirýär we şonuň üçin hem Hytaýyň halk dini hökmünde hasap edilip bilner.

Daosizm gündogar sungatynyň ösmegine ägirt uly täsir etdi. Daosizm tarapyndan kämillik az tagallalarda has köp netije gazanylmak diýlip düşünilýär. Şonuň üçin hem suratçylykda, poeziýada we dramada kakdyrmalaryň we doly aýtmazlygyň, dyngylara we ýazylman goýulýan ýerlere bolan ýykgyn etmekligiň usuly emele geldi.

Özüne konfusianlygyň we buddizmiň böleklerini siňdiren daosizm halk dini hökmünde XX asyryň ortalaryna çenli saklandy. Daosizmiň tarapdarlarynyň esasy maksady berhiz tutmak, fiziki maşklar etmek we başga tärler arkaly uzak ýaşamaklygy gazanmak bolup durýar.

Hytaýlylar üçin buddizm – bu ähli ölçegler boýunça din bolup durýar, sebäbi ol ruhuň müdimiligi, ol dünýä we ş.m. zatlar ýaly meseleleri ara alyp maslahatlaşýar. Konfusianlykdan we daosizmden tapawutlylykda, buddizm Hytaýda döremedi, b.e. I ýüzýyllygynda

Hindistandan geldi. Hindistanda buddizm kasta, topar ulgamynyň garşysyna garşylyk hökmünde döredi. Budda taglymatynyň nyşany bolup «durmuş çarhy» hyzmat edýär: şu günki gün düýnki günüň netijesidir we ertirki günüň sebäbidir. Bu bolsa ruhlaryň üýtgeşik görnüşe geçmeginde ýüze çykýar. Eger adam bagtsyz bolsa, onda ol öňki durmuşdaky günäleri üçin hasaplaşýar.

Buddanyň taglymatynyň esasynda 4 sany hakykat ýatandyr. Olaryň birinjisi: durmuş jebirlerden doly. Ikinjisi: olaryň sebäbi amala aşmadyk isleglerdir. Üçünji hakykat – azap-ejirlerden dynmak üçin isleglerden ýüz öwürmek gerek. Dördünjisi: oňa ýetmek üçin 8 ädimden ybarat ýol geçmek gerek. Öz garaýyşlaryňy, düşünjeleriňi, sözleriňi, hereketleriňi, durmuşyňy we galyberse-de, öz ymtylmalaryňy, pikirleriňi, erkiňi dogrulamaly. Eger kim şu sekiz ädimi geçse, onda akyl durlanmasy bolup geçýär we ol rahatlyk tapýar.

Şunlukda, biziň pikirimizçe, hytaý milli häsiýeti – munuň özi oňa ençeme gözbaş goşulan derýadyr. Konfusianlyk bilen ähli zatlary öz ýerinde goýmaklyga bolan isleg, bellenilen düzgünler boýunça özüňi alyp barmaklyk, alymlygy ýokary götermek baglydyr. Ýöne ruhunyň jümmüşinde her bir hytaýly şeýle hem akym boýunça ýüzmegi gowy görýän daosdyr.

Hytaýlylaryň häsiýetine nähili hem bolsa Hudaýdan gorkmaklyk mahsusdyr. Bu häsiýet gowy hereketler üçin sylaglanmak, günälere jogap bermek ýaly budda düşünjeleri bilen baglydyr. Hytaýlylar, ozaly bilen, durmuşa düşünjeli garaýan adamlardyr. Olar köp halatlarda ýürege däl-de, akyl-paýhasa gollanýarlar, duýga däl--de, logika eýerýärler.

Konfusianlyk, daosizm we buddizm diňe bir parahatçylykly ýaşaşman, eýsem, her bir hytaýlynyň ruhunda oňşukly utgaşdyrylýar, üstesine-de, Hytaý gadymdan dine uýmak erkinligi boýunça görelde görkezip gelýär.

Her bir halkyň dini-filosofiki kökleriniň gymmatlyklaryň ulgamyna örän uly täsir edýändigi düşnüklidir. Şonuň üçin hem hytaý jemgyýetiniň nähili hereket edýändigine gowy düşünmek üçin, hytaýlylaryň ruhy dünýäsindäki esasy akymlary bilmek örän möhümdir.

# ÝÜPEK ÝOLUNYŇ GEÇEN ÝERINDE

1998-nji ýylyň irki güýzünde maňa iş sapary bilen Hytaýyň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýän Şensi welaýatynyň merkezi bolan Sian şäherinde bolmak miýesser boldy. Islendik başga şäher ýaly, Sian hem özüniň aýratynlyklary bilen tapawutlanýar we özünde dürli taryhy wakalaryň yzyny göterýär.

Siandan hytaý siwilizasiýasy özüniň kökleriniň başyny alyp gaýdýar. Sian 12 nesilşalyklaryň merkezi bolupdyr. Han nesilşalygynyň başyndan (b.e. öňki 206 ý. – b.e. 220-nji ýyllary) Sian (şol döwürde ol Çanan – «Müdimilik asudalyk» atlandyrylypdyr), muny biziň ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, «Ýüpek ýolunyň» başlangyç nokady bolupdyr.

Siana, has takygy, Basýao (Sianyň töweregi) kagyz oýlap tapmaklykda hem ilkinjilik degişlidir. Kagyz oýlanyp tapylmazdan öň, Hytaýda ýazgy pyşdylyň çanagynda, haýwanlaryň süňklerinde, bambukdan we agaçdan edilen ýasyja tagtalarda oýulyp ýazylypdyr, soňra bolsa ýüpege geçirilipdir. Ýöne hat üçin bu materiallar ýa-ha oňaýly bolmandyr, ýa-da gaty gymmata düşüpdir. Kagyzyň ýüze çykmagy bilen, ol medeni aragatnaşygyň serişdesi hökmünde, Hytaýyň dürli künjeklerine, soňra bolsa – IV asyrda Merkezi Aziýa, XII asyrda – Ýewropa ... aralaşypdyr.

«Sianýan» halkara aeroporty şäherden, takmynan, 100 kilometrlikde ýerleşýär. Siana tarap barýan ýolda eýýäm Sianyň özüniň, şeýle hem onuň töwereginiň ägirt uly taryhy muzeý bolup durýandygyna göz ýetirýärsiň. Bu ýerde häzire çenli müňlerçe syrly depeler, hytaý gadymyýetiniň we medeniýetiniň ýadygärlikleri saklanyp galypdyr.

Men Sianda gadymy gala diwaryny gördüm. Ol XIV asyrda, Min nesilşalygynyň Çžu Ýuançžan imperatorynyň ýurdy dolandyran döwründe salnypdyr we biziň şu günki günlerimizde bölekleýin dikeldilipdir. Şeýle hem Şensiniň taryhy muzeýinde, daşyň ýüzüne oýup nagyş etmek boýunça muzeýde boldum. Han we Tan nesilşalyklary döwründe daşa salnan dürli haşamlar öz döwürleri we görnüşleri boýunça goýlupdyr.

1974-nji ýylda Siandan gündogara tarap 30 kilometrlikde hytaý arheologlary gadymy mazarlygyň üstünden barypdyrlar. Ol bolsa

Sin neşilşalygynyň ilkinji imperatory Sin Sihuanyň mazary bolupdyr. Taryhy deliller bu mazaryň – ýerasty şäheriň taryhyny şeýleräk düşündirýärler.

Sin Sihuan b.e. öňki 210-njy ýylda tarpa-taýyn ýogalýar. Şöhratyň we kuwwatyň iň ýokary derejesinde bolmak bilen, ýurdy dolandyrmagynyň soňky 11 ýylynyň içinde (b. e. öňki 221–210 ý.) ol öz wagtyny gizlin we ýekelikde geçiripdir. Ol, umuman, imperator köşgünden çykmandyr, hatda öz ýakynlaryndan hem gorkupdyr: onuň göwnüne olar ony patyşalykdan we durmuşdan mahrum etmekçi bolýan ýaly görnüpdir. Munuň üçin imperatorda esas hem bolupdyr, ýagny özüniň ýurdy dolandyran ýyllarynda onuň janyna 3 gezek kast etmäge synanyşyk edilipdir.

Öz raýatlarynyň ýadynda Sin Sihuan öz daşyna tutuş imperiýa boýunça dil düwüşijileri agtaryp ýören jansyzlary we pula satylan adamlary toplan rehimsiz zalym hökümdar hökmünde galypdyr. Imperatoryň pikiriçe, ähli nejis zatlar kitapdan gelip çykypdyr we b.e. öňki 213-nji ýylda imperiýada bar bolan ähli kitaplar oda ýakylypdyr. 460 sany hytaý akyldarlarynyň sütem bilen öldürilendigi mälimdir: imperator olary diriligine ýere gömmegi buýrupdyr.

Sin Sihuan hemişelik hökümdar bolmaklygy, ölmezligi hemişe arzuw edipdir. Haçanda ölmezligiň serişdesiniň ýoklugy aýdyň bolanda bolsa, özi üçin öz guran döwletine laýyk gelýän ägirt uly ýerasty mawzoleýiň gurulmagyny buýrupdyr. Hytaý arheologlarynyň delillerine laýyklykda, şol mawzoleýiň meýdany 56 inedördül kilometr bolupdyr. Mawzoleýiň gurluşygyna ýurduň ähli künjeklerinden sürlüp getirilen 700 müň adam gatnaşypdyr.

Sin Sihuan öz imperiýasyny hatda ol dünýäden hem dolandyryp biljegine doly ynanypdyr, şonuň üçin hem ol özüne goşun gerek bolar diýip hasap edipdir. Şunlukda, ol öz ýany bilen ol dünýä 8 müň sany palçykdan edilen we ýokary gyzgynlykda bişirilen heýkel äkidipdir. Sin olara imperator esgerleriniň ruhunyň geçjekdigine ynanypdyr.

Elbetde, imperator Siniň ýerasty şalygyna barmak arheologlar üçin ýeňil bolmandyr. Birinjiden, mawzoleýiň ýokarsy we töweregi simap bilen gowy gandyrylypdyr. Şeýle hem mawzoleýe girelge daşly haltalar we bada-bat herekete gelýän arbaletlerden, ýagny gol bilen zyňylýan gadymy ýaraglardan we naýza zyňýan mehanizmler-

den ybarat ölüm howply duzaklaryň mekir ulgamy bilen goralypdyr. Munuň özi diňe bir maksat bilen: ölenden soň hem Siniň aýrylyşmak islemedik onuň baýlyklaryny goramak, ýerasty köşkleriň we ybadathanalaryň rahatlygyny hiç bir garamaýak adamyň bozmaga milt edip bilmezligi üçin edilipdir.

Hytaýda 231 imperator we bir imperator aýal ýurdy dolandyrypdyr. Olardan 70-si Şenside jaýlanypdyr. Mysal üçin, Lianşan daglarynda ýerleşen Sianlin imperator muzeýinde Hytaýyň taryhynda ýeke-täk hökümdar aýal bolan U Zetian we onuň adamsy Li Çži jaýlanypdyr.

14 ýaşynda U Li Çžiniň kakasy Li Şiminiň oýnaşy bolýar. Li Şiminiň ölmeziniň öň ýanynda U Li Çži bilen söýgi gatnaşygyny ýola goýýar. Netijede, ol ilki bilen imperatoryň oýnaşy bolýar, soňra bolsa Li Çžiniň tagta çykmagy bilen, U imperatoryň aýaly bolýar. Li Çžiniň ýogalmagy bilen, özüniň owadanlygy, akyllylygy bilen tapawutlanan U döwleti dolandyrýar.

U wezipelere diňe zehinli adamlary belläpdir. Unyň ýurdy dolandyran 16 ýylynyň içinde Hytaýda parahatçylyk we durnuklylyk höküm sürüpdir. Sianlin mawzoleýiniň gurluşygy 683-nji ýylda başlanypdyr we 30 ýyl dowam edipdir. Ua bagyşlanan sütünde ýazgy ýazylmandyr.

Imperatorlar özleriniň bolan-bolmadyk üstünliklerini arşa çykarýan ýazgyly sütünleri dikeltmekligi gowy görüpdirler. Unyň sütüninde ýazgynyň bolmandygy barada iki düşündiriş bardyr. Birinji düşündirişe laýyklykda, Unyň pikirine görä, onuň üstünlikleri dabaraly sözlerden ýokarda bolupdyr. Galyberse-de, U özüniň üstünliklerine we ýalňyşlyklaryna geljekki nesiller tarapyndan baha berilmegini isläpdir.

Şensi welaýatyny gowy bilýän adamlar bilen meniň söhbetdeşligim maňa bu ülkäniň diňe bir gadymy däl, eýsem, häzirki zaman taryhyny hem doly açyp görmäge-de mümkinçilik berdi. 1999-njy ýylda 38 million ilaty bolan Şensi Hytaýda senagatda ýokary tehnologiýaly önümiň ösüşi boýunça birinji orny eýeledi, oba hojalyk önümleriniň göwrümi boýunça bolsa iň uly welaýatlaryň biri hasaplandy. Köne däp-dessurlar hem dikeldilýär. Tan nesilşalygynyň ýyllarynda bolşy ýaly, Sianda takyk wagtyň gelmegi bilen jaň kakmak, deprek kakmak däbe öwrülipdir.

Taryhy şäherler-merkezler adamzat siwilizasiýasynyň ösüşiniň möhüm nyşany we gymmatly medeni mirasy bolup durýarlar. Olar adamzat jemgyýetiniň ösüşine ýardam etmekde özboluşly rol oýnaýarlar.

Gadymy Hytaýyň merkezi bolan Sian beýleki ýurtlaryň taryhy şäherleri bilen aragatnaşygy işjeň ösdürýär. Şu jähtden, taryhy aragatnaşyklary hasaba almak bilen, Marynyň we Sianyň arasynda göni aragatnaşyklaryň ýola goýulmagy baradaky meselä seredilmeginiň hem maksada laýyk bolmagy gaty ahmaldyr. Munuň iki dostlukly ýurduň dostlukly şäherleriniň gülläp ösmeklerine ýardam etjekdigi aýdyňdyr.

## HYTAÝYŇ «ÝÜPEK MERKEZINE» SYÝAHAT
## I. «ASMANDA JENNET BAR, ÝER ÝÜZÜNDE BOLSA HANÇŽOU!»

1999-njy ýylyň güýzüniň ilkinji günlerinde maňa gündogar hytaý welaýaty bolan Çžeszýanyň ýolbaşçylygynyň çagyrmagy boýunça bu welaýat bilen içgin tanyşmaklyk miýesser boldy. Pekinden Çžeszýanyň dolandyryş merkezi bolan Hançžou şäherine uçan biziň uçarymyz iki sagat uçuşdan soň Hançzounyň merkezinden 27 kilometrlikde ýerleşýän «Sýaoşan» aeroportunda gelip gondy.

Çžeszýan welaýaty Gündogar-Hytaý deňziniň kenarynda ýerleşýär. Öz goňşulary Sžýansu we Fuszýan welaýatlary ýaly Çžeszýanyň hem örän dykyz ilatly çägi bar. Has takygy, bu welaýatyň meýdany 108,8 müň inedördül kilometr bolmak bilen, 1999-njy ýylda onda 44 million adam ýaşapdyr.

Çžeszýan Hytaýyň iň ösen welaýatlaryndan biri hasaplanýar. Bu ýerde ähli önümçilik senagat pudaklary bar. 1999-njy ýylda söwda alyşmalaryň göwrümi 15 milliard amerikan dollaryna barabar boldy.

Çžeszýanyň gözel tebigaty bar. Deňziň ýakynlygy (aýratyn hem, soňky ýyllarda güýçli harasadyň täsiri bilen welaýatyň käbir etraplarynda güýçli ýagyşlar ýagdy), kölleriň we gök ösümlikleriň köplügi yssyny gowşadýar. Ýanşanyň we beýleki gözel daglaryň tükeniksiz ulgamy welaýatyň demirgazyk serhedinden günorta serhedine uzalyp gitmek bilen, sowuk demirgazyk şemallaryň garşysyna ynamdar

böwet bolup durýar. Dag gerişleriniň arasynda Hanszýahu, Ninşao we beýleki bol hasyl berýän tekizlikler ýerleşýär we olar her ýylda däne ösümlikleriniň 2-3 hasylyny, gök önümleriň bolsa 7-ä golaý hasylyny berýärler. Bu ýerde suwarylýan bürünç meýdanlary we mellek ýerleriň atyzlary tut agaçlarynyň tokaýlyklary, ýörite çaý ekilýän uly ýer uçastoklary, sitrus ösümlikleri bilen gezekleşýär. Tutuş welaýat ägirt uly gülläp oturan bagy ýada salýar.

Men Çžeszýan daýhanlarynyň çekýän zähmetine haýran galdym. Bu ýerde ýeriň her bir tümmejigi, el ýaly bölejigi doly peýdalanylýar. Uly zähmet çekilip işlenilen meýdanlar çeper elli aýal-gyzlaryň inçe nepis işini ýatladýar.

Hančžou uzynlygy 1782 kilometr bolan Beýik kanalyň kenarynda ýerleşýär we gür ilatly şäherdir (onuň 16,6 müň inedördül kilometr meýdany bolup, onda 6 million adam ýaşaýar (1999). Şol bir wagtyň özünde hem şäheriň jan başyna düşýän umumy içerki önümi şol ýyl 4 müň amerikan dollary boldy.

Hančžounyň 2200 ýyldan hem gowrak taryhy bolup, ol Hytaýyň iň belli gadymy şäherleriniň biri bolup durýar. Ol «Baş nesilşalyklaryň zamanynyň», Günorta Sun nesilşalygynyň (1127–1279) merkezi boldy. Hančžounyň baý taryhy we halk däpleri barada ondaky dürli muzeýleriň (32), şol sanda çaý, hytaý lukmançylygynyň muzeýleriniň hereket etmegi hem şaýatlyk edýär.

Men şu ýerde şäher muzeýinde gören üýtgeşik gabym barada bir-iki söz aýtmakçy. Şol gap «penşuý ýuýsi», ýagny «balyk sypatly suw çüwdürýän gap» atlandyrylýar. Gadymy Hytaýda «ýuýsi», gaplary misden taýýarlanylypdyr. Özüniň görnüşi we göwrümi boýunça olar häzirki wagtdaky düýbi tekiz ýuwnulýan legenlere örän meňzeş. Bu gabyň geň galaýmaly häsiýeti bar: eger ony suwdan dolduryp, onuň iki gulajygyny yzygiderli sypalasaň, onda gapdaky suw dört sany suw çüwdürimini emele getirýär.Ýuýsiniň gelip çykyşy onuň syry bolup durýar we bize aýdyşlary ýaly, onuň sebäbi häzirlikçe anyklanylman galýar.

Men şonda bu syryň sebäbiniň suw bilen bagly bolmagynyň ahmaldygy barada pikir ýöretdim. Mälim bolşy ýaly, suw beýleki suwuklyklar bilen deňeşdirilende fiziki we himiki häsiýetlere eýe bolup durýar. Galyberse-de, soňky ýyllarda ençeme ýurtlarda geçirilen

synaglar suwuň islendik täsiri kabul edýändigini we ýatda saklaýandygyny, suwuň ýadynyň bardygyny görkezdi. Başga sözler bilen aýdylanda, onda biziň her bir daşarda eden hereketimiz, oý-pikirimiz, joşgunymyz, aýdan sözümiz bizden gidip, suw tarapyndan ýatda saklanýar...

Hançžou gadymy döwürlerden bäri öz gözelligi bilen hem meşhurdyr. Bu ýerde men «Asmanda jennet bar, Ýer ýüzünde bolsa Hançžou!» diýen örän meşhur hytaý pähimini birnäçe gezek eşitdim. Şäheriň taryhy şeýle hem Hançžou barada ençeme joşgunly setirleri ýazan Hytaýyň ençeme meşhur şahyrlarynyň atlary bilen baglydyr.

Hytaýyň şäherleri boýunça gulluk gezelenjini etmek bilen, men özüne asla üns çekmeýän dalbaryň ýa-da depejigiň köp halatlarda geň galaýmaly owadan atlar bilen atlandyrylýandygynyň şaýady boldum. Ýurduň köp ýerlerinde bolşy ýaly, Hançžouda hem men «Üç aý kölegesiniň dalbary», «Ýedi ýyldyzyň pawilýony», «Syn ediş dalbary» ýaly çeper atlara duş geldim we olar her gezek ýakymly täsir galdyrdylar.

Men Hançžounyň günbatar böleginde ýerleşýän Sihu kölüne hem baryp gördüm. Bu köl ýüzlerçe tebigy çeşmelerden emele gelýär we ol «Gündogaryň hazynasy» diýlip atlandyrylýar.

Sihu üç tarapdan beýik bolmadyk, ýöne diýseň owadan daglaryň ulgamy bilen gurşalýar, dördünji tarapdan bolsa ol şäher bilen sepleşýär. Köli taryhy ýadygärlikler, şeýle hem Sun nesilşalygy zamanynyň halk gahrymany Ýue Feýiň ybadathanasy gurşap alýar.

Ýue Feýiň ybadathanasyndan dagly ýol 1600 ýyl mundan ozal salnan gadymy Lininsy buthanasyna alyp barýar. Buthananyň merkezinde Desýun baoden pawilýony bolup, şol ýerde gadymy akyldarlar hamana adama uzak ömri we ölmezligi berýän «dan» atly filosofik daşy gözläpdirler.

Buthana bilen tanşanymyzdan soň B.Ýanyň «Çingiz han. Batyý» atly kitabynda ýazan şeýle setirleri meniň ýadyma düşdi: «Çingiz han öz saglygyny berkitmek we ömrüni uzaltmak barada alada etmek bilen, tejribeli lukmanlary gözläpdir. Oňa hamana ýeriň we asmanyň ähli syrlaryny açan we hatda müdimiligiň, ýagny ölmezligiň serişdesini tapan ajaýyp hytaý akyldary Çan-çun barada gürrüň beripdirler. Şol wagt bu dünýäniň ähli eşretlerinden ýüz öwrüp, ol beýleki akyl-

darlar bilen adama uzak ömür, bakylyk getirýän dan atly filosofik daşy gözläp daglarda ýaşapdyr».

Hytaý – ýüpegiň we ýüpek matalaryň watany we Hançžou öň-den bäri «Hytaýyň Ýüpek merkezi» adyny aldy. Şu ýerde, şeýle hem Suçžouda (Szýansu welaýaty) ýokary hilli ýüpek matalary taýýar-lanypdyr we olar dünýäde uly islegden peýdalanypdyr. Meniň ýüpek söwdasy boýunça Hançžou merkezine, milli ýüpek muzeýine baryp görmegim maňa ýurduň günorta böleginde ýüpekçiligiň ösüşi barada gowy düşünje almaga mümkinçilik berdi.

Hançžouda maňa şeýle hem Pekin – Hançžou Beýik kanaly boýunça gaýykly gezelenç etmek miýesser boldy. Biziň Garagum derýamyz ýaly, bu kanal hem emeli suw magistraly bolup durýar. Onuň gurluşygy b.e. öňki V asyrda başlanypdyr we ol XIII asyra çenli dowam edipdir. Ençeme nesilşalyklaryň dowamynda kanal günortadan demirgazyga dürli ýükleri daşamak üçin hyzmat edipdir. Häzir hem onuň günorta bölegi öňküsi ýaly gämi gatnawly bolup durýar.

## II. AŽDARHANYŇ GUÝUSY

Çžeszýanda men şeýle hem çaý barada köp maglumat topladym. Welaýatyň tebigy şertleri Güni gowy görýän, şol sanda şekerçiňri-gi, pagta ýaly ekinleri ýetişdirmäge ýardam edýär. Şu ýerde hytaý çaýynyň iň gowy hillerinden biri bolan lunszin çaýy hem ösdürilip ýetişdirilýär (Lunszin çaýyň bu sortuny ýetişdirýän ýeriň ady bolup, ol «Aždarhanyň guýusy» diýmekligi aňladýar.

Çaýy gaýtadan işlemek boýunça kompaniýada maňa Aždarhanyň guýusynyň suwundan taýýarlanylan hakyky lunszin çaýyny hödür etdiler. Çaý boýunça hünärmenleriň maňa aýdyşlary ýaly, bu çaýyň ýokary hiliniň syry hut ýörite saýlanyp alnan ýaş baldaklaryň belli gyzgynlykda guradylmagy we soňra ýörite gapda saklanylmagynda bolýar (çaýyň iň gowy sortlary ýazda ýyglan ýapraklardan taýýar-lanylýar. Şol ýapraklar şireli, näzik, ýakymly ysly bolýarlar). Luns-zin çaýy kofeine we ýakymly ysly ýaga baýdyr we olar oňa aýratyn tagam we özboluşly hoşboý ys berýärler. Mundan başga-da bu çaý organizmde uzak wagtyň dowamynda saklanmak ukybyna eýedir we

yssy tomus günleri suwsuzlykdan gandyrýar. Alymlaryň tassyklamaklaryna görä, çaýyň dürli sortlary 400-e golaý peýdaly mikroelementleri özünde jemleýär.

Hytaý çaýyň watanydyr. Bu ýerde çaý halk lukmançylygynda gadymy wagtlardan bäri beden zäherlenen wagtynda derman hökmünde, gipertonik hadysalaryň, ýagny dokumalaryň we organlaryň dartgynlygynyň (tonusynyň) ýokarlanmagynyň, gan basyşynyň ýokarlanmagynyň, böwrek çişmesiniň garşysyna öňüni alyş serişde hökmünde, göz kesellerini bejermek, güýjüňi dikeltmek, umumy ýaşaýşyň işjeňligini ýokarlandyrmak üçin ulanylypdyr. Şonda derman himiki maddasy hökmünde çaý diňe bir suwuk görnüşinde däl, eýsem, goýy ýag görnüşinde hem taýýarlanypdyr. Soňra çaýa bürünç, duz we hatda sogan hem atylypdyr.

Hytaýda we onuň çäginden daşarda hytaý çaýynyň ýüzlerçe görnüşi bardyr. Çaý, ýüpek we farfor gadymy Hytaýyň daşary söwdasynyň esasy harytlary bolupdyr. Şu ýerde çaý daşalanda düýelere ýüklemek üçin niýetlenen gaplarda çaýyň tagamam üýtgemändir, dessesem bozulmandyr.

Çaýy import edýän ýurtlar onuň töleglerini möhüm harytlar arkaly hem hasaplaşypdyrlar. Özara hasabyň bu görnüşi Hytaýyň içinde hem ulanylypdyr. Mysal üçin, Min nesilşalygynyň başynda Heçžouda (häzir Gansu) Hytaý salyrlary çaýyň tölegi üçin her ýyl Min hökümetine 700-den gowrak at beripdirler. Ýöne munuň ýaly uly göwrümli alyşmalar seýrek bolupdyr.

Hytaýda çaýy ýurduň Syçuan, Hebeý, Szýansy, Guandun ýaly günorta welaýatlary ýetişdirýärler. Çaýy öndürmegiň göwrümi barada şu aşakdaky sanlar şaýatlyk edýär: eger 1941-nji ýylda bu ýerde 41 müň tonna çaý öndürilen bolsa, onda 1996-njy ýylda 590 müň tonna çaý öndürilipdir. Şol 1996-njy ýylda öndürilen çaýyň 3-den bir bölegi daşary ýurtlara ugradylypdyr. Halkara bazarynda Hytaýyň paýyna gök çaýyň 90 göterimi we gara çaýyň 10 göterimi düşüpdir.

Hytaý gök çaýynyň («lýuý ça»), şeýle hem gara çaýynyň («pu er») ençeme hilleri bardyr. Mundan hem başga, gyzyl çaý («hun ça») hem bardyr we bu çaý ýörite gyzgynlyk bilen işlenilen çaýyň ýapragydyr.

Hytaý gül çaýy («sýanpýan») hem giňden bellidir. Gül çaýlarynyň arasynda jasmin çaýy hem bellidir. Ys üçin gök çaýa jasminiň, ýabany we bag bägüliniň we käbir başga gülleriň ýapraklary goşulýar.

Gök çaý öz hilini ýitirmän bir ýyla golaý, onuň bölekleýin fermentleşdirilen görnüşleri bolsa iki ýyla golaý saklanyp bilýär. Gara çaý uzak saklanýar, näçe durdugyça bolsa ol öz hilini gowulandyrýar. Çaýyň ýapraklary näçe gowy saklanan bolsa, onuň hili şonça-da ýokary bolýar.

Hytaýda çaýy (gantsyz, süýtsüz) nahardan öň, nahar wagtynda we ondan soň içýärler. Çaý hemişe islendik wagtda berilýär. Däp boýunça myhmana çaý islendik ýagdaýda hödürlenilip bilner. Ýöne suwsuzlygy gandyrmak üçin çaý içmek bir zatdyr, ony dadyp görmek bolsa başga zatdyr we munuň özi hytaý medeniýetiniň bir tarapy bolup durýar. Bu düşünjeler hatda dürli iýeroglifler bilen aňladylýar.

Çaýy «datmak» iýeroglifini üç sany kiçijik agyz emele getirýär we munuň özi çaýy haýal, arkaýyn ýagdaýda datmaklygy aňladýar. Gadymda mukaddes monahlar üçin çaý taýýarlamak we çaýy dadyp görüp onuň hilini kesgitlemek hakyky sungat bolupdyr. Şu jähtden, 19 sany düzgün berk berjaý edilipdir. Çaýy dadyp görüp hilini kesgitlemek boýunça budda dabarasynda her bir hereketiň öz ady bardyr. Suwy guýmak – «adamsöýüjilikli hudaý aýaly nem dökýär», çaýy dadyp görmek – «ýürekdäki düri ýuwmak» we ş.m.

Halkymyzyň, Prezidentimiziň wekili hökmünde meniň Hytaýda işlän ýyllarym çaýy dadyp görmek bu ýurtda ýoň bolan zada öwrüldi, bu bolsa hytaýlylaryň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagy bilen, olaryň ruhy tarapa barha uly üns berip başlandyklaryndan habar berdi. Mysal üçin, 2000-nji ýylda diňe bir Pekinde 130-dan gowrak çaýhana hereket etdi.

Şu ýerde «çaý» sözüniň rusça we iňlisçe gelip çykyşy barada hem gysgaça durup geçeliň. Rus sözi «çaý» «ça» ýa-da «çae» hytaý sözleriniň demirgazyk, Pekin aýdylyşyndan gelip çykýar. Iňlis sözi «ti» (çaý), şeýle hem fransuz, italýan, nemes we başgalar «te» (çaý) hytaý sözünden, ýöne onuň günorta, fuszýan aýdylyşyndan gelip çykýar.

# III. ÝAZYŇ, TOMSUŇ, GÜÝZÜŇ WE ŞADYÝANLYGYŇ NYŞANLARY

Hrizantemanyň – bu dürli reňkli, owadan gülli ösümligiň gadymdan bäri Hançžouň nyşany, onuň özboluşly tugrasy bolup durýandygy barada men ilkinji gezek eşidenimde, köp bolmadyk wagt şondan ozal Hytaýyň milli güli barada bu ýurtda bolup geçen umumyhalk çekeleşigi meniň ýadyma düşdi. Şol çekeleşik 1990-njy ýyllaryň başlarynda, belki-de, 1993-nji ýylda bolupdy we men bu barada haýsy-da bolsa bir žurnalda okapdym. Şonda şeýle sözler aýdylypdy: «Dürli taryhy eýýamlar özlerine dürli nyşanlary saýlap alýarlar. Bizde tugra, baýdak bar, ýöne şular ýaly Hytaýyň nyşany bolup biljek gül welin ýok. Hakykatda bolsa ýaponlarda sakura, fransuzlarda liliýa, gollandlarda týulpan, iňlislerde bolsa bägül... bar. Şonda çekeleşik uzaga çekipdi. Dürli pikirler hem bolupdy, olaryň wekilleriniň aglaba köpüsi bolsa «Biz ýeke-täk bir güli saýlap alyp bilmeris, sebäbi bizde gadymdan bäri tutuş hytaý sungaty, edebiýaty möwsümleýinlikde guralandyr we «bir millet – bir gül» pikiriniň özi hytaý medeniýetiniň kanunlaryna garşy gelýär».

Hakykatdan hem, şahyrlar, nakgaşlar öňden bäri ýylyň her bir wagtyny belli gül bilen baglap gelýärler. Pionyň – ýazy, lotosyň – tomsy, hrizantemanyň – güýzi, garalynyň – gyşy alamatlandyrmagy tutuş hytaý sungatynyň içinden geçýär. Ýylyň dört paslynyň adam durmuşynyň dürli döwürlerine laýyk gelýändigi sebäpli, halkyň gowy görýän gülleriniň her biri belli duýgularyň beýan edilmegini, häsiýetiň belli sypatyny aňladýar. Elbetde, biziň sanap geçen dört sany çeper şekilimiz – munuň özi bary-ýogy estetiki harplygyň ilkinji setirleri bolup durýarlar. Ýöne hatda şolar hem halkyň ruhuna, şol sanda hytaý amaly sungatynyň manysyna düşünmäge kömek edýär.

Men başda gürrüňi Hançžoudan we onuň özboluşly nyşany bolan hrizantemadan başlapdym. Şu jähtden, ilkinji gezek hytaý topragynda ösdürilip ýetişdirilen bu gül beýleki güllerden has köp derejede şäheri bezeýär. Munuň sebäbi öz şahalaryna düşýän gyrawa seretmezden, gülleýän güýzki hrizantema ruhy rahatlygyň we çydamlylygyň nusgasyny görkezýär. Bu häsiýetlere bolsa adamlar aýratyn hem ömrüniň ahyrynda ýokary baha berýärler.

Soňky ýyllarda Hytaýda şeýle hem tomusky hrizantemalar ösdürilip ýetişdirilýär. Üstesine-de, hytaý bagbanlary (olar bir wagtda güllemez ýaly) hrizantemalaryň dürli görnüşlerini oturdýarlar (diňe bir Hançžouda bu gülüň 1000-e golaý görnüşi bar). Netijede, bu gülüň bir görnüşi gülläp bolan badyna, başga bir görnüşi gülläp başlaýar. Özleriniň meşhurlygy bilen diňe lotos we bambuk hrizantema bilen ýaryşyp biler.

Hytaýda pionyň dürli görnüşlerine hem ýygy-ýygydan duş gelse bolýar. Pionlar Hytaýda has giň ýaýran, bezeg üçin ýetişdirilýän güllerdir. Reňkleriniň açyklygy, owadanlygy we ýakymly ysy bu güli beýleki ösümlikleriň arasynda tapawutlandyrýar. Pion ýazyň, ýaşlygyň, söýginiň, aman-esenligiň, maşgala bagtynyň nyşanydyr.

Eger kimde-kim kölli we howuzly hytaý seýilgählerinde bolan bolsa, onda oňa uly gara-gök reňkli ýaprakly we ak ýa-da gülgün reňkli gülli suw ösümligi bolan lotos tanyş bolmaly. Bu ösümlik 145 million ýyl mundan ozal peýda bolupdyr we ol özüniň haýran galmaly ýaşaýşa ukyplylygy bilen tapawutlanýar.

Lotosyň suwuň ýüzünden ýokary galýan näzik we ýakymly ysly gülleri gadymy döwürlerden bäri ruhy arassalygyň, adamsöýüjiligiň beýany, nyşany bolup hyzmat edýär. Bu tomus güli hatda batga hapalygynyň içinde hem hapalanman arassa galyp bolýandygy barada Buddanyň sözlerini subut edýär.

Aý kalendary boýunça täze ýylda gülleýän garalynyň şahalary hem owadandyr. Garaly – täze ýylyň gyşky nyşanydyr, kynçylyklaryň arasyndaky şadyýanlykdyr. Garaly howluda entek gyş durka gülleýär. Bu bolsa sowuk bolsa-da, ýazyň hökmany suratda geljeginden habar berýär. Ýazyň gelmegi bilen durmuşyň hökmany suratda has hem gowy boljakdygy bilen bagly bu ynamy hytaýlylar adam häsiýetiniň iň gymmatly sypaty hasap edýärler.

## HATDATLYK (KALLIGRAFIÝA) BARADA

Iýeroglifik bellikleri owadan ýazyp bilmek ukyby, ýagny kalligrafiýa-şekillendiriş sungatynyň aýratyn görnüşi hökmünde hemişe döredijilik ruhubelentliginiň we estetiki şatlygyň çeşmesi bolup hyzmat etdi.

Hytaýda kalligrafik sungatyň diňe bir gadymy däpleri bolman, eýsem, iýeroglifik ýazuwy bar wagtynda onuň geljegi hem bardyr. Ýöne kalligrafik sungatyny ele almak hemişe kyn mesele bolupdy.

Hytaý ýazuwy – munuň özi 50 müňe golaý iýeroglifdir (häzirki zaman dilinde olaryň 4-7 müňüsi ulanylýar) we olaryň her birisiniň öz ähmiýeti, sypatlarynyň sany we aýratyn ýerleşişi bardyr. Ýöne olary ýazmaklygyň we okamaklygyň sungatyny ele almak bilen bir hatarda Hytaýdaky köpsanly şiweleriň we ýerli gepleýşiň göz öňünde tutulmagy hem möhümdir. Şu jähtden, pekinliniň guandunla düşünmezligi we şunlukda, dilmajyň zerur bolýandygy nygtalyp geçilmelidir.

«Hytaý dilini öwrenmekde gabat gelýän kynçylyklar maňa gowy mälimdir» diýip, ilkinji türkmen sinologlaryndan biri Aýgül Azimowa aýdýar. – Men we meniň doganym Jennet 90-njy ýyllaryň ahyrlarynda Hytaýyň iň abraýly ýokary okuw mekdepleriniň biri bolan Pekiniň medeniýet we daşary ýurt dilleri uniwersitetini tamamladyk hem-de kärimiz boýunça Hytaýy we hytaý dilini öwrenmek boýunça hünärmen bolup ýetişipdik. Talyp döwrümde Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky ilçihanasynda önümçilik tejribeligini geçen we soňra ýurdumyzyň bu daşary ýurt edarasynda terjimeçi bolup işlän döwrümde ilçihana iş bilen gelýän hytaý raýatlarynyň käbirleri bilen gepleşmek meniň üçin aňsat synag bolmandy. Munuň sebäbi maňa öňden gowy tanyş bolmadyk şiwä düşünmeli bolmagymdy. Guandunda, Gonkongda, Makaoda we ençeme başga ýerlerde hytaýlylar demirgazyk, pekin şiwesi bilen hiç bir umumylygy bolmadyk şiwede gepleýärler. Hytaýda döwlet resmi dili «putunhua» (ählumumy dil) bolup durýar we oňa pekin şiwesi ýakyndyr. «Hytaý dili köp zähmeti, irmän-arman okamaklygy talap edýär» diýip, biziň uniwersitet mugallymymyz Çžao Şiin aýdardy, «Diňe hytaý dilinde düşünişiň» diýerdi. Biz, aýratyn hem, ilki döwürlerde bu näçe kyn hem bolsa, mugallymymyzyň aýdanlaryny aňryýany bilen ýerine ýetirmek üçin gije-gündiz okardyk».

Ýöne hytaý diline düşünmekdäki kynçylyklara seretmezden, hytaý iýeroglifikasy şol bir wagtyň özünde özüniň köptaraplaýyn häsiýeti bilen ähli hytaýlylar üçin bu dile düşünmegiň ygtybarly serişdesi bolup hyzmat edýär.

Sungatyň beýleki görnüşleriniňki ýaly, kalligrafiýa sungatynyň hem hemmelere elýeterli dili bar. Iýeroglifikanyň nähili-de bolsa, surat hatyna ýakynlygy, hatda iýeroglifika bilen nätanyş adamlara hem şekillendirilýän zada azda-kände düşünmeklige mümkinçilik berýär.

Iň gadymy iýeroglifiki hat – munuň özi dürli predmetleriň görnüşleriniň ýa-da olaryň ähmiýetleriniň ýönekeý şekillendirilmegi bolupdyr. Hut iýeroglifleriň suratlar bilen meňzeşligi «Ýazuwyň we surat çekmekligiň umumy kökleri bar» ýaly jümläniň döremegine sebäp bolupdyr.

Hytaýyň taryhy ençeme meşhur hatdatlary bilýär. Pekiniň ençeme muzeýlerinde şu sungatyň ajaýyp ussatlarynyň ýazan tekstleriniň nusgalary saklanýar.

Koreýada hem kalligrafiýanyň däp bolan dili hytaý kalligrafiýasydyr. Umuman, müňlerçe ýyllaryň dowamynda Gündogar Aziýada hytaý ýazuwy ýeke-täk ýazuw bolupdyr.

Biziň şu günki günlerimizde Hytaýyň we Koreýanyň gündelik durmuşynda awtoruçka, şarikli ruçka, galam, flomaster hytaý we koreý ýazuwyna däp bolan degişli zatlaryň ählisini diýen ýaly, ozaly bilen, ýumşak tüýli çotgany we gara tuşy gysyp çykardy diýsek ýalňyşmarys. Ýöne olar häzire çenli surat çekýänler we hatdatlar, kähalatlarda bolsa bu näzik gadymy sungaty söýýän adamlar tarapyndan ulanylýar.

## PEKIN ÖRDEGI

Hytaýyň merkeziniň aýratyn üns bermäge mynasyp zatlarynyň içinde pekin ördegi, ýagny hytaýça, beýszin kaoy barada aýratyn gürrüň bereýin.

Pekin ördeginden edilen naharlary merkeziň köp restoranlary taýýarlaýar. Ýöne olaryň arasynda iň meşhury özüniň 160 ýyldan hem gowrak taryhy bolan, Sýanmen köçesinde ýerleşýän restoran hasaplanýar. Hytaýly kärdeş dostlarymyň çagyryşlaryny kabul etmek ýa-da öz myhmanlaryma agşamlyk nahar bermek bilen, mende-de pekinlileriň bu guwanýan zadyny dadyp görmek, şeýle hem bu naharyň taýýarlanylyşy barada bellibir düşünje edinmek mümkinçiligi bolupdy.

Bu 1998-nji ýylyň güýzünde, agşamlyk nahar wagtynda bolupdy: ak halatly aşpez biziň stolumyzyň golaýynda goýlan uly bolmadyk stoluň üstünde ördegi goýdy we ondan nähili naharlary taýýarlaýandygy barada gürrüň berip, ony öz hereketleri bilen görkezip başlady.

Ol elindäki pyçagy çalasyn işledýärdi, ördegi süňksüz ýuka bölejiklere bölýärdi. Aşpez gowrulmazdan bir gije-gündiz öň ördegiň gowy ýuwlup arassalanylýandygyny aýtdy. Iç goşy aýrylan we ýuwlan ördegiň üstünden gaýnan suw guýýarlar we ony ysly arpa toşaby bilen ezýärler, soňra bolsa ördegi arassa howada birnäçe sagatlap saklaýarlar. Soňra ördege ýene bir gezek ýakymly ysly toşap çalýarlar we ony demir ildirgiçli kaştan agajy ýakylýan otly peçde asyp goýýarlar.

Biziň stolumyzyň üstünde dürli hytaý tagamlary – kömelek, kriwetka, balykdan edilen sowuk naharlar we ş.m. goýuldy. Indi pekin ördeginden edilen dürli naharlar getirilmelidi.

Ördegiň gowrulan bölejiklerini ýuka çörek we gök sogan bilen berdiler. Bize bu tagamly naharlary nähili iýmelidigini öwretdiler: ýuka çöregiň üstüne ördegiň bölejik etini gök sogan bilen bilelikde goýmaly, ony turbajyk görnüşinde dolamaly we gowy burçlanan sousa batyrmaly. Bu nahar diýseň tagamly bolýar ekeni.

Pekin ördegini gowrulan, kitirdeýän bölejikler görnüşinde goňur reňkli sousda bürünçden edilen arak goşulan çorbanyň suwunda, ak sousda we başga görnüşlerde berdiler (biz olary hytaýça «kuaýszy» atlandyrylýan taýajyklar bilen iýdik). Hytaý aşpezleri bize bir ördekden onlarça nahar taýýarlamaga ukyplydyklaryny görkezdiler, özleriniň döredijilikleri bilen geň galdyrdylar. Şol ýerde men pekin ördeginiň nähili ösdürilip ýetişdirilýändigi barada hem käbir gyzykly zatlary bildim.

Pekin ördegi ady bilen belli bolan ördekleri köpeltmek bilen meşgul bolýan hojalyklar Pekiniň töwereginde, Nefrit çeşmesiniň ýanyndaky howuzlarda, köllerde ýerleşýär. Tomus yssy bolansoň, hytaýlylar pekin ördegini şol möwsümde az iýýärler. Güýzde ýa-da gyşda aýratyn usul bilen bişirilen pekin ördegine bolan isleg artýar: guşuň içini arassalaýarlar, ony ýelden dolduryarlar we oňa suw guýup, ördegi gowy

edip tikýärler, soň güýçli gyzýan aşhana pejiniň içinde goýýarlar. Şunlukda, ördek şol bir wagtyň özünde gyzaryp hem buglanyp bişýär.

Eger ördek tomusda semrese we güýzüň başynda, aýratyn hem, şol döwür semremeli halyna öz agramyny ýitirse näme etmeli?!

Guşuň haçan ýumurtga çykarmagyny goýýan we ýelegini dökýän wagtynda agramyny ýitirýändigini guşçulyk bilen meşgul bolýan adamlar gowy bilýärler. Ördek haçanda täze ýelek çykaryp we ýumurtga getirip başlanda semräp başlaýar. Şonuň üçin hem ördegi öz tebigatynyň garşysyna hereket etmäge mejbur etmek üçin tomsuň iň soňky aýynda ony uly bolmadyk we ýagtylyk düşmeýän howdana ýerleşdirýärler, şeýle hem iýmitini çäklendirýärler, suwa hem goýbermeýärler. Netijede, ördek horlanyp başlaýar, soňra ýelegini ýitirýär. Ownuk ýelekleri onuň özi ýitirýär, ulularyny bolsa emeli ýol bilen aýyrýarlar.

Güýzüň başynda guşy giňişlige, suwa goýberýärler, oňa onuň aýratyn gowy görýän çumuza, soýa, gök nohut, gök önümiň biýaralaryny, suw otlary, hytaý darysy ýaly iýmleri berýärler. Netijede, ördek bol ýumurtga çykaryp başlaýar, agramy barha artýar, iki-üç aýyň dowamynda onuň eti zerur bolan näziklige we semizlige eýe bolýar.

Hünärmenleriň aýtmaklaryna görä, doglan wagtynda agramy 50 gram bolan ördejik 3 aýyň içinde öz agramyny 50-60 esse artdyrýar. Elbetde, munuň üçin ördegi iýmitlendirmegi gowy bilmek, howdanlaryň aýratyn häsiýetleri ýaly zatlaryň uly ähmiýeti bardyr. Hytaý guş idedijileriniň aýtmaklaryna görä, yssyda juda sowuk bolmadyk, sowukda bolsa mylaýym suw diňe bir adamlara däl, eýsem, guşlara hem ýaraýar.

## «BUZ WE GAR ŞÄHERINE» SYÝAHAT

Hytaýyň demirgazyk-gündogar welaýaty bolan Heýlunszýan barada hem gysgajyk durup geçeliň. Men bu welaýata 2000-nji ýylyň 30-njy dekabrynda ýanýoldaşym bilen Harbin şäheriniň meri Wan Çžonçžanyň gadyrly çagyrmagy bilen täze ýüzýyllygyň öňüsyrasynda bardym. Işçi sapar döwründe biz Heýlunszýanyň merkeziniň ýaşaýjylary bilen Täze ýyly garşyladyk, buzuň we garyň 17-nji Harbin halkara festiwalynyň açylyş dabarasyna gat-

naşdyk. Baýramçylyklar, harbin myhmansöýerligi bizde diýseň uly täsir galdyrdy.

Taýýarlanylan maksatnama laýyklykda biz, ozaly bilen, Heýlunszýan hökümetiniň başlygy Son Fatan, Harbiniň meri Wan Çžonçžan, Harbiniň halk wekilleriniň ýygnagynyň Hemişelik komitetiniň başlygy Men Guan Sui bilen duşuşdyk. Söhbetdeşlik Hytaý barada biziň bilimlerimiziň baýlaşmagyna ýardam etdi.

Heýlunszýanyň 454 müň inedördül kilometr bolan territoriýasy bolup, onda 40 milliondan hem gowrak adam ýaşaýar. Selsiý boýunça iýulda ortaça gyzgynlygyň derejesi 18-23 gradusa ýetýär. Gyş bu ýerde 5-6 aý dowam edýär we temperatura minus 30 gradusa çenli peselýär. 1969-njy ýylyň 3-nji fewralynda Mohe şäherinde 52,3 sowuklyk hasaba alnypdyr; bu bolsa Hytaýyň territoriýasynda iň pes temperatura bolupdyr. Biziň Heýlunszýanda bolan günlerimiz temperatura 23 bilen 30-yň aralygynda boldy. 2001-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda Harbinde – 35,3, şäher töweregindäki raýonlarda bolsa howanyň temperaturasy 40 gradusa çenli aşaklady.

Demirgazykda we Gündogarda Heýlunszýan (Amur) we Usuri derýalary boýunça Hytaýyň Russiýa bilen döwlet serhedi geçýär. Mohe şäherinden demirgazykda, Heýlunszýan derýasynyň gämi ýolunyň ortasynda Hytaýyň territoriýasynyň iň demirgazyk nokady ýerleşýär. Moheniň özünde bolsa iň uzak gün 20 sagada we birnäçe minuta deňleşýär. Gije agşam sagat 11-de düşýär, gije sagat 1-de bolsa täze günüň daňy atýar. Şeýle gijeler «ak gijeler» diýlip atlandyrylýar. Hytaýyň beýleki ähli raýonlaryndan Günüň ir dogýan ýeriniň Usuriniň Heýlunszýana guýýan nokady bolmagyny bilmek hem gyzyksyz däldir.

Heýlunszýan welaýatynyň görnüşiniň geografiýa kartasynda guwuň şekilini ýada salýandygyny belläp geçmek gerek. Şonuň üçin hem heýlunszýanlylar öz ülkesini «Guw ülkesi» diýip atlandyrýarlar.

Heýlunszýan welaýatynyň ykdysadyýetiniň esasy pudaklary barada aýdylanda, onda olar agaç taýýarlaýyş, galla önümçiligi, nebit çykarmak ýaly pudaklar bolup durýar. 2000-nji ýylda, mysal üçin, welaýatyň nebit kärhanalarynda 53 million tonna nebit çykarylypdyr we ol ýurtda çykarylan nebitiň 30%-ini düzüpdir.

Harbin Hytaýyň iň demirgazygynda ýerleşýän uly şäherleriň biridir we ol köp halatlarda «Guw boýnundaky hünji şäher» diýlip atlandyrylýar.

Harbiniň wise-meri Fan Şi Çanyň sözlerine görä, şäherde tomus gysga, bary-ýogy 60 gün dowam edýär. Tomsuň örküjinde hem adamlar ösgün tüýli odeýal ýapynýarlar.

Harbin tomsunyň ýene-de bir aýratynlygy, ol hem günüň dowamlylygydyr. Ir sagat 3-de asman ýagtylyp başlaýar, 4-de bolsa Gün eýýäm gözýetimden ýokarda bolýar, agşam bolsa ol diňe sagat 7-de ýaşýar, 8-de bolsa eýýäm garaňky düşýär. Harbin Hytaýda iň pes gyzgynlyk derejesi bolan welaýat merkezidir.

Harbin 1898-nji ýylda gurlan Hytaý–Gündogar demir ýolunyň (HGDÝ) Sonhua derýasy bilen kesişýän ýerinde esaslandyryldy. HGDÝ Russiýa tarapyndan guruldy we ol gysga ýol bilen Gündogar Sibiri we Uzak Gündogary birleşdirdi. Bir pikire görä şäheriň ady mançžur «harba», ýagny «ýalpaklyk», geçirme sözünden gelip çykypdyr, «in» rus goşulmasy bolsa degişliligi aňladýar.

XX asyryň 20–30-njy ýyllarynda bu şäherde 200 müň daşary ýurtlular – ruslar, polýaklar, ýewreýler we başga milletleriň wekilleri ýaşapdyrlar. Şol emigrantlar eýýäm birnäçe ýyl mundan ozal ençeme sebäplere görä başga ýurtlara göçüp gidipdirler. Şol bir wagtyň özünde hem Harbin gurluşygynyň häsiýeti boýunça häzir hem Hytaýyň beýleki merkezlerinden, rus şäherlerini ýatlatmak bilen esli tapawutlanýar. Geçmişde ulag we söwda şäherinden Harbin möhüm senagat merkezine öwrülipdir. Özüniň ylmy we tehniki kuwwaty boýunça Harbin 2000-nji ýylda Hytaýyň uly şäherleriniň arasynda 6-njy orny eýeledi.

Harbiniň içinden günbatardan gündogara ululygy boýunça Hytaýda dördünji orny eýeleýän Sonhua derýasy akyp geçýär. Onuň kenarlary ýapgyt, akymy bolsa ýuwaş. Gyşyna ol aýna ýaly buzuň galyň gatlagy bilen örtülýär.

Öňler ýaz baýramçylygynda öýleriň derwezelerinde ýa-da howluda buzdan edilen kiçijik fonarlar goýlup, olarda şem ýakypdyrlar. Biziň şu günki günlerimizde welaýatyň şäherlerinde buzdan edilen fonarlaryň we skulpturalaryň festiwallary her ýyl geçirilýär. Olar indi şemler bilen däl-de, eýsem, elektrik lampalary bilen ýagtylandyrylýar.

Agramy birnäçe ýüz tonna bolan we beýikligi onlarça metre ýetýän buzdan ýasalan tutuş arhitektura ansambllaryna tomaşa etmek gaty gyzykly. Gijeki asmany dürli reňkli çyralar bilen şöhlelendirýän bu ymaratlar ertekilerdäki pawilýonlary ýatladýar.

Buz festiwallarynyň aýratynlygy, ol hem olaryň hemişe täzelenip durmagydyr, başgaça aýdylanda, festiwala hödürlenýän skulptura işleri hiç wagt gaýtalanmaýar.

Olardan has göwrümlisi wagtyň geçmegi bilen halkara wakasyna öwrülen buzuň we garyň Harbin festiwalydyr. 2000-nji ýylyň 31-nji dekabryndan 2001-nji ýylyň 28-nji fewraly aralygynda bolup geçen 17-nji halkara buz festiwalynyň çäklerinde buz we gar skulpturalarynyň bäsleşikleri, lyža, suwda ýüzmek we ş.m. boýunça ýaryşlar bolup geçdi we olar tomaşaçylarda uly täsir galdyrdy.

Biziň Harbine bolan iş saparymyz aýratyn ýatda galan gezelençlerimiziň biri boldy. Harbinlileriň ýokary myhmansöýerligi bize gysga wagtyň içinde gaty köp zatlary görmäge, Harbin bilen içgin tanyşmaga we täze dostlar bilen gatnaşyklary ýola goýmaga mümkinçilik berdi.

# «SINHAÝ GÜNDELIKLERI» ÝA-DA HYTAÝ TÜRKMENLERI BARADA SÖHBET

## III BÖLÜM



Türkmenistanyň öz Garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen biziň halkymyz öz gadymy, beýik taryhyny käbir beýleki halklaryň taryhy bilen ýakyn arabaglanyşykda öwrenmek üçin hem zerur bolan mümkinçilige eýe boldy.

Geçmişde kysmat öwrülişikleri türkmen halkynyň ençeme wekillerini dünýäniň dürli künjeklerine zyňypdyr. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň territoriýasyndan daşardaky türkmenleriň taryhyna degişli bolan gymmatly çeşmeleri peýdalanmazdan, biziň türkmen halkymyzyň taryhy doly bolup bilmez. Üstesine-de, şol taryhda entek ýazylmaly sahypalar hem az däl. Biziň bu aýdanlarymyz hytaý türkmenleriniň taryhyna hem degişli bolup durýar.

Hytaýda türkmenleriň, şol sanda salyr türkmenleriniň ýaşaýandygy barada ilkinji gezek XX asyryň 70-nji ýyllarynda käbir daşary

ýurtly alymlaryň işleriniň üsti bilen habardar bolupdyk. 80-nji ýyllarda Türkmenistanyň daşary ýurtlar bilen dostluk we medeni aragatnaşyklar boýunça Jemgyýetiniň işjeň agzalaryna, şol sanda şu kitabyň awtoryna hem Hytaý Halk Respublikasynyň Sinszýan-Uýgur awtonom raýonynda ýaşaýan we öz «türkmen» etniki adyny saklan hytaýly türkmenlerden birnäçe hatyň gelip gowuşmagy türkmen taryhçylarynyň ençemesinde hytaý türkmenleriniň taryhyny, häzirki durmuşyny düýpli öwrenmeklige bolan gyzyklanmany has-da artdyrypdy. Mysal üçin, eýýäm 1992-nji ýylda Aşgabatda taryhçy Marat Durdyýewiň «Туркмены Китая», ýagny «Hytaý türkmenleri» atly kitapçasy rus dilinde çapdan çykdy. Bu işde ilkinji gezek umumylaşdyrylan görnüşde hytaý türkmenleri barada material okyjylara hödürlendi. Dürli dillerdäki edebi maglumatlaryň esasynda onda hytaý türkmenleriniň gelip çykyşy we etniki taryhy, olaryň hojalygy we medeniýeti barada gürrüň berildi.

1995-nji ýylda Hytaý Halk Respublikasynda Türkmenistanyň diplomatik wekilhanasynyň açylmagy bilen, ilçihana öz bolýan ýurduňy düýpli öwrenmek jähtinden turuwbaşdan hytaý türkmenleriniň taryhy boýunça hem Hytaýda bar bolan gymmatly çeşmeleri gözlemek, toplamak, öz mümkinçiligine görä olary ylmy taýdan öwrenmek bilen meşgul boldy we bu iş gysga wagtyň içinde ilçihananyň amaly diplomatiýasynyň möhüm ugurlaryndan birine öwrüldi.

Netijede, eýýäm 1997–1999-njy ýyllarda Türkmenistanyň HHR--däki ilçihanasy tarapyndan ýurdumyzyň Ylymlar akademiýasynyň taryh institutyna, dünýä türkmenleriniň gumanitar assosiasiýasyna hytaý türkmenleri barada hytaý, iňlis dillerinde ýazylan dürli çeşmeler – gymmatly kitaplar, surat-wideo we başga materiallar, şeýle hem bu meseläni çuňňur we hemmetaraplaýyn öwrenmekligi işjeňleşdirmek boýunça dürli teklipler yzygiderli ýollanyldy. Şeýle hem 1998–2000--nji ýyllarda şu kitabyň awtory tarapyndan taýýarlanan we ylmy neşirlerde, şeýle hem gazet-žurnallarda çap edilen «Hytaý salyrlary we olaryň taryhyna bagyşlanan barlag işleri barada», «Gadymy Hytaýda türkmen atlary» ýaly ylmy makalalar, şeýle hem şol awtoryň «Türkmen dünýäsi», «Edebiýat we sungat», «Aşgabat», «Ahal» ýaly gazetleriň sahypalarynda hytaý türkmenleriniň taryhy barada ýerleşdirilen düýpli makalalary Türkmenistanyň we Hytaýyň taryhçy alymlarynyň we giň

okyjylar köpçüliginiň ýokary bahasyna mynasyp boldy. 1999-njy ýylyň 24–29-njy dekabry aralygynda Aşgabatda bolup geçen IX Ählihalk Maslahatynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Türkmenistanyň Hytaýdaky ilkinji Ilçisini onuň işjeň we öndürijilikli zähmeti bilen aýratyn gutlamagy hem ilçihananyň işine, şol sanda onuň bu ugur boýunça alyp barýan işine berlen ýokary döwlet bahasyndan habar berdi.

Şu jähtden, awtor okuw gollanmasynyň üçünji bölümini özüniň «Sinhaý gündeliklerine» ýa-da hytaý türkmenleri baradaky söhbedine bagyşlamagy makul bildi. Awtor iş saparynyň netijesinde ýazan şu ýol ýazgylarynyň talyplary beýik gündogar dostlukly goňşy ýurdumyz bolan Hytaýyň, onuň Sinhaý welaýatynyň we onda ýaşaýan hytaý türkmenleriniň durmuşy bilen has-da içgin tanyşdyrmaga belli-bir derejede ýardam etjekdigine ynam bildirýär.

## PEKIN – SININ ARALYKDAKY HOWA ÝOLUNDA

Hytaýyň demirgazyk-günbatar welaýatlary, ilkinji nobatda bolsa Sinhaý welaýaty bilen tanyşmagy, şol sanda Sýunhua-Salyr uýezdinde bolup görmegi men ýurdumyzyň Hytaýdaky diplomatik wekilhanasynyň ilkinji ýolbaşçysy bolup işläp başlan günlerimden meýilleşdirip başlapdym. Galyberse-de, mende degişli welaýatlaryň, şol sanda Sinszýan-Uýgur awtonom raýonynyň halk häkimiýetiniň daşary işler müdirliginiň hormatly çagyryşlary hem bardy. Ýöne her gezek gaýra goýulman çözülmeli meseleler çykýardy we her tomus pasly şol ýerlere gitmäge mende mümkinçilik bolmaýardy, wajyp işçi saparlarymyň wagtyny soňa geçirmeli bolýardy.

Ine-de, 1999-njy ýylyň güýzünde şol gitmeli saparym jüpüne düşdi duruberdi. Men Sinhaý welaýatyna iş saparyny etmelidim. Tomsuň aýagynda, hatda güýzüň başynda hem şol ýerlerde, has hem welaýatyň gündogar böleginde howa öz yssylygyny saklaýardy. Soňra şol ýerden Sinszýan – Uýgur awtonom raýonynyň merkezi bolan Urumça uçmalydym – halkara ykdysady seminaryň we ýarmarkanyň açylyş dabarasyna gatnaşmalydym.

16-njy sentýabrda sagat on birlerde aýalym bilen Hytaý awiakompaniýasynyň uçaryna münüp, Pekinden Sinhaý welaýatynyň merkezi bolan Sinine iş saparyna ugradym. Täze uçaryň salony diý-

seň arassady we ynjalyklydy, şeýle hem hyzmatçy gyzlaryň ýolagçylar babatda yhlasly aladalary özüne üns çekýärdi. Eger-de bizi we ýene-de iki-üç sany ýewropalyny hasap etmeseň, uçar ýerli ýolagçylardan doludy, bu ýagdaý bolsa ýurduň merkezine we merkezden welaýata gitmek üçin bahasy raýatlara elýeterli bolan ulagyň bu görnüşinden olaryň giňden peýdalanýandyklaryndan habar berýärdi. Şturmanyň, ýagny uçary sürýän hünärmeniň ilki hytaý, soňra bolsa iňlis dilinde wagtal-wagtal berýän maglumatlaryndan biz uçaryň nireden uçup barýandygyny we käbir başga habarlary alýardyk.

Uçaryň zerur bolan belentlige galmagy bilen aşakda, onuň ganatynyň aşagynda Beýik Hytaý tekizligi mese-mälim görnüp başlady. Bu ägirt uly pesligiň 325 müň inedördül kilometr göwrümi bolup, ol demirgazyk Hytaýyň tutuş gündogar bölegini tutýardy. Pekin şol tekizligiň iň demirgazyk böleginde ýerleşýärdi. Şol tekizlik Sary we Gündogar-Hytaý deňizleri tarapyndan ýuwulýardy, ony şeýle hem Hytaýyň iň uly derýalarynyň ikinjisi hasaplanýan Huanhe (Sary derýa) kesip geçýärdi. Onuň günorta çetinden bolsa Hytaýyň iň uly derýasy bolan Ýanszy derýasy (Gök derýasy) akyp geçýärdi. Ýanszynyň uzynlygy 5800 kilometrdi we ol özüniň uzynlygy boýunça Afrikada ýerleşýän Nil derýasyndan (6671 *km*) we Günorta Amerikada ýerleşýän Amazonka derýasyndan (7 müň kilometrden gowrak) soň dünýäde üçünji orny eýeleýärdi.

Şol tekizlik Huanhe, Haýhe, Huaýhe derýalarynyň, esasan hem, Huanhe derýasynyň, olaryň goşundylarynyň netijesidi. Tekizligiň uzaboýuna çenli gadymy we häzirki derýalaryň geçip giden we gidýän ýerlerinde uly läbikler, gatlakly palçyklar, çägesöw palçyklar, laýlar emele gelýän galyndylar bardy. Olar Huanhe we beýleki derýalaryň töwerek-daşlaryndaky beýikliklerden we Mele toprakly ýaýladan süýşüp gaýdýardylar. Mysal üçin, gyrmançalaryň köplüginiň derejesi boýunça Huanhe dünýäde birinji orny tutýar. Ençeme onýyllyklaryň dowamynda Huanhä ýylda ortaça 1,6 milliard tonna gyrmança düşýär. Netijede, derýanyň hanasy her ýylda 8-10 santimetr ýokarlanýar. «Beýszin žibao» (Pekin gazeti) gazeti özüniň 2000-nji ýylyň 1-nji sentýabryndaky sanynda «Soňky 9 ýylyň içinde derýa düşýän jisimiň dykyzlygy her ýylda 300 million tonna azaldy» diýip ýazdy. – Eger-de şu görkeziji ýylda 800 million tonnada saklansa,

onda Huanheni tertibe salmak wezipesiniň çözülendigi barada aýtsa bolar». Bilermenleriň muny tassyklamaklaryna görä, bu maksada ýetmek üçin, takmynan, 50 ýyl gerek bolar. Şol bir wagtyň özünde tekizligiň beýikligi juda bir uly bolman, ol deňiz derejesinden 500-1000 metr ýokarda ýerleşýär.

Asyrlarboýy bu ýerler däli we howply derýa adyny alan Huanhe we beýleki derýalaryň azaşyp gidýän ägirt uly hanasy bolup hyzmat edipdirler. Tekizlikde azaşyp, olar öz akym ugurlaryny üýtgedýärler. Kenar ýakasynyň böwetlerini ýykyp, giden giňişlikleri suwa basdyrýarlar.

Tekizlik bireýýäm sürlüp, onda jaýlar gurlupdyr. Şeýle hem onuň topragy gowy işlenipdir, tekizligiň üstünde bolsa suwarymly ýerleri özleşdirmek, suw ulagy üçin peýdalanylýan emeli kanallaryň we kanallaşdyrylan derýalaryň birgideni gurnalypdyr.

Hatda iň gurak ýyllarda-da bu ýerlerden durnukly we ýokary hilli hasyl almagy başaran hem bolsalar, daýhanlar soňky wagtlara çenli bu tekizlikdäki gazaply tebigy betbagtçylygyň öňüni alyp bilmändirler.Tekizlikdäki derýalaryň azaşmagy, kenar ýakalarynyň böwetleriniň ýykylmagy we suw daşgynynyň weýran ediji güýji diňe bir ekin meýdanlaryna zyýan ýetirmändir. Güýçli çabgalar bilen bagly bolan şol suw daşgynlary özleriniň göwrümi boýunça diňe bir Hytaýyň däl, eýsem, dünýäniň dürli raýonlarynda bolýan şeýle suw daşgynlaryndan uly bolupdyr. Suw daşgynlaryna garşy göreş bilen bagly meseläni tükenikli çözmek üçin Hytaý hökümetiniň ýolbaşçylygynda alnyp barlan ägirt uly çärelere seretmezden, 1998-nji ýylyň tomsunda Ýanszy hem-de iki sany demirgazyk derýalary bolan Nenszen hem-de Sunhuaszýan derýalarynyň basseýnlerinde weýrançylykly suw daşgynlary boldy. Şol suw daşgynlary Günorta-Günbataryň we Uly Hinçanyň iki sany uly taýýarlaýyş raýonlarynda tokaýlaryň çapylmagy netijesinde topragyň üstüniň açylmagy we ösümlik örtüginiň bozulmagy sebäpli boldy. Weýrançylykly suw daşgynlary şonda 3500-den-de gowrak adamyň ömür tanapyny kesdi, ýurda 30 milliard amerikan dollaryndan-da köpräk ykdysady zyýan ýetirdi.

Şturmanyň berýän habarlaryna görä, biz Içerki Mongoliýa awtonom raýonynyň günorta böleginiň üstünden uçup geçip, indi bolsa Ninsýa – Hueý awtonom raýonynyň üstünden uçup barýarys. Bu

ýerde Huanhe derýasynyň basseýnininiň orta böleginde, ägirt uly meýdanda (300 müň inedördül kilometrde), baýyrly düzlük, ýagny mele toprakly ýaýla ýaýlyp ýatyrdy we ol deňiz derejesinden 1000-1500 metr belentlikde ýerleşýärdi.

Ýer işlerini geçirmekde bu ýerde oňaýly tejribäniň toplanandygyna garamazdan, bu örän uly meýdanyň topragy örän port we onuň ösümlik örtügi bozulan. Ýazyna we gyşyna bu ýerde ýokary howa basyşda güýçli ýel öwüsýär. Kähalatlarda çäge, tozan açyk asmany tutýar. Özi hem demirgazykdan günorta tarapa öwüsýär. Haçanda ýel peselende ýa-da beýik daglar onuň öňüni tutanda, olar saklanmak bilen, täze baýyrly, egrem-bugram mele toprakly gatlagy emele getirýärler. Ýylyň-ýylyna, birnäçe ýüzýyllyklaryň dowamynda, bu ýerler häzirki mele toprakly gatlagy we mele toprakly belentlikleri emele getiripdirler. Olaryň galyňlygy, adatça, 20-50 metr bolup, birnäçe ýerlerde bolsa olaryň galyňlygy 150 metre çenli ýetýär.

Mele toprakly ýaýlalaryň düýbi – ýuka çökündili dag jisimi. Onuň owunjak bölegi demir gurşunly kalsiý bilen bürelen. Şeýle topraga suw çalt siňýär. Ýeriň üstünde iň ujypsyz çeşme emele gelen badyna, ol bada-bat çuňlaşýar we giňligine ýaýraýar. Garaz, dürli ýol bilen özüne ýol arçaýar. Öňe süýşüp, ol çuňlugy ýüzlerçe metr bolan dag jülgesine öwrülýär.

Uçaryň üstünden syn edip, biz yzly-yzyna şol jülgeleri açyk-aýan gördük. Olar ýiti gylyç ýaly bolup, mele toprakly ýaýlalarda olary kesip ýatyrdy. Bu tebigatyň eçilen ajaýyp özboluşlylygynyň biridi.

Soňra uçar Gansu welaýatynyň üstünden geçip, goňşy welaýat bolan Sinhaýa golaýlaşdy. Aşakda çäksiz çöllük giňişlik, soňra bolsa gara-çalymtyl daglar görnüp başlady. Sinhaý welaýatynyň territoriýasyndan Sinhaý – Tibet daglygy başlanýar we ol deňiz derejesinden ortaça 4000 metr ýokarda ýerleşýär. Oňa «Dünýäniň üçegi» hem diýilýär. Şu daglyk ýerde Kunlun, Gandisyşan, Gimalaý dag gerişleri, şeýle hem köpsanly buzluklar ýerleşýär. Jomolungma (Ewerest) Gimalaý daglarynyň gerşiniň baş belentligidir. Onuň beýikligi 8848 metr bolup, ol dünýäde iň beýik dag gerşi hasaplanýar.

Sinhaý welaýaty Sinhaý – Tibet daglygynyň demirgazyk-gündogarynda ýerleşýär. Welaýatyň territoriýasynyň meýdany 720 müň inedördül kilometr bolup, onuň ilaty bäş milliondan gowrak adam-

dyr. Demirgazyk-günbatarda Sinhaý Sinszýan awtonom raýony bilen, günorta-günbatarda Tibet awtonom raýony, günorta-gündogarda Gansu welaýaty, demirgazyk-gündogarda Syçuan welaýaty bilen araçäkleşýär.

Sinhaýyň giň territotiýasy bolsa-da, onuň diňe 30 müň inedördül kilometri ýa-da welaýatyň territoriýasynyň 4%-i Huanşun derýasynyň hasylly derelerinde ýerleşýär.

Welaýatyň merkezi Sininden 150 kilometrlikde bolan Ruýeden, ýagny «Gün-Aý daglaryndan» başga welaýatyň beýleki bölegi Sinhaý--Tibet daglygynda ýerleşýär. Eger Sinhaý-Tibet daglygynyň beýikligi deňiz derejesinden 4 müň metrden hem ýokarrakda bolsa, onda Sinhaý ortaça deňiz derejesinden 3 müň metrden hem gowrak ýokarda ýerleşýär.

Sinhaýyň günbatarynda Gobi çöli we Saýdam oýlugy ýerleşýär. Welaýatyň günorta bölegini gar bilen bürelen beýik daglar tutýar. Daglygyň galan bölegi sowuk, guraksy bolup, ol ýerde howa ýetmeýär. Sinhaý daglygynyň merkezi böleginden, beýikligi deňiz derejesinden 4 müň metrden hem ýokarrakdan Hytaýyň Ýanszy, Huanhe ýaly iň uly derýalary, şeýle hem Lansan ýa-da Mekon derýalary öz gözbaşlaryny alýarlar.

Sinhaý welaýaty duz, kaliý, reňkli metallar, mineral, derman, energiýa ýaly tebigy gorlara baýdyr. Hususan-da, Saýdam oýlugynda nebitiň we tebigy gazyň gorlary 1999-njy ýylyň maglumatlaryna görä, degişlilikde 200 million tonna we 50 milliard kub metr boldy. 2010-njy ýyla çenli ileri tutulýan pudaklary ösdürmek üçin Sinhaýda gidroresurslary, ýagny suw resurslaryny özleşdirmek, himiýa önümlerini öndürmek, reňkli metallary gazyp almak, nebiti we gazy çykarmak, maldarçylygy ösdürmek boýunça 5 sany bazany döretmeklik meýilleşdirildi. Şol bir wagtyň özünde hem gazaply we gury howa sebäpli, Sinhaý ösümlik örtügi boýunça Hytaýda iň soňky orunda durýar. Welaýatyň şeýle hem ekologiki gurşawynyň ýaramazlaşmagy, çölleşmek, suwuň ýetmezçiligi, öri meýdanlaryň territoriýasynyň azalmagy ýaly düýpli meseleleri bardy. Mysal üçin, 1997–1999-njy ýyllarda çölleşmegiň ortaça ýyllyk depginleri welaýatyň umumy territoriýasynyň 4%-den gowragyny tutýardy. Bu

meseleleriň üstünlikli çözülmegine seretmezden, olar özleriniň möhümligini saklaýardylar.

Biziň uçarymyz howa ýolunyň 1450 kilometrini geçenden soň, Sininiň gündogaryndaky «Kaožiabo» aeroportunda gondy. Aerodromuň territoriýasyny belli uzaklykda gurşap alýan kül reňkli dag eňňitleriniň üstünde otdan-çöpden hiç zat ýokdy.

Aeroportda bizi Sinhaý welaýatynyň hökümetiniň daşary işler boýunça departamentiniň (SWHDID) bölüm müdiri Guo Gen Wan garşylady. Aeroportdan, takmynan, 40 *km* ýol geçip, biz aýnadan we betondan ýasalan binaly, gadymy ýadygärlikleri bolan, sözüň doly manysynda häzirki zaman şäherine geldik. Ýolda gören zatlarymyzyň täsiri astynda biz «Sinin» atly myhmanhana ýetenimizi hem duýman galdyk.

Soňra biz şäheriň merkezinde ýerleşen, uly territoriýany eýeleýän, daşyna daş howly çekilen «Sinin» myhmanhanasynda ýerleşip, az salym dynç alanymyzdan soň, şähere gezelenje çykdyk. Biziň Sinhaý welaýatynda bolmagymyz mynasybetli SWHDID tarapyndan taýýarlanylan gyzykly hem mazmunly maksatnamamyz örän şowly geçdi. Gezelenç wagtynda biziň ýanymyzda Sinhaý welaýatynyň hökümetiniň daşary işler boýunça departamentiniň wekiliniň bolmagy biziň welaýatyň taryhynyň we medeniýetiniň esasy baýlyklary bilen has doly tanyşmagymyza ýardam etdi.

## SINHAÝYŇ MERKEZINDE. TAERSY BUTHANASY

Sininiň hem, umuman, Sinhaý ýaly, gadymy taryhy bar. Sinin prefektura hökmünde Sun nesilşalygy (biziň eýýamymyzyň 916–1279 ý.) tarapyndan döredilipdir, 1929-njy ýylda bolsa ol Sinhaý welaýatynyň merkezi bolupdyr. Sinin Sinhaýyň gündogarynda, Huanžu jülgesinde, deňiz derejesinden 2 müň metr ýokarda ýerleşýär. 1 million 200 müň adam ilaty bolan Sininiň (1999 ý.) Hytaýyň Şanhaý, Sian we başga ençeme şäherleri bilen howa gatnawy bar.

Hytaý halky öz geçmişine, gadymy ýadygärliklerine çuňňur hormat goýýar. Öz tejribämden bilşim ýaly, hytaýly baran myhmana hökmany suratda Asman ybadathanasyny, imperatorlaryň köşkleri-

ni, miň mazarlyklaryny, ajaýyp haşamlary we oýulyp nagyş çekilen harytlary görkezer. Sininde hem şäher bilen umumy tanyşlygymyzdan soň, bize lamaist buthanasyna baryp görmegi maslahat berdiler. Bu buthana tibet buddizminiň Glug-ba sektasynyň (Sary sekta) lamaist buthanalarynyň iň meşhur, atly buthanalaryndan biri bolup, oňa Taersy buthanasy diýilýärdi we ol Sininden günorta-günbatar tarapda 25 kilometrlik uzaklykda ýerleşýärdi.

Sinhaýda, esasan, hanlar (hytaýlylar), tibetliler, hueýler, tular, salyrlar, umuman, 40 milletiň wekilleri ýaşaýarlar. Biziň ýolbeledimiz bolan Guo şol milletleriň wekilleriniň uýýan dinleri barada hem bizi käbir maglumatlar bilen tanyş etdi. Hanlar, mysal üçin, daosizme uýýarlar we bu din olaryň däbe öwrülen dini bolup durýar (hytaý hudaýlylarynyň arasynda şeýle hem başga dinlere uýýanlary hem bar). Tibetlileriň, mongollaryň, tularyň dini tibet buddizmi (lamaizm) bolup durýar. Buddizm Hytaýa b. e. öňki I asyrda aralaşypdyr we IV asyrda onuň hemme ýerde ýaýramagy başlanypdyr we basym ol ýurtda iň täsirli dine öwrülipdir. Lamaizm buddizmiň bir şahasy hökmünde döräpdir we ol Tibetde, Sinhaýda, Içerki Mongoliýada ösüşe eýe bolupdyr. Ol gyzyl, ak, sary we ş.m. dürli sektalara bölünýär.

Şolaryň arasynda iň täsirlisi Glug-ba (Sary sekta) bolup durýar. Tibet buddizminiň öz dini däpleri we taryhy däp-dessurlary bardyr. Sary sektanyň öz janly Buddanyň täzeden döremek instituty bolup, ol lamaist buthananyň mukaddes derejäni ýa-da ady geçirmek ýaly özboluşly däbidir.

Sininden biz Sinhaý welaýatynyň Huançžan uýezdiniň Luşaer şäherçesine ýola düşdük. Entek uzakdan biz uzyn tekiz üçekli ajaýyp ymaratlary gördük, olaryň üstünde bolsa uly bolmadyk altyn çaýylan buddistleriň ybadathanalary, goýunlaryň şekilleri we ş.m. zallar bardy. Buthana belentligiň eteginde owadan dagly ýerde ýerleşýärdi. Buthananyň çäginiň başlanýan ýerinde bizi bu keramatly ýeriň wekili – tibet lamasy garşylady we buthana bilen tanyşmaklyga çagyrdy. Şol bir wagtyň özünde hem men bu lamaist monahynyň, ýagny buthananyň düzgünnamasy boýunça ýaşamaga kasam eden bu terkidünýä adamyň biziň ýol beledimiz bolan Guodan hytaý dilinde ýuwaşja giriş

biledini soraýandygy gulagyma ildi. Diýmek, täze alamatlar buthana diwarlaryndan hem geçip başlapdyr.

Şu ýerde meniň ýadyma soňky pançen-lamalaryň ruhlarynyň üýtgeşik görnüşe geçýändigi baradaky pikir düşdi. Men bu barada hytaý edebiýatynda hem okapdym, 1995-nji ýylda bolsa hytaý telewideniýesi boýunça munuň nähili bolup geçýändigine ilkinji gezek tomaşa hem edipdim.

Şunuň bilen baglylykda, ilkinji nobatda, dalaý-lama we pançen-lama atlarynyň Tibetde ilkinji gezek degişlilikde 1653 we 1713-nji ýyllarda iki sany ýaşap ýören buddalara dakylandygyny ýatlap geçeliň. Şunlukda, pançen-lama tibet buddizminiň (lamaizmiň) Glug-ba sektasynyň iki sany ruhy ýolbaşçylarynyň biri bolup durýar.

... 1933-nji ýylda pançen-ertni X-dan öňki ruhy ýolbaşçy ýogalypdyr, lamaistleriň dini düşünjesine laýyklykda, haçanda ölýän adamyň ýüregi urmasyny bes eden wagtynda, onuň ruhy onuň ene-atalary lamaizm dinine uýýan erkek jynsly ýaňy dogan çaganyň bedenine geçýär. Ýogalan pançen-lamanyň jynazasyny çykmak we ony jaýlamak bilen bagly çylşyrymly däp birnäçe ýyla çekýär. Şondan soňra lamaizm dinine uýýan ilatly ýerlere, hususan-da, Sinszýana, Sinhaýa, Gansua, Ninsýa, Içerki Mongoliýa we başga raýonlara lamaist buthanasynyň ýörite wekilleri ýollandy we olara haçan pançen-lama ýogalan wagtynda: şol gününde we şol sagadynda doglan erkek jynsly çagalary tapmaklyk we bellenilen ýere eltmeklik tabşyryldy. Ýaponiýa bilen bolan uruş sebäpli täze pançen-lamany saýlap almak meselesi birnäçe ýyl yza çekildi. Diňe 1944-nji ýylyň ýazynda lamaist buthana basgançagynda ähmiýeti boýunça bu ikinji wezipä laýyk geläýjekleriň onlarçasynyň arasyndan Sinhaýyň Sýunhua uýezdinden Gunbu Saýtam atly 11 ýaşly oglanjyk şol wezipä hödürlenenleriň arasynda synagdan diýseň şowly geçdi. Bize soňra gürrüň berişleri ýaly, haçanda ony onda ýogalan pançen-lama degişli zatlar goýlan öýe salanlarynda, geljekki pançen-lama säginmezden, ýüzüniň ugruna ýogalanyň gamçysyny alypdyr-da: «Bu meniňki» diýipdir.

Gunbu Saýtam Taýersy buthanasynda mukaddes tagta 1949-njy ýylyň 10-njy awgustynda çykdy we X pançen-lama boldy. Oňa pan-

çen-ertni Çoeki Gýalsan adyny berdiler. Pançen-lama onuň doly ady, pançen-ertni onuň dini ady, Çoeki Gýalsan bolsa onuň monah ady boldy.

Ilkibada pançen-ertni X-nyň resmi rezidensiýasy Taersy buthanasy boldy. 1951-nji ýylda ol Tibete gitdi we 1952-nji ýylyň awgustynda Lhasa geldi. Lhasa Tibet awtonom raýonynyň merkezi bolmak bilen, ol Tibet daglygynda, 3,5 müň metr belentlikdäki Džiçu derýasynyň jülgesinde ýerleşýär. Lhasa VII asyrda patyşa Sronizan Gambo tarapyndan esaslandyrylypdyr we ol lamaizmiň dini merkezi hasaplanýar. Lhasa, has takygy, «hlasa» sözi «hudaýyň ýaşaýan ýeri» diýmekligi aňladýar.

Pançen-ertni X 1952-nji ýylyň iýunyndan durmuşynyň soňky ýylyna çenli Jigadze şäherindäki Taşilunpo buthanasynyň gadymy jaýynda boldy. 1989-njy ýylyň 28-nji ýanwarynda ol Lhasada «medeni rewolýusiýa» ýyllarynda hunbeýbinler tarapyndan zaýalanan we ýykylan pançen-lamalaryň ençeme nesliniň mazarlarynyň galyndylaryny täzeden jaýlamak dessuryny ýerine ýetirip duran wagty birden ýogalypdyr. Pançen-lama X öz wagtynda Halk wekilleriniň Ählihytaý ýygnagynyň Hemişelik komitetiniň başlygynyň orunbasarynyň, buddistleriň Hytaý jemgyýetiniň hormatly başlygynyň wezipelerinde hem bolupdyr.

Şonda Hytaý Kommunistik Partiýasynyň Merkezi Komitetiniň (HKP MK) edarasy bolan « Ženmin Žibao» (Halk) gezetiniň ýazyşy ýaly, pançen-ertni X-nyň wesýetlerine, dine uýýan tibetlileriň giň köpçüliginiň duýgularyna we tibet buddizminiň dini däp-dessurlaryna laýyklykda, pançen-lamanyň ýogalanyndan 3 ýyl geçeninden soň, Hytaý Halk Respublikasynyň Döwlet Soweti pançen-ertniniň ruhunyň üýtgeşik görnüşe geçmegi hakynda karar kabul etdi. Esasy janly buddalardan, Taşilunpo buthanasynyň monahlaryndan bolan gözleg topary pal atmak we gaýry dini dessurlar arkaly pançen-ertniniň ruhunyň täze görnüşe geçmeginiň bolup biljek üç sany oglan kandidatlaryny kesgitledi we Tibet awtonom raýonynyň halk hökümetiniň üsti bilen olaryň sanawyny HHR-iň Döwlet Sowetiniň tassyklamagyna berdi.

1995-nji ýylyň 29-njy noýabrynda Lhasada, Djokang buthanasynda Şakýa muniniň heýkeliniň öňünde Döwlet Sowetiniň ýörite wekiliniň başlyklyk etmeginde pançen-lama X-nyň ruhunyň täze görnüşe girmegini kesgitlemek maksady bilen altyn urnadan, ýagny saýlaw býulletenlerini salmak üçin bejerilen ýörite gutudan bije çekilişik däbi bolup geçdi. Gýalsan Narbu atly Lhary uýezdinden (demirgazyk Tibet) bolan alty ýaşly oglanjyk pançen-ertni X-nyň ruhunyň täze görnüşe girmegi diýlip kesgitlenildi. Şol günüň özünde HHR-iň Döwlet Soweti Gýalsan Narbuny (onuň ady terjimede «mukaddes ýeňişli baýdak») pançen-ertni XI derejesinde tassyklandy. Bije atyşlyk dabarasyndan soň hytaý buddistleriniň jemgyýetiniň tibet bölüminiň başlygy, pançen-lamanyň wezipesini dowam etdirijini gözlemek boýunça toparyň agzasy, 77 ýaşly Bomi Ýuzýam Gýalsan Narbuyň saçyny syrdy we oňa Dzizun Losan Dzýamba Lhundžub Çoýgidžabu Baýsanbu dini adyny dakdy. «Ženmin žibao» gazeti özüniň 1995-nji ýylyň 30-njy noýabrynda çykan sanynda pançen-lama XI-niň sagdyn ösmegi, onuň pançen-lama X-dan tibetlileriň we ýurduň bitewüliginiň bähbitleriniň hatyrasyna watançylygyň we wepalylygyň däp-dessurlaryny dowam etdirmegi, watançylyk ruhly tibet buddistleriniň pançen-lama XI-niň mukaddes tagta çykmagy üçin ony gowy taýýarlajakdyklaryna we oňa gowy bilim berjekdiklerine ynam bildirýändigi barada ýazdy.



**Pançen-lamanyň ruhunyň üýtgeşik görnüşe geçmek däbi**

1995-nji ýylyň 8-nji dekabrynda Taşilunpo buthanasynda pançen-lama XI-niň mukaddes tagta çykmagy bilen bagly dabara bolup geçdi. Tibet buddist ruhanylarynyň wekilleri pançen-lama XI-ä sežde etdiler we oňa hadak (hormatly ak şarf) sowgat berdiler.

Tibet buddizminiň birinji ruhy wezipeli adamy barada aýdylanda, onda 1944-nji ýylda Tibetde dalaý-lama XIV-niň lamaist buthanasynyň ýolbaşçysy edilip 7 ýaşly tibetli saýlandy we ol 1959-njy ýylyň martynda bolan gozgalaňdan soň, özüniň 20 müň tarapdarlary bilen Hytaýdan çykyp, daşary ýurtlaryň birine gitdi.

Eýsem, dalaý-lama XIV Tibete dolanyp bilermi? Hytaý ýolbaşçylygynyň tassyklamagyna görä, munuň üçin diniň we syýasatyň biri-birinden aýrylmagy zerur. Bu mesele bilen baglylykda HHR-iň öňki Başlygy Szýan Szemin «Figaro» atly fransuz gazetine beren interwýusynda şeýle diýdi: «40 ýylyň dowamynda dalaý-lama käbir daşky güýçleriň goldamagy bilen Hytaýy bölmeklige gönükdirilen garaýşa daýanýar, bütin dünýäde «Tibetiň garaşsyzlygy» barada wagyz edýär, Tibetde öňki gara syýasy düzgüni dikeltmeklige çalyşýar. Hytaý hökümeti dalaý-lamanyň Tibetiň Hytaýyň aýrylmaz bölegi bolup durýandygyny açyk jar etmeginiň ugrunda yzygiderli çykyş edýär. Şu esasda merkezi hökümet dalaý-lamanyň ykbaly baradaky mesele boýunça onuň bilen gepleşikleri geçirip biler. Merkezi hökümetiň dalaý-lama bilen gepleşikleri we aragatnaşyklary Hytaýyň içerki işi bolup durýar». («Sinhua» maglumat býulleteni, 1999-njy ýylyň 25-nji oktýabry).

Biziň tanyş bolan Taersy buthanamyz diňe bir lamaizmiň Sary sektasynyň mukaddes ýeri bolman, eýsem, ol bu sektany esaslandyran Tsonkhapanyň doglan ýeri hem bolup durýar.

Onuň taryhyny yzarlasak, onda 1379-njy ýylda sektany esaslandyryjynyň ejesi onuň doglan ýerinde jaý salypdyr. Şondan bäri buddizme eýerýänler şu ýere zyýarata gelýärler. 1560-njy ýylda buddizmiň tarapdary Ren Sin ilkinji jaýyň günorta tarapynda kiçijik buthana gurupdyr. Şol wagtdan bäri bolsa Taersy ajaýyp buthana jaýlarynyň toplumyna we buddizmiň mukaddes ýerine öwrülipdir.

Han we tibet arhitekturasynyň utgaşmagy bolmak bilen, buthana örän uly territoriýany eýeleýär. Has takygy, onuň territoriýasy 600--den gowrak «mu» bolmak bilen (1gektar – 15 mu), onda köpsanly jaýlar, şol sanda Sutranyň (dana sözleriň ýygyndylarynyň) uly jaýy, ömürlik jaýy, budda ynamynyň goragçysynyň jaýy, buddizmiň, lukmançylygyň, astronomiýanyň we ş.m. institutlarynyň jaýlary, şeýle hem lamalar üçin ýaşaýyş jaýlary bar. Ýagly heýkeller, dini suratlar, nagyşlar buthananyň «üç sany täsinligi» bolup durýar.

Ähli jaýlaryň merkezinde ýerleşýän buthananyň esasy zaly özüniň ululygy bilen aýratyn haýran galdyrýar. Bir wagtyň özünde oňa 3.600-den gowrak lama sygýar. Zala girilýän ýeriň golaýynda üç sany ägirt uly, daşyna altyn çaýylan, içine galaýy çalnan mis gazany bolup, olaryň her birinde uly öküziň läşi arkaýyn ýerleşjekdi. Baýramçylyk

günleri şol gazanlarda monahlar üçin et we bürünç bişirilýär. Şol gazanlaryň ýanynda bir zatlar bilen meşgul bolup duran monahlaryň biri meniň bilesigelijiligimi aňan ýaly, meniň gazanlaryň göwrümi barada berjek soragymdan öňürdip: «Bularyň her birinde birbada 1000 adamlyk bürünji bişirmek mümkin» diýdi.

Uly zal bilen goňşy jaýlarda lamaist hudaýlarynyň rehimli we rehimsiz heýkelleriniň giden toplumy, şeýle hem misden edilen gaty köp namaz deprekleri bolup, olara dindar adamlar lamalardan satyn alan dürli dogaly kagyzlaryny atýardylar.

Ybadathananyň jaýlarynyň içi başga, belki-de, orta asyr eýýamyna düşen ýaly duýgyny döredýärdi. Diwarlardaky ýazgylar boýunça buddizmiň taryhyny öwrenmek mümkindi. Gaty köp wagtyň geçmegi bilen bu ýerde hemme zady tüsse, gurum tutupdyr.

Biziň buthanada bolan wagtymyz, şol ýerde, Hytaýyň dürli welaýatlaryndan gelen zyýaratçylaryň birnäçesi boldy. Olar namazyň dürli görnüşleri bilen meşguldylar. Olaryň käbirleri ybadathananyň jaýynyň töwereginde öz bedenleri bilen onuň uzynlygyny ölçeýän ýaly, ýüzinligine ýatyp, öňe hereket edýärdiler. Olaryň gaýyşdan edilen süzülen we tozanly öňlükleri, dyzlyklary we tirseklikleri bardy. Zyýaratçylaryň beýlekileriniň elinde olaryň içinde ýagyň ýagy bolan kagyz haltajyklar bardy. Doga okaýanlar misden edilen okarajyklaryň ýanyna gelip, olara çemçe bilen ýag guýýardylar. Şol okarajyklarda ot hemişe ýanyp durýardy. Ýarymgaraňkylykda ak ýag mese-mälim bildirýärdi. Bu ýerde howa onuň hoşboý ysy bilen dolupdyr. Başga zyýaratçylar namaz depreklerini aýlaýardylar we şol bir wagtyň özünde hudaýlardan özleriniň islegleriniň kanagatlandyrylmagyny dileýärdiler. Dine ynanýanlaryň bu hereketlerine meniň syn etmegim çinowniklere garanda hudaýlaryň haýyşlara diňe bir aladaçyl bolman, eýsem, olaryň mümkinçilikleriniň hem köplügine olaryň ynanmaklaryny dowam etdirýändikleri ýaly pikiriň meniň kellämde peýda bolmagyna getirdi. Bize dini baýramçylyklaryň we dini çäreleriň geçirilýän günlerinde buthananyň aýratyn köp adamly bolýandygy barada aýtdylar.

Tibet däbi boýunça ybadathanalar we buthananyň ýaşaýyş jaýlary belentlikleriň dik eňňitlerinde salynýar. Ýokaryk alyp barýan basgançaklaryň we ýodajyklaryň bolmazlygy sebäpli, käbir ýerlerde goňşy jaýyň diwaryndan ýapyşyp, dyrmaşyp çykmaly bolýar.

Ýaňy-ýakynda (asfalt düşelmezinden öň) ýagynly howada, haçanda toýunsow topragyň ýelime öwrülmegi bilen bu ýerde nämeleriň bolup geçendigini göz öňüne getirmek kyn bolmasa gerek.

Buthanada lamalar ilkinji nobatda sutrany, ahlak, synlaýjylykly ünsi bir ýere jemlemek we başga dersleri öwrenýärler. Olaryň işinde lukmançylyk boýunça ylmy-barlag işlerini alyp barmak hem möhüm orun tutýar. Lamalaryň nikasy barada aýdanymyzda, onda lamaizmiň dürli sektalaryna degişli bolan monahlar nika işinde erkin hereket edýärler we olaryň nika toýlary lamaist buthanalarynda geçirilýär. Şol bir wagtyň özünde lamaizmde esasy orny eýeleýän onuň sary sektasynyň kadalaryna laýyklykda, bu sektanyň lamalary nikada durmaýarlar. Buthananyň territoriýasynda oýnap ýören çagalara gözümiň düşmezligi hem lamalaryň, hakykatdan hem, şol görkezmeleri berjaý edýändikleri barada pikir ýöretmäge mende esas döretdi.

Umuman, Taersy buthanasy diňe bir özüniň ajaýyp arhitektura sungaty bilen däl, eýsem, tibet lukmançylygynyň medeniýetiniň we sungatynyň hazynasy hökmünde hem bizde uly täsir galdyrdy.

Myhmanhana biz ir agşam gaýdyp geldik we geýimimizi çalşyryp, agşamlyk edinmek üçin myhmanhananyň üçünji gatynda ýerleşýän restorana bardyk. Megerem, bize garaşyp duran ýaş hytaýly gyz – zalyň müdiri we bir hyzmatçy stoluň başyndan turup, bize tarap ýörediler we olaryň wezipesi boýunça ulusy bizi onuň ortasynda diňe bir stol bolan we onda hytaý tagamlary goýlan uly bolmadyk aýratyn zala alyp bardy.

Indiki gün biz awtomaşynda Sýunhuanyň administratiw merkezi bolan Szişiçžen şäherçesine gezelenje gitmelidik. Şonuň üçin hem agşamlyk edinenimden soň bolýan jaýymyza geldik we men Sinhaýda bolan birinji günümiziň täsirlerini ýandepderçäme bellik etdim, ýazga geçirdim. Soňra bolsa uzak ýoldan öň gowy dynç almak üçin bada-bat ýatmak bilen boldum.

## SÝUNHUA WE HYTAÝ TÜRKMENLERI BILEN TANYŞLYK. HYTAÝ SALYRLARYNYŇ TARYHYNA GYSGAÇA SYÝAHAT

Häzirki wagtda salyrlar Hytaýda ýaşaýan 56 sany milli azlyklaryň biridir. Salyrlaryň ata-babalarynyň Merkezi Aziýadan (Merkezi Aziýa sebiti düşünjesi olaryň umumylygynyň esasynda geotaryhy

we başga ýagdaýlar ýatan Türkmenistany, Eýrany, Özbegistany, Gazagystany, Owganystany, Gyrgyzystany, Täjigistany, Türkiýäni, Pakistany we ençeme başga döwletleri hem goşmak bilen, örän uly terrtitoriýany öz içine alýar) Hytaýa göçüp gelmekleri bilen, olaryň toplumlaýyn ýaşan esasy raýony Sinhaý welaýatynyň Sýunhua-Salyr awtonom uýezdi hasaplanýar. Şol uýezd bolsa 1954-nji ýylyň 1-nji martyndan döredilipdir. Izişiçžen şäherçesi bolsa Sýunhua-Salyr awtonom uýezdiniň administratiw merkezi bolup durýar.

Salyrlar şeýle hem Sinhaýyň Hualun-Hueý awtonom uýezdiniň Gandu şäherçesinde ýaşaýarlar. 1998-nji ýylda Sinhaýyň merkezi Sininde hytaý dilinde çap edilen «Sinhaý» atly kitaba laýyklykda, diňe bir Sinhaý welaýatynda şol döwürde hytaý salyr türkmenleriniň 85 müňüsi ýaşapdyr. Sinhaý salyrlary özleriniň sany boýunça Sinhaý welaýatynda ýaşaýan 40-dan hem gowrak milletleriň arasynda hanlardan (hytaýlardan), tibetlerden, hueýlerden we tulardan soň ilkinji bäşlige girýärler.

Sinhaý welaýatynda ýaşaýan salyr türkmenleriniň sany bilen deňeşdirilende olaryň has az, ýöne toplumlaýyn bölegi Sinhaý welaýatynyň goňşusy bolan Gansu welaýatynda hem ýaşaýarlar. 1981-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda bu welaýatda Szişişan-Bonan-Dunsýan--Salar awtonom uýezdi döredildi. Hytaý salyr türkmenleri şeýle hem Gansu welaýatynyň Linsýa-Hueý we Gannan-Tibet awtonom prefekturalarynda ýaşaýarlar.

Salyrlar şeýle hem Ninsýa-Hueý awtonom raýonynda (merkezi Inçuan), Sinszýan-Uýgur awtonom raýonynda, Gazak awtonom okrugynda, Pekinde, Lançžouda we ýurduň käbir başga şäherlerinde hem ýaşaýarlar.

Hytaý salyrlarynyň umumy sany barada aýdylanda, onda Pekinde 1993-nji ýylda iňlis dilinde çap edilen «In search of Chinese Minorities» atly kitapda berilýän maglumata görä, XX asyryň togsanynjy ýyllarynyň başynda Hytaýdaky salyrlaryň sany 87 müň adama ýetipdir. Pekinde 1997-nji ýylda hytaý dilinde çykan «Hytaý azlyklary» atly kitapda, 2000-nji ýylda Sininde hytaý we iňlis dillerinde çapdan çykan «Qinkhaý today» atly kitapda hem hytaý salyrlarynyň sanynyň 87 müň adamdygy baradaky maglumatlar berilýär.

Hytaý salyrlarynyň we şol ýurtda ýaşaýan beýleki milli azlyklaryň käbirleriniň sanlaryny deňeşdirmek hem gyzyksyz däl bolsa gerek. Mysal üçin, 1997-nji ýylyň maglumatyna görä, salyrlaryň sany tatarlardan (5 müň), ruslardan (13 müň), özbeklerden (14 müň) we täjiklerden (33 müň) ençeme esse köpdür. Gazaklardan (1,11 million) we gyrgyzlardan (140 müň) bolsa azdyr.

Hytaý salyrlarynyň gelip çykyşy barada aýdylanda, onda häzirki hytaý salyrlarynyň arasynda bar bolan rowaýata laýyklykda, olaryň ata-babalary Sýunhua Samarkantdan göçüp gelipdirler. Bu türkmen alymy A. Jykyýewiň ylmy barlaglarynyň netijelerine hem laýyk gelýär. «Orta asyrlarda türkmen halkynyň gelip çykyşy we emele gelşi barada oçerkler» (Aşgabat, 1991) atly kitabynda ol şeýle ýazýar: «Salyr – garamanlaryň we akmanlaryň bir bölegi Samarkandyň golaýynda ýerleşýän Hurata göçüp gelipdirler we olaryň nesilleri häzir hem şol ýerde ýaşaýarlar. Şol ýerden olaryň köpüsi Hytaý Türküstanyna göçüp gidýärler». Soňra A. Jykyýew «rewolýusiýadan öňki edebiýatda Nurat türkmenlerinde gazaýakly atly toparyň bolandygy» barada maglumatlaryň bardygyny ýazýar: «Salyr-gazaýaklylaryň bir bölegi ençeme sebäplere görä uzak gündogara gidipdirler».

Şol bir wagtyň özünde hytaý taryhy edebiýatynda hem şu mesele boýunça ýokardaky pikirlere meňzeş garaýyşlaryň bardygyny belläp geçeliň. Mysal üçin, «Hueýleriň gelip çykyşy» atly Hytaýda hytaý dilinde çap edilen kitapda hem hytaý salyrlarynyň ata-babalarynyň Sininiň töweregine Saragtdan (Türkmenistan) göçüp gelendikleri barada deliller bar. Bu nukdaýnazar türkologiýa boýunça hytaý professory Hu Çženhua tarapyndan hem kesgitli görnüşde tassyklanýar. Hytaý alymy bu barada şeýle ýazýar: «Salyrlar, hakykatda, Türkmenistanda ýaşaýan salyr taýpasyndan gelip çykandyrlar we olar gündogar tarapa barýan ýolunda Samarkantda az wagtlyk durup geçipdirler». Bu pikiri tassyklaýan başga-da taryhy materiallar az däl.

Hytaý salyrlarynyň ata-babalarynyň Hytaýa haçan göçüp barandyklary barada hem dürli pikirler bar. Hytaý salyrlarynyň arasynda saklanyp galan halk rowaýatyna laýyklykda, hytaý salyrlarynyň ata-babalary Hytaýa 1370-nji ýylyň 13-nji maýynda, ýagny Min

nesilşalygynyň başynda (1368–1644 ý.) göçüp barypdyrlar. Bu pikiriň hakykatlygygyny «Uly yslam ensiklopediýasyndaky» deliller hem açyk görkezýär. Şol maglumatlara görä, 1370-nji ýyldan 1424-nji ýyla çenli Merw we Saragt türkmenleriniň uly topary Samarkandyň, Sinszýanyň üsti bilen Sinine gelýärler we şol ýerde oturymly bolup galýarlar.

Bulardan başga-da salyrlaryň ata-babalarynyň ilkinji gezek Sinhaýa Sun nesilşalygynyň soňunda (1127–1271 ý.) we Ýuan nesilşalygynyň (1271–1368 ý.) başynda göçüp gelendikleri baradaky pikir, deliller hem giň ýaýrandyr.

Şunlukda, bar bolan deliller, Sinszýan-Uýgur awtonom raýonynda ýaşaýan türkmenleri hasap etmezden, salyr türkmenleriniň Hytaýa göçüp barmaklarynyň XII asyryň ortalaryndan başlap XIV asyryň başlaryna çenli ençeme döwürlerde we dürli ýollar bilen bolup geçendigine şaýatlyk edýärler.

Kitabyň birinji bölüminde biz Ýuan nesilşalygy döwründe Çingiz hanyň agtygy Hubilaýhanyň Hytaýy basyp alyp, bu ýerde Ýuan imperiýasyny esaslandyrandygy, Ýüpek ýoly boýunça söwdany täzeden ýola goýandygy, şol döwürde Merkezi Aziýadan Hytaýa köpsanly senetkärleriň, täjirleriň we başga kärdäki adamlaryň göçüp barandygy, Pekiniň Ýuan nesilşalygynyň merkezi bolan döwründe bu şäherde esli türkmeniň ýaşandygy barada has giňişräk durup geçipdik. Şeýle bolansoň, salyrlaryň ata-babalarynyň Hytaýa hut şol döwürlerde göçüp baran bolmaklary-da gaty ahmaldyr.

Başga pikirler, çaklamalar hem bardyr. Hususan-da, haçanda Samarkandyň emiri Timur (1336–1405 ý.) Hytaýa paç tölemek üçin baranda, onuň ýanynda salyr milletinden bolan 200-e golaý erkek we aýal adam bolupdyr. Sýunhuanyň golaýynda olar esasy wekiliýet bilen aragatnaşygy ýitiripdirler we şol ýerde ýaşamaga galypdyrlar. XIV asyryň başynda Timur şeýle hem Min nesilşalygynyň garşysyna ýöriş etmegi meýilleşdirýär we şunlukda, şol döwürde Orta Aziýadan musulman ilatyň bir böleginiň Hytaýa göçüp gidendikleri barada çaklamalar bolupdyr.

Şol maglumatlar, ençeme halatlarda bir-birine garşy gelýän pikirler, çaklamalar salyrlaryň Hytaýa göçüp barmaklarynyň diňe

birnäçe döwürlerde däl, eýsem, dürli-dürli ýollar bilen (meýletin we mejbury ýagdaýda) bolup geçendiginden habar berýär. Bu bolsa täze taryhy çeşmeleri, materiallary toplamaklygyň esasynda bu möhüm mesele boýunça ylmy-barlag işiniň mundan beýläk hem işjeň dowam etdirilmegini talap edýär.

## SZIŞIÇŽENE BARÝAN ÝOLDA

Ertesi irden, biz Pekin wagty bilen sagat altyň ýarynda myhmanhananyň zalyna çykanymyzda, biziň ýolbeledimiz Guo bize garaşyp duran ekeni. Biz Sýunhua iş saparyna ugraýarys.

Sýunhua Sinhaý welaýatynyň gündogar böleginde, Sininden günorta-gündogara tarap 180 kilometrlikde, Huanhe derýasynyň kenarynda ýerleşýär. Uýezdiň meýdany 2 müň inedördül kilometr bolup, onda, takmynan, 160 müňden gowrak adam ýaşaýar (1999).

Sýunhuanyň merkezi bolan Szişiçžen şäherçesine barmak üçin biz azyndan 4 sagat ýol geçmelidik. Şonuň üçin hem Sininde bolan günümiziň ertesi biz ir turduk, ýeňil ertirlik edinenimizden soň sagat 6-da ýola düşdük.

Hytaýlylaryň ölçegleri boýunça hem bu gaty bir ir däldi. Eger-de kimde-kim Hytaýda ýaşan bolsa, ol bilýändir, diňe bir oba ýerleri däl, eýsem, hytaý şäherleri, uly şäherler hem, eger kim ir ýatsa, şol sagdyn, baý we akylly bolar... ýaly köne atalar sözüne ynanýan ýaly, ertir ir turmak üçin ir hem ýatýarlar.

Hytaý çeşmelerinde berilýän habarlara görä, mundan ýüzlerçe ýyl ozal bu ýerler adam-garasyz çöl-beýewan bolupdyr. Has takygy, hytaý ýyl ýazgylarynda Sýunhua Han nesilşalygy döwründen bäri ( b.e. öňki 206–220 ý.) ýatlanylýar. Ilki başda bu ýer barada günbatar wagşy adamlaryň (sýanžunlaryň) ýaşaýan ýeri hökmünde gürrüň edipdirler, Günorta we Demirgazyk nesilşalyklaryň eýýamynda bolsa (420–589 ý.) bu ýer sýanbeýsleriň we tuhunlaryň ýaşaýan ýeri diýlip atlandyrylypdyr. Tan nesilşalygy döwründe (618–907 ý.) bolsa oňa Tibetiň (Tufan) agrar raýony hökmünde seredilipdir. Haçanda Sýunhua salyrlar gelen wagtynda, bu ýerde mongollar we tibetler ýaşapdyrlar. Ýuan nesilşaly-

gynyň (1271–1368 ý.) ahyrynda mongollar bu ýerden Sinhaýyň günbataryna göçüpdirler.

Sin nesilşalygynyň ýurdy dolandyran döwründe (1644–1911 ý.), has takygy, imperator Ýunçženiň döwründe – 1730-njy ýylda bu ýerde Sýunhua goşun polky ýerleşdirilýär we şäherçe gurulýar. 1762-nji ýylda bolsa bu ýerde Sýunhua müdirligi, 1913-nji ýylda – Sýunhua uýezdi, 1954-nji ýylda bolsa, muny biziň ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, Sýunhua – Salyr awtonom uýezdi döredilýär.

Sinhaýyň howa şertleri dürli-dürlüdir. Bu ýerde howany maýyl, aram-maýyl, aram-sowuk we sowuk zolaklara bölüp bolar. Sýunhua barada aýdanymyzda, onda ol deňiz derejesinden 1800 metr beýiklikde ýerleşýär, onuň maýyl howasy, gurak ýazy we tomsy, ýagyşly güýzi bardyr.

Biziň Sininde we onuň töwereklerinde bolan günlerimiz howa özüniň köp sypatlary boýunça irki güýzüň başynda biziň ýurdumyzda bolýan howany ýatlatdy. Biziň Szişiçžene giden günümiz hem irden şol günüň açyk we güneşli boljakdygyndan habar berdi.

Szişiçžene barýan ýol başda gündogar tarapa tekiz meýdan boýunça, meýdanlaryň we belentlikleriň üsti bilen, soňra bolsa beýikligi birnäçe ýüz metre ýetýän belentlikleriň üstünden geçip gitdi. Käbir ýerlerde şol belentlikleriň beýikligi deňiz derejesinden 3600 metr ýokardady. Bellemeli zat, ol hem bu ýerde ýeriň belentligi Sinindäkiden 1600 metr ýokary bolmagyna we howanyň az bolmagyna, ýagny ýetmezçiligine seretmezden, howanyň arassalygy sebäpli, bu ýerde Sinindäki howa bilen deňeşdirilende dem almak ýeňilräkdi. Sininde howanyň hapalygy käbir halatlarda kadadan 3 esse artyk diýen ýaly ýokary bolýardy. Bu barada Pekinde neşir edilýän «Çaýna Deli» gazeti özüniň 1999-njy ýylyň 9-njy ýanwaryndaky sanynda hem ýazypdy.

Ýogsa-da, gepiň gerdişine görä aýtsak, onda hytaý lukmanlarynyň tassyklamaklaryna görä, deňiz derejesinden uly ýokarylyk, şatlama aýaz we howanyň ýetmezçiligi ýürek agyrysy, öýken çişmesi, beýni çişmesi ýaly belentlik keselleri bilen kesellemäge getirýär. Olaryň ylmy-barlaglarynyň netijeleri haçanda beýiklik deňiz derejesinden 2000-den 3000 metre galan ýagdaýynda täze dogan çaganyň ölüm sanynyň müňden 16,34-e , onuň 3000 metrden 4000

metre çykan ýagdaýynda bolsa müňden 68,89-a çenli artýandygyny görkezdiler. Barlaglar şeýle hem haçanda beýikligiň deňiz derejesinden 1800 metre ýetýän ýagdaýynda, beýiklik her ýüz metr ýokarlananda, adam ömrüniň ortaça dowamlylygynyň, takmynan 0,28 ýyl, hususan-da, erkekler üçin 0,35, aýallar üçin bolsa 0,17 ýyl azalýandygyny görkezdiler.

Ondan aňyrlygyna gara ýollar tamamlandy we biz ownuk daşly-çagylly ýol bilen ýolumyzy dowam etdik. Bu ýol örän büdür-südürdi. Onuň birnäçe ýerlerini häli-şindi bolýan ýagyş-ýagmyr zerarly süýşgün alypdyr.

Biziň ýolumyz çen bilen 80-nji kilometrden günorta-günbatar tarapa ugrukdy we biziň münüp barýan täzeje «Mishibusi» awtomaşynymyz egrem-bugram ýol bilen daga çykyp başlady. Şu ýol bilen biz 100 kilometre golaý uzaklygy geçmelidik. Awtomaşynymyz dagly ýoluň päsgelçiliklerini üstünlikli ýeňip geçýärdi. Bu ýol boýunça maşynlar bir-birine tarap bir ara boýunça ýöreýärler we şol bir wagtyň özünde iki maşyna ýöremek mümkin däldi. Öwrümden çykaýmagy ahmal, garşydan gelýän ulagyň sürüjisine duýdurmak bilen, biziň sürüjimiz ýygy-ýygydan signal gudogyna basýardy. Özi-de käýerlerde uşak çagyl bilen örtülen dar ýoluň gyrasynyň ýeke metr hem goragy ýokdy. Üstesine-de, awtomaşynyň aýnasyndan aşak ser salsaň, ünsüňi çekmäge aýratyn mynasyp görnüş bardy –150-200 metr töweregi aşakda ak köpürjik bolup şarlawuk akýardy. Elbetde, bu görnüş nerwi gowşaklar üçin däldi. Diňe bir ýagdaý bizi azda-kände howatyrlandyrmaýardy. Ol hem bolsa biziň münüp barýan täzeje ulagymyzyň juda gurat bolmagydy. Ýoluň gyralarynda sary reňkdäki ýeňsiz gursakçaly ýol bejerijileriň ýoluň zaýalanan ýerlerini kerkidir pil bilen tekizlemekleri, bu ýeriniň tebigaty hem bizi rahatlandyrman durmaýardy.

Sinhaýyň bu ýerleri oba hojalyk zolaklary hasaplanýar. Sininden takmynan, 120 kilometr günbatarda ýerleşýän Riýue (Güneşli we Aýly dag) welaýatynyň tutuş territoriýasyny iki bölege bölýär: bu dagdan günbatarda 690 müň inedördül kilometr meýdanly öri meýdan, ondan gündogarda bolsa 30 müň inedördül kilometr meýdanda oba hojalyk zolagy ýerleşýär.

Ýolda biz birnäçe ilatly punktlaryň gapdalyndan geçdik. Ýoluň gyralaryndaky ýerlerde bugdaý, arpa we başga oba hojalyk ekinleriniň ullakan desselenip daňlan bogumlaryny gördük. Baýyrlaryň eteklerinde ekilen bugdaýdyr arpa, takmynan, ýyglyp gutarylypdyr.

Ýolboýy biz daşy haýatly öýleri gördük. Bu bolsa hanlaryň, ýagny hytaýlylaryň adaty ýaşaýyş jaýlarydy. Şeýle hem biz başy ak matadan tikilen tahýaly adamlara ýygy-ýygydan duşduk. Olaryň kellelerine geýýän zatlaryna görä, olary «hueý» halkyýetiniň wekilleri diýip hasaplamak bolýardy. Hueýleriň sany Hytaýda çen bilen 9 milliondan gowrak adam hasaplanýar. Olar, esasan, Ninsýa-Hueý awtonom raýonynda, Gansuda, Sinhaýda, Sinszýanda we ýurduň käbir başga welaýatlarynda ýaşaýarlar. Hueýleriň aglaba köpüsi arap-pars dillerinde gepleýän adamlar bolup, Hytaý çeşmeleriniň maglumatyna görä, olar Hytaýda XII-XIV asyrlarda peýda bolupdyrlar.

Dinleri boýunça hueýler yslam dinine uýýarlar, pars, arap, türk we hytaý dilleriniň esasynda dörän heçžow dilinde gepleýärler we hytaý ýazuwyny ulanýarlar.

Esasan, Hytaýyň demirgazyk-günbatarynda ýaşaýan dunganlar hem hueý halkyýetiniň toparlarynyň biri bolup durýar. Olaryň dili dilleriň hytaý-tibet maşgalasyna degişlidir we olar hem hytaý ýazuwyny ulanýarlar.

Bu ýeriň tebigaty örän owadan. Bize juda uly täsir eden zat hem ol ýeriň, aýdaly, Sininden Szişiçžene bolan aralygyň 40-50 kilometriniň tebigaty boldy. Göz öňüne getirip görüň, giň giden meýdan, emeli desgalar. Olar ençeme öýjükli. Egrem-bugram bolup, biri-birinden bölünen. Egrem-bugram uzyn syrgyn giden meýdan. Şolaryň ählisi-de diýseň äpet uly örülen örtgüçlere meňzäp, ýeriň üstüni ýapýan ýalydy. Köpsanly öýjükler, sansyz basgançaklary emele getirýärdi ýa-da owunjak şekillere meňzäp, birgiden meýdany gaplap, daga ýarmaşýan ýalydy. Şeýlelikde, ol bütin jülgäni gabap alýardy. Şeýle gözel meýdan edinmek üçin hytaý ekerançylary asyrlar boýy ony özleşdirip gelýärler.

Özboluşly ekerançylygyň keşbi, Sininiň daş-töweregini gurşamakdan başga-da, adamyň zähmet arkaly tebigata uýgunlaşmasynyň nusgasydy. Jülgedäki emeli ýagdaýlar ýeriň gurluşyna şeýle bir gabat gelýär, olar hökmany suratda işlemeli, ýagny ýagyş suwuny



**Ýagyş suwuny ýygnamak we saklamak boýunça hytaý zähmetkeşleriniň tehniki tejribesi**

ýygnamaly hem-de ony saklamaly. Ol suwlar ekiniň ösmegine aýratyn hemaýat edýär. Hytaý raýatlarynyň bir nesilden başga nesle geçirýän bu ajaýyp tehniki tejribesinde gaty köp parasatly çuň akyl, ýerli tebigaty we onuň häsiýetli aýratynlyklaryny gowy bilmeklik jemlenýär.

Biziň ulagymyz adaty dag ýolundan çykyp, üsti tekiz belentlige çykdy. Göwnüme bolmasa, men üýtgeşik täsire düşüpdim. Çuň pikirlere berilýärdim. Şol pikirler mende häli-şindi gaýtalanyp, ýüzlerçe ýyl mundan öň bolan wakalara sapýardy. Ýöne şol döwrüň hakyky ýagdaýyny anyklamak, oňa jikme-jik göz ýetirmek maňa başartmaýardy. Emma şeýle-de bolsa, edil şol gün Szişiçžen ýolunda men özümi uly taryhy waka gatnaşyjy, onuň gönüden-göni şaýady ýaly duýýardym. Sebäbi ýene-de sanlyja minutdan men türkmen halkynyň, Türkmenistanyň ilkinji resmi wekili hökmünde hytaý salyrlary bilen duşuşmalydym, Sinhaý welaýaty, Sýunhua uýezdi bilen işjeň gatnaşyklary ýola goýmalydym.

Şu pikirler bilen biz Sýunhua uýezdiniň çägine girdik, Huanhe derýasyndan geçdik. Ine-de, hä diýmän Huanheniň kenarynda ýerleşýän Szişiçžen şäherçesiniň sudury göründi.

## HYTAÝ TÜRKMENLERINIŇ ARASYNDA

Huanhe derýasynyň köprüsinden geçip, takmynan, iki kilometr ýol geçenimizden soň, Szişiçžen şäherçesine girilýän ýerde bizi Sýunhua-Salyr awtonom uýezdiniň halk hökümetiniň başlygynyň birinji orunbasary Han Şýulýanyň ýolbaşçylygynda uýezdiň birnäçe resmi adamlary mähirli garşyladylar. Han milleti boýunça salyr türkmenlerindendi we onuň bilen meniň ilkinji tanyşlygymyz haçanda ol 1996-njy ýylda öz gulluk işi bilen baglylykda Pekine baran mahaly bolupdy. Şonda Han Türkmenistanyň Hytaýdaky ilçihanasyna hem tanyşlyk açmak üçin barypdy. Soňra ol uýezdiň işi

bilen Pekinde bolan wagty her gezek ilçihanamyza gelerdi, hytaý salyrlarynyň durmuşy barada gürrüň bererdi, şeýle hem öz ýolbaşçylyk edýän uýezdi bilen içgin tanyşmak üçin meni Sýunhua çagyrardy.

Özara saglyk-amanlyk soralyşykdan we meniň Sýunhua iş saparym boýunça taýýarlanan maksatnama bilen tanyşlykdan soň, biz Szişiçženiň merkezi köçesi bilen ýolumyzy dowam etdirýäris. Meniň Sýunhuada boljak wagtymyň gaty çäklidigi sebäpli, Han maňa uýezdiň iň möhüm, ajaýyp ýerlerini görmekligi maslahat berdi. Şäherçe jülgede, iki tarapy beýik daglar bilen gysylan ýerde ýerleşýärdi. Özi--de gündogardan günbatara tarap birnäçe kilometre uzalyp gidýärdi. Şäherçäniň merkezi meýdançasynda, takmynan, 20-25 metr belentlikde düýäniň heýkeli oturdylypdyr.

Şondan on-on bäş minut geçeninden soň, biz Szeszi diýilýän ýere ýetdik. Szeszi Szişiçžen şäherçesinden dört kilometrlikde ýerleşýär we ol salyrlaryň has gadymy medeniýetiniň merkezi, keramatly, mukaddes ýer hasaplanýar. Uly meýdançada ýüzlerçe adam ýygnanypdyr. Sýunhuanyň ilaty, şol sanda salyrlar bizi örän gyzgyn, gadyrly garşyladylar: mähelle köp bolansoň, olaryň her biri Türkmenistanyň Hytaýdaky Ilçisi bilen elleşip salamlaşmaga çalyşýardy, onuň bilen mähirli görüşýärdi.

Hytaý salyrlarynyň durmuşynda yslam dini uly orun tutýar we olar onuň sünni ugrunyň tarapdarlary bolup durýarlar. Yslam dini Hytaýa VII asyryň ortalarynda aralaşypdyr. Tan we Sun nesilşalyklary eýýamynda araplar we parslar gury ýer bilen demirgazyk-günbatar Hytaýa aralaşypdyrlar, deňiz arkaly bolsa günorta-gündogar Hytaýyň deňiz ýakasyndaky şäherlerine ýetipdirler. Olar Hytaý bilen söwda aragatnaşyklaryny ýola goýupdyrlar we ösdüripdirler, şol bir wagtyň özünde hem ýurda yslamyň däplerini getiripdirler. Ýuan nesilşalygy döwründe yslam aýratyn giň gerim alypdyr. 1999-njy ýylda Hytaýda resmi çeşmelere görä 30 müňden gowrak metjit, 40 müňden gowrak ruhanylar-ymamlar we mollalar bardy.

Meýdançanyň demirgazyk tarapynda biz uly metjit gördük. Bu Szeszy metjididi. Ol 1370-nji ýylda esaslandyrylypdyr. Özüniň gowrümi boýunça diňe Sinin şäherindäki Dungun metjidinden sähelçe tapawutlanýar. Hytaýda 1966–1976-njy ýyllarda bolup geçen

«medeni rewolýusiýa» döwründe şol metjit ýumrulypdyr. Soňra bolsa dikeldilip, HHR-iň Sinszýan-Uýgur awtonom raýonynyň Kaşkar şäherindäki uly metjide meňzedilip salnypdyr.

Biziň metjidi görüp çykmazymyzdan öň, 800 ýyl mundan ozal Merkezi Aziýadan getirilen we şu metjitde saklanýan bibaha Gurhanyň nusgasyny görkezdiler. Bu Gurhanyň taryhy barada biz okyjylara biraz soňrak aýratyn gürrüň bereris. Ýöne şu ýerde bu mukaddes kitabyň, bar bolan rowaýata görä, urugbaşy Garaman tarapyndan özüniň uly ogluna, haçanda ol Merkezi Aziýadan Hytaýa göçüp gidende berlendigini belläp geçeliň.

Garamanlar barada has giňräk durup geçsek, onda olar salyrlaryň ata-babalary bolmaly. Türkmen alymy A. Jykyýewiň tassyklamagyna görä, Saragtyň salyrlary garaman, ýalowaç we kiçiaga ýaly uly üç topara bölünipdirler. Salyr toparlaryndan iň ululary we gadymylary garamanlar hasap edilipdir. Rowaýata görä olar Salyr Gazanyň uly oglunyň nesilleri bolupdyr. Metjit, şeýle hem bu ýerdäki gadymy ýadygärlikler, her bir salyr üçin mukaddes hasaplanylýar.

Meýdançanyň gündogar tarapynda mazarystanlyk bolup, onuň daş-töweregi beýik haýatlar bilen gurşalypdyr. Şonuň iki sany guburynda 800 ýyla golaý wagt bäri Garaman hem-de onuň süýtdeş dogany Akman ömürboýy süýji ukuda ýatyrlar. Şondan günorta-günbatarda, çen bilen 80 metr daşlykda, aýratyn mazarda Garamanyň ogullary jaýlanypdyr. Orta Aziýanyň keşbinde salnan bu gadymy ýadygärlikler salyrlaryň uzak taryhy barada adamlara gürrüň berýän ýalydy. Şol bir wagtyň özünde hem şol ýerleriň göwnejaý, arassa saklanmagy häzirki salyrlaryň olara nähili hormat goýýandyklarynyň, özleriniň miraslaryna, taryhlaryna çäksiz söýgüsiniň barlygyny mesaňa görkezip durdy.

Soňra biz mazarystanlygyň günbatar tarapynda ýerleşen we hemişe akyp duran, suw çüwdüriminden emele gelen «Lotosýuan» («Düýe çeşmesi») atly howdanyň ýanyna bardyk. Ol gür gamyşlygyň içindedi, özi hem ak daşdan ýasalan düýäniň heýkeliniň ýanyndady. Aýdylýan rowaýatlara görä, çeşme suwy ilkinji sapar düýäniň agzyndan zogdurylyp çykýar eken. Hatda gurakçylyk ýyllarynda-da kepemändir, kesilmändir. Şol suwy erkek adama içirseň, onda ol berk we batyr bolýar, eger-de aýala içirseň, onda ol gözel we akylly bolýar

diýýärler. Şol suwdan içse, mal semreýär. Şol suw bilen bugdaýy suwarsaň, bol hasyl alarsyň diýýärler. Şonuň üçinem bu çeşme salyrlar üçin gymmatly hemem keramatly hasaplanýar.

Salyrlaryň bu ýerde peýda bolmagy barada şaýatlyk edýän çeşme barada aýtmak bilen, bir gyzykly rowaýat barada hem gürrüň berýärler. Şol rowaýat nesilden-nesle geçip, onuň hakyky manysy görnükli ýerde, howdanyň girelgesiniň bir tarapynda dikilen uly daş sütüniň ýüzüne ýazylan tekstiň ýazgylaryna hem gabat gelýär. Sütünde hytaý dilinde ýazylan ýazgynyň mazmunynyň örän möhümliginden gelip çykmak bilen, bu resminamanyň tekstini has doly ulanmagy maksada laýyk bildim.

Tekstde şeýle diýilýärdi: «Lotosýuan» howdany – salyrlaryň Sýunhua XII asyryň ortalarynda göçüp gelendiklerine, bu halkyň ösüşiniň taryhy barada şaýatlyk edýär.

Bu howdan bilen bagly gyzykly rowaýat hem bar. Gadymy wagtlarda salyrlar Samarkantda, Merkezi Aziýada ýaşapdyrlar we olara salurlar diýýän ekenler. Olar Oguz taýpasynyň bir şahasy bolupdyr. Şol uly maşgalada doganlar Gleman ( Garaman–A.R.) we Ahman (Akman–A.R.) ýaşar eken. Olar özgelerden okumyşlygy we meşhurlygy bilen tapawutlanýan ekenler. Şeýle bolansoň, Samarkantdaky hökümdaryň olara gözi gidip, duşmançylyga başlaýar we doganlara agyr jezalary ulanýar. Şeýle ýagdaýa sezewar bolanlaryndan soň, doganlar ýaşaýan ýerlerinden göçmeli bolýarlar. Olar öz taýpalarynyň adamlaryny ýygnap, keramatly Gurhany, ýörite saýlap alnan suwy, bir gysym topragy akmaýa ýükläp, parahat ýaşamak üçin gündogara tarap rowana bolýarlar. Köpsanly betbagtçylyga duçar bolup we agyr jebirler çekip, olar ahyry Sýunhua baryp ýetýärler. Olar Mendaşan dagyndan ötüp, Utustşan dagyna çykmakçy bolanlarynda, garaňky düşýär. Dagyň düýbünde olar birden düýäniň gürüm-jürüm bolandygyny bilýärler. Şonda olar gysga taýagyň ujunda ýakylan otly alawlar bilen düýäniň gözlegine çykýarlar. Wagtyň geçmegi bilen olar dagyň bu eňňidini «Otbenah» (salyrça – otly alawlaryň eňňidi) diýip atlandyrýarlar. Haçanda olar Şouza gelenlerinde, älem ýap-ýagty bolýar. Şeýlelikde, soňra şu ýer «Tanguti» (salyrça – daň atdy) adyny göteripdir. Şu ýerde Sýunhuada häzire çenli salyrlaryň bu ýere göçüp gelmekleri barada gadymy rowaýatlary ýatladýan örän köp geogra-

fiki atlaryň saklanyp galandygyny belläp geçmek gerek. Mysal üçin, Otuztag – Otuzlaryň dagy; Altyuli – Alty mazar; Otpoinakh – Otly eňňit we ş.m.

Sýunhuada olar tekiz ýeri, gür tokaýlygy, bol öri meýdany we akyp ýatan derýany görýärler. Haçanda dagdan aşak inenlerinde, olaryň gözi ap-arassa suw howdanyna düşüpdir. Şol howdanda bolsa hälki ýitirim bolan düýe oturypdyr. Onuň örküjinde bolsa çelege guýlup ýüklenen arassa suw, bir gysym toprak, şeýle hem Gurhan bolupdyr. Olar bu ýerdäki suwy we topragy özleriniňki bilen deňeşdirip görýärler. Barlagyň netijesinde olar meňzeş bolup çykýar. Bu bolsa olary örän şatlandyrýar. Şeýlelikde, şu ýerde ýerleşmegi makul bilýärler. Şol wagtlardan bäri salyrlar şol ýerde kök urýarlar. Olar dura-bara köpelipdirler. Parahatçylykda, rahat ýaşap başlapdyrlar. Hä diýmän, olar bu ýerde metjit salypdyrlar. Bu daş sütün salyrlaryň Gündogara göçüp gelmeginiň hatyrasyna galdyrylan taryhy ýadygärlikdir».




**Salyr türkmenleriniň Sýunhua (Hytaý) XII asyryň ortalarynda göçüp barandyklaryna şaýatlyk edýän daş sütüni**

Şol taryhy ýerlere aýlanyp görenimizden we meýdança gaýdyp gelenimizden soň, meniň gözüm meýdançada toplanyp duran gaty uly mähellä, şeýle hem metjidiň beýik jaýynyň öňünde goýlan uzyn stola düşdi. Şonda «Bu ýerde meniň çykyşym meýilleşdirilýän bolsa gerek» diýen pikir kelläme geldi. Bu barada maňa öňünden aýdylan-diýlen zat bolmasa-da, bu hakykatdan-da, şeýle bolup çykdy. Metjitden çykyp biziň meýdança gelmegimiz bilen Şýunhua hökümetiniň ýolbaşçysynyň orunbasary Han Şýuelýan uýezdiň jemgyýetçiliginiň wekilleriniň Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi bilen dabaraly duşuşyga ýygnanandygyny mälim etdi. Soňra milleti salyr, Sýunhua uýezdiniň Geýdzi metjidiniň ymamy, Sýunhuanyň syýasy konsultatiw geňeşiniň agzasy ahun Şeýmusu Maçýenwen ýygnananlaryň adyndan gutlag sözüni aýtdy we

menden Sýunhua jemgyýetçiliginiň wekilleriniň öňünde çykyş etmegimi haýyş etdi. Özümiň uzak bolmadyk çykyşymda men hytaý salyrlarynyň wekilleriniň bu uly toparyna Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan hakynda, özüniň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda biziň ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatda gazanan ajaýyp üstünlikleri barada gürrüň berdim, türkmen-hytaý halklarynyň dostlugynyň we hyzmatdaşlygynyň öz köklerini gadym döwürlerden alyp gaýdýandygy, ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň häzirki ösüşi we olaryň uly geljegi barada giňişleýin durup geçdim. Şeýle hem men hytaýly dostlarymyza, şol sanda Sýunhuanyň ýolbaşçylygyna we jemgyýetçiligine türkmen halkynyň gyzgyn salamyny ýetirdim, olara iň oňat isleglerimi, arzuwlarymy beýan etdim.

Duşuşygyň soňunda Sýunhua hökümetiniň ýolbaşçysynyň orunbasary Han Şýuelýan çykyş edip, örän many-mazmunly çykyşy üçin Türkmenistanyň HHR-däki Ilçisine minnetdarlyk bildirdi, Ilçiniň bu işçi saparynyň soňky 800 ýylyň içinde Türkmenistanyň resmi wekiliniň Sýunhua ilkinji sapary bolup durýandygyny bellemek bilen, bu saparyň Sýunhuanyň we Türkmenistanyň arasynda aragatnaşyklaryň ýola goýulmagyna we ösmegine gürrüňsiz ýardam etjekdigine ynam bildirdi.

Maksatnamanyň esasy dabaraly böleginden soň uýezdiň ýolbaşçylary bize birnäçe salyr öýlerini görkezdiler. Han Sýuelýanyň sözlerine görä, salyr obasynda her bir maşgala, dogan-garyndaş, aýratyn howluda, hatar tutup ýaşaýar. Haçanda ogullary ulalanda, maşgalaly bolanda, Türkmenistandaky ýaly, kiçi ogul ata-eneleri bilen bile galýar. Beýlekileri aýratyn ýaşaýarlar.

Salyrlaryň jaýlarynyň köpüsi palçykdan ýa-da kerpiçden ýasalan tekiz üçekli jaýlar. Esasy gurluşyk materiallary tagta, palçyk we kerpiç bolup hyzmat edýär. Soňky ýyllarda ýaşaýyş jaýlar, esasan, kerpiçdir tagta bilen bina edilýär. Äpişge, gapy-gabsalarynda oýulyp edilen keşdeler ýa-da dürli reňklerde reňklenen owadan nagyşlar bar. Adatça, salyr maşgalalarynyň howlusynda ir-iýmiş, gül, bakja ekinleri ýetişdirilýär. Şu ýagdaý hem salyrlaryň hanlardan, hueýlerden, tibetlerden tapawutly taraplaryny görkezýär. Muňa garamazdan, salyrlaryň jaýlarynyň görnüşleri hytaý we tibet ilatynyň jaýlaryna meňzeşräk bolýar.

Salyr gurluşyk sungatynyň ýüze çykmalaryndan biri hem metjitleriň görnüşidir. Olaryň bir görnüşi – yslam gümmezli edilip salynmagy, beýlekisi bolsa däp bolan hytaý karnizli bolýar. Şol bir wagtyň özünde salyrlar gurluşykçylar we arhitektorlar hökmünde uýezdiň çäginde meşhurlykdan peýdalanýarlar.

Salyrlaryň ýaşaýyş jaýlary bilen tanşanymyzdan soň, biz Han Çžansýanyň öýünde guralan nahara çagyrylýarys. Nahara şeýle hem Sýunhuanyň ähli ýolbaşçylary, şol sanda partiýa komitetiniň sekretary Çuan Sun Lun, halk syýasy konsultatiw geňeşiniň başlygy Çen Do Çao we başgalar gatnaşdylar.

Milleti salyr, 57 ýaşly öý hojaýyny Han Çžansýan 1961-nji ýylda Sininde milletler institutyny tamamlapdyr we Sýunhua uýezdiniň medeniýet Öýüniň direktory bolup işleýär ekeni. Ol aýdym toplamak bilen meşgul bolýar, özi-de aýdym ýazýar. Uýezdiň ýolbaşçylarynyň aýtmaklaryna görä, diňe bir salyrlaryň däl, eýsem, uýezdiň ähli ilatynyň arasynda ol uly abraýdan peýdalanýar.

Han Çžansýanyň uly maşgalasy bar. Ýedi çaganyň atasy. Ýogsam, Hytaýda köp çagaly bolmak gaty bir halanyp barlanok. Olarda bir çaga bolsa-da, kadaly görülýär. Muňa garamazdan, milli azlygyň arasynda bir maşgalada üç çaga bolsa, kadaly hasaplanýar.

Meni ýanýoldaşym bilen iň bir hormatly ýerde oturtdylar. Ilkibaşda öý eýeleri bize çaý hödürlediler. Jasmin bilen yslandyrylyp gowy demini alan «sanpaotaý» gök çaýynyň ýany bilen dürli-dümen süýjüler goýdular.

Çaý salyrlaryň esasy içgileri hasaplanýar. Maňa aýtmaklaryna görä, birek-biregi görme-görşe çagyranlarynda hem sowgat hökmünde çaý eltilýär ekeni.

Çaýdan soň öý eýeleri giň, ýöne pessejik staluň üstünde naz-nygmat goýup başladylar. Getirilen naharlaryň arasynda gaýnadylan sygyr we goýun etlerinden bişirilen çorba, manty, börek, gowrulan towuk, balyk we beýleki hezzetler bardy. Bularyň ählisi salyrlaryň unly we etli, turşy, ýiti naharlary halaýandyklaryny, daglamak, gowurmak işlerine uly ussatlyk bilen hötde gelýändiklerini, oňa örän ökdediklerini görkezýärdi.

Şu ýerde men salyrlaryň nahar iýlende çenini bilip, juda bir köp iýmeýändiklerini, üstesine-de, olaryň örän arassaçyldyklaryny aýratyn nygtap geçmekçi. Galyberse-de, oba ilaty çilimiň, alkogolly içgileriň golaýyndan hem barmaýar, bu ýerde esasy içgi gök çaý bolup durýar.

Salyrlar doňuz etini iýmeýärler. Gepiň gerdişine görä aýtsam, men Sininde bolan wagtym ençeme musulman restoranlaryny görüpdim, hatda şolaryň birinde biz üçin nahar guralypdy. Şonda maňa olarda yslam dinine eýerýän raýatlar bar bolsa, onda degişli edaralarda, okuw mekdeplerinde we kärhanalarda musulmanlar üçin ýörite aşhanalaryň döredilýändigi ýa-da olar üçin aýratyn naharlaryň taýýarlanylýandygy barada aýdypdylar. Döwlet musulman iýmit önümleriniň hiline örän ýokary talaplary bildirýär. Şol bir wagtyň özünde hem salyrlaryň iýmitlerinde goňşulary hanlaryň, hueýleriň, tibetleriň naharlaryna meňzeşlik, çalymdaşlyk bardy.

Uzak taryhyň dowamynda hytaý salyrlarynyň diňe bir iýmitiniň däl, eýsem, egin-eşikleriniň, däp-dessurlarynyň aýratynlyklarynda öz beýanyny tapýan durmuş keşbiniň emele gelmegi tebigydyr. Şol bir wagtyň özünde meniň syn etmelerim salyr türkmenleriniň birnäçe ýüz ýyllap Hytaýda ýaşamaklarynyň olaryň durmuşynyň ähli çäklerine uly täsir ýetiren hem bolsa, herniçik-de bolsa, hytaý salyrlaryna diňe bir öz milli degişliligini saklamak däl, eýsem, dürli çäklerde özleriniň köp hususy milli sypatlaryny saklap galmagyň başardandygyny görkezdi.

Mysal üçin, hytaý salyrlaryna häzire çenli köne türkmen diline ýakyn bolan hususy milli dilini – könesalyr dilini saklap galmak başardypdyr. Öz dilini salyrlar altaý dil maşgalasynyň günbatar gun diliniň türki toparynyň oguz şahasyna degişli hasaplaýarlar. Salyr dilinde arap we pars sözleri köp däl, şol bir wagtyň özünde hem onda hytaý, tibet, şeýle hem uýgur sözleri ýeterlik bolup, bu ýagdaý ençeme ýyllaryň dowamynda bolan özara gatnaşyklaryň netijesi bolup durýar. Şeýle hem hytaý salyrlarynyň aglaba köpüsi hytaý dilini gowy bilýär, özi-de şol dil salyrlaryň ýazuw dili bolup durýar. Salyrlaryň köpüsi tibet dilinde hem ýazmagy we okamagy başarýar.

Hytaý salyrlarynyň milli ýazuwlary bolmasa-da, käbir alymlar haçanda bolsa bir wagt onuň bolandygyny tassyklaýarlar. Muňa mysal edip, hytaý alymy Han Disiniň «Sýunhua geografiki ýazgylaryny»

görkezmek bolar. Onda Sin nesilşalygy döwründe (1644–1911 ý.) salyr dilinde ýazylan rowaýat we birnäçe goşgy getirilýär.

Ençeme onýyllyklar mundan ozal geçirilen barlaglar türkmenleriň, şol sanda salyr türkmenleriniň ýewropoid halklaryna, dolihosefallaryň antropologiki görnüşine degişlidigini tassyklaýarlar. Hytaý salyrlarynyň boýlary uzyn, ýüzleri süýrgült, bedenleri berk, göni burunly, uly gara gözli. Salyr erkekleri tüýli, olaryň sakgallary gür. Daşky görnüşleri sary saçly we ala gözli ýewropalylara, togalak kelleli we az tüýli tatarlara-da meňzemeýär.

Salyrlaryň arasynda bar bolan rowaýata görä, olaryň ata-babalary, haýsy hem bolsa bir sebäbe görä, Sinine aýalsyz gelipdirler. Başga bir hytaý çeşmesine, şol sanda hytaý alymy Ma Çenszýunyň tassyklamagyna görä, salyrlar Sýunhua göçüp gelenlerinde, olaryň aýallarynyň sany erkek adamlarynyň sanyndan az bolupdyr we şol sebäpden olar tibet gyzlaryna öýlenipdirler. Tibetliler öz gyzlaryny salyrlara durmuşa çykarmaga razy bolupdyrlar. Emma olaryň öňünde, birinjiden, budda lamaizminiň sadakasyny bermek; ikinjiden, jaýyň üstünde lamaizmiň nyşanyny goýmak; üçünjiden, lamaizmiň tuguny howludan asyp goýmak; dördünjiden, jaýyň burçlaryna ak daş goýmak we ş.m. boýunça tibet däplerini kabul etmek ýaly şertleri goýupdyrlar.

Salyrlar şol talaplardan diňe dördünji şerti, ýagny käbir tibet däplerini kabul edýärler. Şeýdip hem olar tibet gyzlaryna öýlenip başlaýarlar. Häzire çenli tibet däpleri diňe öýleniş toýlarynda saklanyp galypdyr. Ýaş çatynjalaryň münüp gelen atynyň nalyna süýt sepmek ýa-da ak daşy öýde goýmak muňa mysal bolup biler. Hatda salyrlar Hytaýa göçüp baranlaryndan olaryň milletara nikalary hakykatda bolan hem bolsa, onda munuň özi olaryň antropologiki görnüşini güýçli üýtgedip bilmändir.

Sýunhuanyň ýolbaşçylarynyň salyrlar baradaky gürrüňlerini diňläp, men her gezek durşuma ünse öwrülýärdim, sebäbi bu tema bilen bagly islendik maglumat mende aýratyn gyzyklanma döredýärdi. Şu jähtden, şu ýerde meniň edinen käbir maglumatlarym, şeýle hem salyrlar boýunça Hytaýda alnyp barylýan barlag işiniň ýagdaýy boýunça gelen käbir netijelerim barada gysgaça şu aşakdakylary nygtap geçmekçi.

Hytaý salyrlary boýunça ylmy-barlag işlerini alyp barmakda wakalaryň ýazgylarynyň uly ähmiýeti bardyr. Mysal üçin, Ýuan nesilşalygynyň (1271–1368 ý.) çeşmeleri «Dosan Mongoliýasynyň taryhyny» hem öz içine alýar (mongol we hytaý dillerinde). Onda salyrlaryň ata-babalarynyň gelip çykyşy barada maglumatlar bar. Min nesilşalygynyň (1368–1644 ý.) ýazgylarynda salyrlar baradaky maglumatlar, esasan hem, «Min imperiýasynyň Ýazgysynda» jemlenýär.

Sin nesilşalygynyň (1644–1911 ý.) resmi materiallarynda salyrlar baradaky ýazgylara has köp duş gelse bolýar. Hususan-da, imperator Sýanlunyň ýurdy dolandyran ýyllarynda Gun Szinhan «Sýunhuanyň wakalarynyň ýazgysyny» düzüpdir. 1980-nji ýylda Sinin şäherinde 8 tomdan ybarat çap edilen şol ýazgyda Ýuan we Min nesilşalyklaryndan başlap Sin nesilşalygynyň başlangyç döwrüne çenli salyrlaryň taryhy jikme-jik beýan edilýär.

Hytaý salyrlary barada daşary ýurt syýahatçylarynyň we etnograflarynyň ilkinji ylmy-barlag işleri XIX asyryň soňlaryna degişlidir. XX asyryň 30–40-njy ýyllarynda hytaý alymlarynyň bu meselä bagyşlap ýazan makalalary žurnallarda peýda bolup başlapdyr we olarda salyr diliniň türki dilleriniň toparyna degişlidigi, salyr hatynyň we medeniýetiniň bardygy tassyklanylýar.

1949-njy ýylyň 1-nji oktýabrynda Hytaý Halk Respublikasynyň döredilmegi bilen salyrlary ylmy taýdan öwrenmek boýunça iş yzygiderli häsiýete eýe bolupdyr. 1982-nji ýylda hytaý dilinde salyrlaryň dili, taryhy barada ilkinji kitaplar çap edilipdir. Salyrlaryň meselesi rus, ýapon, rumyn, wenger we başga ýurtlaryň alymlarynyň ünsüni häzire çenli özüne çekip gelýär. Türkmenistanyň öz Garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen, türkmen-hytaý gatnaşyklaryny, şol sanda Hytaýda ýaşaýan türkmenleriň taryhyny ylmy taýdan düýpli öwrenmeklige bolan gyzyklanma biziň ýurdumyzda barha artýar.

Şunlukda, meniň Sýunhuada bolmagym, hytaý salyrlarynyň durmuşy bilen ýerinde içgin tanyşmagym maňa hytaý salyrlary, Sýunhuanyň durmuşynyň köp taraplary barada täze maglumatlary, has doly düşünje almaga mümkinçilik berdi. Şu jähtden, geliň, şu meseläniň dürli ugurlarynyň üstünde has dolurak durup geçeliň.

# GADYMY GURHANYŇ TARYHY

Hytaý salyrlarynyň arasynda bar bolan gadymy rowaýat, şeýle hem daşyň ýüzüne ýazylan ýazgy salyrlaryň Sýunhuada özleriniň ikinji watanyny edinendiklerine şaýatlyk edýär.

Biziň şu günki günlerimize çenli salyrlaryň öz ata watanyndan getiren şol bir gysym topragynyň, suwly meşigiň saklanyp galan bolmazlygy gaty ahmaldyr. Hytaýda 1966–1977-nji ýyllarda bolup geçen «medeni rewolýusiýa» ýyllarynda Szişiçžen şäherçesinden 4 kilometr günbatarda ýerleşen Szeszy metjidi doly weýran edilipdir. Ýöne keramatly kitap bolan Gurhan welin saklanyp galypdyr.

«Medeni rewolýusiýadan» soň 70-nji ýyllaryň ahyrynda Hytaýda yslama uýmak hukugy täzeden dikeldilýär, köne metjitleriň we medreseleriň durky täzelenip başlanýar. Şonda Szýaszy metjidi hem öňki ýerinde täzeden dikeldilýär. Metjidiň dikeldilmegi bilen salyrlaryň Gurhany hem şonda saklanyp başlanýar.

Gadymy neşir bolan bu Gurhanda 30 depder bar. Olaryň her biriniň jildi gök ýüpek mata bilen dolanypdyr. Depderler iki sany uly tomy emele getirip, daşy gäwmüşiň derisine gaplanypdyr. Onuň daşy ykjam nagyşlanan. Kitabyň ýokarsyna ýüpek mata örtülen. Uzynlygy 60 santimetr bolan agaç gutuda ýerleşdirilipdir. Gurhan jemi 681 sahypadan ybarat. Ol arapça hatdatlyk görnüşinde gara syýa bilen elde ýazylypdyr.

Öňler bu Gurhan esasy dini ýolbaşçyda, soň bolsa ol onuň mirasdüşerlerinde saklanypdyr. 1894-nji ýylda (Guwansýua imperatorynyň ýurdy dolandyrmagynyň 20 ýyllygynda) Linsýadan (Gansu) bolan Ma Sişao diýen bir adam gymmat bahaly Gurhany güýç bilen alypdyr. Bu baradaky habar salyrlaryň arasynda çalt ýaýrapdyr. Ýöne Gurhany özi bilen alyp gitmek Ma Sişao başartmandyr. Haçanda ol Linsýa tarap ýola düşende, halkyň arasyndaky gürrüňlere görä, birden duýdansyz güýçli ýel turup, gök gümmürdäp başlapdyr. Güýçli çabga ýagypdyr. Daş-töwerek gap-garaňky bolup, ýol saýgartmandyr. Ýola çykanlar Darça dagynyň üstünden geçýän ýoly tapjak bolupdyrlar, emma bu başa barmandyr. Olara yzlaryna öwrülip, Sýunhua gaýtmakdan başga ýol galmandyr. Netijede, Gurhan salyrlara gaýtarylyp berlipdir we ony dini ýolbaşçynyň nebereleri özlerinde saklapdyrlar.

1954-nji ýylda salyrlaryň Gurhany Siriýada geçirilen Halkara sergisinde görkezilipdir. Sergä gatnaşyjylar we ekspertler «Dünýäde iň gymmatly neşirleriň biri» diýmek bilen, Gurhana ýokary baha beripdirler. Hytaýyň hökümeti Gurhanyň ony saklaýanlara gaýtarylyp berilmegini, bu mukaddes kitabyň abat saklanmagy üçin hökümetiň adyndan ony saklaýanlara ýüpek matanyň we agaç gapyrjagyň bölünip berilmegini degişli edara tabşyrypdyr.

1958-nji ýylda Hytaýda dini özgerişlikler geçirilende birnäçe ýerlerde ýalňyşlyklara ýol berilýär, ençeme dini kitaplar ýakylýar. Beýle ýagdaý Sýunhuada-da bolup geçipdir. Şol döwürde Sýunhuada salyrlar boýunça geçirilen sosial-taryhy barlag topary bu gymmatly kitaby geljekki nesiller üçin aman saklap galmak maksady bilen Hytaý Kompartiýasynyň bütewi frontunyň bölümine ýüz tutup, salyrlaryň Gurhanyny HHR-iň döredilmeginiň 10 ýyllygy mynasybetli Pekinde geçiriljek milli azlyklaryň sergisine ibermegi teklip edipdir. Sergi milletler Köşgünde geçirilipdir.

Şondan soň, takmynan, ýigrimi ýyl töweregi geçipdir. Ýöne Gurhanyň soňky ykbaly barada hiç hili maglumat bolmandyr. 1979--njy ýylda Sininde «Salyrlaryň gysgaça taryhy» atly kitabyň golýazmasynyň tanyşdyrylyş dabarasy bolupdyr. Şonda belli hytaý alymy Ma Çanin «Guanmin žibao» («Ýagtylyk») gazetiniň habarçysy Çen Szunlä ýüz tutup, ondan Gurhanyň salyr nusgasyny tapmaga ýardam bermegini haýyş edipdir, şeýle hem oňa mukaddes kitabyň taryhyny aýdyp beripdir. («Ýagtylyk» gazeti HKP MK-nyň edarasy bolmak bilen, ol ylmyň, bilimiň, edebiýatyň we sungatyň meselelerini şöhlelendirýär). Şondan soň «Guanmin žibao» gazeti özüniň 1980-nji ýylyň 28-nji fewralynda «Ýerlerden habar» atly rubrikasynda «Salyrlar Gurhanyň tapyp berilmegini, yzyna gaýtarylmagyny tutanýerlilik bilen haýyş edýärler» diýip ýazypdyr we gazet şol kitap bilen gyzyklanýan edaralaryň muňa ýakyndan kömek bermeklerini sorapdyr.

1980-nji ýylyň maýynda Çen Szunli milletler Köşgünde bolupdyr we şol ýerde arhiw işgärleriniň kömegi bilen salyrlaryň Gurhanynyň ýerzeminde saklanýan nusgasyny tapypdyr. Netijede, 20 ýyldan-da köp wagtyň dowamynda gürüm-jürüm bolan şol Gurhan 1982-nji ýylda Sýunhua getirilipdir.

Häzirki wagtda Gurhan Szeszi metjidinde saklanylýar. Bu keramatly kitap diňe bir salyrlaryň entogenezini we taryhyny öwrenmek üçin möhüm resminama ýadygärlik bolman, eýsem, ol salyrlaryň dinini öwrenmegiň möhüm çeşmesi, Hytaýyň medeniýetiniň iň gymmatly ýadygärlikleriniň biri bolup durýar. «Gurhanyň arap dilinde ýazylan golýazmasy Hytaýa çen bilen imperator Hununyň ýurdy dolandyrmagynyň 3-nji ýylynda aralaşan bolmaly» diýip, «Ženmin žibao»» gazeti özüniň 1982-nji ýylyň 3-nji ýanwaryndaky sanynda ýazýar. Hünärmenleriň tassyklamaklaryna görä, dünýäde şunuň ýaly Gurhanyň diňe üç nusgasy saklanyp galypdyr we munuň özi bu mukaddes kitabyň gürrüňsiz uly medeni-taryhy gymmatyny tassyklaýar.

## SALYRLARYŇ MILLI MEDENIÝETI WE DÄP-DESSURLARY

Çyn-Maçynda mekan tutan salyr türkmenleriniň medeni, edebi miraslaryndaky, däp-dessurlaryndaky, urp-adatlaryndaky, umuman, milli miraslaryndaky özboluşlyklara gysgaça seredip geçmek bilen, ozaly bilen, olaryň baý çeper mirasynyň bardygyny belläp geçeliň. Salyrlarda aýdymçylyk sungaty ösüpdir, halk döredijiligi bolsa özüniň baýlygy bilen tapawutlanýar. Ýöne medeniýet işgäri Han Çžansýanyň sözlerine görä, ençeme ýagdaýlar, şol sanda salyrlaryň öz ýazuwynyň ýoklugy sebäpli, olaryň köpsanly çeper eserleri düýbünden ýitip gidipdir.

Hytaý Halk Respublikasynyň döremegi bilen salyrlar öz medeniýetini ösdürmeklige mümkinçilik alypdyrlar. Sýunhuada halk döredijiligini ýygnamak we ulgamlara bölmek boýunça uly iş edilipdir, edebi döredijilik esli janlanypdyr, salyr diline bagyşlanan ylmy işler taýýarlanylypdyr, salyr milletinden bolan şahyrlaryň, ýazyjylaryň, aýdymçylaryň tutuş topary peýda bolupdyr. Bu bolsa salyrlaryň edebiýatynyň we sungatynyň ösmeginiň esasyny döredipdir.

Han Sýufu, Ma Şegun, Ma I, Han Wente we başgalar salyr edebiýatynyň görnükli wekilleridir. XX asyryň 1950-nji ýyllarynda Sinhaýda şahyr Han Sýufu aýratyn meşhurlyga eýe bolupdyr. Ol salyr halk döredijiligini kemala getirmekde ilkinjileriň biri hasaplanýar.

Onuň onlarça eseri salyr taryhyna degişli bolup, «Sinhaý köli», «Halk döredijiligi» žurnallarynda çap edildi. Häzirki salyr edebiýatçylarynyň biri-de Wen Saýadyr. Ol şygyr-da, kyssa-da ýazýar.

Soňky ýyllarda salyr halk edebiýaty boýunça ençeme kitap çap edilipdir. Mysal üçin, XX asyryň 1980-nji ýyllarynda Ma Sýuýanyň we Ma Çenszýunyň redaksiýasy bilen milletleriň merkezi institutynyň çaphanasynda «Salyrlaryň halk ertekileri», «Salyr halk aýdymlary», «Salyr nakyllary» we başga kitaplar çap edilipdir.

Salyrlaryň aýdym sungatynda giň ýaýrany «Salasýuý» diýen aýdymdyr. Bu aýdym adaty däl sazda, sazlaşykly urguda ýerine ýetirilýär. Salyr dilindäki bu aýdym, adatça, oturylyşykda, dabaralarda aýdylyp, tansa goşulýar. Salyrlaryň toý aýdymlaryny hanlar, hueýler ýaly milletleriň wekilleri hem aýdýarlar. Salyrlaryň arasynda «Salyrhuaer», ýagny «Salyr sazy» hem uly şöhrata eýedir. «Huaer» «gül» diýmekdir. Bu aýdym güýçli täsir ediji bolup, özi-de hytaý dilinde aýdylýar. Soňky ýyllarda halkdan Ma Aputu, Ma Minmu, Han Çžansýan ýaly salyr artistleriniň (aýdymçylarynyň) tutuş topary çykypdyr.



**Sýunhua – salyr uýezdiniň aýdym we tans topary**

Aýdymçy Han Hasan 1940-njy ýylda doglan. Ol çagalykdan salyr aýdymlaryny we hekaýalaryny söýüp başlapdyr. Sowatsyz bolsa-da, ýüzden hem köp aýdymy aýdyp bilýär. Şonça-da hekaýany ýatdan beýan edýär.

Salyrlarda tans sungaty soňky elliden gowrak ýylyň içinde emele gelipdir. Olarda bar bolan milli saz gurallary barada aýdanymyzda, onda ol ýerde misden ýa-da kümüşden ýasalýan kiçijik saz guraly bolan «Kousýuan» (Gopuz) giň ýaýrapdyr. Ony, esasan, ýaş oglan-gyzlar çalýarlar.

Salyr aýal-gyzlary jemgyýetiň ähli pudaklarynda zähmet çekýärler. Olar zähmeti, maşgalany, durmuşy söýýärler. Salyr zenanlary keşde çekmegiň uly ussatlarydyr. Olar ýassykdaşlarda, joraplaryň dabanlarynda, aýakgabyň ýokary üstünde we matalarda sadaja, ýöne

ajaýyp nagyş keşdeleri çekýärler. Salyr gyzlarynyň şeýle işleri olaryň özleriniň durmuş toýlarynda gowşurýan gymmatly sowgatlarydyr. Gelin gaýyn öýüne gelende, adatça, adamsynyň maşgala agzalarynyň her birine aýakgap, jorap, ýanýoldaşynyň ata-enesine bolsa goşmaça keşdelenen jübüt ýassykdaşyny hem gowşurýar. Şeýle adat her bir gyzyň öz ussatlygyny aýan etmegine, çeper eliniň şaýady bolmagyna, sylaga mynasyplygyny görkezmeklige mümkinçilik berýär.

1996-njy ýylyň sentýabrynda salyrlar özleriniň ilkinji sungat festiwalyny geçiripdirler. Onuň gidişinde bolsa olar halk sungatynyň aýdyň nusgasyny görkezipdirler.



**Salyr aýal-gyzlarynyň geýýän egin-eşikleri (Sagdan birinji we ikinji, çepden birinji)**

Indi bolsa hytaý salyrlarynyň käbir däp-dessurlary barada gysgaça durup geçeliň. Hytaý salyrlarynyň geýim-gejimleri, adatça, olaryň erkege ýa-da aýala degişlidigi bilen, ýaş aýratynlyklary we başga-da şolar kysmy özboluşlyklary boýunça tapawutlanýar. Mysal üçin, ýaş ýigitler, adatça, ak köýnekli we ýeňsiz gara kürtekçeli, kelleleri ak matadan edilen tahýaly, billeri ýüpekden edilen gyzyl guşakly gezýärler.

Olaryň ýaşululary uzyn halat geýýärler we ony «don» diýip atlandyrýarlar. Olar kellelerine uzyn ak matany oraýarlar we oňa «tastar» diýýärler. Tastary din bilen baglanyşykly geçirilýän çärelerde ulanýarlar. Gyşyna olar goýun derisinden tikilen possunly gezýärler.

Salyr gyzlary açyk reňkli, aşaky gyralary giň, ýeňsiz gara kürtekçe geýýärler. Olar gulakhalkalary, bilezikdir monjuklary hem dakynýarlar. Aýallar keşdelenen köýnekleri halaýarlar. Şeýle hem olar kellelerine «kapor» atly başgap geýýärler. Kapor olaryň kelleleriniň üstüni ýapyp, diňe ýüzlerini görkezýär. Kaporyň reňki gyzyň, aýalyň ýaşyna bagly bolýar. Gyzlar we ýaňy durmuşa çykanlar gök reňkli, ýaş aýallar gara reňkli, gartaşan aýallar – ak kaporlary geýýärler. Soňky wagtlarda gyzlaryň köpüsi ýoň bolan neýlon ýaglyklary atynýarlar.

Salyrlaryň özboluşly toý adatlary bar. Toý güni öýlenýän ýigidiň maşgala agzalary durmuşa çykýan gyzyň öýüne ýygnanýarlar. Olar ahunlaryň nika barada okaýan sürelerini, öwüt-ündewlerini diňleýärler. Oňa «Nikahat» diýýärler. «Nikahat» okalyp gutarylandan soň, tomaşa gatnaşýanlara hoz, gyzyl hurma we şulara meňzeş näz-nygmatlary paýlaýarlar.



**Durmuşa çykan salyr gyzy ene-atasynyň öýüne görme-görüşlige barýar**

Salyrlar öz milletliliginiň nyşany hökmünde düýä örän uly hormat goýýarlar. Maňa aýdyşlary ýaly, takmynan, 80–90 ýyl mundan ozal bu ýerde toýlarda «Düýe» atly oýun oýnalar ekeni. Bu oýun salyrlaryň ata-babalarynyň Merkezi Aziýadan Hytaýa göçüp gelmekleriniň sýužetini gaýtadan döretmek bilen, toýlarda ýagdaýy janlandyrypdyr. Oýun agşam oýnalypdyr, munuň sebäbi, birinjiden, salyrlaryň dini baýramçylyklardan başga baýramlary bolmandyr, ikinjiden, gadym salyrlar bu topraga iňrik garalanda aýak basan ekenler.



**Salyrlaryň «Düýe» atly oýny**

Bu oýunda 4 sany oýunçy çykyş edipdir. Olardan biri Garamanyň, beýlekisi bolsa ýerli ýaşaýjynyň (mongolyň) roluny oýnapdyr, galan ikisi bolsa düýäniň rolunda çykyş edipdirler.

Oýun iki bölekden ybarat bolupdyr: birinji bölek ýerli ýaşaýjy we salyrlaryň ata-babasynyň arasyndaky gepleşikden ybarat bolupdyr. Oýnuň ikinji böleginde salyrlaryň ata-babasy hytaý dilinde goşgy okapdyr.

# SINHAÝÝŇ GÜNBATARYNA SYÝAHAT

Sinhaýda bolan üçünji günümiz hem biz ir turduk we awtomaşynda ýurtda maldarçylygy ösdürmek üçin möhüm baza hasaplanýan Sininden welaýatynyň günbataryna gezelenje ugradyk. Wakalardan öňe gidip aýtsam, onda bu gezelenç bize diňe bir Sinhaýýň bu böleginiň ajaýyp ýerlerini görmäge däl, eýsem, ol şeýle hem tibetlileriň durmuşy bilen has-da giňişleýin tanyşmaga mümkinçilik berjekdi. Mälim bolşy ýaly, tibetlileriň taryhy, däp-dessurlary we halk adatlary köpler üçin köp wagtlaryň dowamynda gizlinlik, syrlylyk perdesi bilen örtülipdi we onuň ençeme sebäbi bolupdy.

Käbir maglumatlara görä, 1999-njy ýylda dünýäde 6 million tibetli ýaşapdyr. Şolardan Tibetiň özünde 2 million tibetli, galanlary bolsa goňşy welaýatlarda (şol sanda Sinhaýda 1 million 200 müň) we daşary ýurtlarda ýaşapdyrlar.

Biziň awtomaşynymyz birnäçe ilatly punktlaryň gapdalyndan geçip gitdi we sagat ýarymdan Riýue dagyna baryp ýetdi. Şu ýerden 38 million gektar ýeri tutýan Hytaýýň öri meýdan zolagy başlanýardy.

Riýueniň günortasynda gar bilen örtülen Silýan dagynyň hatary gowy görünýär. Bu dagyň belentligi deňiz derejesinden 4 müň metr ýokarda bolup, onuň eteginde giň otluk ýer ýaýlyp gidýär.

Riýuede ýeriň belentligi deňiz derejesinden 3.600 metr ýokarda. Bu ýerdäki kiçeňsi söwda merkezinde gaýyşdan, süňkden, daşdan edilen tibet önümleri gaty köp. Tibetliler dürli pyçaklary ýasamagyň ussatlarydyr. Ýone olaryň bahasy örän gymmat–belki-de, olar ozaly bilen, daşary ýurt syýahatçylaryna niýetlenen bolmaly.

Riýue daglaryna gözüm düşende, onuň adynyň gelip çykyşy bilen bagly bir rowaýat ýadyma düşdi. Men şol rowaýaty haýsy-da bolsa bir kitapda okapdym. Hytaý taryhynyň delillerine laýyklykda (Ser.:China Daily, 29.02.1996) VII asyryň başynda Sinhaý-Tibet daglygynda Tobo atly kuwwatly tibet taýpasy emele gelipdir. Soňra şol taýpa Nepaly boýun egdiripdir we öz gözegçiligine Ýüpek ýoluny hem almak maksady bilen demirgazyga süýşüpdir. Şeýle şertlerde Tan imperatory öz gyzyny – şa gyzy Wen Çeni şol taýpanyň baştutany Sronzangambo aýallyga berýär. Şol döwürden başlap Tibet Hytaýa garaşly ýagdaýa geçýär.

Hytaý çeşmelerinde şeýle hem Tibetiň administratiw merkezi bolan Lhasanyň – meşhur Potalanyň – dalaý-lamanyň köşgüniň VII asyrda şazada Wen Çeniň Tibetiň hökümdary bilen nikasy mynasybetli gurlandygy aýdylýar. Hut şol döwürden başlap Tibetde buddizm giň gerim alyp başlaýar.

Ýokarda aýdanlarymyz bilen bagly bolan bir rowaýat barada aýdylanda, şa gyzy Wen Çen 641-nji ýylda Tibete – öz geljekki adamsynyň ýanyna ýola düşende, ol şu Riýue dagynyň gapdalyndan geçýär. Tibete tarap uzak ýolda şa gyzy öz mähriban ýerlerini küýsäp başlaýar, hatda yzyna dolanmagy hem niýet edýär. Ýöne birden onuň ýadyna ejesiniň ýadygärlik beren Riýue – Gün-Aý aýnasy düşýär. Şol aýnanyň kömegi bilen şa gyzy öz garyndaşlaryny, gülläp ösýän Çanany (Tan nesilsaglygynyň merkezi (618–906) görýär. Onuň töwerek-daşy bolsa adamsyz giňişlik, daglyk ekeni. Şa gyzy örän tukatlanypdyr we aýnany çym-pytrak edipdir. Şu wakadan bolsa şol daga «Riýue» ady galypdyr.

Riýueden Sinhaý-Tibet ýoly bilen biz Hytaýdaky iň uly duzly köle tarap ýolumyzy dowam etdirýäris. Şol köl Sinhaýhu diýlip atlandyrylýar we ol Sininden 160 kilometrlikde ýerleşýär. Sinhaýhu «Gök deňiz» diýmekligi aňladýar we aýdylyşyna görä, kölüň adyndan welaýatyň ady gelip çykypdyr.

Tibete barýan göni, asfalt düşelen, tükeniksiz ýol bizi ýeriň aýagujuna eltjek ýaly göründi. Gepiň gerdişine görä aýtsak, onda şol wagtda Tibetde ýekeje-de demir ýol ýokdy we howa ýoly bilen birlikde awtomobil ýoly Tibet awtonom raýonynyň daşky dünýä bilen aragatnaşygynyň esasy serişdesi bolup durýardy. Şonuň üçin hem Sinhaý hökümetinde, aýdyşlary ýaly, Hytaý basym dünýäde iň beýik daglardaky demir ýoluň gurluşygyna girişer we şol ýol Tibeti Sinhaý welaýaty bilen baglanyşdyrar. Demir ýol düşeginiň umumy uzaklygynyň 85%-i (1178 kilometri) deňiz derejesinden 4 müň metrden hem ýokardan geçer we ýol böleginiň 50%-den gowragy müdimilik doňaklyk zolagynyň üstünden geçiriler.

Sinin –Sýunhua ýolunda bolşy ýaly, bu ýolda hem biz has ýygy-ýygydan, ýoluň gyrasynda daş üýşmeklerini we olardan çykyp duran bambuk şahalaryny gördük. Şol şahalara daňlan we olarda mukaddes süreleriň teksteri bolan dürli reňkli baýdajyklar Günüň we

ýagnyň aşagynda solupdyr, käbirleri bolsa ýyrtylypdyr. Bular altarlar bolup, olary tibetliler ruhlaryň – geçelgeleri, öri meýdanlaryny, obalary goraýjylaryň hormatyna goýýarlar.

Öri meýdanly ýerlerde Sinhaý goýunlarynyň sürülerine, ýabany ot bilen iýmitlenýän kelte boýly, pökgerip duran doly bedenli, gysga aýakly we uzyn gara ýüňli ýaklara duş gelse bolýar. Tibetliler ýaklary köpeltmek bilen meşgul bolýarlar we ýak bolmasa, olaryň durmuşyny göz öňüne getirmek mümkin däl. Biziň ýolbeledimiz Guonyň sözlerine görä, Sinhaýda bar bolan 23 million malyň 5 milliony ýak we 14 milliony goýun bolup durýar. Ýak tibetlilere süýt, ýag, ýüň, et, gaýyş berýär. Ýakyň eti ýumşak, reňki ýiti gyzyl we ýagsyz bolýar. Sinhaý öňden bäri ýakyň etini Gonkonga, Makao eksport edip gelýär. Galyberse-de, ýak bu ýerde ýük ýüklenýän haýwan hökmünde düýäniň ýerini tutýar we «daglyk ýeriň gämisi» hökmünde tanalýar.

Birnäçe wagtdan gözýetimde, ýoluň sag tarapynda uzyn gara-mawy zolak peýda boldy. Biziň şol zolaga ýakynlaşdygymyzça, ol giňeldi we men bu bolup bilse Sinhaý kölüdir diýip pikir etdim.

Ine-de, biz barjak ýerimize geldik. Köle örän ýakyn bardyk. Gözýetimde suw we asman bir gara mawy reňkde görünýärdi, ak bulutlar daglaryň üstüni bürän gar bilen sepleşýärdi.

Köl deňiz derejesinden 3.300 metr ýokarda ýerleşýär we men bu ýerde kislorodyň ýetmezçilik edýändigini duýdum. Kölüň esli meýdany tutýandygyna (460 inedördül kilometr) we onuň ýeterlik çuňdugyna (onuň ortaça çuňlugy 25 metr) seretmezden, onda balyk ýaşamaýar diýen ýaly. Şol bir wagtyň özünde köl özüniň suwy, demirgazykdaky we günortadaky daglary, demirgazyk-gündogardaky göçýän guşlaryň adasy bilen gaty owadan görünýärdi. Her ýylyň aprel aýynda şu ýere Hytaýyň günortasyndan, Günorta-Gündogar Aziýadan 100 müňe golaý guşlar gelýärler, höwürtgelerini gurýarlar we köpelýärler. Biziň şol ýerde bolan wagtymyz ýakynlaşyp gelýän sowuk howa sebäpli, guşlar eýýäm günorta uçupdyrlar.

Kölüň ýerleşýän ýerine biziň baran wagtymyza çenli sowugyň düşmegi bilen syýahatçylyk pasly hem özüniň tamamlanmagyna golaýlapdyr we şunlukda, hyzmat etmek bilen bagly pudaklarda işleýän

adamlar özleriniň hemişelik ýaşaýan ýerleri bolan Sinine we başga ýerlere gaýtmaklyga taýýarlanýardylar. Şonuň üçin hem ol ýerde, esasan, tibetliler, işleýän gulluklar hereket edýärdiler. Uly bolmadyk myhmanhana toplumynyň ýanynda duran awtomaşynlar, şeýle hem öz hyzmatlaryny, hususan-da, atçapyşyga tomaşa etmegi teklip edýän atlylaryň bolmagy muňa şaýatlyk edýärdi.

Wagt günorta golaýlady we men ýanýoldaşym Maral bilen ýolbeledimiz bolan Guony we sürüjimiz Çžany kölüň kenarynda ýerleşen, onda tibet we hytaý naharlary taýýarlanylýan restorana çagyrýarys.

Şu ýerde men uly bolmadyk yza gaýdyş etmekçi. Bu ýerde gürrüň biziň iş saparyna ugramazymyzdan ozal, meni we ýanýoldaşymy takmynan, dört müň metrlik belentlige biziň ýüregimiziň çydap biljekdigi baradaky meseläniň tolgundyrandygy barada barýar. Sebäbi men Tibetde, Sinhaýda öň bolan ilçi kärdeşlerimiň käbirlerinden bu ýerde baş aýlanmakdan, gowşaklykdan we howanyň ýetmezçiliginden ejir çekmeleriň bolup biljekdigi barada eşidipdim. Şonuň üçin hem Pekinde lukman maňa dürli dermanly kagyz haltajygy beripdi. Elbetde, men hem bu ýerde howanyň ýetmezçilik edýändigini ýeterlik duýdum, ýöne meniň bagtyma alan dermanlarymdan biri-ýarymy bolaýmasa, galanlarynyndan peýdalanmak zerur bolmady. Ýanýoldaşym Maral bu belentligi gowy geçirdi. Guo we Çžan barada aýdanymyzda, onda olar 4 müň metre golaý bolan belentligiň tapawudyny asla duýmadylar.

Lukmanlaryň maslahatyna görä, ýokary belentliklerde, esasan hem, beýik daglykda köp suw, çaý içmek maslahat berilýär. Şonuň üçin hem, ozaly bilen, gujurlanmak üçin, biziň hemmämiz restoranda nahardan öň çaý getirmegini soradyk. Men tibetlileriň çaýy mesge ýagy bilen demleýändikleri barada eşidipdim we olar ony ýagyň ýa-da goýnuň süýdünden edýärler. Şeýle çaý özüniň örän ýokumlylygy bilen tapawutlanýar we ol saglyk üçin peýdaly, bedende belli suwuklygy saklaýar, suwsuzlykdan, açlykdan gandyrýar, şeýle hem adamyň derisini ýarylmakdan goraýar. Ýöne restoranyň eýesi bize onuň düzüminde ýokary duz bolan tibet çaýyny getirdi we ony içmek bize asla mümkin bolmady.

Şonuň üçin hem meniň kelläme ilkinji gelen pikir kölüň golaýynda süýji suwuň ýok bolmagy baradaky pikir boldy. Şol bir wagtyň özünde hem meniň ýadyma birden çaý we duz barada haçanda bolsa eşiden hekaýatym düşdi. Şol hekaýat bolsa häzire çenli tibet halkynda ýaşap gelýär.

Şol hekaýat şundan ybarat: birwagtlar derýanyň dürli kenarlarynda iki sany taýpa ýaşapdyr. Şol taýpalaryň adamlary bir Günüň aşagynda ýylnypdyrlar, bir derýanyň suwuny içipdirler. Derýa dar bolansoň, ol kenardan beýleki kenara hatda gülleriň ysy hem barypdyr. Ýöne muňa seretmezden, olaryň arasynda agzybirlik bolmandyr. Taýpalar öz aralarynda hemişe urşupdyrlar.

Olaryň hiç biri özleriniň arasynda duşmançylygyň haçan başlanandygyny we onuň sebäbini aýdyp bilmändir. Ýöne ykbal Sýuýçžen-lama atly gyz bilen garşy kenardan bolan Daoden atly oglanyň arasynda dostlugy we söýgini döredipdir. Ýöne olaryň bagtly durmuşy uzaga çekmändir. Zalymlygyň we bahyllygyň gara güýçlerine Daodeni öldürmek başardypdyr. Haçanda däp boýunça oglanyň bedeni otda ýakylanda, gyz hem oňa özüni oklapdyr we ýigit bilen bile otda ýanypdyr. Ýaşlaryň küli derýanyň bir-birine garşy kenarlaryndaky ýere berlipdir.

Ýaz çykypdyr. Mazarlarda iki sany söwüt agajy ösüpdir we wagtyň geçmegi bilen olaryň şahalary derýanyň üstünde duşuşypdyrlar. Şonda ýigrenji adamlar söwütleri olaryň kökleri bilen goparypdyrlar we ýakypdyrlar, olaryň külüni bolsa derýa sepipdirler. Suw bilen kül köp ýerlere ýetipdir, şol sanda hytaý topragyna hem düşüpdir. Şol ýerde ol çaý agajy bolup ösüpdir. Ol Tibete hem getirilipdir we bu ýerde duzly köle öwrülipdir.

Tibetliler şol gaýgyly waka barada ýadygärlik hökmünde nahardan öň çaý içmek we oňa hökmany suratda duz goşmak düzgünini girizipdirler. Şol döwürlerden bäri Tibetde çaýy duz bilen içmek däbinden hiç wagt ýüz öwürmändirler, bir-birini şeýle wepaly we ýürekden söýen gyzy hem ýaş ýigidi hiç wagt ýatdan çykarmandyrlar.

Görüp otyrsak, mesge ýagyny tibetliler gaty giň peýdalanýan ekenler. Biz goňşy stolda tibetlileriň çakyr üçin çäýnegiň çüňküne mesge ýagyny çalýandyklaryny we soňra içýändiklerini gördük. Biziň sürüjimiz Çžanyň sözlerine görä, munuň özi yrym bolmak bilen,

hudaýa hormat, al-arwahlara urgy etmekligi we öý abadançylygyny saklamaklygy aňladýar. Tibetliler arpadan edilen çakyry içýärler we onuň spirti pes, turşumtyk-süýji tagamy bolýar.

Restoranyň menýusynyň mazmunyndan görnüşi ýaly, tibetlileriň günorta nahary, esasan, mesge ýagyndan, szambadan we çaýdan durýar. Szamba – munuň özi gowrulan arpadan edilen undur. Szambany taýýarlamak üçin arpany gowurýarlar, soňra bolsa ony üweýärler. Şeýle unuň gowy ysy bolýar. Soňra szambany we ownadylan peýniri gapda goýýarlar, onuň üstüne bolsa mesge ýagyny guýýarlar, gowy garýarlar we ondan hamyr edýärler. Bu iýmit çaý we mesge ýagyny içmek bilen iýilýär hem-de ol nahar hasaplanýar. Peýnir, ýagyň we goýnuň gowrulan we gaýnadylan eti, dürli nahara atylýan zatlar aýratyn çekilýär. Hytaýly dostlarymyzyň sözlerine görä, öňler tibetliler gök önümleri ösdürip ýetişdirmändirler.

Hytaýlylaryň aýtmaklaryna görä, bir metr galyňlygy bolan buz bir gyş gününiň dowamynda emele gelmeýär. Tibet, şeýle hem baý hytaý nahary olaryň we beýleki halklaryň arasynda asyrlaryň dowamynda alnyp barlan iýmit alyş-çalşygynyň netijesi bolup durýar. Hanlaryň we tibetlileriň iýmitiniň baýlaşmagyna Merkezi Aziýa halklarynyň goşan saldamly goşantlary hem gürrüňsizdir. («China Daily» , 10.07. 1996).

Edýän gürrüňimiziň temasy bilen baglylykda, hususan-da, şeýle mysallary getirmek hem ýerliklidir. Biz ýokarda b. e. öňki II asyrda Günbatara tarap ýoly açan günbatar Han nesilşalygynyň imperatorynyň şahsy wekili Çžan Sýanyň Merkezi Aziýa ençeme gezek diplomatik missiýa bilen gidendigi barada aýdypdyk. Uzak syýahatlardan gaýdyp gelende, ol her gezek Merkezi Hytaýa dürli gök önümleri we miweleri hem getiripdir. Hususan-da, onuň Hytaýa üzümiň, grek hozunyň, hyýaryň, sarymsagyň we başga ekinleriň tohumlaryny getirmeginiň hanlaryň iýmitini baýlaşdyrandygy aýdyňdyr.

Ýuan nesilşalygynyň hem özi bilen diňe bir däp-dessurlary däl, eýsem, iýmitlerini getirendigi hem aýdyňdyr. Mysal üçin, Ýuan nesilşalygy döwründe Hytaýda ilki bilen likýor işläp çykarypdyrlar, soňra bolsa Maotaý ýaly meşhur ak spirtleri öndürip başlapdyrlar.

Kölüň çäginden biz Sinine sagat ikide ýola düşdük we ýene-de üç sagatdan Sinhaý welaýatynyň merkezinde bolduk.

## «HADAK» WE SYRLY YBADATHANA HAKYNDA

Hytaý myhmanhanalarynyň häsiýetli aýratynlyklaryndan biri – ol hem olarda maslahatlar geçirmek üçin umumy zallardan başga-da, resmi we işjeň duşuşyklary geçirmek üçin dürli göwrümli zallaryň, şeýle hem banket zallarynyň, komnatlaryň bolmagydyr. 19-njy sentýabrda, ir sagat 10-da meniň Sinhaý welaýatynyň hökümetiniň birinji orunbasary Baý Ma bilen duşuşygym hem Sinin myhmanhanasynyň şeýle maksatlar üçin ýörite niýetlenen jaýynda bolup geçdi.

Biz ýolbeledimiz Guonyň ugratmagynda myhmanhananyň dördünji gatyndaky jaýa gelenimizde, ol ýerde Baý Ma we ýene-de birnäçe resmi adamlar, teležurnalistler bize garaşyp duran ekenler. Biz salamlaşdyk. Milleti tibet bolan Baý Ma hytaý dilinde bizi iş sapary bilen Sinhaýa gelmegimiz bilen gutlady. Soňra ol tibet däbi boýunça ýeňil baş egmek bilen uzyn ak ýüpek matany (tibetliler oňa «hadak» diýýärler) öňe uzalan gollarynda kellesinden ýokaryk galdyrdy we ony tertip bilen meniň öňe uzan gollarymda goýdy. Edil şeýle etmek bilen ol beýlekileri hem gutlady. Öňünden Guonyň maňa düşündirişi ýaly, men iki elim bilen hadagy aldym we ony öz boýnuma atdym.

Soňra bolup geçen söhbetdeşligiň gidişinde Sinhaý hökümetiniň başlygynyň orunbasary menden welaýata bolan iş saparymyň gidişinde mende galan täsirler barada sorady, Sinhaýda özgertmeler we açyklyk syýasatynyň durmuşa geçirilişi barada gürrüň berdi. Men öz gezegimde Baý Ma gyzgyn kabul edişlik, welaýat barada gyzykly gürrüňi üçin öz minnetdarlygymy bildirdim, ony Türkmenistan, türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň ösüşi bilen tanyşdyrdym. Söhbetdeşligiň soňunda Sinhaý welaýatynyň ýolbaşçysynyň teklibi boýunça ýadygärlik surat aldyrdyk.

Hytaý we iňlis dillerinde alnyp barlan sagat ýaryma çeken söhbetdeşlikden soň, Sinhaý hökümetiniň ýolbaşçylygy Türkmenistanyň HHR-däki Ilçisiniň Sinhaýda bolmagy mynasybetli resmi nahar berişlik gurady. Oňa söhbetdeşlikdäki ýaly, ýerli hökümetiň birnäçe jogapkär işgärleri gatnaşdylar. Nahar berişlik dostlukly, erkin ýagdaýda bolup geçdi, türkmen we hytaý halklarynyň medeniýetine we

däp-dessurlaryna özara has gowy düşünmeklige kömek etdi. Baý Ma we men tost aýtdyk.

Nahar barada gürrüň etmek bilen, men şu ýerde biziň onda oturan we türkmenler üçin adaty bolmadyk stol barada bir-iki söz aýtmakçy. Stola saçak ýazmak bilen, hyzmatçy gyzlar biziň öňümizde aşagy gaz plita berkidilen uly bolmadyk gazany goýdular. Gazan diwary bilen iki bölege bölünen. Gazanyň birinji ýarysynda ýagda, örän ýiti nahar, beýlekisinde bolsa çorba gaýnaýardy. Çorba nahar berişligiň tutuş dowamynda gaýnady durdy. Hyzmatçy gyz ýuka kesilen önümleri getirdi. Biz olary ýörite taýajyklar bilen gazana atýardyk ýa-da gaýnap duran ýagda biraz saklap, soň iýýärdik. Balyk, et, kartoşka, kelem, makaron ýaly önümler gaýnap duran ýagda çalt bişýärdi we olar tagamlydy.

Men Tibet barada az okamandym. Herniçik-de bolsa, men tibet halkynyň däp-dessurlary barada has-da köp bilmek isläp we nahar mahalynda hököm süren erkin ýagdaýdan peýdalanmak bilen, tibetliler tarapyndan aýratyn hormatlanýan dessur – hadagyň sowgat edilişi barada has dolurak aýtmagyny sorap Baý Ma ýüzlendim.

– Tibetçe hadak – munuň özi däp-dessur şarfy – diýip, Ma aýtdy. – Ol, adatça, iki gat ak matanyň 1,5 metrden 2 metre ýetýän uzyn bölegi. Hadagy sowgat bermek – ikonalara we mukaddes heýkellere baş egmek dessurynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar; ol ýokary derejeli myhmanlar, ruhy ýolbaşçylar garşylananda we ugradylanda hökman. Hadak adam jaýlananda gynanjy aňlatmak, ýaş çatynjalara sag-salamatlygy arzuw etmegiň nyşany bolup hem çykyş edýär.

Hadak ak, mawy, gara-gök, sary reňklerde bolup bilýär. Lamaist adaty boýunça ol Buddanyň eşigini şöhlelendirýär. Herniçik-de bolsa, ak reňkli hadak has giň ýaýrandyr, bu reňk tibetlileriň düşünjesinde pähimliligiň, arassalygyň, sap ýürekliligiň, hoşniýetliligiň we abadançylygyň nyşanydyr. «Hadak sowgat etmek adaty biziň halkymyzda ýüzlerçe ýyllardan bäri dowam edýär – diýip Ma aýtdy. – Ol bagt arzuw etmekligiň nyşanydyr, tibetlileriň myhmansöýerliginiň alamaty bolup hyzmat edýär.

Günüň ikinji ýarymyny biz Sinin bilen tanyşmaklyga bagyşladyk we birnäçe gadymy ýadygärliklere, medeni edaralara baryp gördük. Tanyşlygy, ozaly bilen, Donguan metjidinden başladyk.

Metjidiň derwezesiniň ýanynda bizi kellesi ak matadan edilen tahýaly bir adam açyk ýüz bilen garşylady. «Salam aleýkum» diýip, men salamlaşýaryn. Tanyşýarys. Ma – welaýatyň yslam guramasynyň ýolbaşçylaryndan biri we şu metjidiň iş dolandyryjysy. Metjidiň territoriýasynyň gündogar böleginde jaýy dikeltmek we oňa gowy görnüş bermek işleri alnyp barylýan ekeni: muny şol ýerde giden kerpiçdir agaçlaryň, çägäniň üýşüp ýatmagy hem subut edýärdi. Gepiň gysgasy, gurluşykda bolýan adaty görnüş. Ma sypaýy adam bolara çemeli – käbir birahatlyk üçin ötünç sorap, bizi jaýyň ikinji gatynda ýerleşýän öz kabinetine alyp bardy. Ýene-de birnäçe din wekilleriniň gatnaşmagynda Ma çaýyň başynda bizi metjidiň taryhy we işi bilen tanyşdyrdy.

Manyň sözlerine görä, metjit Donguan alty asyrdan hem köpräk wagt bäri hereket edip gelýär we ol Sinhaý welaýatynda iň uly metjit hasap edilýär, demirgazyk-günbatar Hytaýda bolsa metjitleriň arasynda iň meşhurlaryndan biri bolup durýar. Gadymy Hytaý arhitekturasynyň şekilinde salnan bu metjit welaýatyň musulmanlarynyň öz dini çärelerini geçirýän esasy ýeri bolup durýar. Metjit dindarlaryň 10 müňüsini ýerleşdirýär. Soňra Ma Gurhany özleşdirmek we arap dilini öwrenmek maksady bilen ýurduň dürli künjeklerinden bu ýere gelýänleriň okuw otaglaryny we umumy ýaşaýyş jaýlaryny görkezdi.

Soňra biz «Žinke» atly tibet lukmançylygy boýunça kärhana hem baryp gördük.Tibet lukmançylygy – munuň özi seýrek häsiýetli aýratynlyklary bilen, tejribe bilen döredilen we ösdürilen däp bolan lukmançylyk ulgamydyr. Şol bir wagtyň özünde hem ol hytaý, hindi we arap lukmançylyk däpleriniň birleşmesidir.

«Žinkeniň» ýanynda şeýle hem lukmançylyk kolleji (käbir daşary ýurtlarda orta ýa-da ýokary okuw jaýy), lukmançylyk instituty we keselhana ýerleşýär. Bu uly kärhananyň prezidenti Aýguo Sian bize Tibet lukmançylygynyň gadymy ensiklopediýasynyň 4 tomuny görkezdi. Şol bir wagtyň özünde hem A.Sianyň sözlerine görä, häzirlikçe taryhyň irki döwrüniň ajaýyp lukmançylyk açyşlarynyň köpüsi käbir sebäplere görä häzirki döwrüň lukmanlary üçin düşnüksizligine galýar.

«Žinke» ylmy-barlag institutynda 5 müň sany seýrek lukmançylyk boýunça suratlar bar we olar tibet lukmançylygy barada umumy düşünje berýärler. Olaryň arasynda adamyň emele gelmeginiň we ösüşiniň dürli basgançaklaryny görkezýän örän gadymy suratlar hem

bar. Häzirki zaman lukmançylyk edebiýaty şol irki eskizleriň (suratlaryň) takykdygyny subut etdi.

Ylmy-barlag işi, hünärmenleri taýýarlamak, kesellileri bejermek, derman öndürmek bu kärhananyň işiniň esasy ugurlary bolup durýar. Kärhana 2090-a golaý lukmançylyk otlaryny ulanmak bilen dermanlaryň 40-a golaý görnüşini öndürýär.

Indi Sininiň demirgazygynda, iň ýokary belentlikde ýerleşýän Beý atly syrly daos ybadathanasy barada gysgaça durup geçeliň. Bize bu ýerde ençeme gezek ýer titremäniň bolandygy, ýöne olaryň dagyň diwarynda gurlan ybadathananyň binalaryna hiç hili zyýan ýetirmändigi barada aýtdylar. Biz ybadathananyň esasy girelgesiniň agzynda oturan we öz hyzmatlaryny tutanýerlilik bilen teklip edýän köpsanly palçylary gördük. Biziň muny ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, daosizmiň esasy ýörelgesi «hereket etmezlik», «iş etmezlik» bolup durýar we şunlukda, onda syrly zatlar, jadygöýlik uly orun tutýar, adatdan daşary güýçler, ruhlar hereket edýärler. Daosizm bilen şeýle hem müdimilik, bakylyk baradaky taglymat baglydyr. Bu taglymat orta asyr Hytaýda alhimikleri, ýagny alhimiýa bilen meşgullanan adamlary bakylygyň serişdesiniň gözlegine ruhlandyrypdyr.

Şu jähetden, şol gözlegleriň gidişinde däriniň oýlanyp tapylmagy gyzyklydyr. Umuman, daoslar hytaý lukmançylygy üçin az iş etmediler. Mysal üçin, dünýä meşhurlygyny gazanan hytaý şahyry Li Bo (VIII asyr) hem daosizmiň taraplary bolupdyr. Ol ýaşlykda köp wagtyň dowamynda daglardaky buthanalarda ýaşapdyr, melhem otlary öwrenipdir, berhiz tutmak, dem alyş maşklaryny etmek we ş.m. arkaly adam ömrüni uzaltmagyň daos sungatyny doly ele alypdyr. Onuň sözlerine görä, oňa tebigat bilen bitewülik ýagdaýyna ýetmek başardypdyr we netijede, hususan-da, ondan guşlar we haýwanlar gorkmalaryny bes edipdirler.

Men Hançžow daglarynyň iň belent ýerleriniň birinde ýerleşen edil şeýle daos ybadathanasyna baranymy we şol ýerde daş gowagynyň gowy görünýän ýerinde ýazylan manyly sözleri okanymy ýatladym. Onda «Diňe hakyky akyldarlar ýokary ahlaga eýedirler, diňe daglarda tebigatyň hazynalary ýaşaýarlar» diýlip ýazylypdyr.

Şonda bize bir monahyň muny düşündirişi ýaly, daos dini adam ahlagynyň ýokary ýörelgelerini ündeýär we pany dünýäniň üstünden ýokary galmak üçin ybadathana özüniň ýerleşjek ýeri hökmünde şu

ýokary dag depesini saýlap alypdyr. Şu jähtden, «sýan» iýeroglifiniň – pähimli, gudratly–adam we dag ýaly iki bölekden durmagy hem ýöne ýerden däldir.

Men monahdan daoslaryň durmuşynyň we işiniň esasynda nämäniň ýatandygyny soradym. Monah özüniň we dindeşleriniň terkidünýäleriň durmuşyny alyp barýandyklaryny, olar üçin adamlaryň adaty durmuşynyň gadagandygyny aýtdy. Daosizm terkidünýäligi we ýalňyzlykda ýaşamagy ündeýär.

## SÝUNHUADAN HAT

Sinhaý welaýatyna bolan biziň iş saparymyz bizde güýçli we dürli täsirleri galdyrdy. Sinine, Szisiçžene we başga ýerlere baryp görmegim meniň Sýunhua, Sinhaý, umuman, Hytaý baradaky bilimimi artdyrdy, bolýan ýurdumy has hem gowy bilmegime mümkinçilik döretdi. Iň çuňňur täsirleriň arasynda biz bu uly ýurt üçin iň häsiýetli zatlary: hytaý halkynyň ajaýyp zähmet endiklerini, onuň baryp ýatan yhlaslylygyny, zähmetsöýerligini we diýseň guramaçyllygyny gördük. Bu halk zähmet çekmäni söýýär we ony başarýar.

Hytaý halkynda şeýle hem ýoldaşlyk, birek-birege kömek duýgulary, raýatlyk borjy ýokary ösen. Hakykatdan hem, taryhy we tebigy ýagdaýlara görä şol ýerlerde, esasan hem, milli azlyklar ýaşaýan hytaýyň demirgazyk - günbatar raýonlary öz ösüşinde häzirlikçe ýurduň gündogar, deňiz ýakasyndaky raýonlardan yza galýarlar. Şonuň üçin hem ýurduň dürli sebitleriniň ösüşini sazlaşdyrmak üçin hytaý hökümeti ýurdy kämilleşdirmegiň gidişinde we aýratyn hem, XX asyryň 90-njy ýyllarynyň ikinji ýarymyndan başlap, günbatar Hytaýyň ösüşini çaltlaşdyrmaga esasy üns berdi.

Hytaý milletiniň uly maşgalasynyň agzalaryndan biri hökmünde Hytaý Halk Respublikasynyň gülläp ösmegine hytaý salyrlary hem öz saldamly goşantlaryny goşýarlar. Munuň özi şeýle hem hytaý hökümetiniň Hytaýda ýaşaýan beýleki milli azlyklar ýaly, salyrlaryň ykdysadyýeti we medeniýeti baradaky aladasy olaryň durmuş derejesiniň gyşarnyksyz ýokarlanmagyna ýardam edýär. Salyrlaryň bilim derejesi hem ýokarlandy. Maňa aýdyşlary ýaly, HHR döredilmezinden ozal salyrlaryň 97% -i sowatsyz bolupdyr we täze Hytaýyň hökümeti olaryň bilimine bada-bat üns berip başlapdyr. Hytaý salyr-

larynyň arasynda häzir alymlar, lukmanlar, telekeçiler, umuman, dürli kärli hünärmenler köp.

Iş sapary maňa şeýle hem hytaý salyrlarynyň durmuşy, olaryň taryhy, medeniýeti bilen has içgin tanyşmaga, olaryň taryhy boýunça soňky wagta çenli näbelli bolan ençeme gymmatly çeşmeleri tapmaga mümkinçilik berdi. Türkmen-hytaý gatnaşyklary we hytaý türkmenleriniň gadymy taryhy boýunça hytaý çeşmeleriniň geljekde hem gözlenilmegi we giňişleýin öwrenilmegi, olaryň has gymmatlylarynyň türkmen diline geçirilmegi we çap edilmegi, aýry-aýry döwürler boýunça Türkmenistanyň we Hytaýyň taryhyny bilelikde öwrenmek maksady bilen iki ýurduň ylmy hyzmatdaşlygyny mundan beýläk hem işjeňleşdirmek – bularyň hemmesi biziň halkymyzyň taryhynyň has doly we hakyky ýazylmagyna, adamzadyň ösüşine onuň mynasyp goşandyny şöhlelendirmäge ýardam eder.

Sýunhuanyň ähli gatlaklarynyň wekilleri biziň halkymyzda özleriniň hakyky dostlaryny görmek bilen, Türkmenistana uly gyzyklanma bildirýärler, onuň bilen hemişelik aragatnaşyklaryň ösdürilmegine uly isleginiň bardygyny aýdýarlar. Şu jähtden hytaý salyrlary özleriniň ata-babalarynyň Hytaýa göçüp baranlaryndan soň geçen 800 ýylyň içinde Sýunhua Türkmenistanyň ilkinji resmi wekiliniň gelmegi Türkmenistan bilen Sinhaý welaýatynyň (Syunhua uýezdiniň) arasynda göni aragatnaşyklaryň ýola goýulmagynda uly rol oýnajakdygyny ençeme gezek bellediler.

Dogrudan hem, wakalardan öňe gidip aýtsak, onda soňky ýyllarda hytaý-türkmen gatnaşyklarynyň çäklerinde Sýunhuadan Türkmenistana barýan wekiliýetleriň sanynyň esli artandygyny belläp geçmek gerek. Hususan-da, 2000-nji ýylyň oktýabrynda Türkmenistanyň HHR-däki Adatdan Daşary we Doly ygtyýarly Ilçisiniň öz hökümetiniň adyndan çagyrmagy bilen, Sýunhuanyň, Sinhaýyň hökümet wekiliýeti Türkmenistanda boldy. Wekiliýete Hytaýyň Sinhaý welaýat halk syýasy konsultatiw sowetiniň başlygy, Sinhaý welaýatynyň salyrlary öwrenmek boýunça Jemgyýetiniň başlygy Han Insýuan (milleti boýunça salyr) ýolbaşçylyk etdi. Wekiliýet «Türkmenistanyň medeni mirasy» atly halkara ylmy maslahatynyň işine gatnaşdy. Şu setirleriň awtoryna 2000-nji ýylyň 1-nji dekabrynda ýazan hatynda Han Insýuan: «Türkmenistana bolan biziň saparymyz diňe bir iki halkyň özara düşünişmegine we däp bolan dostlugynyň pugtalanmagy-

na ýardam etmän, eýsem, Sinhaý welaýatynyň we Türkmenistanyň arasynda mundan beýläk-de dostlukly alyş-çalyşlaryň we hyzmatdaşlygynyň gowy esasyny döretdi» diýip ýazdy.

Türkmenistan üçin hytaý özgertmeleriniň tejribesi uly ähmiýete eýe bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde Sýunhuanyň, Sinhaýyň jemgyýetçiligi tarapyndan Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň toplan tejribesine uly gyzyklanmanyň bildirilmegi hem biz üçin örän ýakymly boldy.

Sinhaý welaýatynyň hökümetiniň ýolbaşçylarynyň, şol sanda hytaý salyrlarynyň biziň ýurdumyz bilen işjeň gatnaşyklary ösdürmeklige bolan uly islegi barada Türkmenistanyň Pekindäki ilçihanasyna 2000-nji ýylyň aýagynda Sýunhuadan gelip gowşan köpsanly hatlar hem şaýatlyk edýär. Geliň, şolaryň käbirine seredip geçeliň.

«Hytaý Halk Respublikasyndaky Türkmenistanyň hormatly Ilçisi A. Rahmanow! – Sinhaý welaýatynyň salyrlary öwrenmek boýunça Jemgyýetiniň başlygynyň orunbasary Ma Çenszýunyň 1999-njy ýylyň 4-nji oktýabrynda Sininden ýollan haty şeýle başlanýardy. – Men Ma Çenszýun, salyrlary öwrenmek boýunça milletler institutynyň dosenti. Men şeýle hem «Hytaý salyrlary» atly žurnalyň baş redaktorlaryndan biri.

Biz Siz bilen tanyşmak we türkmen alymlary bilen ylmy alyş-çalşygy ýola goýmagyň mümkinçilikleri bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak isleýäris. Salyrlar – oguzlaryň neberereleri. Men Türkmenistandaky salyrlaryň durmuşy bilen tanyşmak isleýärin.

Ýaňy-ýakynda men Sinhaý telewideniýesinden Siziň welaýat boýunça işçi saparyny amala aşyrýandygyňyz, Sýunhuadadygyňyz barada eşitdim. Nebsim agyrsa-da, men Sýunhua baranymda, Siz ol ýerden eýýäm yzyňyza dolanan ekeniňiz.

Meniň bilşime görä, Siz özüňiziň esasy, ýokary jogapkärli diplomatik işiňiziň daşyndan tükmen-hytaý gatnaşyklaryny, şeýle hem hytaý salyrlarynyň taryhyny çuňňur öwrenýän belli türkmen taryhçylaryndan biri bolmaly. Men biziň alymlarymyzyň arasynda ýakyn wagtda döredijilikli hyzmatdaşlygyň ýola goýuljakdygyna ynanýaryn».

1999-njy ýylyň 11-nji noýabrynda Sýunhuadan Şeýmusy Maçýenwen ahunyň Türkmenistanyň Pekindäki ilçihanasyna ýollan haty bilen tanyşmaklyk hem belli gyzyklanma döredýär. «Hormatly Türkmenistanyň Ilçisi! Men Sýunhua uýezdiniň Geýdzi metjidiniň ymamy

ahun Şeýmusy, Size uly salam ýollaýaryn. Şeýle hem men şu haty Size aramyzda eýýäm ýola goýlan işjeň aragatnaşyklary dowam etdirmek maksady bilen ýazýaryn. Siz özüňiziň işiňiziň juda köplügine seretmezden, ýaňy-ýakynda biziň uýezdimiziň, umuman, tutuş Sinhaý welaýatynyň jemgyýetçiligine Türkmenistandan dostluk salamyny getirdiňiz, hytaýly salyrlaryň däp-dessurlary bilen tanyşdyňyz, şol sanda biziň metjidimize baryp gördüňiz, uýezdiň jemgyýetçiliginiň öňünde çykyş etdiňiz we bularyň hemmesi bizde uly täsir galdyrdy. Şol bir wagtyň özünde hem men Sizden türkmen halkynyň durmuşy bilen tanyşmak, Garaman, Akman atalarymyz barada goşmaça maglumatlary toplamak üçin türkmen alymlary bilen duşuşmak maksady bilen biziň Türkmenistanda bolup görmegimiz üçin mümkinçilikleriň döredilmegine ýardam etmegiňizi Sizden örän haýyş edýärin!»

Sinhaý boýunça meniň iş saparymyň gidişinde hemme ýerde gyzgyn garşylandyk we men muňa Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň ýokary derejesiniň beýany diýip düşünýärin. Ýogsa-da, haçanda biz Sininden Pekine uçanymyzda howa menzilinde bizi şeýle hem protokolda göz öňünde tutulmadyk Sinhaý hökümetiniň birnäçe täze ýokary derejeli adamlary ugratdylar. Munuň özi, elbetde, Türkmenistana, türkmen halkyna edilen uly hormatyň nyşany boldy.

Meniň Sinhaý boýunça iş saparymyň üstünlikli geçmegine biziň ýolbeledimiz hökmünde gyzykly söhbetdeş bolan Guonyň bolmagy hem ýardam etdi. Adamlar bilen aragatnaşykda ol özüni takatly, özüne erk edip bilýän, edepli adam hökmünde görkezdi. Sebäbi parasatly pikirlerde aýdylyşy ýaly, sylagsyzlykdan, sypaýyçylyksyzlykdan ýaramaz zat bolmaýar.

Sinhaýa bolan iş saparymyz meniň durmuşymda iň ýatdan çykmajak wakalaryň biri boldy, türkmen-hytaý halklarynyň dostlugynyň we hyzmatdaşlygynyň geljekde hem pugtalanmagyna ýardam etdi. Sinhaý ýolbaşçylygy hem şeýle pikirde boldular.

Diplomatik protokola laýyklykda, Pekine dolanyp gelmegim bilen men, ozaly bilen, Sinhaý welaýatynyň ýolbaşçylarynyň adyna hat ýolladym we onda olara mähirli kabul edişlik we myhmansöýerlikleri üçin tüýs ýürekden minnetdarlygymyzy bildirdim, tutuş hytaý halkyna HHR-iň döredilmeginiň 50 ýyllygy mynasybetli mundan beýläk hem maddy we ruhy gülläp ösüşi sap ýürekden arzuw etdim.

## NETIJE

Taryh, häzirki zaman we geljek – bular bir-biri bilen özara bagly bolup durýarlar. Taryh geçmişiň hakykatydyr, şu günki hakykat bolsa geljekde geçmişe öwrüler. Şu jähtden, muny biziň barlaglarymyzyň aýdyň görkezişi ýaly, türkmen-hytaý gatnaşyklary özleriniň kökleri bilen taryhyň uzak jümmüşine – siwilizasiýalaryň arabaglanyşygyny üpjün eden Beýik Ýüpek ýolunyň gözbaşyna uzalyp gidýärler. Hytaý ülkesinden başlanyp, ähli zamanlarda Ýewropanyň we Aziýanyň ortasynda, başga sözler bilen aýdanymyzda, «dünýäniň ýedi ýolunyň çatrygynda» ýerleşen, Gündogaryň we Günbataryň siwilizasiýalarynyň birleşmegine düýpli goşant goşan, dürli milletleriň we medeniýetleriň arasynda özara alyş-çalyşlara we hyzmatdaşlyga ýardam eden Türkmenistanyň çäginiň üstünden şahalary geçen Ýüpek ýol arkaly Hytaýdan Günbatara kagyz öndürmegiň, kitap neşir etmegiň, çoýnuň, däriniň, magnit kompasynyň, farforyň syrlary baryp ýetipdir. Şol bir wagtyň özünde Hytaýyň topragyndan belentlik bilen ýörän we «asman» bedewi adyny alan türkmen halkynyň guwanjy bolan ahalteke aty biziň halklarymyzyň dostlukly aragatnaşyklarynyň taryhy şaýatnamasy boldy.

Ýüpek ýolunyň üsti bilen, şeýle hem nesilden-nesle özara düşünismegiň, ynamyň, parahatçylygyň, hyzmatdaşlygyň, dostlugyň, deňhukuklylygyň, açyklygyň, birek-birekden öwrenmegiň, özara peýdanyň we özara utuşyň ruhy geçipdir we şol ruh asyrlaryň, müňýyllyklaryň dowamynda barha baýlaşypdyr. Hut şonuň üçin hem Türkmenistanyň we Hytaýyň çäklerinde dürli taryhy döwürlerde bolup geçen we dünýä taryhynyň gidişine özüniň belli täsirini ýetiren gadymy siwilizasiýalaryň ýörelgeleriniň şondan soňky döwürlerde iki ýurduň arasynda däbe öwrülen dostlukly we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň esasyny tutandyklary, işjeň syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni aragatnaşyklaryň ýola goýulmagyna we ösmegine uly ýardam edendikleri aýdyňdyr.

Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň iň täze taryhy Türkmenistanyň öz Garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen 1992-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda iki dostlukly ýurduň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagy bilen gönüden-göni baglydyr. Türkmenistanyň we Hytaýyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň, şeýle hem halkara durmuşynyň möhüm meseleleri boýunça garaýyşlarynyň meňzeş bolmagy ýa-da gabat gelmegi olara netijeli hyzmatdaşlygy hemme taraplaýyn ösdürmäge mümkinçilik berýär. Diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlan pursadyndan bäri geçen 25 ýyldan gowrak wagtyň içinde dürli ugurlarda ilkitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmekde uly üstünlikler gazanyldy.

Türkmenistanyň we Hytaýyň arasynda strategik hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy, dostluk we hyzmatdaşlyk barada Şertnama gol çekilmegi türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň ösüşinde täze döwri alamatlandyrdy. Türkmen-hytaý strategik hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmek we çuňlaşdyrmak maksady bilen Türkmenistan we Hytaý, ozaly bilen, döwlet özygtyýarlylygyny, howpsuzlygyny we çäkleriniň bitewüligini üpjün etmek boýunça tagallalarda bir-birini berk goldamakdan, umumy ösüşi we gülläp ösmegi gazanmak maksady bilen gatnaşyklary güýçlendirmekden, durmuş-ykdysady ösüş boýunça syýasaty utgaşdyrmakdan, «Ýüpek ýolunyň ykdysady guşagyny» döretmegi bilelikde dowam etdirmekden, söwda-ykdysady hyzmatdaşlykda özara üstüni ýetirmek mümkinçiligini durmuşa geçirmekden, umuman, ykdysady çäkde hyzmatdaşlygy giňeltmek barada Ýörite maksatnama işläp taýýarlamakdan, ony netijeli durmuşa geçirmekden we ş.m. ugur alýarlar.

Türkmen-hytaý strategik hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň ösdürilmegi iki ýurduň we sebitiň howpsuzlygyna hem-de durnuklylygyna düýpli howp bolup durýan «üç apatyň güýjüniň», neşe serişdeleriniň bikanun söwdasynyň we serhedüsti guramaçylykly jenaýatçylygyň garşysyna bilelikdäki işiň alnyp barylmagyny, hukuk goraýjy we beýleki degişli edaralaryň arasynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy we gatnaşyklary hemmetaraplaýyn giňeltmekligi hem talap edýär. Şu jähtden, Türkmenistan we Hytaý özleriniň Ýaragly Güýçleriniň arasynda hem ýokary derejede alyşmalary we özara saparlaryny giňeldýärler, harby babatda özara ynanyşmagy berkidýärler.

Medeniýet tutuş adamzadyň umumy ruhy emlägi bolup durýar. Sazlaşykly dünýäni gurmakda halkara medeni alyşmalar uly rol oýnaýarlar, sebäbi medeni alyşmalaryň netijesinde medeniýetiň özi baýlaşýar, dostluk pugtalanýar. Şunlukda, strategik hyzmatdaşlygyny çuňlaşdyrmak hem iki ýurduň halklarynyň arasynda dostlugy pugtalandyrmakda medeni-gumanitar hyzmatdaşlygyň möhüm rolundan gelip çykýar. Şonuň üçin hem Türkmenistan we Hytaý iri möçberli medeni-sport çäreleri, özara Medeniýet günlerini geçirmekde birek-biregi goldaýarlar, talyplary alyşmak we dilleri öwrenmek, ylmy, syýahatçylygy ösdürmek boýunça hyzmatdaşlygy giňeldýärler, iki ýurduň sebitleriniň arasyndaky gatnaşyklara we hyzmatdaşlyga işjeň ýardam berýärler.

Türkmenistan hem, Hytaý hem her ýurduň hakyky ýagdaýyny nazara almak bilen, olaryň saýlap alan ösüş ýoluny halkara bileleşiginiň hormatlamalydygyndan gelip çykýarlar. HHR Merkezi Aziýa sebitinde howpsuzlygy, durnuklylygy we ösüşi gorap saklamakda Türkmenistanyň tagallalaryna ýokary baha berýär, biziň ýurdumyz bilen ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn esasda hyzmatdaşlygy berkitmäge, sebit we ählumumy häsiýetli howplara we wehimlere garşy bilelikde göreşmäge, sebitde we bütin dünýäde hemişelik parahatçylygy, durnuklylygy we gülläp ösüşi pugtalandyrmaga zerur bolan goşandy goşmaga taýýardygyny hemişe bildirýär.

Türkmenistan we Hytaý şeýle hem Merkezi Aziýada howpsuzlygyň we durnuklylygyň pugtalanmagynyň Owganystandaky syýasy ýagdaýyň kadalaşdyrylmagy bilen ýakyndan baglydygyny belleýärler, halkara bileleşigi bilen bilelikde bu goňşy ýurduň parahatçylykly galkynmagyna işjeň gatnaşýarlar.

Elbetde, türkmen-hytaý strategik hyzmatdaşlyk gatnaşyklary iki ýurduň Birleşen Milletler Guramasyndaky köptaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň hasabyna hem çuňlaşýar. Bu ýerde Türkmenistan we Hytaý iki ýurduň hem ösmegi üçin amatly halkara ýagdaýyny döretmek maksady bilen, gyzyklanma bildirýän halkara we sebit meseleleri boýunça gatnaşyklary saklamagy, şeýle hem sebit we ählumumy häsiýetdäki howplara garşy bilelikde göreşmegi maksat edinýärler, dünýäde parahatçylygy gorap saklamak işinde, bilelikdäki ösüşi gazanmakda we halkara hyzmatdaşlygyny höweslendirmekde BMG-niň esasy ornuny goldaýarlar.

Türkmenistan we Hytaý şeýle hem BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň özgerdilmeginden, ilkinji nobatda, bu Geňeşiň çözgütlerini kabul etmäge köp ýurtlaryň gatnaşyp bilmekleri üçin, ösýän ýurtlaryň wekilçiliginiň ýokarlandyrylmagyndan, Howpsuzlyk Geňeşiniň özgerdilmeginiň uzakdan görüjilikli bolmalydygyndan ugur alýarlar.

«Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüni» döretmek hakynda Türkmenistanyň ösüşiniň strategiýasynyň we beýik milli galkynyş hakyndaky «hytaý arzuwynyň» özara baglanyşyklykda yzygiderli hasyl bolmagy türkmen-hytaý gatnaşyklaryny barha ýokary derejä göterýär, iki ýurduň bilelikdäki ösüşine uly itergi berýär, sebitde we dünýäde parahatçylyga, durnuklylyga we gülläp ösüşe ýardam edýär. «Hytaý Halk Respublikasy bilen ýurdumyzy ysnyşykly dostluk we strategik hyzmatdaşlyk gatnaşyklary baglanyşdyrýar diýlip Türkmenistanyň daşary saýasatynyň 2017–2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda aýdylýar. – Häzirki döwürde Hytaý Türkmenistanyň iri daşary söwda hyzmatdaşy bolup durýar. Bu ýurt bilen hyzmatdaşlyk etmek özara bähbitli we uzak möhletli esasda ýola goýulýar».

Şol bir wagtyň özünde hem biziň eýýamymyzdan öňki II asyrdan XXI asyryň ikinji onýyllygynyň ikinji ýarymynyň başlaryna çenli bolan aralykda Türkmenistanyň Hytaý bilen gatnaşyklaryna hemmetaraplaýyn seredip geçýän, olaryň esasy döwürleriniň aýratynlyklaryny seljerýän, türkmen-hytaý syýasy, ykdysady, ylmy-tehniki we medeni-ynsanperwer gatnaşyklarynyň esasy ugurlaryny, görnüşlerini, mazmunyny, täsirliligini we ähmiýetini giňişleýin açyp görkezýän, şeýle hem türkmen okyjylaryny beýik gündogar goňşymyz bolan Hytaýyň, hytaý halkynyň, şol sanda hytaý türkmenleriniň taryhy, medeniýeti, däp-dessurlary bilen tanyş edýän «Türkmenistan–Hytaý: taryh we häzirki döwür» atly şu okuw gollanmasynyň ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň halkara gatnaşyklary we diplomatiýa, halkara hukugy, halkara ykdysady gatnaşyklary, halkara žurnalistikasy, syýasaty öwreniş, gündogary öwreniş hünärleriniň talyplarynyň hünär taýýarlygynyň has-da ýokary täsirliliginiň üpjün edilmegine ullakan goşant goşjakdygyna ynanýarys.

# DIPLOMATIK WE DAŞARY ÝURT SÖZLERINIŇ GYSGAÇA SÖZLÜGI, BELLIKLER

**Altyntag** – Tarim we Saýdam çöketligini bölýän Hytaýyň günbataryndaky daglar. Onuň uzynlygy 800 kilometr, beýikligi 6161 metre golaý. Ony buzluklar, daş çökündili, şor çöllük we ýarym çöllük tutýar.

**Alhimiýa** – ylmy himiýadan öň bolup geçen orta asyr mistiki taglymat.

**Amur** (mongolça – Hara Muren, hytaýça – Heýlunszýan). Uzak gündogardaky derýa.

**Amul** – häzir Türkmenabat şäheriniň golaýyndaky harabaçylyk. Amulyň ilkinji ýaşaýjylary köne we täze eýýamyň çatrygynda, mundan, takmynan, 2100 – 2000 ýyl ozal peýda bolupdyrlar. Eýýäm irki ortaasyrlarda (V – VII asyrlar) şähere, IX – XI asyrlarda bolsa meýdany 175 gektar bolan köp milletli uly şähere öwrülýär. Amul söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşipdir, bu ýerde günbatardan gündogara (Merwden Buhara we ondan Hytaýa) we demirgazykdan günorta (Horezmden Owganystana we Hindistana) tarap kerwen ýollary geçipdir. Amul 1220-nji ýylda mongollar tarapyndan ýumrulypdyr.

**Aral deňzi** – XIII asyrda Horezm deňzi diýlip atlandyrylypdyr

**Beýik kanal** – Pekinden Hançžow şäherine tarap uzalyp gidýär, Huanhe, Huaýhe, Ýanszy derýalary kesip geçýär. Uzynlygy 1782 kilometr. Kanalyň gurluşygy VI – VII asyrlarda gurlan kanallaryň esasynda XIII asyrda tamamlanypdyr.

**«Belanyň üç güýji»** – separatizmi, terrorçylygy we ekstremizmi aňladýar.

**«Bir ýurt – iki gurluş»** – munuň özi Watany täzeden birikdirmek üçin beýik işi amala aşyrmak maksady bilen taýwan, sýangan we aomyn meselelerini tertibe salmak boýunça HKP we Hytaý hökümeti tarapyndan öňe sürlen ylmy konsepsiýa. Bu konsepsiýanyň esasy mazmuny şudur: Hytaýyň bütewüligi jähtinden ýurduň esasy böleginde sosialistik gurluş amala aşyrylmagyny dowam etdirýär; Hytaýyň aýrylmaz bölegi bolan Taýwanda, Sýanganda we Aomende uzak wagtyň dowamynda öň ýaşap gelen kapitalistik gurluş we durmuş keşbi üýtgewsiz saklanyp galýar; Taýwan, Sýangan we Aomen ýokary derejede awtonomiýadan peýdalanýarlar. Şu konsepsiýa

laýyklykda Sýangan we Aomen 1997-nji we 1999-njy ýyllarda Watana gaýdyp geldiler.

**«Beýik proletar medeni rewolýusiýasy»,** gysgaça – «medeni rewolýusiýa» – 1966-njy ýylyň maýyndan 1977-nji ýylyň oktýabryna çenli bolan aralykda Hytaýda ýaýbaňlandyrylan, Mao Szedun tarapyndan turuzylan we oňa giň halk köpçüligi çekilen, Lin Býaonyň we Szýan Siniň topary tarapyndan peýdalanylan syýasy kompaniýa. «Medeni rewolýusiýa» Hytaýyň Kommunistik partiýasyna, ýurda we Hytaýyň halkyna örän uly betbagtlyk getirdi.

**Beýik Hytaý tekizligi** – Hytaýyň Gündogarynda ýerleşýär, Sary we Gündogar Hytaý deňizleri tarapyndan ýuwulýar. Meýdany – 325 müň inedördül kilometr. Derýalary – Huanhe, Huaýhe we başgalar; dünýäniň iň milleti köp raýonlaryndan biri. Uly şäherleri – Pekin, Týanszin we başgalar.

**Beýik Hytaý diwary** – Demirgazyk Hytaýda ýerleşýän gala diwary, Gadymy Hytaýyň jaý salmak sungatynyň täsin ýadygärligi. Szýaýuýguandan (Gansu welaýaty) Lýaodun aýlagyna çenli uzalyp gidýär. Uzynlygy 5 müň kilometr, beýikligi 6,6 metr, käbir ýerlerde bolsa 10 metre ýetýär. Esasy bölegi b.e. öňki III asyrda salnypdyr. Diwaryň gurluşygyna 3 million adam, ýagny her iki erkekden biri çekilipdir. Iň bir ujypsyz närazylyk ýa-da boýun egmezlik ýüze çykan ýagdaýynda «günäkärler» gurluşyga ýollanypdyrlar. Maşgalalaryndan üzňeleşdirilen daýhanlar açlykda we sowukda ýykylyp galýança işledilipdirler.

**«Bir zolak, bir ýol»** – munuň özi «Ýüpek ýolunyň Ykdysady zolagyny» we «XXI asyryň deňiz Ýüpek ýoluny» aňladýar.

**Buddizm** – (hristianlyk we yslam bilen bir hatarda) b.e. öňki VI asyrda Hindistanda dörän we özüniň meşhur esaslandyryjysy Gautamanyň (b.e. öňki 623 – 544 ý.) ady dakylan, soňra bolsa Budda (joşgunly) adyny alan dünýä dinleriniň biri. Buddizm Hytaýda, Ýaponiýada, Birmada we Gündogaryň ençeme ýurtlarynda ýaýrandyr.

**Çan-Çun** – Çingiz han öz saglygy we ömrüni uzaltmak barada alada etmek bilen, tejribeli lukmanlaryň gözleginde bolupdyr. Oňa hamana ýeriň we asmanyň ähli syrlaryny açan, hatda ömürlik ýaşamagyň serişdesini hem bilýän Çan-Çun atly belli akylly adam barada gürrüň beripdirler. Çan-Çun barada Çingiz hanyň geňeşçisi we ýyldyzlar boýunça okap bilýän Elýuý Çusaý şeýle diýipdir: «Çan-Çun Szy –ýokary kämilligiň adamsydyr. Bu ýaşuluda öňden bäri durnalarda uçup, bulutlaryň arasynda bolmak ukyby bar we ol beýleki jandarlara öwrülip bilýär. Dünýä eşretinden ýüz öwürmek bilen, beýleki akyldarlar bilen ol adama uzak ömür we ömürlik ýaşaýşy getirýän

«dan», ýagny «hormat» atly filosofiýa daşyny gözläp daglarda ýaşaýar. Öz pikirleri bilen gümra bolup, ol bir görseň jeset ýaly oturandyr, bir görseň bolsa ençeme günläp agaç ýaly durandyr, bir görseň gök gürrüldisi ýaly gepleýändir, bir görseň bolsa ýeňil, ýel ýaly ýöreýändir. Ol köp gören we köp eşiden, şeýle hem onuň okamadyk kitaby ýokdur».

Çingiz han bu adaty bolmadyk ýaşulyny gözläp tapmagy buýurýar we onuň ýollan adamlary Hytaýa gelip, beýik daglara barýarlar we şol ýerde ot-çöp basyp giden dag jülgesinde mejalsyz, könelen eşigi zordan bedenini ýapýan akylly gojany tapýarlar.

**Čžu De**–(1886–1976). 1959-njy ýyldan Halk wekilleriniň Ählihytaý ýygnagynyň Hemişelik komitetiniň Başlygy, 1956–1969-njy ýyllarda Hytaýyň Kommunistik Partiýasynyň (HKP) Merkezi Komitetiniň (MK) Hemişelik komitetiniň Syýasy býurosynyň agzasy. 1945–1956-njy ýyllarda HKP MK-nyň sekretary, 1956–1966-njy ýyllarda HKP MK-nyň başlygynyň orunbasary. 1931–1937-nji ýyllarda Hytaýyň Gyzyl goşunynyň Baş komanduýuşisi. 1945–1954-nji ýyllarda Hytaýyň Halk azat-edijilik goşunynyň Baş komanduýuşisi. 1954–1959-njy ýyllarda HHR-iň Başlygynyň orunbasary.

**Çingiz han** (takm.1155–1227, Temudžin, Temuçin) – Mongol imperiýasyny döreden we beýik han (1206-njy ýyldan), Aziýanyň we Gündogar Ýewropanyň halklarynyň garşysyna basybalyjylykly ýörişleriň guramaçysy. Onuň ýörişleri weýran edilmeler, tutuş halklaryň ýok edilmegi bilen häsiýetlendirilipdir we basylyp alnan ýurtlarda agyr mongol-tatar zulumynyň ýola goýulmagyna getiripdir.

**Dalaý-lama** – (mongolça «dalaý» – deňiz (pähimli) we lama (XVI asyrdan bäri) Tibetdäki lamaist buthanasynyň ilkinji ruhanysynyň ady. (Dalaý-lama institutynyň gelip çykyşy XV asyryň başyna degişlidir). 14-nji dalaý- lama 1959-njy ýylda Tibetde bolan gozgalaňdan soň emigrasiýada (Hindistanda) ýaşaýar.

**Dalýan** – Hytaýyň Lýaonin welaýatyndaky şäher, Sary deňzindäki port. Gämi gurluşyk senagaty, balykçylyk pudaklary ösendir. Dalýan ruslar tarapyndan Dalniý ady bilen Hytaýdan 1898-nji ýylyň Konwensiýasy esasynda Russiýa tarapyndan wagtlaýyn kireýne alnan territoriýada esaslandyryldy. 1904 – 1905-nji ýyllarda Ýaponiýa tarapyndan basylyp alyndy we Sowet Goşuny tarapyndan 1945-nji ýylyň awgustynda azat edildi. Sowet-hytaý şertnamasy boýunça 1945-nji ýylda hytaý hökümeti tarapyndan azat port diýlip yglan edildi. Portuň gämi duralgalary, ammar jaýlary Sowet Soýuzy-

na 30 ýyllyk möhlet bilen kireýne berildi. 1950-nji ýylda SSSR Dalýanda kireýne alan territoriýasyndaky özüniň ähli emlägini HHR-e mugt berdi.

**Dao** (hytaýça sözme-söz «ýol» diýmekligi aňladýar). Dao – hytaý filosofiýasynyň esasy düşünjelerinden biridir. Konfusiýanyň düşünişinde dao – «adamyň ýoly», başgaça aýdylanynda, ahlak taýdan özüňi alyp barmakdyr we ahlaga esaslanýan sosial tertipdir.

**Daosizm** – 1) gadymy hytaý filosofiýasynyň esasy ugurlarynyň biri; b.e. öňki IV–III asyrlarda döräpdir. Esasy ylmy eserleri «Lao-szy» we Čžuan-szy». Esasy düşünje – dao. Konfusianlyga garşy durýan daosizm taglymatynyň merkezinde özüňden borçlary aýyrmaklyga, tebigata golaý bolan durmuşa gaýdyp gelmeklige bolan çagyryş durýar. 2) Hytaý dinleriniň biri. B.e. II asyrynda döräpdir. Daosizme eýerýänleriň esasy maksady ençeme tärleriň kömegi, ýagny berhiz tutmak, fiziki maşklar we ş.m. etmek arkaly uzak ýaşamaklyk bolup durýar. Häzirki wagtda daosizmiň täsiri ujypsyzdyr.

**Diaspora** (gr. diaspora – pytrama; dumly-duşa ýaýrama. Halkyň (etniki umumylygyň) esli bölegініň onuň gelip çykan ýurdunyň çäginden daşarda bolmagy; diasporalar mejbury göçürmeleriň, genosit howpunyň abanmagy, belli sosial-taryhy ýagdaýlaryň netijesinde döräpdir.

**Dunganlar** – hueý halkyýetiniň toparlarynyň biri. Demirgazyk-Günbatar Hytaýda ýaşaýarlar.

**Elýuý Çu Saý** ( 1189–1243). 1218-nji ýyldan Çingiz hanyň geňeşçisi. Ol özüniň bilimi, goşgulary, hytaý kanunlaryny, köşk dabaralaryny gowy bilmegi bilen şöhratlanypdyr. Ykbala ynanýan Çingiz hana ol astrolog we ýyldyzlar boýunça geljegi öňünden aýdýan adam hökmünde has hem ýarapdyr. Çingiz han ony basylyp alnan ýerleri dolandyrmak boýunça özüniň esasy geňeşçisi edipdir we Elýuý Çu Saý mongol imperiýasynyň görnükli işgäri bolup ýetişipdir. Ol şahsy durmuşda dogruçyllygy we Çingiz hanyň gazabyny ýatyrmak ukyby bilen tapawutlanypdyr. Ol «Günbatara tarap syýahatyň ýazgylary» atly kitabyň awtorydyr. Elýuý Çu Saý ölenden soň, onda kitaplardan we astronomik gurallardan başga hiç hili baýlyk tapylmandyr.

**Fermentasiýa** (lat. fermentare – ajamak, turşamak) – munuň özi mikroorganizmiň degişli görnüşleri tarapyndan işlenip çykarylýan fermentleriň täsiri astynda bolup geçýän, çig maly, mysal üçin, çaý ýapraklaryny täzeden işlemekligiň biohimiki ýagdaýy.

**Gandisyşan** – Tibet daglyk ýeriniň günortasyndaky dag ulgamy. Gimalaý daglary bilen 1600 kilometr ugurdaş uzalyp gidýär.

**Gansu** – Hytaýyň demirgazyk-günbataryndaky welaýat. Administratiw merkezi – Lançžow.

**Gimalaý daglary** – Tibet daglyk ýeriniň (demirgazygynda) we Hindi-Gang tekizliginiň (günortasynda) arasynda ýerleşýän Ýer togalagynyň iň beýik dag ulgamy. Uzynlygy – 2400 kilometr, beýikligi – 8848 *m*. Buzluklar 33 müň inedördül metri tutýar.

**Geçileriň angor tohumy** – ýüňli (Angora Ankaranyň gadymy adyndan gelip çykýar). Gadymda ösdürilip ýetişdirilipdir. Ýüňi ýarym inçe, ýalpyldaýan ak reňkli, uzynlygy 20-25 *sm*. Erkeçlerden 7 *kg*, ene geçilerden bolsa 3-4 *kg* gyrkym ýüňi alynýar. Türkiýede, ABŞ-da, Afrika ýurtlarynda, Awstraliýada ösdürilip ýetişdirilýär.

**Gonkong** (Hongkong) Sýangan territoriýasynyň iňlisçe ady.

**Huanhe** (Sary derýa) Uzynlygy 4845 *km*. Gözbaşyny Tibet daglyk ýeriniň günortasyndan alýar, mele toprakly ýaýla, Beýik Hytaý tekizliginiň üstünden Hetao düzlügi boýunça akýar. Sary deňziniň Bohaýban aýlagyna guýýar. 790 kilometrinde gämi gatnaýar.

**Hytaý Çançun demir ýoly** (HÇDÝ). Hytaýyň demirgazyk-gündogaryndaky demir ýol magistraly. Hytaý Gündogar demir ýoly (HGDÝ) ady bilen Russiýa tarapyndan 1897–1903-nji ýyllarda guruldy. Rus-ýapon urşundan soň (1904–1905) HGDÝ-yň gündogar ugry Ýaponiýa geçdi we ol Gündogar-Mançžur demir ýoly (GMDÝ) atlandyryldy. 1924-nji ýyldan HGDÝ SSSR we Hytaý tarapyndan bilelikde dolandyryldy. 1935-nji ýylda SSSR HGDÝ-y Mançžow Gonuň häkimiýetlerine satmaly boldy. 1945-nji ýylyň awgustyndan GMDÝ we HGDÝ HÇDÝ umumy ady bilen SSSR we Hytaý tarapyndan bilelikde dolandyryldy. 1952-nji ýylda Sowet hökümeti HÇDÝ-y hytaý hökümetine mugt berdi.

**Harbin** – Hytaýyň demirgazyk-gündogarynda, Sungari derýasynyň boýunda ýerleşýän şäher. Heýlunszýan welaýatynyň administratiw merkezi. Harbiniň gurluşygy 1898-nji ýylda Russiýa tarapyndan Hytaý-Gündogar demir ýolunyň gurulmagy bilen başlandy. 1932–1945-nji ýyllarda ýaponlar tarapyndan basylyp alyndy. 1945-nji ýylyň awgustynda Sowet Armiýasy tarapyndan azat edildi we Hytaýa gaýtarylyp berildi.

**Horezm** – Amyderýanyň aşak başlarynda ýerleşen döwlet bolupdyr. XIII asyrda Horezme Aral deňzinden Pars aýlagyna çenli aralykdaky örän uly territoriýa tabyn bolupdyr.

**Hytaý aýratynlygy bilen sosializm gurmaklygy esaslandyrmak** – munuň özi, Hytaýyň häzir we entäk uzak wagtyň dowamynda sosializmiň

başlangyç derejesinde bolýanlygy we boljaklygydyr. Umumy ýerbe-ýer goýuşdyrmak – munuň özi bäş jähtleriň – ykdysadyýetiň, syýasatyň, medeniýetiň, jemgyýetiň we ekosiwilizasiýanyň birligi we umumy wezipe – munuň özi sosialistik kämilleşdirmekligi geçirmek we hytaý milletiniň ýokary göterilişini gazanmakdyr. Bu üç sany umumylaşdyrma çuňňur düşünmek hytaý aýratynlygy bilen sosializmiň esasy hakykatyna we esasy kadalaryna düşünmeklige ýardam edýär.

**Hytaý arzuwy** – munuň özi beýik döwlet, milletiň galkynmagy, halk bagty hakyndaky arzuwdyr. Munuň özi 2010-njy ýylyň görkezijileri bilen deňeşdirilende 2020-nji ýyla çenli jemi içerki önümi (JIÖ) we şäher we oba ilatynyň jan başyna düşýän orta girdejisini iki esse artdyrmakdyr, orta gurply jemgyýeti doly gurmakdyr, XXI asyryň ortasyna çenli bolsa baý we kuwwatly, demokratik we siwilizlenen, sazlaşykly we kämilleşen sosialistik döwleti gurmakdyr.

**Hublaý han** (1215–1294) – 5-nji beýik mongol hany (1260-njy ýyldan başlap), Çingiz hanyň agtygy. 1279-njy ýylda Hytaýyň basylyp alynmagyny tamamlaýar. Ýaponiýanyň, Wýetnamyň, Birmanyň garşysyna şowsuz basybalyjylykly ýörişleri edýär.

**Hunweýbinler** – («gyzyl goragçylar»). 1966-njy ýylda Hytaýda «medeni rewolýusiýa») döwründe orta mekdepleriň okuwçylaryndan we talyplardan döredilen otrýadlara gatnaşyjylar. Mao Szedunyň garşydaşlaryna garşy göreşde ulanyldylar.

**Hunlar** – gadymda Merkezi Aziýada döräp, göçüp-gonup ýören çarwa halk. IV asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap olaryň günbatara köpçülikleýin göçmegi bolup geçýär. Ençeme german we beýleki taýpalary özüne boýun egdiripdirler, taýpalaryň kuwwatly birleşigine ýolbaşçylyk etmek bilen, ençeme ýurtlara weýran ediji ýörişler edipdirler. Attile döwründe olaryň kuwwaty ýokary derejä ýetipdir. Hunlaryň günbatara süýşmegi olaryň Katalaun meýdanynda (451) derbi-dagyn edilmegi bilen togtadylypdyr. Attileniň ölmegi bilen taýpalaryň birleşigi dagapdyr. Hunlar Hytaýda sýunlar, Ýewropada bolsa gunlar diýlip atlandyrylýar.

**Jeýhun** – XIII asyrda Amyderýanyň ady.

**Jomolungma** (Ewerest) – Gimalaý daglaryndaky ýeriň ýüzünde iň beýik dag depesi (8848 *m*). Buzluklar. Ilkinji gezek 1953-nji ýylyň 29-njy maýynda boýun egdirildi.

**Kagyz** – ilkinji gezek II asyrda Hytaýda alnypdyr. IX asyrdan başlap, esasan, agaçdan taýýarlanylýar. Kagyzyň 600-den gowrak görnüşi mälimdir.

**Konfusi** (Kun-szy), takmynan, b.e. öňki 551–479-njy ýyllarda ýaşan, gadymyhytaý akyldary, konfusianlygy esaslandyran. Konfusiniň esasy garaýyşlary «Lun ýuý», ýagny «Söhbetdeşlikler we garaýyşlar» kitabynda beýan edilýär.

**Konfusianlyk** – b.e. öňki V asyrda gadymyhytaý akyldary Konfusi tarapyndan işlenip düzülen filosofiýa we etika ulgamy (taglymaty); konfusianlyk asman tarapyndan bellenen jemgyýetçilik tertipleriň, durmuş deňsizliginiň mizemezligini goraýan hytaý dinleriniň biri. B.e. öňki II asyrdan Sinhaý rewolýusiýasyna çenli (1911–13) konfusianlyk resmi döwlet ideologiýasy bolupdyr.

**Kworum** – ýygnaga zerur gatnaşmalylaryň sany.

**Lamaizm** – buddizmiň tibet-mongol görnüşi; Tibetiň we Içerki Mongoliýanyň (HHR) awtonom raýonlarynda ýaýrandyr, şeýle hem Mongoliýa Halk Respublikasynda, Nepalyň, Hindistanyň we Russiýanyň käbir raýonlarynda oňa eýerýänleriň belli bölekleri ýaşaýarlar.

**Lhasa**–Hytaýdaky şäher; Tibet dagly ýerindäki Džiru derýasynyň jülgesinde, 3,5 müň metrden hem ýokary belentlikde ýerleşýär. VII asyrda tibet patyşasy Sronizangambo tarapyndan esaslandyrylan. Lamaizmiň dini merkezi; köşk –Potalyň buthanasy (Dalaý-lamanyň rezidensiýasy).

**Lotos** (gr. lotos) – owadan uly gülleri bilen köpýyllyk ýer-suw ot ösümlikleriň lotos maşgalasynyň neslinden; tohumy we köki iýmit we mal üçin iýmit hökmünde ulanylýar; Hindistanda we Hytaýda mukaddes ösümlik hasap edilýär.

**Mançžow Go** – (Mançžur döwleti), 1932–45-nji ýyllarda ýapon imperialistleri tarapyndan demirgazyk-gündogar Hytaýyň – Mançžuriýanyň çäginde döredilen oýnatgy döwlet. 1945-nji ýylyň awgustynda Sowet Goşuny demirgazyk-gündogar Hytaýy ýapon basybalyjylaryndan azat etdi, netijede, Mançžow Go ýaşamagyny bes etdi.

**Meditasiýa** (lat. meditatio sözünden – oýlanma, oýlanyş), maksady adamyň psihikasyny çuňlaşdyrmak we jemlenmek ýagdaýyna getirmek bolup durýan akyl hereketidir; beden gowşaklygy, emosional ýüze çykmalaryň bolmazlygy, daşky obýektlerden üzňelik bolup geçýär. Meditasiýanyň usullary dürlüdir. Hindi filisofiýasynda we dininde ( aýratyn hem, ýogada) möhüm rol oýnaýar. Meditasiýa we onuň psihoterapewtik jähtlerine bolan gyzyklanma psihoanaliziň käbir ugurlary üçin häsiýetlidir.

**Monte-Karlo şäheri** – örän kiçi döwlet bolan Monakoda ýerleşýär. Monte-Karlo humarhana (kazino), syýahatçylygyň merkezidir. Onda 30

müňden gowrak daşary ýurtly baý adamlar ýaşaýar we munuň özi döwletiň hususy raýatlaryndan 5 esse köpdür.

**Mukaddes daş** – orta asyr alhimikleriniň düşünjesine görä, metaly altyna öwrüp bilýän, ähli keselleri bejerýän, ýaşlygy gaýtadan getirip bilýän fantastik täsirli jisim.

**Pançen-lama** – (sanskritçeden «pan» pandit (alym) sözüniň gys-galdylan görnüşi, tibetçe «çen» (beýik) we lama. Dalaý-lama bilen bir hatarda lamaizmde ýokary şahsyýet; dünýewi häkimiýete eýe däldir. Dalaý-lamadan soňky at, ýöne özüniň ruhy derejesi boýunça dalaý-lamadan ýokarda durýar.

**Parahatçylykly ýaşaşmagyň bäş ýörelgesi** – 1954-nji ýylda Hytaý, Hindistan we Birma tarapyndan jar edildi hem-de olar territorial bütewüligi we özbaşdaklygy özara hormatlamak, birek-biregiň üstüne çozmazlyk, birek-biregiň içerki işlerine goşulmazlyk, deňlik we özara peýda, parahatçylykly ýaşaşmak ýaly ýörelgeleri öz içine alýar.

**Salarlar ýa-da salyrlar** – türkmen salyr taýpasy we ol 24 sany oguz-türkmen taýpalarynyň düzümine girýär.

**Salyr Gazan** – salyrlaryň meşhur urugbaşysy, «Gorkut ata» kitabynyň esasy gahrymany.

**Sekta** – häkimlik edýän buthanadan aýrylan dini toparlanyşyk.

**Sinolog** – sinologiýa boýunça hünärmen, kitaist.

**Sinologiýa** (lat. Sino Hytaý + logiýa – hytaý dili, edebiýaty, Hytaýyň taryhy we medeniýeti baradaky ylym.

**Takla-Makan** – günbatar Hytaýda ýerleşýän çöl. Uzynlygy, takmynan, 1000 kilometr, ini bolsa 400 kilometr. Çägeleriň meýdany – 300 müň inedördül kilometr.

**Tatariýa** – XIII asyryň başynda häzirki Mongoliýanyň we günbatar Hytaýyň territoriýasy tatariýa diýlip atlandyrylypdyr.

**Tatarlar** – başda Mongoliýanyň göçüp-gonup ýören taýpalary özlerini «tatarlar» diýip atlandyrypdyrlar. Uly bolmadyk «mongol» taýpasyndan gelip çykan Çingiz hanyň tagta çykmagy bilen ol özüne tabyn bolan ähli taýpalara özlerini «mongollar» diýip atlandyrmaklaryny buýrupdyr.

**Tibet daglyk ýeri** –Merkezi Aziýada, Hytaýda ýerleşýär, takmynan, 2 million inedördül kilometr ýeri tutýar. Gimalaý we beýleki daglar tarapyndan çäklendirilýär. Tibet daglyk ýerinden Ýanszy, Huanhe ýaly derýalar öz gözbaşyny alýarlar.

**Tirýek urşy** – Beýik Britaniýa tarapyndan 1840 – 1842-nji ýyllarda turuzylan basybalyjylykly uruş. 1840-njy ýylda Hytaý tarapyndan ýurda

tirýek getirmeklige goýlan gadagançylykdan soň, iňlis hökümeti özüniň söwda bähbitlerini goramaklygy sebäp edinip, Hytaýa harby güýçleri ugradýar. Hytaý goşunlary Guandun we Guansy welaýatlarynyň general-gubernatory Lin Szesýuýanyň ýolbaşçylygynda iňlis goşunlaryna garşylyk görkezipdirler. 1842-nji ýylda Beýik Britaniýanyň goşunlary Ýanszy derýasynyň aýagyny basyp alýarlar we Sin hökümetini Beýik Britaniýa bilen deňhukuksyz «Nankin şertnamasyna» gol çekmäge mejbur edýärler.

**Ýuan** – Hytaý Halk Respublikasynyň pul birligi, 10 szýao ýa-da 100 fynýa deňdir.

**Ýak** (tibet.) – gäwüş gaýtarýan, bedeniniň aşaky bölegi uzyn ýüňli uly haýwan; ýabany ýagdaýynda diňe Tibetde saklanandyr; ýük ýüklenýän öý haýwanlary hökmünde Merkezi Aziýada, Mongoliýada, Altaýda köpeldilýär; şeýle hem onuň ýüňi, eti we derisi ulanylýar.

**Şanhaý hyzmatdaşlyk guramasy (ŞHG)** – hökümetara halkara guramadyr we 2001-nji ýylyň 15-nji iýunynda bu guramanyň döredilýändigini alty ýurt, şol sanda Hytaý Halk Respublikasy, Russiýa Federasiýasy, Gazagystan Respublikasy, Gyrgyzystan Respublikasy, Täjigistan Respublikasy, Özbegistan Respublikasy jar etdiler. 2017-nji ýylyň iýunynda Astanada bolup geçen ŞHG-niň maslahatynda bu gurama Hindistan hem kabul edildi. ŞHG-niň esasy maksatlary agza-ýurtlaryň arasynda özara ynamy we hoşniýetli goňşuçylygy pugtalandyrmak; syýasy, söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni çäklerde netijeli hyzmatdaşlyga ýardam etmek; sebitde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy bilelikde üpjün etmek; demokratik, adalatly we pähimli täze halkara syýasy we ykdysady düzgüniň döredilmegine tarap öňe gitmek bolup durýar. ŞHG-niň agza ýurtlarynda nobat boýunça agza ýurtlaryň baştutanlarynyň ýyllyk resmi duşuşyklary we agza ýurtlaryň hökümet baştutanlarynyň wagtly-wagtyndaky duşuşyklary geçirilýär.

## RESMINAMALAR WE EDEBIÝAT

Выступление Президента Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова на открытии нового здания Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана (1 сентября 2011 года). – Ашхабад, 2011.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmen diplomatiýasynyň wezipeleri. // «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnaly, 2011, № 1.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşy. 2012-nji yylyň 10-njy dekabry. // «Türkmenistan» gazeti, 2012--nji ýylyň 11-nji dekabry.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasy: parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslary» atly halkara maslahatynda eden çykyşy. Aşgabat, 2012-nji yylyň 11-nji dekabry. // «Türkmenistan» gazeti, 2012-nji ýylyň 12-nji dekabry.

Выступление Президента Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова на расширенном заседании Кабинета Министров Туркменистана. 20 декабря 2013 года. // Gazeta «Нейтральный Туркменистан», 21 декабря 2013 года.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň Bitaraplygy: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň strategiýasy» atly halkara maslahatyna gatnaşyjylara gutlagy. // «Türkmenistan» gazeti, 2013-nji ýylyň 11-nji dekabry.

Выступление Президента Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова на расширенном заседании Кабинета Министров Туркменистана. 20 декабря 2013 года. // Gazeta «Нейтральный Туркменистан», 21 декабря 2013 года.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda sözlän sözi. Türkme-

nabat, 2014-nji ýylyň 20-nji oktýabry). // «Türkmenistan» gazeti, 2014-nji ýylyň 21-nji oktýabry.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2014-nji ýylyň 11-nji dekabrynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşy. // «Türkmenistan» gazeti, 2014-nji ýylyň 12-nji dekabry.

Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda strategik hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek we çuňlaşdyrmak hakynda BILELIKDÄKI JARNAMA. // «Türkmenistan» gazeti, 2014-nji ýylyň 13-nji maýy.

Выступление Президента Гурбангулы Бердымухамедова на расширенном заседании Кабинета Министров Туркменистана. 21 октября 2016 года. // Газета «Нейтральный Туркменистан», 22 октября 2016 года.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Durnukly ulag ulgamy boýunça ählumumy maslahatda eden çykyşy. Aşgabat, 2016-njy ýylyň 26-njy noýabry. // «Türkmenistan» gazeti, 2016-njy ýylyň 27-nji noýabry.

XI JINPING. The governance of China. – 2014, Foreign languages press.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

*Berdimuhamedow Gurbanguly.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. VIII tom. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

*Berdimuhamedow Gurbanguly.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. IX tom. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

*Berdimuhamedow Gurbanguly.* Türkmenistan – Beýik ýüpek ýolunyň ýüregi. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

*Azimowa A.* Çyn-Maçynyň salyrlary. // «Diýar» žurnaly, 2012, № 12.

*Бажанов Е.П.* Китай: от Срединной империи до сверхдержавы XXI века. – Москва, 2007.

Chinese Nationalities. – Beijing, 1997.

China›s Minority Nationalities. – Beijing, 1989.

*Дай Бинго.* Неуклонно идти по пути мирного развития. // Журнал «Внешняя политика и дипломатия Туркменистана», 2011, № 2.

*Дурдыев М.* Туркмены Китая. –Ашхабад, 1992.

In search of China›s Minorities. – Beijing, 1993.

История дипломатии. Т. 4. – Москва, 1975, стр. 382-395.

История дипломатии. Т. 5. – Москва, 1979, стр.422-435; 443-446.

Культурное наследие Туркменистана. (глубинные истоки и современные перспективы). – Ашхабад-Санкт-Петербург, 2000.

*Курбанов А., Ходжаниязов Т.* Великий Шелковый путь – связь времен и поколений. // Газета «Нейтральный Туркменистан», 7,9 июня, 5,6 июля 2011.

*Li Fenlin.* Hytaýyň energetiki strategiýasy we onuň energetika ulgamyndaky halkara hyzmatdaşlygy. // «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnaly, 2011, № 3.

Life getting better for Salar people. – China Daily, june 18, 1997.

«New China›s Diplomacy in Five Decades». A photo-album. – Beijing, 1998, World Affairs Press.

*Амангельды Рахманов.* Постоянный нейтралитет – благополучие на века. – Пекин, Издательство «Дунфан» («Восток»), 1996, на китайском языке.

*Рахманова Дж.* Великий шелковый путь – всеобщая ценность для настоящего и будущих поколений человечества. // Журнал «Внешняя политика и дипломатия Туркменистана». 2011, № 2.

*Rahmanow A.* Çyn-Maçynyň salyrlary we örküjine Gurhan baglanan ak maýa. // «Türkmen dünýäsi» žurnaly, 1999, № 3.

14. Sargyt № 2202

*Rahmanow A.* Hytaýa hem-de salyr türkmenleriniň taryhyna gaýybana syýahat. « Aşgabat» gazeti, 2000-nji ýylyň 20-nji ýanwary.
*Rahmanow A.* Hytaýly türkmenleriň arasynda. // «Ahal» gazeti, 2000-nji ýylyň 25-nji fewraly.
*Rahmanow A.* Gadymy Gurhanyň taryhy. // «Ahal» gazeti, 2000-nji ýylyň 7-nji iýuly.
*Rahmanow A.* Çyn-Maçynda mekan tutan türkmenler. // «Edebiýat we sungat» gazeti, 2000-nji ýylyň 7-nji iýuly.
*Рахманов А.* О саларах Китая и об исследовательской работе, посвященной их истории. В книге «Культурное наследие Туркменистана» – Ашхабад-Санкт-Петербург, 2000.
*Rahmanow A.* Hytaýly salyr türkmenleriniňkide. // «Güneş», 2000, № 4.
*Рахманов А., Рахманова Дж.* «Туркменистан – Китай». По пути укрепления традиционной дружбы и сотрудничества. Сборник документов и материалов. – Ашхабад - Пекин. Типографская компания «Цихэн» («Вечность), 2000, на туркменском, китайском и русском языках.
«Magtymguly». – Pekin. «Halk edebiýaty» neşirýaty, 2000, hytaý dilinde.
*Рахманов А.* Общественность Китая выразила солидарность с резолюцией ГА ООН о постоянном нейтралитете Туркменистана. Газета «Нейтральный Туркменистан», 25 декабря 1995 г.
*Рахманов А.* Статус нейтралитета Туркменистана отвечает интересам не только туркменского народа, но и его соседей. // «Жэньмин жибао» («Народная газета», КНР), 16 ноября 1996 года.
*Рахманов А.* Туркменские лошади в древнем Китае. // Газета «Нейтральный Туркменистан», 27 апреля 1998 г.
*Рахманов А.* Новый отсчет туркмено-китайского сотрудничества. Газета «Цзинцзы жибао», 6 декабря 1997 г.
Советско-китайские отношения, 1917 – 1957: Сб. документов. –Москва, 1959.
*Рахманов А.* Туркменистан – ЭСКАТО (Экономическая и Социальная Комиссия ООН для стран Азии и Тихого океана). Выступление на симпозиуме, посвященном 50-летию создания ЭСКАТО (КНР, г. Шанхай, 20 марта 1997 года). // «Вестник МИД Туркменистана», 1997, № 2.
*Тенишев Э.Р.* Саларский язык. – Москва, 1963.
Who are the real Beijiners? // «China Daily», nov. 27, 1996.
*Ян. В.* Чингиз хан. Исторический роман. Собр. Соч. в 4-х томах. Т. 4. – Москва, 1989.

## MAZMUNY

Giriş........................................................................................ 7

**I BÖLÜM. TÜRKMEN – HYTAÝ GATNAŞYKLARY**

**I bap. Türkmen-hytaý gatnaşyklary biziň eýýamymyzdan öňki II asyrdan XX asyryň ahyrlaryna çenli bolan aralykda**....... 13
§1. Türkmen-hytaý gatnaşyklary gadym we orta asyrlar döwürlerinde ........................................................ 13
§2. Türkmen-hytaý gatnaşyklary sowetler döwründe........................ 23
**II bap. Türkmen-hytaý gatnaşyklary Türkmenistanyň öz Garaşsyzlygyna eýe bolandan soňky döwürde**.............................. 33
§1. Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagy......................... 33
§2. Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky syýasy gatnaşyklar ....................................................................... 39
**III bap. Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň söwda-ykdysady we ylmy-tehniki hyzmatdaşlygy** ........................ 57
§1. Söwda-ykdysady gatnaşyklaryň ýola goýulmagy we ösmegi ...... 57
§2. Önümçilik we ylmy-tehniki aragatnaşyklar................................ 62
**IV bap. Türkmen-hytaý gatnaşyklarynda medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygyň orny**.............................................................. 74
§1. Medeni hyzmatdaşlygyň pugtalanmagy we ösmegi ..................... 74
§2. Bilim we ylym çäklerinde hyzmatdaşlygyň çuňlaşmagy............. 82
§3. Edebiýat we sungat çäklerindäki hyzmatdaşlyk .......................... 93
§4. Sport we syýahatçylyk boýunça hyzmatdaşlygyň giňelmegi ....... 98

**II BÖLÜM. HYTAÝ SAHYPALARY**

Pekin bilen tanyşlyk....................................................................... 112
«Gadagan edilen şäheriň» gysgaça taryhy....................................... 117
Üç beýik taglymat........................................................................... 119
Ýüpek ýolunyň geçen ýerinde ......................................................... 124
Hytaýyň «Ýüpek merkezine» syýahat. I. «Asmanda jennet bar, ýer ýüzünde bolsa Hançžou!»......................................................... 127

II. Aždarhanyň guýusy ........ 130
III. Ýazyň, tomsuň, güýzüň we şadyýanlygyň nyşanlary ........ 133
Hatdatlyk (kalligrafiýa) barada ........ 134
Pekin ördegi ........ 136
«Buz we gar şäherine» syýahat ........ 138

## III BÖLÜM. «SINHAÝ GÜNDELIKLERI» ÝA-DA HYTAÝ TÜRKMENLERI BARADA SÖHBET

Pekin – Sinin aralykdaky howa ýolunda ........ 144
Sinhaýyň merkezinde. Taersy buthanasy ........ 149
Sýunhua we hytaý türkmenleri bilen tanyşlyk.
Hytaý salyrlarynyň taryhyna gysgaça syýahat ........ 156
Szişiçžene barýan ýolda ........ 160
Hytaý türkmenleriniň arasynda ........ 164
Gadymy Gurhanyň taryhy ........ 174
Salyrlaryň milli medeniýeti we däp-dessurlary ........ 176
Sinhaýyň günbataryna syýahat ........ 180
«Hadak» we syrly ybadathana hakynda ........ 186
Sýunhuadan hat ........ 190

Netije ........ 194
Diplomatik we daşary ýurt sözleriniň gysgaça sözlügi, bellikler ........ 198
Resminamalar we edebiýat ........ 207

Amangeldi Rahmanow

# TÜRKMENISTAN – HYTAÝ:
## TARYH WE HÄZIRKI DÖWÜR

**(Türkmen-hytaý gatnaşyklary gadymy döwürlerden biziň şu günki günlerimize çenli)**

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

| | |
|---|---|
| Redaktor | *B. Orazdurdyýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Korrektor | *M. Atabaýewa* |
| Kompýuter bezegi | *G. Orazowa* |
| Neşir üçin jogapkär | *B. Karaýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 07.12.2017. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 13,5. Şertli reňkli ottiski 43,25.
Hasap-neşir listi 12,84. Çap listi 13,5. Sargyt № 2202. Sany 930.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G.Gulyýew) köçe, 51/1.